TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN
DÖWLET UNIWERSITETI

Amangül Esenmedowa

HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN DILI (MORFOLOGIÝA)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat -2010

Esenmedowa A.
Häzirki zaman türkmen dili (Morfologiýa). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 380 sah.

GIRIŞ. GRAMMATIKA

Grammatika dil biliminiň oran uly bölümidir. Şol sebäpli onda öwrenilýän meseleler hem çylşyrymly we köp taraplydyr. Umuman, **grammatika dildäki sözleriň düzüm böleklerini, görnüşlerini, ýasalyşlaryny, üýtgeýişlerini, söz toparlaryna bölünişlerini, söz düzümleriniň we sözlemleriň düzülişini, baglanyşlaryny, sözlem düzüliş kadalaryny öwredýär.**

Grammatika ylmy adalga hökmünde hem birnäçe manylarda ulanylýar:

1. Grammatika dil biliminiň sözleriň üýtgeýiş şekillerini, söz düzümleriniň we sözlemleriň görnüşlerini olaryň anyk zat, material (leksik) manylaryndan aýratynlykda öwrenýän bölümidir.
2. Grammatik gurluş, bir dile mahsus bolan söz we sözlem gurluşy
3. Bir diliň sözleri üçin düzülen söz utgaşyş we üýtgediş kadalarynyň jemi

Grammatika – bu diliň gurluşy hakyndaky ylymdyr. Grammatika sözi aslynda **grammatice** diýen grek sözünden bolup, onuň ilkinji manysy okamagy, ýazmagy aňladypdyr. Grammatika adalgasy türkmen dilinde iki manyda: ýönekeý gepleşik we ýöriteleşen adalga manysynda ulanylýar. Birinjiden, giň manyda, köplenç, filologiýadan ýörite sowady bolmadyk adamlaryň arasynda ulanylanda, diliň grammatikasy diýen söz düzümi bir diliň ähli nazary esaslary, umumy gurluşy, kadalary manysyny aňladýar. Ikinjiden, dil biliminde ýöriteleşen adalga hökmünde, diliň diňe sözüň we sözlemleriň düzümini, gurluşyny öwrenýän bölümini aňladýar. Biz ony lingwistik adalga hökmünde, ikinji manysynda ulanýarys.

Grammatika Gresiýada we Hindistanda ýazuw hakyndaky ylym, sungat hasaplanypdyr. XVIII asyrda dil biliminiň

özbaşdak ylym hökmünde ýüze çykmagy, ösmegi netijesinde grammatika nazary, ylmy häsiýete eýe bolup başlaýar, onuň kada-kanunlary ýüze çykýar.

Grammatika dil biliminiň esasy pudaklarynyň biridir. Ol sözleriň dile öwrülmegi üçin zerur bolan ýeke-täk kadalary düzgünleşdirýär we edebi diliň ösmeginde uly orun tutýar. Sebäbi, adamlar belli bir dilde dowam edip gelýän, hemmeler üçin umumy we durnukly bolup galan grammatik kadalar esasynda özara pikir alyşýarlar, jemgyýetiň öňe gitmegini gazanýarlar.

Grammatikanyň maksady, näme üçin bellenendigi, ylmy häsiýeti bilen bagly birnäçe görnüşi we pudaklary bar.

1. Antik grammatika - iň gadymy (antik) eýýamlarda antik filologlaryň gadymy dilleriň esasynda döreden, ýöne ählumumy häsiýetli we ähmiýetli grammatik kanunalaýyklyklary açyp görkezýän hökmünde düşünilýän grammatikadyr.
2. Klassyky grammatika - b.e. öň gadymy Gresiýada, Hindistanda döredilen grammatika.
3. Taryhy grammatika - sözüň, söz düzümininiň, sözlemiň gurluşyny olaryň taryhy ösüşiniň dürli döwürlerini deňeşdirmek usuly bilen öwrenýän grammatikadyr. Muňa diahronik grammatika hem, düşündiriji grammatika hem diýilýär.
4. Akademiki grammatika – belli bir diliň grammatik normalaryny görkezmek maksady bilen ylmy edara tarapyndan düzülen ýa-da tassyklanan grammatika. Ol ýurduň esasy ylmy edarasynyň tassyklan normalaşdyryjy grammatikasydyr. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan düzülen türkmen diliniň akademiki grammatikasy 1970-nji ýylda rus dilinde çap edildi.

5. Deňeşdirme grammatika diýlende deňeşdirme- taryhy grammatika we degşirme grammatikalara düşünilýär. Türkmen dilinde adalga tapawutlandyrmak maksady bilen deňeşdirme grammatikada garyndaş, bir dil maşgalasyna degişli diller deňeşdirilip öwrenilýär. Meselem, türki dilleriň deňeşdirme grammatikasy, slawýan dilleriniň deňeşdirme grammatikasy we ş.m.
6. Deňeşdirme-taryhy grammatika taryhy deňeşdirme usulyndan peýdalanýan grammatikadyr. Ol dürli garyndaş dilleriň ýazuw ýadygärliklerinde hasaba alynmadyk, emma janly gepleşik ýa-da ýazuw ýadygärlikleri boýunça mälim bolan taryhy dil delillerini (faktlaryny) talaba laýyk deňeşdirmek usuly bilen dikeltmäge hyzmat edýär.
7. Degşirme grammatikasy –türkmen dil biliminde garyndaş däl, dürli dil maşgalalaryna degişli dilleriň gurluşyny degşirip öwrenýän grammatika hasaplanýar. Filologiýada -degşirme grammatikasy gelip çykyş taýdan baglanyşygynyň bardygyna-ýokdugyna garamazdan, dürli dilleriň grammatik gurluşyny deňeşdirmek bilen meşgullanýan dil biliminiň bölümidir.
8. Ylmy grammatika – nazary ylmyň iň soňky gazananlaryna laýyklykda ýörite ylmy derñewler alyp barýan grammatikadyr. Ylmy grammatika dil biliminiň nazaryýetiniň häzirki zaman ýagdaýyny şöhlelendirýär. Ol adatça, mekdep grammatikasyna ýerliksiz garşy goýulýar.
9. Mekdep grammatikasy – grammatikanyñ adaty, ýönekeý, mekdepde öwredilýän kadalary hökmünde şertli aňladylyşydyr. Onda dil wekilleriniň hemmesine elýeterli ilkinji esasy düşünjeleri öwredilýär.
10. Uniwersal grammatika- tipologik deňeşdirme usuly bilen öwrenilip, hemme dillerde ulanylýan grammatik kategoriýalaryň jemini ýüze çykarýan grammatika. Esasy grammatik kategoriýalaryň ählumumylygy düşünjesi, ýagny

umuman grammatikanyň ählumumy häsiýeti baradaky garaýyş.

11. Formal grammatika- dil biliminiň formal (şekil) aňladylmasy bolan grammatik gatnaşyklaryny öwrenýän grammatika,. Bu grammatika diliň grammatik formalary (şekilleri) bilen aňladylmadyk, ýagny görkezijisi bolmadyk ähli grammatik manylary ykrar etmeýän bölümidir. Diňe sözlemi düzýän birlikleriň morfosintaktik gatnaşyklaryny öwrenmek bilen meşgullanýan grammatika.

12. Beýan ediji (normalaşdyryjy) grammatika- normalary kesgitlemek, grammatik nusgalar ulgamyny işläp düzmek bilen gepleşigiň nusgalyk eserlerinde bellenen kadalaryň ulanylyş mysallaryny görkezmegi utgaşdyrýan grammatika.Häzirki zaman beýän ediji grammatikasyna morfologiýa we sintaksis degişlidir. Ol nähili morfologik we sintaktik kadalaryň bardygyny we olaryň nähili emele gelendigini hasaba alyp, normalary düzmäge esas döredýär.

Ýüz müňlerçe sözlerden ybarat bolan **sözlük düzüm** ýeke özi dil-aragatnaşyk serişdesi bolup, gutarnykly oý-pikir aňladyp bilmeýär. Dilde bar bolan sözleriň üstesine onuň özüne mahsus **grammatik gurluşy** hem bolmalydyr. Diňe sözler arkaly, grammatik gurluşsyz dil – dil bolup bilmeýär. Meselem: Aman, gazet, stol, üst, goý diýlende, belli bir many aňlatmaýar. Diňe Aman gazeti stoluň üstünde goýdy – diýip, şol sözleriň üstüne degişli grammatik gurluş serişdeleri, goşulmalar goşulanda, ýagny grammatik gurluşy sözleriň üstüne goşup, belli bir pikir aňladyp bolýar. Diýmek, diliň öz esasy hyzmatyny ýerine ýetirmegi –aragatnaşyk guraly bolmagy üçin onuň **sözlük düzümi** we **grammatik gurluşy** möhüm zerurlyk bolup durýar. Bular biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, biri beýlekisini şertlendirýär. Sözlük düzüme diliň ähli sözleri degişli bolsa, grammatik gurluşa sözleriň biri-biri bilen baglanyşyp, sözlemi hasyl etmegi üçin

zerur bolan ähli şekil ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalary, sözleriň tertibi, aýdylyş heňi, baglaýjy serişdeleri (sözsoňy we baglaýjy kömekçileri) degişlidir.

Diliň grammatikasy haýal özgerýär. Grammatika seredeniňde diliň sözlük düzümi çalt özgerýär. Sözlük düzümde ýüze çykan soňky özgermeleri ýatlamak muňa delildir: XX ýyllardan bäri- termin-adalga, şura- sowet, jemhuryýet- respublika, student-talyp, sarf-morfologiýa, interaktiw okadyş usuly, …

Emma grammatik gurluş onlarça asyryň dowamynda üýtgeýär. Haýal-da bolsa, diliň grammatik gurluşynda özgerişler bolup durýar. Meselem: häzir üýtgediji hyzmatynda ulanylýan wagt-orun we çykyş düşümleriň goşulmasynyň (-da/-de, -dan/-den) kem-kemden hal ýasaýjylyga ýöriteleşýän goşmaça hyzmaty ýüze çykýar: birden, uludan, zordan, ýürekden, onda-munda, .

Eger-de grammatik kanunlar tiz-tizden üýtgeýän bolsa, biz geçmişimizi öwrenip bilmeris. Edebi mirasymyzyň diline düşünip bilmeris. Diliň grammatik gurluşynyň kadalary örän durnukly hadysalardan biridir.

Grammatika özara berk baglanyşykly **morfologiýa** we **sintaksis** diýen bölümlere bölünýär. Bularyň hersiniň öz derňeýän obýekti bar.

Grammatikanyň sözleriň düzümini, goşulmalar arkaly ýasalyşyny, üýtgeýşini, söz toparlaryna bölünişini öwrenýän bölümine morfologiýa diýilýär. Diymek, morfologiýa söz toparlary, sözüň gurluşy; köki, ýasalyş ýollary, üýtgeýşi, ýasaýjy we üýtgediji goşulmalary hakyndaky ylymdyr. Morfologiýada öwrenilýän sözler adamzat gatnaşygynyň möhüm serişdesi bolup durýan sözlemiň esasyny düzýärler. Sözler sözlemler bilen berk baglanyşyklydyr.

Dürli sözler, olaryň yzyna goşulyp, sözleri özara baglanyşdyrmaga, ylalaşdyrmaga hyzmat edýän şekil (forma)

ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalar bilen sözlemdäki sözleriň aýdylyş heñI, ulanylyş tertibi sözlem emele getirýän serişdelerdir. Dil hem sözlemler arkaly ýüze çykýar. Söz düzümleri we sözlem sintaksisiň obýektidir. Ýagny, grammatikanyň sözlemde sözleriň ulanylyş tertibini, aýdylyş heñini, söz düzümleriniň we sözlemleriň hasyl bolşuny, gurluşyny, baglanyşyny, görnüşlerini öwredýän bölümine sintaksis diýilýär. Ol grekçe (*sin*-"bile", *taxis*- "düzülmek",) bile düzülmek, gurulmak sözlerindendir. Sözler özara baglanyşyp söz düzümi emele gelende sintaksisiň düzgünleri ýüze çykyp başlaýar. Sintaksis diliň grammatik gurluşynyň jemleýji bölümidir. Sintaksis morfologiýa bilen berk baglanyşyklydyr. Morfologik taýdan sözleriň üýtgeýişleri käbir sintaktik kategoriýa üçin esas bolup durýar. Sözleriň käbir goşulmalary kabul etmegi olaryň başga bir söze baglanmagyny üpjün edip, sözlemdäki söz düzümlerini emele getirýär. Mysal üçin: şäher diýen sözüň eýelik düşümde üýtgäp gelmegi onuň sözlemde III şahs gegişlilik goşulmasyny kabul eden at ýa-da at hyzmatynda gelen köp sözler bilen baglanyşyp bilmegine, şeýlelikde degişlilik söz düzümininiň emele gelmegine mümkinçilik berýär: *şäheriň halky, şäheriň çagasy, şäheriň dükany,seýil bagy, binalary, ýaşaýjylary*… Sözler sözlemiň esasy gurluşyk materiýalydyr. Sözleriň sözlemde we söz düzüminde özara baglanyşyp ulanylyşyny, sözlem düzmek kadalaryny, söz düzümininiň we sözlemiň gurluşyny sintaksis öwrenýär.

Gönükme: 1.Grammatikanyň öwrenýän meselelerine degişli mysallary saýlap görkeziň.

Oturyşy dutara gelşip duran bagşy haýsy çeküwde aýtsa-da, üýtgeşik jukguldysy, süýji labzy bardy. Şäherçe bilen Düýeboýun obasynyň arasynda bir tarapy baýyrlyga, beýleki tarapy hem Jeýhuna sary uzalyp ýatan kiçiräk gyrlaç dagjagaz bar.

2. Grammatikanyň görnüşlerini we bölümlerini sanaň.

Amaly sapak:

MORFOLOGIK DERŇEWLERIŇ GÖRNÜŞLERI.

Sözleri doly ýa-da doly däl morfologik derňew etmek

Sözi morfologik taýdan derňemek berlen sözlemde şol söze degişli ähli grammatik kategoriýalary ýüze çykarmakdyr. Söze doly göz ýetirmek üçin ilki bilen onuň düzüm böleklerini-nähili manyly, haýsy morfemalardan ybaratdygyny hem-de ol sözüň gurluşyny-nädip emele gelendigini anyklamak möhümdir. Şu ýerde sözüň morfema taýdan derňelmegi arkaly onuň düzümi taýdan derňewi ilkinji gezek tapawutlandyrylýar. Sözüň gurluşy(strukturasy) taýdan derňewi arkaly bolsa onuň esasynyň-leksik many aňladýan böleginiň asyl, ýasama, goşma, tirkeş, düzme, gysgaldylan goşma düýp sözleriň haýsysydygy we sintaktik baglanyşyga dahylly bolan grammatik manyly şekil ýasaýjy, üýtgediji goşulmalary tapawutlandyrylýar.

Sözlemdäki sözleriň morfema düzümini, haýsy söz toparyna, onuň many we gurluş toparlarynyň haýsyna degişlidigini, söz ýasalyş ýollaryna gatnaşygyny, sözüň köküni, asyl, düýp sözüni we goşulmalaryny, goşulmalaryň nämäni (asyl we dereje ýasaýjy goşulmalaryň leksik many ýasaýşyny, şekil ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalaryň haýsy şekili, zamany, sany, şahsy, ýöňkemäni, düşümi) görkezýändigini dilden ýa-da ýazuw üsti bilen anyklamaklyga grammatik (morfologik) derňew diýilýär. Morfologik derňewiň möçberi hem maksady taýdan doly morfologik derňew hem doly däl morfologik derňew diýen görnüşleri bar.

Türkmen dilinde morfologik derňewiň hersi anyk bir meseläni çözmegi maksat edinýän bäş görnüşi bar. Olaryň biriniň aýratynlykda geçirilmegi **doly däl morfologik derňew** bolýar.

1. Sözüň morfema düzüminiň derňelişi (Sözüň asyl söz morfemasy, leksik, grammatik hem kömekçi morfemalary anyklanýar.
2. Sözüň söz toparlaryna gatnaşygy taýdan derňelişinde özbaşdak many aňladýan we özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlarynyň haýsyna we on iki söz toparynyň anyk haýsyna degişlidigi şol söz toparynyň grammatik soragy (bar bolsa) berlip anyklanýar. Söz şol söz toparynyň many we gurluş taýdan bölünişiniň haýsyna degişlidigi taýdan derňelýär.
3. Sözüň söz ýasalyş taýdan derňewi (leksik-semantik, morfologik, sintaktik söz ýasalyş ýollaryna gatnaşygy)
4. Düýp söz bilen grammatik goşulmanyň çägini anyklamak üçin geçirilýän derňew. (Sözüň asyl, ýasama, goşma, tirkeş, düzme düýp sözleriň haýsyna degişlidigi, goşulmalarynyň haýsy grammatik kategoriýa (galypa, şekile, zamana, ýöňkemä, köplüge, degişlilige, şahsa, düşüme) degişlidigi anyklanýar
5. Sözüň gadymky morfologik gurluşyny kesgitlemek üçin geçirilýän etimologik derňew.

Doly morfologik derňewiň edilişi

Bu hem sözleriň we goşulmalaryň doly derňewi ýaly tapawtlandyrylýar.

Sözüň doly derňewi

1. Sözdäki asyl morfemalary tapmaly.
2. Sözüň özbaşdak many aňladýan ýa-da aňlatmaýan söz toparlarynyň haýsysyna degişlidigini kesgitlemeli.
3. Özbaşdak many aňladýan söz toparyna degişli soragyny berip, söz topary we şol söz toparynyň many we gurluş taýdan bölünişiniň haýsyna degişlidigi anyklanýar. Özbaşdak many aňlatmaýan söz topary bolsa, onuň soragynyň ýoklugy we goşulma kabul edip üýtgemejekdigi, kömekçi morfemadygy aýdylýar.
4. Düýp sözi tapmaly, onuň asyl, ýasama, goşma, tirkeş we düzme düýp sözleriň haýsyna degişlidigini bellemeli.

5. Sözde leksikalizasiýa we grammatikalizasiýa (atlaşma, hallaşma, sypatlaşma), başga söz toparyna geçmek bar bolsa bellemeli.

Goşulmalaryň doly derňewi

1. Her aýratyn grammatik morfemany özbaşdak görkezmeli.
2. Söz ýasaýjy ýa-da üýtgediji goşulmalaryň haýsyna degişlidigini bilmeli.
3. Söz ýasaýjylardan asyl ýasaýjy, dereje ýasaýjy, şekil ýasaýjy goşulmalaryň haýsyna degişlidigini tapmaly. Söz üýtgedijilerden düşüm, degişlilik, ýöňkeme we köplük goşulmalarynyň haýsydygyny bellemeli.
4. Asyl ýasaýjy we dereje ýasaýjy goşulmalaryň leksik-grammatik morfemadygyny, ýasama düýp sözi hasyl edýändigini aýtmaly. Olaryň anyk haýsy söz toparyndan haýsy söz toparyny ýa-da haýsy derejäni ýasaýandygyny bellemeli. Şekil ýasaýjy goşulmanyň anyk haýsy şekiliň barlyk ýa-da ýokluk galypynyň goşulmasydygyny kesgitlemeli.
5. Anyk haýsy düşüme, haýsy ýöňkemä, haýsy şahsa, onuň birligine ýa-da köplügine degişlidigini görkezmeli

Meselem: Ýagşylykda özün ile tanadan, Alkyş alyp derejesi zor bolar.

Ýagşy- asyl morfema, özbaşdak many aňladýan söz topary, nähili? asyl hil sypaty, asyl söz.

–lyk – grammatik morfema, söz ýasaýjylardan asyl ýasaýjy, sözüň söz toparyny üýtgetdi, sypatdan umumy manyly at ýasady, ýasama düýp sözi hasyl etdi.

-da – grammatik morfema, söz üýtgedijilerden düşüm goşulmasy, wagt-orun düşüm goşulmasy

Öz- asyl morfema, kim? Özbaşdak many aňladýan söz topary, degişliligi nygtaýan gaýdym çalyşmasy, atlary çalyşýar, asyl düýp söz

-ü- grammatik morfema, söz üýtgediji goşulma, degişlilik goşulmasy, III şahsyň birlik sanyny aňladýar.

-n- grammatik morfema, söz üýtgediji goşulma, düşüm goşulmasy, ýeňiş düşümiň gysgalan şekili

Il- asyl morfema, özbaşdak many aňladýan söz toparyna degişli, kim? Asyl sada jyns at, jemleýji manyly umumy at, asyl düýp söz

-e – grammatik morfema, söz üýtgediji goşulma, düşüm goşulmasy, ýöneliş düşüm goşulmasy, sözi işlige baglady.

Tana- asyl morfema, asyl işlik, täsirini geçirýän, hereket düşünjesini aňladýan (statik) işlik, asyl söz.

-d (t)- grammatik, leksik morfema, söz ýasaýjy, dereje ýasaýjy, ýükletme derejäniň goşulmasy, ýasama düýp sözi hasyl etdi.

-an- grammatik morfema, söz ýasaýjy, şekil ýasaýjy, öten zaman ortak işliginiň barlyk galypyny ýasaýar, söz atlaşypdyr.

Her söz toparynyň özüne mahsus morfema düzümi we gurluş aýratynlygy bolýar. Sözüň düzümindäki morfemalary anyklamak onuň haýsy söz toparyna degişlidigini, söz ýasalyşyň haýsy usuly arkaly nähili ýasalandygyny, onuň asyl, ýasama, goşma, tirkeş, düzme düýp sözdügini – gurluşyny kesgitlemäge ýardam edýär. Şol sebäpli, ilki bilen köplenç, sözüň morfema düzümi kesgitlenýär. Käbir sözlere ýasaýjy goşulma goşulanda, sözüň asly bir bogna çenli gysgalyp, tanalmaz ýaly özgerip biler. Meselem: tütün-tüt-e-mek, ýeňil-ýeňl-e-mek, agyr-agr-al-mak, guzy-guz-lamak, oka- ok-uw. Şeýle sözleriň morfema düzümini dikeltmek çylşyrymly bolup biler.

Adatça, sözi gurluşy boýunça derňemek morfema düzümi anyklanandan soň geçirilse-de, käte ol birinji orna geçirilse maksada laýyk bolýar. Sebäbi ýokardaky ýaly mysallarda göwün - göwn-e-mek, tütün - tüt-e-mek, ýeňil - ýeňl-e-mek, oka - ok-uw, ýaz - ýaz-uw, gaz – gaz-uw ýaly sözleriň gurluşyndan, emele geliş ülňüsinden ugur almak bilen ýeň(i)l-e-, ok(a)-uw

görnüşdäki söz ýasalyş ülňülerini we olaryň morfema düzümini anyklap bolýar.

Sözüň düzümininň we gurluşynyň nämedigi, nähili böleklerden durýandygy türkmen dil biliminde heniz aýyl-saýyl edilmändir. Şol sebäpli, türkmen dil biliminde häzirlikçe morfologik derňewiň görnüşleri bolan sözi morfema düzümi taýdan derňemek hem, gurluşy, ýasalyşy taýdan derňemek hem garyşdyrylýar. Aslynda bu derňewler derňewiň esasy meselesi boýunça-da, derňewiň maksatlary boýunça-da tapawutlanýarlar.

Söz morfema düzümi boýunça derňelende, sözüň düzümindäki many aňladýan bölekler-morfemalar anyklanýar, ondaky asyl morfema hem, leksik ýa-da grammatik morfemalar, olaryň her biriniň manysy anyklanýar.

Söz gurluşy taýdan derňelende esasy mesele morfemalary anyklamak däl-de, düýp sözi ýüze çykarmakdyr. Munda sözüň şekil ýasaýjy we üýtgediji goşulmalary aýranyňda galýan böleginiň-düýp sözüň haýsy (asyl düýp söz, ýasama düýp söz, goşma düýp söz, tirkeş düýp söz, düzme düýp söz) görnüşdedigi, onuň söz ýasalyşyň haýsy usuly bilen we nähili emele gelendigi, söz ýasalyş ülňüleri, görnüşleri anyklanýar. Bu hili derňew talyplara, okuwçylara sözüň morfemalary tirkemekden däl-de, belli-belli ülňüler, galyplar boýunça ýasalýandygyny öwretmek üçin oňaýlydyr. Ol diňe bir sözleriň nähili ýasalýandyklaryny däl, eýsem nädip ýasamagyň mümkindigini hem öwretmäge ýardam edýär. Şol sebäpli sözüň morfema düzümi we gurluşy boýunça geçirilýän derňewleriň tapawutlandyrylmagy zerurdyr.

Söz morfema düzümi we gurluşy boýunça derňelende ýüze çykarylýan bölekler hem bir zat däl. Meselem: ýokaşagan, maslahatlaşmak, gündizine sözleri morfema düzümi boýunça derňelende, ýok-aş-ak-an, maslahat-la-ş-mak, gün-diz-i-ne ýaly morfemalar ýüze çykarylar. Olar gurluşy taýdan derňelende,

ýok-aş-agan, maslahat-laş-mak, gündiz-ine ýaly sözlere we ýasaýjy ülňülere bölünerler.

Sözüň gurluşyny oňat bilmek onuň morfema düzümini anyklamaga-da, onda nähili özgerişleriň ýüze çykandygyny bilmäge-de kömek edýär. Sözüň gelip çykyşyny, sözköküni dikeltmekde hem birinji nobatda sözüň gurluşyna esaslanylýar.

Diliň leksika-semantik, morfologik we sintaktik birligi bolup durýan we köp taraply, dürli nukdaýnazarlardan öwrenilýän birligi sözdür. Türkmen dil biliminde sözüň düzüminiň hem-de gurluşynyň, morfologik derňewiň görnüşleriniň tapawutlandyrylmagy sözi morfologik taýdan öwrenmekde iňňän möhümdir. Bu meseleleriň özara arabaglanyşykly, biri beýlekisini dolduryp, gaýtalanyp öwredilmegi üçin sözleriň we goşulmalaryň doly morfologik derňewiniň geçirilmegi uly ähmiýete eýedir. Ol söz toparlarynyň we goşulmalaryň umumy grammatik häsiýetlerini hem mysallar arkaly ýüze çykaryp görkezýär.

Gönükme: 1. Doly morfologik derňew ediň.

Merkezi Aziýanyň gumluk ülkeleriniň ýowuz tebigaty biziň ata-babalarymyzy suwy aýawly saklamaga, ýagyş suwuny öz bähbidi üçin mümkingadar köp peýdalanmaga mejbur edipdir. Sardabalar hem olaryň ajaýyp gidroinženerçilik ukybyna şaýatlyk edýän ölmez-ýitmez ýadygärlikleriň biridir.

2. Morfologik derňewleriň gönüşlerini sanaň. Olaryň aýratynlykda geçirilmeginiň we jemlenip, umumylykda geçirilmeginiň ähmiýetini düşündiriň.

MORFOLOGIÝA DERSINIŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI

Morfologiýa adalgasy grekçe *morfe* – forma (şekil), *logos* – öwrenme, taglymat diýen sözlerden bolup, lingwistikada grammatikanyñ bir bölümidir. Ol sözleriñ düzüm böleklerini öwrenýän ylymdyr. Türkmen dili özüniň gurluşy boýunça, esasan, agglýutinatiw tipli diller toparyna giryär. Agglýutinatiw tipli dillerde goşulmalaryň düýp sözlere yzygiderli birleşmegi netijesinde sözler we formalar ýasalýar, sözleriň dürli şekilleri aňladylýar. Şeýle ýagdaýda yasalan sözleriň içki düzümi, köplenç, hiç hili üýtgeşmä sezewar bolmaýar. Hatda sözler aýratynlykda alnanda-da, olar özbaşdak many aňladýarlar. Meselem; ýyg-ym-çy-lar-ymyz-yň, kitap-hana-ňyz-da we ş.m. Görşümiz ýaly, ýasama düýp sözler we sözleriň dürli-dürli grammatik şekilleri asyl /kök/ söze belli bir manyly, durnukly goşulmalaryň yzygiderli tertipde goşulmagy arkaly ýasalýarlar. Türkmen sözlerinde az möçberde şu umumy kadadan çykýan, kanuna dogry gelmeýän ýagdaý sözleriň bir bogna çenli gysgalyp, soň ýasaýjy goşulmany kabul etmegi bilen täze sözleriň ýasalmagydyr; tütün-tüt-e, göni-gön-el, dogry-dogr-al we ş.m. Türkmen dilinde sözüň düzümindäki şu agzalanlar ýaly düzüm bölekleri morfologiýanyň öwrenýän meseleleridir..Morfologiýada sözleriň dürli şekilleri öwrenilýär. Onda bir tarapdan sözüň semantikasy we sözlemdäki hyzmaty bilen bagly leksikanyň aýratynlyklaryny şöhlelendirýän söz ýasaýjylyk şekilleri, ikinji bir tarapdan, leksikanyň we onuň sözleriň sözlemdäki sintaktik gatnaşyklaryny aňlatmak bilen bagly formal görkezijileriniň aýratynlyklaryny şöhlelendirýän sözüň söz üýtgedijilik şekilleri öwrenilýär (Грамматика туркменского языка, часть 1, фонетика и морфология, Ашхабад, 1970,19с.).

Morfologiýa adalgasy sözleriň gurluşyny, ýasalyşlaryny, şekillenişini, üýtgeýişlerini dürli söz toparlaryna degişlilikde öwrenýär we öwredýär. Morfologiýa sözleriñ gurluşy, köki, goşulmalaryñ görnüşleri bilen iş salyşýar.

Diliň adamzat gatnaşyklarynda möhüm aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat etmeginde pikiriň dogry anladylmagy, oňa dogry düşünilmegi üçin, dil bliminde sözleriň we olaryň morfema düzümininiň öwrenilmegi uly ähmiýete eýedir. Türkmen edebi dilini ösdürmek, dürs ýazuw,dürs gepleýiş kadalaryny kämilleşdirmek üçin onuň morfologiýasyny özleşdirmek zerurdyr.

Morfologiýa adalgasy diňe bir dil biliminde däl-de, medisinada, oba hojalygynda, botanikada hem ulanylýar. Beýleki ylymlarda hem adam organizminiň, Ýeriň ya-da ősűmlikleriň gurluşyny őwrenýän ylmy aňladýan bu köp manyly adalga grammatikada sőzleriň formal tarapyny hem-de dűzűm bőleklerini őwrenýän ylymdyr.

Morfologiýa taryh, etnografiýa, dil biliminiň beýleki pudaklary bilen baglydyr. Morfologik alamatlaryň ulanylyşyndaky aýratynlyklar müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelipdir. Her bir sözi morfologiýa öz nukdaýnazaryndan, ýagny gurluşyna garap, leksikologiýa hem öz ugrundan, ýagny manysynyň gelip çykyşy, ösüşi, ulanylyş aýratynlygy taýdan öwrenýärler. Morfologiýa leksikologiýa bilen many aýratynlygyna seredip, sözler söz toparlaryna bölünende, has atlar, durnukly söz düzümleri, düzme sözler komponentlerine görä öwrenilende, haýsy manydaky sözüň nähili hyzmatda çykyş edýändigine garalanda we ş.m. ýagdaýlarda berk baglanyşyklydyr. Diliň sözlük düzümi we sözlük gory /fondy/ morfologiýa bilen berk baglydyr, sebäbi, dildäki sözlerden morfologik serişdeleriň üsti bilen (goşulmmalar arkaly) täze-täze sözler ýasalýar, täze

manyly sözler emele gelip, diliň leksikasy (sözlük düzümi) baýlaşýar. Meselem; suw-a-g-çy-lyk, suw-ly, -suw-la we

GRAMMATIK KATEGORIÝA

Grammatik kategoriýa umuman dil birliklerinin ýa-da olardan biriniň dilde grammatik aňladylmasy bolan has umumy özboluşlyklarynyň biridir. Başgaça, grammatik kategoriýa grammatik ýol bilen aňladylýan birmeňzeş grammatik hadysalaryň, şekilleriň jemidir.

Grammatik many aňladýan dil elementleriniň jemine grammatik kategoriýa diýilýär. Meselem: söz toparlary, atlar, işlikler, sanlar ýa-da aýry-aýry söz toparlaryna degişli kategoriýalar: düşüm, degişlilik, köplük, zaman, şekil, şahs kategoriýalary… Grammatik kategoriýa diýen zat anyklykdan (konkretlikden) mahrumdyr. Ol grammatik umumylaşdyrma /abstraksiýa/ bolup, morfologiýada birinji orun alýar. Grammatik kategoriýalar ähli dillerde birmeňzeş däldir. Meselem; türkmen dilinde jyns kategoriýasy ýok. Emma rus, arap dillerinde bu kategoriýa bar. Bizde jyns kategoriýasy leksik ýol bilen aňladylýar. Söz toparlary, atlar, işlikler, düşüm, desişlilik, köplük zaman, şahs, şekil kategoriýalary dilleriň köpüsine häsiýetli grammatik kategoriýalardyr.

At kategoriýasyna degişli sözler kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolup, zatlaryň (predmetiň) we düşüňjeleriň (predmetleşen düşünjeleriň) atlaryny aňladýandygy üçin bir umumylyga eýedirler.

Işlik kategoriýasyna degişli sözleriň umumylygy olaryň ählisiniň gymyldy-hereketi aňladyp, gymyldynyň bolup geçen wagtyny, zamanyny aňladyp bilmeginden ybaratdyr. Her bir söz topary has umumy häsiýete eýe bolan uly grammatik kategoriýa bolup, olaryň hem özlerine degişli grammatik kategoriýalary bolup biler. Işliklere zaman, dereje,

şekil, barlyk we ýokluk aňlatmak, şahs, ýöňkeme ýaly grammatik kategoriýalary aňlatmak häsiýetlidir. Atlara degişlilik, köplük, düşüm kategoriýalary, sypatlara barlyk we ýokluk, dereje kategoriýalary mahsusdyr.

Bir diliň grammatik kategoriýalarynyň jemine grammatika diýilýär. Grammatik kategoriýa ilkinji nobatda, grammatik many bilen baglanyşyklydyr.

Morfologiýada „grammatik" diýen anyklaýjy ulanylýar. „Grammatik"- diýmek bu söz bilen aýyklanan sözüň gatnaşyk düşünjesi bilen baglydygyny; ulgamlaýyn, durnukly, yzygiderli ulanylýandygyny we gaýtalanýandygyny; kömekçi, goşmaça, umumy manylydygyny aňladýar. Grammatik kategoriýalar predmetleriň arasyndaky gatnaşyklary aňlatmak bilen baglydygy; dowamly, yzygiderli ulanylýan durnukly serişdeler bilen aňladylýandygy, sözüň „material", „zat" bölegine gatnaşygynda goşmaça, umumy, kömekçi manydadygy bilen tapawutlanýarlar.

Sözüň leksik we grammatik manysy

Leksik we grammatik manylary aňlatmak üçin ulanylýan serişdeler dünýäniň dürli dillerinde dürli hili bolýarlar. Türkmen dilini bu meselede agglýutinatiw tipli dillere goşýarlar. Agglýutinatiw diller her bir many böleginiň aýratyn morfema arkaly aňladylýandygy, dürli manydaky morfemalaryň belli bir tertipde tirkeşdirilýändigi bilen flektiw gurluşly dillerdenem, analitik gurluşly dillerdenem tapawutlanýar. Dogrudan-da, türkmen dilinde leksik we grammatik manylary aňlatmakda agglýutinasiýa uly orny eýeleýär. Munda sözleriň asly, içki gurluşy üýtgedilmän, yzlaryna belli bir tertipde gelýän bir manyly, standart ýasaýjy we üýtgediji goşulmalar tirkelýär. Her bir goşulma esasan, aýratyn bir grammatik manyny aňladýar. Bir grammatik manyny aňlatmak üçin ähli sözlere hemişe şol bir standart

goşulma goşulýar. Sözleriň we goşulmalaryň araçägi anyk duýulýar.

Sözüň leksik manysy - onuň üýtgediji (düşüm, ýöňkeme), şekil (forma) ýasaýjy (-lar/-ler, -ýar/-ýär, -mak/-mek, -mazlyk/-mezlik, -sa-se, -yp/-ip) goşulmalary kabul etmedik görnüşinde añladýan düşünjesidir. Söz asyl görnüşinde, asyl ýasaýjy we dereje ýasaýjy goşulmalary kabul eden görnüşinde leksik manyny añladýar. Leksik manysy bolan her bir söze bir düşünje degişli bolýar. Meselem: çörek, iýmiş, oka, okuw, okuwçy, ata, gurluşykçy-laryň, geýindir-ýärin. Her bir düýp sözüň öz leksik manysy bolýar. Meselem: *diwaryň* añladýan manysy *gapy* sözüniň añladýan manysyndan başga düşünjäni, zady görkezýänligi sebäpli üýtgeşikdir.

Asyl ýasaýjy goşulmalaryň, dereje ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalan sözler hem leksik many añladýarlar: ýyg-ym-çy, ýygyş, ýyg-dyr, gara-mtyl, utan-jañ , akyl-ly.

Grammatik many sözüň anyk bir material zady aňladýan leksik manysyndan tapawutlanyp, onuň many we forma (şekil) taýdan haýsy söz toparyna, sana, ýöňkemä, düşüme, zamana, derejä we ş.m. degişliliginiň aňladylyşydyr. Meselem: *obamyzda* diýen sözüň asyl sada jyns atdygy, degişliligiň I şahsynyň köplük sanynda, wagt-orun düşümdediginiň aňlanylyşy; *düşürişdi* diýen işligiň täsirini geçirýan, bilelik-şäriklik derejedäki, düş asyl işliginden ýasalan ýasama düýp sözdügi we sada öten zaman şekiliniň barlyk galypynda, işlik ýöňkemesiniň III şahsyndadygy aňlanylýar. Edil şol grammatik kategoriýalary kabul eden gurluşy taýdan meňzeş başga sozler hem şol grammatik mana eýe bolýarlar

Sözüñ üýtgediji, şekil ýasaýjy goşulmalaryny kabul edendäki leksik manysynyñ üstüne goşmaça añladýan düşünjesine sözüñ grammatik manysy diýilýär.

Eje–m sözünde -m goşulmasy - birinji şahsyñ birlik sanyna degişliligi añladyp, islendik söze goşulanda, şol sözüñ leksik manysynyñ üstüne diňe şol grammatik manyny goşýar: kaka-m, depder-im, jaý-ym, eşig-im, guşlar-ym, itler-im.

Sözüñ grammatik manysy söz üýtgediji we şekil ýasaýjy goşulmalar arkaly ýüze çykýar. Sözüñ grammatik manysy diňe bir söze degişli däl-de, şol kategoriýa mahsus ähli sözler üçin umumy düşünjedir.

Gönükme: 1. Leksik manysy, grammatik manysy meňzeş sözleri saýlaň:

Ajaýyp, ir, düzler, ýeke, diýar, säher, bizde, gözel, jaýlar, jigim, çöller, geň-taň, dagda, ertir, ülke, seýrek, ýalňyz, ýolda, watan, säher, bir, täsin, okuwym, owadan, sözüm, mekan, ilde.

2. Grammatik kategoriýalary sanaň.

Jeýtun medeniýeti Ýakyn Gündogaryň iň gadymy oturymly ekerançylyk medeniýetiniň ojaklarynyň biri bolupdyr. Galanyň üstüne çykmak üçin diňe ýekeje ýol bolup, ol-da gyryň günorta-gündogar tarapynda biraz ýeriniň çapylman galdyrylan bölegidir.

SÖZLERIÑ MORFEMA DÜZÜMI

Morfema dilde many aňladýan iň kiçi bölek diýlip kesgitleme berilýär. Morfema diliň mundan beýläk bölünmeýän, iň kiçi many aňladýan birligidir. Ol grekçe *morfe* - “forma” sözündendir. Hut many aňladýanlygy bilen morfema beýleki özünden kiçi söz böleklerinden: fonemadan, bogundan düýpgöter tapawutlanýar. Morfema fonema bilen, bogun bilen gabat gelip hem, gelmän hem biler. Bular aýry-aýry

düşünjelerdir. Fonemadan aýratyn dil birligini tapawutlandyrmak üçin “morfema” adalgasyny dil bilimine Boduen de Kurtene girizipdir.

Morfemalar mundan beýläk bölege bölüp bolmaýan iň kiçi many aňladyjy asyl sözler, sözüň öňünden ýa-da yzyndan goşulýan ýasaýjy we üýtgediji goşulmalar, kömekçi sözler we goşulmalardyr. Türkmen dilindäki her bir söz ýa-da söz bölegi morfemalaryň belli bir görnüşine degişlidir. Her bir morfemanyň ýa-ha leksik, ya-da grammatik manysy bolaýmalydyr. Hiç bir many aňlatmaýan morfema bolup bilmez. Türkmen dilinde, umuman tűrki dillerde sözler aýry-aýry morfemalardan durýar.

Türkmen dilinde sözüň düzümi diýlende, onuň haýsy morfemalardan, nähili iň kiçi many aňladýan böleklerden ybaratdygy göz öňünde tutulýar. Sözüň düzümindäki her bir morfema aýratynlykda derňelýär. Her bir söz dürli manyly morfemalaryň birnäçesini özünde birleşdirýär (B. Weýisow Türkmen dilinde sözüň morfema sostawy we strukturasy.//Ýygyndyda: Türkmen diliniň aktual meseleleri Aşgabat, 1983). Sözüň düzüm bölekleri bolan morfemalaryň özbaşdak many aňladýanlary-da, aňlatmaýanlary-da dilde sözler ýaly taýýar görnüşde dowam edýärler, olary gerek wagty täzeden oýlap tapmaly däl. Morfemalar hem ösüp-özgerip durýan dil birlikleridir, olar üýtgewsiz däldir. Meselem: **is-le, gut-la, çat-ryk, ýag-myr** sözlerinde *is* we *gut* kök- asyl morfemalary manylaryny ýitiripdirler, emma olardan täze söz ýasaýan –la/-le leksik morfemasy öz asyl bolşuny saklapdyr, çat-ryk we ýag-myr sözlerindäki asyl sözler özbaşdaklygyny saklapdyr, emma *–ryk* we *–myr* goşulmalary ýasaýjylyk hyzmatyny ýitiripdirler. Diýmek sözüň belli bir taryhy döwürde leksik ýa-da grammatik many aňlatmaga ukyply iň kiçi bölegi bolan morfemalar üýtgewsiz däldirler.

Sözüň morfema düzümi şol sözdäki morfemalary ýüze çykarmak arkaly anyklanýar. Her morfemanyň belli bir manysynyň bardygyna görä, sözdäki bölekler, esasan, olaryň manylary boýunça anyklanýar. Sözüň many böleklerinin kesgitlenişiniň üç usuly bardyr:

1. Kökdeş- asyldaş sözleri deňeşdirmek: ýaz-uw, ýaz-yjy, ýaz-gy, ýaz-mak, ýaz-dyr-ma. Bu usul bilen asyl-kök söz takyklanýar.

2. Ülňüdeş (modeldeş) sözleri deňeşdirmek: ýag-yn, ek-in, tik-in; aw-çy, yz-çy, iş-çi. Munda dilde häzirki döwürde işjeň ýa-da seýregräk ulanylýan söz ýasaýjy ülňüler-galyplar ýüze çykarylýar.

3. Sözi özüniň şekil ýasaýjy we üýtgediji formalary bilen deňeşdirmek: gül, gülüň, güli, güle, gülde, gülden, gülüm, gülümiz, gülüň, gülüňiz, güli, gülleri; gur, gursa, gurjak, gurar, gurdy, gurýar we ş.m. Munuň kömegi bilen leksik many we grammatik many aňladýan bölekler anyklanýar (B. Weýisow, Agzalan iş).

Sözüň morfema düzümini kesgitlemekde söz böleklerinin aňladýan manylaryndan ugur almak bilen birlikde şol manylaryň aňladylyş aýratynlyklary hem hasaba alynýar. Aňladylyş aýratynlygy boýunça sözüň düzümindäki bölekleri iki topara bölýärler:

1.Leksika–grammatik manysyny özbaşdak, garaşsyz aňladyp bilýän morfemalar. Bulara asyl morfemalar degişli bolýar.

2. Leksika –grammatik manysyny aňlatmakda özbaşdak bolmadyk, garaşly morfemalar. Bulara asyl morfemalardan beýleki ähli morfemalar degişli bolýar.

Asyl morfemalar özbaşdak many aňladýandygy sebäpli olaryň söze gatnaşygyny hem anyklamak gerek. *Öý-üm, kitab-yň, depder-imiz, çaga-lar-yň* ýaly sözlerde asyl morfemalar asyl düýp söze gabat gelýärler, sözüň leksik manysyny hem,

grammatik manysyny hem aňladyp bilýärler. *Asyl morfema* sözüň düzümine, *söz, asyl düýp söz* bolsa sözüň gurluşyna degişli adalgalardyr. Asyl morfema sözüň iň kiçi we bölünmeýän bölegidir. Düýp sözüň aýratyn leksik manysy bolan *ýyg, ýygyn, ýygna, ýygnak* ýaly sözler bolmagy onuň gurluşynda birnäçe morfemalaryň bolup biljekdigini görkezýär.

Türkmen dilinde sözüň düzüminde, esasan, morfemalaryň iki görnüşi, ýagny asyl morfema we grammatik morfemalar bolýar. Meselem: ýyg-ym-ç-lar-yň - diýen sözde ýyg – asyl (kök) morfema bolup, galanlary dört sany grammatik morfemalardyr. Sözüň esasy leksik manysyny aňladýan iň kiçi bölegine asyl morfemalar diýilýär. Diýmek, asyl morfemalar asyl sözlere barabar geiýärler. Türkmen dilçileriniň asyl morfemalary we "kök söz" düşünjelerini tapawutlandyrmagy ýerliklidir (Çöňňäýew Ý. Türkmen dilinde söz ýasalyş ýollary. Gadymy döwür. Aşgabat, 1980, 10s.). Asyl morfema taryhy taýdan ýasama bolup biler. Meselem: *ümür, ümez, ümüş-tamyş* sözlerinde **üm** diýen köki görüp bolýar. Bu ýagdaý grammatik morfemalaryň kömegi bilen asyl sözleriň hem fonetik taýdan üýtgäp, özgerip bilýändigini görkezýär. Diýmek, *asyl morfema* we *kök* adalgalary tapawutlandyrylmalydyr.

Asyl morfemalardan başga-da olara golaý leksik morfemalar hem tapawutlandyrylýar. **Leksik morfemalar** *asyl morfemalaryň* hem *asyl we dereje ýasaýjy (deriwasion) morfemalaryň* umumy adydyr. Leksik morfema leksik many aňlatmaga ukyply ähli morfemalary grammatik many aňladýan söz üýtgediji morfemalardan tapawutlandyrýan umumy atdyr. Olara material manyly morfemalar, leksemalar we söz elementleri- asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar degişli bolýar. Türkmen dilindäki *asyl ýasaýjy* we *dereje ýasaýjy* morfemalara **deriwasion morfemalar** diýilýär. Deriwasion morfema asyl sözüň leksik manysynyň görnüşini üýtgedýän we täze söz emele getirýän grammatik morfemalardyr.

Türkmen dilinde asyl morfemalardan başga ähli morfemalaryň bir aýratynlygy- özbaşdak ulanylyp bilinmezligi olary bir topara birleşdirýär. !999-njy ýylda çykan ylmy grammatikada olar **affiksal** morfemalar diýlen at bilen hemmesi umumylykda atlandyrylypdyr. Olar şu güne çenli türkmen dil biliminde birnäçe at bilen, ýagny *grammatik morfemalar, affiksal morfemalar, söz ýasaýjy morfemalar, söz üýtgediji morfemalar, kömekçi morfemalar* ýaly dürlüçe atlandyrylypdyr. Bu topara girýän morfemalaryň asyl morfema goşulmak bilen täze leksik many aňlatmaga ukyply görnüşini *deriwasion morfema* ady bilen tapawutlandyrmak bolar. Görnüşi we garaşlylygy taýdan meňzeş bolan *grammatik /kőmekçi/ morfemalara* söz ýasaýjy we sőz űýtgediji goşulmalaryň ählisi umumylykda degişlidir. Sebäbi olar sözüň manysyny dürli tarapdan anyklaşdyrmak, goşulan sözüniň söz düzümindäki, sözlemdäki funksional-grammatik manysyny anyklaşdyrmak, onuň sözlemdäki beýleki sözlere gatnaşygyny görkezmek hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Olardan başga-da, őzbaşdak many aňlatmaýan sőz toparlary (modal sőzler, sőzsoňy kőmekçiler, baglaýjy kőmekçiler, ownuk bőlekler hem grammatik serişdeler, sőzleri baglanyşdyrmak, olara nähilidir bir goşmaça many ýokundysyny bermek űçin ulanylýan sőzler) hem kőmekçi /grammatik/ morfemalara degişlidirler, olar őzbaşdak sőz gőrnűşinde bolsalar hem leksik manysy bolmadyk sőzlerdir, şonuň űçin olar asyl morfema bolup bilmeýärler. Özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary özbaşdak many aňladýan söz toparlaryndan aýratynlykda ulanylyp bilmeýärler. Öz aňladýan manysyny özbaşdak ýüze çykaryp bilmeýänligi, ulanylanda asyl morfemalara garaşlydygy üçin olara kőmekçi morfemalar diýilýär. Şeýlelikde grammatik morfemalaryň bir görnüşine kőmekçi morfemalar diýilýär. Türkmen diliniň öz gurluş aýratynlygyna görä, kömekçi morfemalaryň iki görnüşi bardyr.

1. Söz görnüşindäki kömekçi morfemalar (sözsoňy we baglaýjy kömekçiler)

2. Goşulma şekilindäki kömekçi morfemalar (ownuk bölekler)

Söz görnüşindäki kömekçi morfemalar bile ulanylýan sözleri bilen goşulman, aýratyn ýazylýarlar. Meselem: Jeren *bilen* gitdi. Ýaşaýar *we* işleýär. Okaýşyňa *görä* bildiň we ş.m.

Özbaşdak ulanylmazlygy, asyl morfemasyz many aňladyp bilmezligi grammatik morfemalaryň hemmesine mahsusdyr.

Türkmen dilinde sözlerde morfemalaryň ýerleşiş tertibi, yzygiderliligi üýtgewsizdir. Morfemalar özbaşdaklygyna ýa-da garaşlydygyna garamazdan,dilde taýýar görnüşinde ulanylýarlar.

Asyl morfemalara taryhy taýdan seredilende, olaryň köpüsiniň iki we ondan artyk morfemadan durýandygyny görmek bolýar. Meselem; gö-z, gö-r, dym-yk, aý-dyň, aý-yk we ş.m.

Asyl söz ýa-da asyl (kök) morfema türki dillerde, şol sanda hem türkmen dilinde belli bir leksik we grammatik manysy bolan sözdür. Diliň häzirki zaman nukdaýnazaryndan seredilende, asyl sözler (kökler) morfemalara bölünmeýärler. Olar, köplenç, bir bogunly (üç, sen, gök, soň, ýok, ak, ol, biz, gel, git, ur, sür, geç) ýa-da iki bogunly (agaç, iki, alty, oba, beýik, üçin, aýal, adam, ene, ata, uly, kiçi, getir, oka) bolýarlar.

Käbir asyl sözler taryhy nukdaýnazardan goşma söz ýa-da ýasama düýp söz bolup bilerler, ýagny ol hili asyl sözler aslynda bir ýa-da iki sany doly manyly sözlerden we diliň häzirki zaman nukdaýnazaryndan öndümsiz ýa-da ulanylmaýan käbir goşulmalardan ybarat bolup bilerler. Olar hem diliň häzirki ösüş döwründe asyl sözler hasaplanýarlar. Meselem: kejebe, pyçak, düýn, öwret, göz, biz.

Emma sygyr, keýik, töwerek, adam ýaly aýry-aýry morfemalara bölünmeýän sözler hem birnäçe hili bolýar.

1.Taryhy taýdan morfemalara bölünmeýän köp bogunly sözler: töwerek, telpek, tüýdük, çaga, ýylgyn.

2. Aslynda iki morfemadan ybarat bolup soň birleşen sözler: gulaç, bilezik, altmyş, ýetmiş.

3. Garyndaş bolmadyk dillerden geçen alynma sözler türkmen dilinde esasan, morfologik taýdan aýry-aýry böleklere bölünmeýärler. Şoña görä-de, ol sözler asyl morfema hasaplanýarlar. Meselem: kitap, daragt, päkize, million, respublika, kompýuter, alym, kätip, mekdep.

Asyl morfemalar sözüñ mundan beýläk morfologik ösüşiniñ esasy bolup durýar. Asyl morfemalar ýasalmadyk düýp sözlerdir. Meselem: indi, ozal, adam, ata, ene, bejer, beze, begen sözleri şol bir wagtda hem asyl morfema, hem düýp söz bolup durýarlar. Olara morfemalara gatnaşygy taýdan "asyl (kök) morfema", söz görnüşi boýunça hem "asyl düýp söz" diýilýär.

Gönükme: 1. Morfemalaryň görnüşlerini tapmaly.

Göçürme, uçgun, türkmençe, galyň, sürgün, atyň, daňdy, doňdur. Baharda ýagýan ýagyş ilki suw durlaýan çukurlara, soňra bolsa örän çuň gazylan howdana akdyrylýar.Yssy howada suwuň köp bugarmazlygy we sowuk saklanmagy üçin, howdanyň üstüne iki ýa-da dört tarapynda deşigi (işigi) bolan gümmez gurulýar.

2.Sözlemleri doly morfologik derňew etmeli.

Galanyň üstünde gazylan guýudan we arheologik barlaglar döwründe ondan tapylan zatlardan çen tutsaň, bu galada mundan iki ýarym müň ýyl öň hem ýaşaýyş möwç uran bolmaly. Buýsançly burçlary asmanda magallaklap duran galanyň içi adaty joşgunly hereket bilen gaýnaýardy, şatlykly şowhun bilen ýaňlanýardy.

SÖZLERIŇ GÖRNÜŞLERI

Söz diliň esasy birliklerinin biri bolup, ol leksikada hem, grammatikada hem öwrenilýär. Diliň leksik we grammatik ulgamlarynyň arabaglanyşygy söz meselesi öwrenilende has aýdyň ýüze çykýar. Dil biliminde söz leksika-semantik, morfologik hem-de sintaktik birlikler hökmünde ulanylýar.

Türkmen diliniň akademiki grammatikasynda (Aşgabat, 1970) we soňky ýyllarda bu ugurda edilen ýeke-täk iş bolan "Türkmen diliniň grammatikasy. Morfologiýa" (Aşgabat, 1999)atly ylmy grammatikada hem sözüň düzümi we strukturasy meseleleri aýyl-saýyl edilmändir. Olaryň ikisinde-de sözleriň morfema düzümi hem, sözleriň ýasalyş, gurluş taýdan düzümi hem şol bir "Sözüň düzümi" ýa-da "Sözüň morfologik düzümi" ady bilen bir bölümde öwrenilipdir.

Söz dilde taýyn birlik hökmünde ýaşaýar, ol böleklere bölünse-de, bölünmese-de döredilen birlikdir. Sözüň gurluşy-strukturasy—bu asyl sözleriň we ýasama sözleriň, şonuň ýaly-da şekil ýasaýjy elementleriň taryhy we many yzygiderlilikdäki ulgamydyr. Sözüň düzümi – bu many taýdan biri-biri bilen gatnaşykly bolan morfemalar ulgamydyr. Sözüň strukturasyny – onuň döredilişi prosesine gatnaşýan komponentleriniň yzygiderliligini, düýp sözi we goşulmalary tapyp hem-de sözüň düzümini – olaryň tapawutly yzygiderliliginde ýa-da many ösüşinde morfemalar ulgamyny anyklap, şunuň bilen eýýäm biz sözüň söz ýasalyş taýdan derňewini morfema derňewinden tapawutlandyrýarys.

Düýp söz- sözüň material manysyny aňladyjydyr. Sözüň leksik manysyny bildirýän şekiline düýp söz diýilýär. Sözüň şol durşuna aňladýan düşünjesine onuň leksik manysy diýilýär. Her sözüň özbaşdak leksik manysy bolup, sözler biri-birinden başga-başga düşünjeleri aňladýanlygy taýdan, ýagny leksik manysy bilen tapawutlanýarlar. Leksik many

asyl, ýasama, goşma, tirkeş, düzme sözleriň aňladýan düşünjeleridir. Diýmek, düýp sözler şol bäş sany söz görnüşinde bolýarlar. Düýp sözi şekil taýdan hem tapawutlandyrmak bolar. Şekil taýdan tapawutlandyrylýan düýp sözi bilmek üçin goşulmalaryň görnüşlerini gowy tanamak zerur. Oňa görä, sözüň üýtgediji goşulmalar bilen üýtgeşmedik, şekil ýasaýjylar bilen ýasalmadyk görnüşine düýp söz diýilýär. Meselem: gel-ýär-dik, gurluşyk-lar, ýazyjy-nyň. Munda şekil ýasaýjy we üýtgediji goşulmalary tanamak arkaly düýp sözi aňsat tapmak bolýar. Käbir söz toparlary şekil ýasaýjysyz we üýtgediji goşulmasyz ulanylýarlar. Sypatlar, sanlar, käbir çalyşmalar, hallar sözlemde, esasan, düýp söz görnüşinde ulanylýar. Atlar we işlikler üýtgeşen şekilde ulanylýar. Atlaryň düýp söz şekilini –lar/-ler goşulmasyny goşmak arkaly, işliklerde bolsa –mak/-mek we –ma/-me goşulmalaryny goşmak arkaly hem kesgitläp bolar. Meselem: Toýdan soňky tomaşa, orakdan soňky hoşa. Her ýurduň tilkisini öz tazysy bilen awlarlar. Mysallardaky tomaşa, hoşa sözlerine –lar/-ler goşulmany goşmak mümkin, emma toýdan, orakdan, ýurduň, tilkisini, tazysy sözleriniň yzyndan –lar/-ler goşulmasyny goşup bolmaz.Olaryň yzyndaky üýtgediji –dan/-den, -y/-i/-sy/-si, -yň/-iň/-nyň/-niň, -ny/-ni goşulmalary aýryp, -lar/-ler goşulmany goşmak mümkin. Diýmek, atlaryň –lar/-ler goşulmany kabul edip biljek orny olaryň düýp söz şekilidir.

Düýp sözler söz ýasaýjy goşulmalary kabul eden ýa-da etmedik, belli bir leksik hem-de grammatik manysy bolan sözlerdir. Şoňa görä-de düýp sözler özara <u>ýasama düýp sözler</u> we <u>ýasama däl düýp</u> sözler diýen iki topara bölünýärler.

Ýasama däl düýp sözlere asyl düýp sözler hem diýilýär. Olar türkmen dilinde morfologik böleklere (elementlere) bölünmeýärler we asyl sözlere barabar gelýarler. Meselem: iş, öý, daş, suw, ak, ýüz, sary, bäş, on, bir, men, ol, bu, indi, soň,

ýaz, al, oka ýaly sözler şol durşuna hem asyl, hem düýp sözlerdir. Bulara asyl düýp söz diýilýär.

Asyl söz. Şol durşuna belli bir many añladýan, düzüminde hiç bir goşulma bolmadyk, böleklere bölünmeýän, bölünse, manysyny ýitirýän sözler asyl sözlerdir. Meselem: çaga, göz, burun, kelle. Asyl sözler bir bogunly hem, köp bogunly hem bolup bilerler. Meselem: daş, ak, göwün, balyk, ýylgyn.

Asyl söz sözüñ mundan beýläk ösüşi üçin esas bolup hyzmat edýär. Asyl düýp sözlere mysallar: Maslahatda ýurdumyzyñ görnükli alymlarynyñ hem birnäçesi çykyş edip, bu ugurda alnyp barylýan işler barada öz pikirlerini aýtdylar.

Ýasama düýp sözler - özüniñ düzümi boýunça sada we goşma diýen iki topara bölünýärler. Sada ýasama düýp söz asyl sözden we söz ýasaýjy goşulmadan ybaratdyr. Asyl we dereje ýasaýjy goşulmalaryñ kömegi bilen ýasalan sözlere ýasama düýp söz diýilýär. Meselem: saz+çy+lyk, saz+anda, dost+luk, jür-le-wük, bäş-lik, al-gy, ak-la we ş.m.

Sada ýasama düýp sözüñ düzüminde bir, iki we ondan hem köp söz ýasaýjy goşulma bolup biler. Sada ýasama düyp sözler asyl we ýasama düýp sözlerden ýasalýar. Meselem: biç-im-çi-lik, mal-dar-çylyk, höwes-jeñ-lik, oka-t-dyr-mak, ýenç-gile-mek.

Goşma ýasama düýp sözler iki we ondan hem köp asyl ýa-da düýp sözleriň özara leksik- grammatik tärler bilen baglanyşmagy arkaly emele gelýärler hem-de belli bir düşünjäni añladýarlar. Goşma ýasama düýp sözleriň düzüminde käbir goşulmalar hem ulanylýarlar. Meselem: gün-e-bak-ar, guş-göz-i.

Goşma ýasama düýp sözler özara goşma sözler , tirkeş sözler, düzme sözler diýen üç topara bölünýärler. Goşma sözleriň bölekleri (komponentleri) häzirki türkmen dilinde belli bir düşünjäni añladýan leksik birlik hökmünde

ulanylýarlar. Şoňa görä-de, goşma sözleri mopfemalara bölüp görkezmek kyn däl. Meselem: aýak-gap, gün-orta, göz-bag-ç y, gök-bog-ma, daş-deş-en, gün-e-bak-ar, at-gulak, ak-baş, Bayram-dur –dy.

Tirkeş sözler (şol sanda gaýtalanýan tirkeş sözler) goşma sözlerden aýdylyş heňi, manysy, düzülişi taýdan tapawutlanýar; Meselem: ata-baba, ogyl-gyz, gadyr-gymmat, köne-küşül, mör-möjek, çöp-çalam, kiçi-girim, aýyl-saýyl, gümür-ýamyr, paty-puty, akyr-ukur, we ş.m. Bulardan başga-da leksikalaşan, ýagny bir zady atlandyrýan düzme atlar hem bar. Türkmen döwlet uniwersiteti, “Esger’’ gazeti we ş.m.

Gönükme: 1. Söz görnüşlerini toparlaň.

Garagumdaky we Gyzylgumdaky sardabalaryň ençemesi suwaryş desgalaryny, köpçülige peýdaly jaýlary (sardabalary, kerwensaraýlary) gurmak bilen at-abraý, haýyr-sogap isleýän barjamly baýlar ýa-da ogulsyz-gyzsyz adamlar tarapyndan gurdurylan bolmaly. Uly kerwen ýollarynyň ugrunda ýolagçylaryň dynç alyp, azyk-suwlukdan ýüküni tutup geçmegi üçin mugt kerwensaraýlar, haýyr-sogap üçin gurlan düşleghanalar geçmişde-de bina edilýän eken.

2. Doly morfologik derňew ediň. Olaryň köpüsi Haýrabat diýip at alypdyr. Şeýle Haýrabatlar biziň günlerimizde has köpeldi. Indi olara ähli welaýatlarymyzyň gatnawly ýollarynyň ugurlaryndа duş gelmek bolýar. Bilermenleriň berýän maglumatlaryna görä, garaköli goýunlar, olaryň sur, şamçyrag ýaly görnüşleri burdalykly maldarlar tarapyndan döredilipdir.

GOŞULMALAR. GOŞULMALARYÑ BÖLÜNIŞLERI

Özbaşdak ulanylmaýan, özbaşdak many aňlatmaýan, sözlere goşulyp täze ýa-da öňküsine ýakyn manyly söz ýa-da şekil ýasamaga we sözlemde sözleri biri-biri bilen baglamaga hyzmat edýän söz böleklerine goşulma diýilýär. Goşulmalar

özbaşdak ulanylmasa-da, dilde, adam aňynda edil sözler ýaly taýýar görnüşde saklanyp, olar nämedir bir zatlary beýlekisinden tapawutlandyrmaga ýardam edýärler. Sözlemiň esasyny düzýän leksik manyly, şol manysyny aňlatmakda garaşsyz bolan özbaşdak sözlerden tapawutlylykda goşulmalar dilde kömekçi wezipäni ýerine ýetirýärler. Goşulmalar öz manylaryny aňlatmak üçin özbaşdak sözlere garaşlydyrlar. Olar diliň iň işjeň, ýygy ulanylýan bölekleridir. Goşulmalar sözlere goşulyp, leksik ýa-da grammatik many aňlatmaga gatnaşýarlar. Goşulmalar dilde aňladýan manylary, ýerine ýetirýän hyzmatlary, söze goşulyş tertibi(orny) we ş.m. boýunça iki topara bölünýärler:

1. Söz ýasaýjy goşulmalar
2. Söz üýtgediji goşulmalar

I. Söz ýasaýjy goşulmalar ýasaýan sözleriniň aňladýan manysyna görä üçe bölünýär:

- a) asyl ýasaýjy goşulmalar
- b) dereje ýasaýjy goşulmalar
- w) şekil ýasaýjy goşulmalar

a) Asyl ýasaýjy goşulmalar. Sözlere goşulyp, goşulan sözlerinden täze leksik manyly söz ýasamaga hyzmat edýän goşulmalara asyl ýasaýjylar diýilýär. Meselem: ýyg-ym, iş-çi, ýüz-in, gork-ak. Asyl ýasaýjy goşulmalar düýp sözlere goşylyp, täze leksik manyly söz ýasaýar, ýagny özünde asyl düýp sözüň we söz ýasaýjy goşylmanyň leksika-grammatik manysyny jemleýän täze söz ýasaýar. Bir asyl söze birnäçe goşulma goşulanda, olaryň her biri şol söze täze bir anyk leksik many berýär. Şeýlelikde, asyl düýp söze söz ýasaýjy goşulmalar näçe köp goşuldygyça, asyl düýp sözüň manysy hem şonça çylşyrymlaşýar. Eşid-il-iş, bag-la-nyş-dyr-yş, ýyg-(y)n-a-k.

Asyl ýasaýjy goşulmalar uniwersal häsiýetli däldirler, ýagny hemme asyl ýasaýjy goşulmalar islendik söz toparyndan

täze söz ýasap bilmeýärler, hatda belli bir söz toparyndan söz ýasaýan goşulmalar hem şol söz toparyna degişli hemme sözlerden täze söz ýasap bilmeýärler. Asyl ýasaýjy goşulmalar goşulyp, täze söz ýasalanda, bir söz toparyndan başga bir söz topary hasyl bolýar. Sözüň söz toparyny üýtgedip, täze leksemany hasyl edýän goşulmalar morfema degişliligi taýdan leksik morfemadyr, sebäbi bular täze leksik birligi hasyl edýärler. Meselem: Utan-jaň, ürk-ek, suw- sa, suw-çy, suw-la, suw-a , suw-ar.

Her söz toparynyň esasan, öz asyl ýasaýjy goşulmalary bolýar we bir söz toparynyň asyl ýasaýjy goşulmasy başgalarynda ulanylmaýar. Asyl ýasaýjy goşulmalar esasan, atlarda, sypatlarda, işliklerde we hallarda köp ulanylýarlar. Ýasaýan sözüniň aýratynlygyna seredip, asyl ýasaýjylary iki topara bölýärler:

1. Goşulan sözüniň söz toparyny üýtgedýän leksika-grammatik manyly asyl ýasaýjy goşulmalar. Meselem: suw-a-g-syz, a(k)g-ar, dur-alga, iş-li, iş-le.

2. Goşulan sözüniň söz toparyny däl-de, diňe leksik manysyny üýtgedýän asyl ýasaýjy goşulmalar. Meselem: ýolmak-ýol-mala-mak, tutmak-tut-akla-mak, itmek-it-ele-mek, siňmek-siň-iş-mek, ýürek-se, bilek-se.

b) Dereje ýasaýjy goşulmalar

Goşulan sözüniň söz toparyny üýtgedip bilmeýän, şol söz toparyna degişli täze leksik manyly söz ýasaýan, goşulan sözünden aňlanylýan manynyň belli bir görnüşini, bolşuny aňladýan sözleri ýasaýan goşulmalara dereje ýasaýjy goşulmalar diýilýär. Meselem: Gara-mtyl, al-dym, al-yn-dym, gara-rak, al-yş-dym, al-dyr-dym, ak-sowult. Dereje ýasaýjylar bilen ýasalan sözler öňküsine golaý täze leksik mana eýe bolýarlar. Dereje ýasaýjy goşulmalar ýasama düýp sözleri hasyl edýärler, şeýlelikde ýasama düýp sözleriň düzümine girýärler. Işlik, sypat, hal derejeleri türkmen dilinde görkezilýär, atlarda –jagaz, -jyk/-

jik, -ça/-çe ýaly manysy taýdan dereje ýasaýjylara meňzeş kiçeltme-söýgülik aňladýan goşulmalar bar hem bolsa, olar söz ýasaýjylaryň arasynda derňelýärler. Umuman, dereje ýasaýjy goşulmalary doly sanap gutarmak we ýatdan bilmek mümkindir. Olar asyl ýasaýjy goşulmalardan san taýdan azdygy, anykdygy hem goşulan sözünden ýasaýan manysy bilen tapawutlanýar. Dereje ýasaýjylaryň şekil ýasaýjylardan tapawudy hem anykdyr. Dereje ýasaýjy goşulmalar düýp sözüň düzümine girýärler, emma şekil ýasaýjy goşulmalar düýp sözüň yzyna goşulýarlar. Dereje ýasaýjy goşulmalar şol bir söz toparynyň hemme sözlerine goşulyp bilmeýärler, emma şekil ýasaýjy goşulmalar degişli söz toparynyň sözleriniň hemmesine, esasan, mahsus bolýar. .

1. **Şekil ýasayjy goşulmalar** goşulan sözlerinden täze söz ýasaman, diňe sözüň dürli grammatik şekillerini ýasaýar. Olara atlaryň birlik we köplük şekillerini tapawutlandyrýan – lar/-ler köplük san goşulmasy we dürli işlik şekilleriniň goşulmalary degişlidir. Şekil ýasaýjy goşulmalaryň köplük san şekilini ýasaýjy –lar/-ler goşulmasyndan başgasy işlikler söz toparynda ulanylýar. Olar asyl ýasaýjylar ýa-da dereje ýasaýjylar ýaly bir söze birnäçesi tirkeşdirilip goşulmaýarlar. Sözlemde ulanylan işlik anyk bir şekil ýasaýjyny kabul eden görnüşinde ulanylýar. Işlik birbada iki şekil ýasaýjyny kabul edip bilmeýär. Hemme işlik şekilleri iki galypda: barlyk ýa-da ýokluk galyplarda bolýarlar. Meselem:

Okasa, okamasa, ýazdy, ýazmady, gelýär, gelmeýär, akar, akmaz, görjek, görjek däl, okaýyn, aýdaýady, bilsedi, girmeli,

Söz üýtgediji goşulmalar

Söz üýtgediji goşulmalar goşulan sözleriniň leksik manysyny üýtgetmän, şolary söz düzüminde hem-de sözlemde beýleki sözlere baglanyşdyrmaga hyzmat edýärler. Söz üýtgediji goşulmalara:

1. atlaryň düşüm, degişlilik goşulmalary;

2. işlikleriň ýöňkeme goşulmalary, işlik şekillerine goşulan köplük san goşulmalary;

3. özbaşdak many aňladýan we aňlatmaýan sözlere-de goşulyp bilýän habarlyk goşulmalary degişlidir. At ýöňkemesiniň goşulmalaryna degişlilik ýa-da şahs goşulmalary hem diýilýär. Işlikleriň käbir şekilleri hem ýöňkeme bilen üýtgeýär. Meselem: kitabym, kitabyň, kitaby, kitabymyz, kitabyňyz, kitaplary. Geldim, geldiň, geldi, geldik, geldiňiz, geldiler, gelýäris, gelýärsiňiz we ş.m. Söz üýtgediji goşulmalaryň hersiniň öz umumy grammatik manylary we hyzmaty bolýar. Meselem: degişlilik, düşüm goşulmalary atlara goşulyp, zadyň haýsy şahsa-kime, nämä, nirä degişlidigini hem-de onuň başga bir zada ýa-da gymyldy-herekete bolan gatnaşygyny görkezýärler. Işlik ýöňkemeleri gymyldy-hereketiň kim ýa-da kimler tarapyndan edilendigini, edilýändigini, ediljekdigini aňladýarlar. Işliklere goşulan köplük sanyň –lar/-ler goşulmasy üýtgedijilik hyzmatyny ýerine ýetirýär, sebäbi ol atlardaky ýaly zatlaryň birlik we köplük şekilini tapawutlandyrman, köplük sandaky eýe bilen işlikden bolan habary sanda ylalaşdyrmak üçin goşulýar. Habarlyk goşulmalary islendik söze goşulanda, ony sözlemiň habary edýär, diýmek, sözlemiň habary bilen eýesini baglanyşdyrýar.

Goşulmalaryň söze goşulyş tertibi. Söz toparlarynyň hersiniň öz goşulma kabul ediş aýratynlygy bolýar. Türkmen dilinde sypatlar, hallar asyl we dereje ýasaýjy goşulmalary kabul edýärler, üýtgediji goşulmalar bilen üýtgemeýärler. Şonuň üçin sypat, san, hal söz toparlary düýp söz görnüşinde ulanylýarlar. Atlar asyl ýasaýjy goşulmalary, köplük san, ýöňkeme, düşüm goşulmalaryny kabul edýärler. Işliklerde asyl ýasaýjy, dereje ýasaýjy, şekil ýasaýjy goşulmalar we işlik ýöňkemesiniň goşulmalary, köplük san goşulmasy ulanylyp biler. Şonda

goşulmalaryň her bir görnüşiniň söze goşulyş orny bar. Türkmen dilinde goşulmalar asyl söze belli bir tertibe görä, durnukly yzygiderlilikde goşulýarlar. Goşulmalaryň hemme görnüşi bir söze goşulanda şu tertip köplenç saklanýar. Asyl sözüň yz ýanyndan asyl ýasaýjylar orun taýdan ilkinji bolup biri ýa-da birnäçesi goşulýarlar. Asyl ýasaýjy goşulma söze goşulsa-da, goşulmasa-da, dereje ýasaýjylar hem olaryň yzy bilen ýa-da göni özleri asyl ýa-da ýasama sözlere goşulyp bilýärler. Orun taýdan 3-nji bolup söze goşulýan şekil ýasaýjylardyr. Eger sözde asyl ýa-da dereje ýasaýjy bar bolsa, olaryň yzyndan, ýok bolsa-da göni asyl söze şekil ýasaýjy goşulyp bilýär. Söz üýtgediji goşulmalar mydama söz ýasaýjylardan soň goşulýarlar. Eger söz ýasaýjy goşulma bolmasa, göni asyl söze hem söz üýtgedijiler goşulyp bilýärler. Söz üýtgediji goşulmalardan ýöňkeme hem düşüm goşulmalarynyň ikisi hem bir söze goşulmaly bolanda, ilki ýöňkeme goşulmasy goşulyp, atlarda sözde iň soňky orunda düşüm goşulmalary durýar. Işliklerde asyl, dereje, şekil ýasaýjylar we iň soňunda ýöňkeme goşulmalary goşulýar. Diňe garyndaşlyk aňladýan käbir sözlerde bu tertip bozulyp, daýy-m-lar-a, eje-m-ler-e ýaly ulanylyşy bar. Şeýle hem *–daky/-däki* orun we wagt aňladýan sypat ýasaýjy goşulma köplük san we degişlilik goşulmalaryny kabul eden atlara goşulyp hem sypat ýasap bilýär. Söz üýtgedijiden soň gaýtadan söz ýasaýjynyň beýle ulanylyşy iň seýrek dil hadysasydyr. Meselem: çet-*gyralardaky* jaýlar, *howlymyzdaky* agaçlar, daglarymyzdaky arçalar.

Gönükme: 1. Goşulmalaryň görnüşlerini toparlaň.

Gazaply hanyň bu ülkelere gelşi, bir ýaşulynyňkyda düşleýşi we ondan sapak alşy barada il içinde şeýle rowaýat biziň günlerimizde-de aýdylýar. Han ilkinji harby ýörişleriniň birinde şowsuzlyga uçrap, birnäçe atlysy bilen gaçýar we özüni bir oba atýar. Bir babanyňkyda düşleýär. Ajygyp-suwsap gelen

ötegçileriň öňüne baba çaý-çörek goýýar we hersine bir tabak bulamak berýär.

2.Bir sözlemi doly morfologik derňew ediň.

Dagyň öňi garamtyl-gök ümre bürenip, öz bärsindäki jülgäni nähilidir syrly, düýpsüz görkezýärdi. Dermanly dyrnaklyjanyň güli gaýnadylyp, göze ýapgy ýapylsa, gözde gijilewük, gözüň ýaşarmagy we agyrysy kemeler. .

SÖZ ÝASALYŞ USULLARY

Dili her taraplaýyn ösdürmekde söz ýasalyş ýollary örän uly ähmiýete eýedir. Her bir dil, esasan, iki ugur boýunça ösýär. Olaryň biri diliň daşky serişdeleriň, ýagny alynma sözleriň hasabyna baýlaşmagydyr. Öz içki serişdeleriniň, ýagny söz ýasaýjy goşulmalarynyň, söz goşulyşmalarynyň, many özgermeleriniň hasabyna giňelmegi diliň baýlaşmagynyň esasy ugrudyr.

Sözleriň goşulma goşulmagy, dürli leksika-grammatik tärler arkaly özara utgaşmagy we many özgermeleri netijesinde sintaktik baglanyşyga dahylsyz eýe bolýan islendik täze many öwüşgini **söz ýasalyşdyr**. Söz ýasalyş dilde täze leksik manynyň emele gelmegidir. Türkmen dilinde söz ýasalyşyň üç usuly bar.

1. Morfologik söz ýasalyş usuly
2. Sintaktik we sintaktik-morfologik söz ýasalyş usuly
3. Leksika-semantik söz ýasalyş usuly.

60-njy ýyllardan soňra daşary ýurt dilleri boýunça edilen işleriň esasynda türkmen dil biliminiň dürli meseleleri babatda ylmy-nazary we ylmy-amaly işler alnyp barylmaga başlandy. O.S Ahmanowanyň “Словарь лингвистических терминов” (M. 1969) atly sözlüginde söz ýasalyş we onuň esasy ugurlary barada has takyk bellikler edilipdir. Onda morfologik ýa-da fonetik-morfologik söz ýasalyş ady bilen sözüň fonetik taýdan

özgermegi, basymyň ýeriniň üýtgemegi bilen emele gelen sözler bellenipdir (Şol ýerde, 424s.). Türkmen dil biliminde-de şol görkezilen söz ýasalyş ýollarynyň görnüşlerini derňemek, ýüze çykarmak kada boldy. Şonluk bilen türkmen dilinde ýokarda sanalan söz ýasalyş usullarynyň üstüne belli bir döwürde fonetik söz ýasalyş hem goşulypdyr. Fonetik söz ýasalyşda söz basymynyň ornunyň üýtgemegi arkaly täze manyly söz ýasalýar. Oňa mysal hökmünde *ýatlama*-at, *ýatlama*-işlik, *gazma*-sypat, *gazma*-işlik, *sürgün*-at, *sürgün*-işlik ýaly esasan biri basymy öz üstüne geçirmeýän iki goşulma arkaly hasyl bolan sözler getirilýär. Emma bu söz ýasalyş türkmen diline häsiýetli däldir. Sözüň basymynyň üýtgemegi bilen söz ýasalyşa az sanly sözlerden mysal tapylsa-da, ol dilde işjeň, ýaýrawly däl. Türkmen diline degişli getirilen mysallarda-da basymyň ornunyň üýtgemegi bilen täze söz ýasalman, sözüň täze şekili (buýruk şekili) ýasalypdyr. Ol goşulmalar hem morfologiýada öwrenilýär. Şeýlelikde, türkmen dilinde üç söz ýasalyş usuly ulanylýar.

1. Morfologik söz ýasalyş- dilde täze söz döretmegiň iň işjen we örän öndümli ýollaryndandyr. Goşulmalar arkaly täze sözler ýasalyp, dildäki sözler köpelýär, jemgyýetiň dile bolan talaby ödelýär. Goşulmalar aslynda özbaşdak material manyly söz bolup, diliň ösüşinde goşulma halyna öwrülen bir wagtky özbaşdak sözleriň galyndysydyr. Meselem: -ça/-çe goşulmasynyň asly çak, çen diýen wagt aňladýan sözlerden (gelýänçä, barýança), garalmak, saralmak sözlerindäki –al/-el goşulmasynyň asly “bolmak” işligindendir. Özbaşdak sözler birden goşulma öwrülmän, ilki bada öz material manysyny saklamak bilen birlikde sözsoňy ýa-da başga bir formal manyly kömekçi söz bolup ulanylyp başlapdyr. Meselem: <u>Başy</u> agyrmadygyň ýanynda “<u>Başym agyrýar</u>” diýme. Hemmämiz oduň <u>başyna</u> üýşdük.. Gawunyň <u>içinde</u> dört çigit bar eken. Baglanyşykly ulanylýan sözleriň ilkinjisi özbaşdaklygyny

ýitirip, kömekçi söze öwrülende, sözüň öňünden goşulýan (prefiks) goşulmalar, soňkusy birinji söze eýerip, kömekçi hyzmatyna geçende sözüň soňundan goşulýan (suffiks) goşulmalar hasyl bolýar. Meselem:

Alyp git <aly git<al git<äkit; alyp ber<alber<aber<äber;

Sary bolmak< sary ol<sar ol<sar-al;

Barýan çagy <barýan çag, çak <barýan-ça

Söz ýasaýjy goşulmalar anyk bir söz toparyna goşulyp ulanylýarlar. Köplenç, isimlerden söz ýasaýanlar işliklere goşulmaýarlar we tersine, işliklerden söz ýasaýanlar isimlere goşulyp bilmeýärler. Olaryň arasynda iki ýa-da ondan hem köp söz toparyna goşulyp, täze söz ýasaýanlary-da bar, emma azdyr. Meselem: -lyk/-lik/-luk/-lük goşulmasy atdan, sandan, sypatdan, çalyşmadan, işlik şekillerinden we ş.m. söz ýasaýar. –jaň/-jeň goşulmasy hem atdan, hem işlikden sypat ýasaýar.

Söz ýasaýjy goşulmalar hem sada we çylşyrymly; önümli, az önümli, önümsiz goşulmalar ýaly toparlara bölünýärler. Sada goşulma böleklere bölünmeýän bir goşulmadan ybarat bolýar. Meselem: - a/-e: ot-a, diş-e, ýaş-a, -ly/-li: akylly, zehinli. Türkmen dilindäki ýasaýjy goşulmalaryň köpüsi gurluşy taýdan sadadyr. Çylşyrymly goşulmalar birden artyk goşulmanyň bitewilikde goşulyp, bir söz ýasamagyna hyzmat edýärler: Meselem: maldar-çylyk, guş-çulyk, maşlahat-laş, adam-kärçilik, bidüzgün-çilik, gök-çülik, maslahat-laş, kömek-leş, pikir-len.

Türkmen dilinde söz ýasaýjy goşulmalar goşulýan sözleriniň çekimli seslerniň häsiýetine laýyklykda, inçe-ýogynlygyna, dodaklanyp-dodaklanmaýanlygyna garap ýa-da garaman, birnäçe görnüşde bolýar.

1. Bir görnüşli, singarmonizm düzgünine eýermeýän goşulmalar: -ana, -dar, -waç, -jagaz, -ok goşulmalary. Meselem: görk-ana, mülk-dar, ýelpe-waç, germe-waç, gör-em-ok, iş-jagaz, gül-jagaz, bil-em-ok. Bir görnüşli goşulmalardan –

waç, jagaz, -ok türkmen diliniň öz goşulmalary bolup, galanlary pars ýa-da arap diliniň elementleridir. Bir görnüşli goşulmalar türki diller üçin häsiýetli däl. Türkmen dilinde bar bolan bir görnüşli goşulmalar hem diliň ösüşiniň soňky döwrüniň önümi bolup, olaryň ikinji görnüşiniň emele gelip ýetişmedik bolmagy mümkin. "Ýok" sözünden emele gelen –ok goşulmasy şeýle çaklama esas döredýär.

2. Goşulýan sözüniň inçe-ýogynlygyna garap, iki görnüşde goşulýan goşulmalar. Meselem: –jaň/-jeň, -alga/-elge, -daş/-deş.

3. Goşulýan sözüniň inçe-ýogynlygyna; dodaklanyp-dodaklanmaýanlygyna garap, dört görnüşde goşulýan goşulmalar: -yn/-in/-un/-ün; - gyn/-gin/-gun/-gün; -gyç/-giç/-guç/-güç

4. alty görnüşli goşulmalar hem bar: -ymtyl/-imtil/-umtyl/-ümtil-mtyl/-mtil; -ymtyk/-imtik/-umtyk/-ümtik-mtyk/-mtik goşulmalary.

Önümli goşulmalar iň işjeň ulanylýan goşulma bolup, onlarça, ýüzlerçe täze söz ýasaýar. Muňa at ýasaýjy –çy/-çi, lyk/-lik, -yn/-in-un/-ün; -çylyk/-çilik; işlik ýasaýjy -la/-le, -a/-e, -yk/-ik goşulmalary; sypat ýasaýjy –ly/-li, -syz/-siz, -yk/-ik/-uk/-ük goşulmalary ýaly dürli söz toparlaryndan işjeň söz ýasaýan goşulmalar degişlidir. Türkmen dilinde –çy/-çi goşulmanyň dürli sözlere goşulyp alty ýüz töweregi söz ýasaýandygyny görmek bolýar. **Az önümli goşulmalar** az sanly söz ýasaýarlar. Olara at ýasaýjy –sa/-se, -ja/-je, -ga/-ge ýaly birnäçe sözüň düzüminde duş gelýän goşulmalar degişli edilýär. **Önümsiz goşulmalar** diýlip, käbir sözleriň düzüminde saklanyp galan, häzirki wagtda söz ýasalyş galyby hökmünde işledilmeýän goşulmalara aýdylýar. Meselem: ýöne-keý, çyn-lakaý, kej-ebe, ýag-myr.

Sintaktik we sintaktik–morfologik söz ýasalyş

Iň gadymy söz ýasalyş ýollarynyň biri bolup, häzirki döwürde-de täze söz döretmegiň işjeň usuly hökmünde ulanylýar. Bu düzümindäki sözleriň morfologik aýratynlygyna görä iki hili bolýar.

a) Sap sintaktik söz ýasalyş: birden artyk asyl sözleriň birleşmeginden täze söz ýasalýar. Meselem: Kellebaşaýak, sarun, günorta.

B) Sintaktik-morfologik söz ýasalyş: Birden artyk sözüň we goşulmalaryň getirilmegi bilen ýasalan sözlere sintaktik-morfologik usul bilen ýasalan söz diýilýär: daşdeşen, Amandursun, guşgözi, günbatar, gündogar, günebakar.

Sintaktik we sintaktik-morfologik söz ýasalyşdaky sözleriň özara goşulyşyp, tirkeşip, düzülip, täze manyly söz ýasamak ýagdaýy türkmen diline mahsusdyr. Bu söz ýasalyş sözlemde sözleriň ulanylyşy, ýagny sintaksis bilen berk baglanyşyklydyr. Munda söz düzüminiň ulanyldygyça goşma söze öwrülmegi, aýry-aýry manyly sözleriň birigip, bir goşma söz görnüşinde ulanylmagy netijesinde täze söz ýasalýar. Meselem gelinbarmak, gelneje, altatar, ikatýok, älemgoşar, üçburçluk. Goşma sözlerde we düzme sözlerde dürli söz toparlarynyň sözleri utgaşyp, bir çylşyrymly leksik birligi emele getirýän bolsa, tirkeş sözleriň iki bölegi hem diňe bir söz toparyna degişli bolýar. Tirkeş sözleriň bölekleri hiç bir ýagdaýda dürli söz toparlaryndan bolup bilmeýär.

Leksika-semantik söz ýasalyş

Sözleriň täze mana eýe bolmagy bilen, öňden ulanylyp ýörlen sözlere täze many berilmegi bilen, alynma sözleriň semantik özleşdirilmegi bilen, şiwelerden edebi dile alynmagy mümkin bolan sözleriň umumyhalky häsiýete eýe bolmagy bilen dilde täze sözler döreýär. Meselem: Günüň howry, Günüň ýagşymy? Aý dogdy. Aýyň näçesi? Sülgün-guş ady, Sülgün –adam ady, Meňli, Täşli, Çakan, tozan, syçan, bolsady,

galkan, interaktiw, multimedia, üçek, itburun, mahabat, sebit, hemra, arş gämisi we.ş.m.

Leksik-semantik söz ýasalyş özbaşdak söz ýasalyş ýoly diýlip hasaplanýar. Şeýle-de bolsa türkmen dilinde bu ýol bilen söz ýasalyşy inkär edýän garaýyşlar hem bar. Sebäbi, munda öň dilde bar bolan, ulanylyp ýörlen sözüň täze manysy ýüze çykýar, söz ýasaýjy serişde bolsa görünmeýär. Sözüň bir grammatik kategoriýadan (göreş- göreş (işlik-at), gara-Gara (işlik, sypat-at), berdi-Berdi (işlik-at), hally-Hally(sypat-at) başga bir grammatik kategoriýa öwrülmegi, mundan başga-da arap-pars, rus, iňlis we ş.m. dilleriň sözleriniň türkmen diline geçýän ýagdaýlary we ş.m. dilde giň ýaýran ýagdaýlardyr. Leksik-semantik söz ýasalyş diýlip sanalan ýagdaýlardaky hemme bölümleri sözlük düzümi baýlaşdyrýan çeşmeler hökmünde leksikologiýa hem öwrenýär.

Gönükme: 1. Söz ýasalyş ýollarynyň hersine degişli on mysal ýazyň.

2. Söz ýasalyş ýollaryna mysallary saýlaň, doly morfologik derňew ediň.

Baýhatyndan on bäş kilometr gündogar tarapda gadymy garawulhananyň harabalary dargaşyp ýatyr. Şu ýerdäki Zöwüriň diňi diýip at beriýän diň bolsa geçmişde Buhara emirliginiň we Hywa hanlygynyň araçägi bolup hyzmat edipdir. Bu hanlyklaryň arasynda uruşlaryň we talaňçylykly çozuşlaryň örän köp bolandygy üçin, Zöwüriň diňinde we onuň ýakynyndaky Gabakly obasynda iki tarapdan hem garawullar goýlupdyr. Töweregindäki obalardan has uzakda ýerleşen Gabakly tokaýlarynda garawulçylyk etmäge meýletinler tapylmandyr. Öňdäki atlylar deňiz içindäki adajyk ýaly dal-daraagtsyz tekiz meýdana baryp ýetdiler. Otuz-kyrk atly bilen kyrk dört derwezeli şäheredegip abraý tapjakmyş bu. Ol ýönekeý gaýyş bagynyň çatrygy tylla gülbent bilen mäkämlenen gylyja baka hyrydar göz bilen seretdi.

SÖZ TOPARLARY

Dilde bar bolan hemme sözler belli bir semantika-grammatik alamatlaryna görä söz toparlary diýip atlandyrylýan toparlara jemlenilýärler. Sözleri söz toparlaryna bölmek çylşyrymly meseledir we ol ähli morfologik kategoriýalary öz içine alýar. Sözleri toparlara bölmekde her bir diliň öz aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr. Sözleri toparlara bölmekde şol sözleriň manysyny, grammatik gurluşyny nazara almak amatlydyr. Sözleriň manysy, goşulmalara gatnaşygy, grammatik şekilleri, başga sözler bilen baglanyşyp bilmek aýratynlygy boýunça leksika-grammatik toparlara bölünmegine **söz toparlary** diýilýär. Käbir ösen dillerde sözleriň formalanyşy ösen, anyk, aýdyň bolýar. Meselem: rus dilinde diňe morfologik aýratynlygyna- goşulmasyna seredip hem sözüň anyk haýsy söz toparyna degişlidigini bilip bolar. Şeýle ösen dillerde sözleriň hemme tarapyny göz öňünde tutmazdan, belli bir tarapyny hasaba almak bilen sözleri söz toparlaryna bölmek bolýar. Emma türki dillerde, şol sanda türkmen dilinde sözleriň formalanyş ýagdaýy onçakly ösmän, many aňladyşy ösendir. Şonuň üçin hem türkmen dilinde sözleri söz toparlaryna bölmekde munuň özboluşly aýratynlyklaryny nazara almak bilen sözleriň semantikasyna, morfologik alamatyna, sintaktik hyzmatyna seredip, şu aýratynlyklaryň esasynda sözleri toparlara bölýärler.

1.Sözüň semantikasy diýlende, onyň aňladýan manysy hasaba alynýar, ýagny sözleriň predmeti, predmetiň aýratynlyklaryny, mukdaryny, hereketini we ş.m. aňlatmagy göz öňünde tutulýar. Predmeti we predmetleşen düşünjäni aňladýanlar- at, hilini aňlatsa- sypat, gymyldy- hereketiň hal- ýagdaýyny aňlatsa- hal…Her söz toparynyň öz jogap bolýan degişli grammatik soragy bolýar.

2. Sözüň morfologik alamaty her bir söz toparynyň özüne degişli belli bir goşulmasynyň, söz ýasalyş häsiýetiniň bolmagydyr. Atlar (ýasaýjy:-çi/çy) düşüm, ýöňkeme goşulmalaryny, işlikler dereje, forma ýasaýjylary, zaman goşulmalaryny kabul edýärler. Sanlar üýtgediji we ýasaýjy goşulmalary kabul etmeýärler, olaryň diňe tertip san ýasaýjy goşulmasy bar. -jaň/-jeň goşulmasy diňe sypat ýasaýan goşulma we ş.m.

3.Sözüň sintaktik hyzmaty: Her bir sözüň sözlemde belli bir sintaktik hyzmaty bolýar. Meselem: Atlaryň, köplenç eýe bolmagy, sypatlaryň at aýyklap aýyrgyç bolmagy, işlikleriň habar bolmagy olaryň esasy sintaktik hyzmatydyr.Söz toparlary özleriniň sintaktik häsiýetleriniň esasynda sözlemiň gurluşyny kesgitleýärler.

Türkmen dilinde sözleriň käbir topary söz düzüminde we sözlemde eýeleýän ornuna bagly öz degişli bolan toparyna mahsus semantikasyny ýitirip, beýleki bir topara degişli sözler bilen many taýdan ýakynlaşyp biler. Ýigriminji asyryň 60-njy ýyllaryna çenli birnäçe dilçiler rus dilinde bolşuna meňzedip, ysnyşma ýoly arkaly baglanyşýan demir gapy, ýüň ýaglyk, agaç çemçe ýaly söz düzümlerindäki başga bir adyň öňünden gelen demir, ýüň, agaç sözlerini sypat hasap edýärler, ýagny atlary hyzmaty boýunça sypat hasaplaýarlar. *Ýagşy adam* (ýagşy–sypat), *ýagşy okaýar* (ýagşy-hal), *rusça sözlük* (rusça-sypat), *rusça gepleýär* (rusça-hal), ýagny şol bir söz iki söz toparyna degişli hasaplandy. Emma her söz anyk bir topara degişli bolmalydyr. Agzalan mysallardaky ýaly sözler hemişe şol bir söz toparyna degişli bolmaly we degişlilikde morfologik taýdan, ýagny söz toparyna degişliligi boýunça sypat, hal, at, sintaktik hyzmaty boýunça hem hal hyzmatynda gelen sypat, sypat hyzmatynda gelen hal ýa-da at diýlip atlandyrylmaly. H. Gafurowanyň “Häzirki zaman türkmen dilinde hallar”(Aşgabat,

1959) atly monografiýasynda bu mesele gutarnykly çözüldi. Her diliň sözleri ulanyşynda öz aýratynlyklary bardyr. Türkmen dilindäki atlar, sypatlar ýa-da hallar söz düzümlerinde eýeleýän ornuna baglylykda at hyzmatynda-da, aýyrgyç hyzmatynda-da, doldurgyç hyzmatynda-da çykyş edip biler. Bu ýagdaýda sözleriň sintaktik hyzmaty belli bir ähmiýete eýedir, ýöne şonda-da sintaksisiň hyzmatyna artykmaç baha bermeli däldir. Ol ýa-da başga bir topar sözleriň morfologik hem sintaktik hyzmatyny gatyşdyrmaly däl. Bu ýagdaý sözler toparlara bölünende diňe sintaktik aýratynlygyň ýeterlik däldigini subut edýär. Söz toparlarynyň manysyny giňeldip, biriniň beýlekisine derek ulanylmagy diliň baýlygyny aňladýar. Şonuň üçin bir sözüň haýsy söz toparyna degişlidigini kesgitlemek üçin, onuň ähli aýratynlyklaryny nazarda tutmak gerek. Çalyşmalar we sanlar ýaly aýry-aýry söz toparlary, esasan, semantik esasda hiç bir jedelsiz bölünip bilerler. Türkmen dilindäki sözleri birnäçe umumy aýratynlyklaryna görä, uly iki topara bölmek mümkin.

1.Özbaşdak many aňladýan söz toparlary.
2.Özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary.

Özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna esasan, aşakdaky häsiýetler mahsus bolýar:

1.Sözüň doly material manysy bolmaly.
2.Söz kontekstsiz-de ulanylyp bilinmeli.
3.Özüniň aýratyn basymy bolmaly.
4.Belli bir standart sese eýe bolmaly.
5.Degişli morfologik goşulmalar goşulyp bilinmeli.
6.Sözlemde özbaşdak sözlem agzasy bolup bilmeli.

Özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna at, sypat, san, çalyşma, işlik, hal, ümlük, ses we şekil aňladýan sözler ýaly söz toparlary degişli edilýär. Bular hem öz arasynda **isimler we işlikler** diýen uly iki topara bölünýärler. **Isimler at we at hyzmatynda gelip bilýän söz toparlarynyň jemidir (**Amansaryýew J., Gulmanow G. L.t. r.-t. sp., A. 1961,74 s.).

Isimler işliklerden we kömekçi sözlerden beýleki özbaşdak many aňladýan söz toparlaryny birleşdirýän umumy adalgadyr. **Isimler** zadyň, düşünjäniň, aýratynlygyň, mukdaryň we ş.m. özboluşly atlarydyr. Meselem: sanlary, reňk, tagam atlaryny aňladýan başga bir söz ýokdur. Isimlere degişli söz toparlary atlar bilen ýakyn gatnaşykda bolup öz esasy manysyny aňladýarlar we atlaşyp, atlar ýaly degişlilik, düşüm, köplük goşulmalary bilen üýtgäp bilýärler.

Işlikler hereket-gymyldy aňlatmagy, dereje, zaman, şekil, barlyk-ýokluk, ýöňkeme kategoriýalary bilen beýleki söz toparlaryndan tapawutlanýan özboluşly söz toparydyr.

Ümlükler hem-de ses we şekil aňladýan sözler özbaşdak many aňladýan sözler bilen özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlarynyň arasynda aralyk ýagdaýy eýeleýärler. Olar özbaşdak many aňladýanlara ösüp geçýän ýagdaýdadyrlar. Olar heniz doly aýrybaşgalaşmadyk, doly bölünişmedik söz toparlarydyr. Şonuň üçin ümlükler hem-de ses we şekil aňladýan sözler özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna girseler-de, isim we işlik diýen bölünişigiň hiç birine-de girmeýärler. Sebäbi olarda many aňlatmak, kontekstsiz ulanylyp bilinmek ýaly ukyplary bolsa-da, özbaşdak sözleriň birnäçesine degişli alamat bularda ýokdur. Şonuň üçin hem isimler toparyna at, sypat, san, çalyşma degişli, işlikler toparyna hallar we işlikler degişli edilýär. Hallar isimleriň we işlikleriň esasynda dörän söz topary hasaplanýar we işliklere baglanyp, öz aýratynlyklaryny ýüze çykarýar.

Özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary

Bulara kömekçi sözler hem diýilýär. Kömekçi sözler özbaşdak many aňladýan sözlerden özbaşdak many aňlatmaýanlygy we belli bir grammatik şekiliniň bolmazlygy bilen tapawutlanýar. Olar sözlem agzasy bolup bilmeýärler.

Kömekçi sözler özbaşdak many aňladýan sözleriň we sözlemleriň biri-birine bolan gatnaşygyny görkezmek üçin ulanylýar, olara dürli many ýokundysyny berýär. Olar hem özara 4 sany topara bölünýärler:

1.Sözsoňy kömekçiler.
2.Baglaýjy kömekçiler.
3.Ownuk bölekler.
4. Modal sözler.

Türkmen dilinde birnäçe sözler birmeňzeş aýdylýar we ýazylýar. Şol sözler at we şol at bilen baglanyşykly işligiň buýruk şekilinde, sesdeş söz (omonim) hökmünde ulanylmagy ýa-da käbir atlaryň şol at bilen bagly işligiň infinitiw we nämälim geljek zaman şekilinde ulanylmagy bilen köp duş gelýär. Bu hilli sözleriň kontekstdäki aňladýan manysyna seretmeli. Meselem: kak, sapak, açar, ýaşmak, çakmak, joşgun, daşgyn, gaýtgyn.

Şeýlelikde türkmen dilinde sözler ähli aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, on iki söz toparyna bölünýär: 1. At 2. Sypat. 3. San. 4.Çalyşma. 5. Işlik. 6. Hal. 7. Umlükler. 8. Ses we şekil aňladýan sözler. 9. Sözsoňy kömekçiler. 10. Baglaýjy kömekçiler. 11. Modal sözler. 12. Ownuk bölekler.

1. Atlar semantik taýdan zatlaryň we düşünjeleriň adyny aňladýandygy, morfologik taýdan diňe at ýasaýan asyl ýasaýjy – w (aýla-w, saýla-w, gatna-w, germe-w), -g(sora-g, beze-g), -gy/-gi(söý-gi, goş-gy), -yn/-in/-un/-ün(ýag-yn, ek-in,bog-un, dök-ün) ýaly goşulmalary, köplük, degişlilik, düşüm goşulmalaryny kabul edýändigi bilen, sintaktik taýdan, esasan, sözlemiň eýesi, doldurgyjy, habary, aýyrgyjy, we goşma habaryň esasy sözi ýaly hyzmatlary ýerine ýetirip bilýändigi bilen tapawutlanýar. Ol başga söz toparlary tarapyndan köp aýyklanýan, köp ulanylýan uly özbaşdak söz toparydyr.

2. **Sypatlar** semantik taýdan zadyň ýa-da düşünjäniň belli bir aýratynlygyny (hilini, daş görnüşini, reňkini, gylyk-häsiýetini, kärini we başgalary) ýa-da şol zadyň üsti bilen başga bir predmetiň alamatyny görkezýär. Sypat öz kategorial hyzmatynda gelende, üýtgediji goşulmalar bilen üýtgemeýär. Emma ýasaýjy goşulmalaryň (-ly/-li, ky/-ki, -jaň/-jeň) kömegi bilen beýleki söz toparlaryndan ýasalýar. Edil şonuň ýaly sypatlardan hem at, işlik, hal ýasalýar. Sypataryň beýleki söz toparlaryndan ýene bir aýratynlygy-olaryň özüne degişli dereje ýasaýjy goşulmalarynyň bolmagydyr. Sypatyň sintaktik taýdan esasy wezipesi aýyrgyç bolup gelmekdir. Üýtgediji goşulmasyz atlara baglanýanlygy sebäpli, baglanýan ady düşüp galanda atlaşmaga iň ukyply söz toparlarynyň biri sypatlardyr.

3.**Sanlar** sanalmagy mümkin bolan zatlaryň mukdaryny, ölçegini we tertibini aňladýar. Ýeke özi at aýyklaman ulanylanda, many taýdan anyk bolmaýar. Matematikada umumy san manysynda hem ulanylýar Sanlar mukdaryň, hasabyň, tertibiň özboluşly atlarydyr, olaryň şu manysy başga hiç bir söz toparynda ýokdur. Olar kategorial hyzmatynda üýtgediji goşulmalary kabul etmeýärler. Sandan başga söz toparlary ýasalyp bilse-de, özleri başga söz toparlaryndan ýasalmaýar. Olar hemme sanlara goşulyp bilýän –njy/-nji goşulmasyny kabul edýär. Sanlar sözlemde san aýyrgyçlarydyr we öz öňünden aýyklaýjy kabul etmeýär. Sanlar atlaşyp bilýän söz toparydyr.

4. **Çalyşmalar** atlaryň, sypatlaryň, sanlaryň, hallaryň deregine çalşyrylyp ulanylýan, umumy manyly söz toparydyr. Çalşyrýan sözüni doly aňladyp, düşündirip bilmese-de, olary umumy häsiýetde görkezýän çalyşmalaryň manysy tekstden anyklanýar. Meselem: ol, biz, sen, şu, birnäçe, şol, hiç bir, her wagt, pylany, öz, haçan?, haýsy? ýaly sözlerden anyk many aňlap bolmaýar. Çalyşmalar beýleki söz toparlaryndan goşulma arkaly ýasalmaýar. Olar leksik taýdan diňe çalyşmalara degişli edilýän

az sanly sözlerden ybaratdyr. Çalyşmalaryň üýtgeýşi hem, sintaktik hyzmaty hem birmeňzeş däl-de, her sözüň çalşyrýan söz toparyna golaýrak özboluşlylyga eýedir.

5. **Işlikler** gymyldy-hereketi we onuň geçişiniň dürli ýagdaýlaryny aňladýan, diňe özüne mahsus asyl, dereje we şekil ýasaýjylary bolan, gymyldy-hereketi belli bir zamanda, anyk haýsy şahsa, bir ýa-da köp subýekte gatnaşyklydygy bilen birlikde aňladyp bilýän, sözlemde esasan habar bolýan köp taraply söz toparlarynyň biridir. Iň köp ulanylýan söz toparlarynyň biri bolan işlikler grammatik manyly birnäçe şekil ýasaýjylary kabul edip, sözlemde aýyrgyç (ortak işlik, at aýyklap gelen hyýal, hökmanlyk, nämälim şekilleri) hyzmatynda, doldurgyç (hal işlik) hyzmatynda, eýe hyzmatynda-da ulanylyp bilýärler.

6. **Hallar** gymyldy-hereketiň hal-ýagdaýyny, aýratynlygyny, wagtyny we ş.m. aňladyp, işliklere üýtgediji goşulmasyz baglanýan sözlerdir. Üýtgemeýän, aýyklaýan sözüne many taýdan baglanýanlygy taýdan olar sypatlara, ortak işliklere, sanlara, görkezme we san çalyşmalaryna meňzeýärler. Bu söz toparlarynyň barysy-da üýtgediji goşulmalarynyň ýokdugy sebäpli, sözlemde düýp söz görnüşinde ulanylýarlar. Diňe hal ýasaýjy birnäçe goşulmalar (-yn/-in, -k, -laýyn/-leýin, -laý/-leý) hem hallaryň morfologik aýratynlygynyň biridir. Sözlemde hallar esasan ahwalat ýa-da doldurgyçlardyr, käte aýyrgyç hyzmatynda-da gelip bilerler.

7. **Ümlükler** material zady ýa-da düşünjäni däl-de, dürli duýgulary aňladýarlar. Ümlüklere dürli içki joşguny, duýgyny aňladýan sözlerden başga-da, haýwanlara dürli hereketleri buýurmagy aňladýan sözler hem edep ümlükleri degişli edilýär. Ümlükler asyl söz hökmünde beýleki söz toparlarynyň ýasalmagyna esas bolup bilýärler. Olar sözlem agzasy hasaplanmaýarlar.

8. **Ses we şekil aňladýan sözler** tebigatdaky sesleri we dürli şekilleri aňladýarlar. Olar özbaşdaak ulanylmaýar we many aňlatmaýar, sözlem agzasy bolmaýar. Ses we şekil aňladýan sözlerden söz ýasaýjy goşulmalar arkaly, gaýtalanmak ýa-da tirkeşmek, düzülmek ýoly bilen başga söz toparlary ýasalýar.

9. **Sözsoňy kömekçiler** biri beýlekisine garaşly sözleri söz düzümine birikdirmäge hyzmat edýär. Sözsoňy kömekçiler atlaryň we çalyşmalaryň soňundan gelip, öz öňündäki sözi garaşly agza hökmünde söz düzüminiň esasy agzasyna baglaýarlar.Olar belli bir düşümlerde gelen sözleriň yzyndan gelýärler. Sözsoňy kömekçiler düşüm goşulmalarynyňky ýaly baglaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Olaryň özbaşdak ulanylmak, many aňlatmak, sözlem agzasy bolmak, goşulma kabul etmek häsiýetleri bolmaýar.

10. **Baglaýjy kömekçiler** deň hukukly, ýagny deňdeş sözlem agzalaryny we söz düzümlerini, ýönekeý sözlemleri baglanyşdyrmaga hyzmat edýär. Olary käte taşlap, ornuny intonasiýa bilen doldurmak bolar, emma sözsoňy kömekçileri taşlap ulanyp bolmaz, sebäbi sözsoňuly baglanyşykda onuň ýerini hiç zat tutup bilmez.

11. **Modal sözler** sözleýjiniň öz aýdýan zadyna bolan dürli garaýyşlaryny görkezýän we söze, söz düzümine, sözleme goşmaça many öwüşginini berýän sözlerdir. Olar häzir özbaşdak many aňlatmaýarlar, sözlem agzasy bolmaýarlar. Sözleýjiniň hususy garaýşyny aňladýan modal sözler sözlemde giriş sözler hökmünde beýleki sözlem agzalaryndan aýratynlandyrylýar. Goşmaça many öwüşginini berýän modal sözler sözlemde bile ulanylýan sözleri bilen bilelikde bir agza hasaplanýarlar.

12. **Ownuk bölekler**. Söze, söz düzümine, käte tutuş sözleme goşmaça öwüşgin berýän grammatik elementlere **ownuk bölekler** diýilýär. Olar sorag aňladýan (-my/-mi; -myka/-mikä), hygtamagy aňladýan (-da/-de; -a/-e) ownuk bölekler, başga-da

sözlemiň mazmunyna görä dürli many aňladýan –ha/-hä, -la/-le ýaly ownuk böleklerdir. Olar sözlemde sözleriň manysyny nygtamaga, aýratyn tapawutlandyryp görkezmäge we başga many ýokundylaryny aňlatmaga hyzmat edýärler.

Gönükme: Sözleriň degişli söz toparyny anyklaň

Göz, köz, öň, ýeň, ör, dör, der, şem, şar, gar, don, on, üç, buz, çek, ek, duz, kän, köp, köl, gaç, az, oz, el, çöp, çör, kör, un, çyg, gün, kül, dil, ir, giç, hiç, çiş, iş, ät, gät, dag, bag, ýer, köw, öý, möý, at, ot, ak, bil, biz, gap, gurt, ýaz, baş, ýat, pil, baş, bat, sap, ýag, öç, ýet, ýal, çal, tut.

ATLAR

Zatlary we predmetleşen düşünjeleri, hadysalary, wakalary bildirýän sözlere atlar diýilýär. Meselem: adam, işgär, mal, guş, oba, derýa, kitap, depder, pil, orak, gazan, görk, isleg, aň, bahar, ýel we ş.m. Atlar birnäçe özboluşly aýratynlyklary boýunça beýleki söz toparlaryndan düýpli tapawutlanýarlar.

1. Atlaryň semantik aýratynlygy:

Atlara janly we jansyz zatlaryň, iň bir dürli düşünjeleriň atlary degişlidir. Atlara degişli sözleriň arasynda hil-häsiýet aňladýan atlar-da, hereket-ýagdaý adyny aňladýan atlar-da bar. Şu ýagdaý gönüden –göni sypat, işlik ýaly söz toparlarynda-da bar. Emma atlaryň hil-häsiýet we hereket-ýagdaý aňladyşy bilen sypatlaryň we işlikleriň esasy aýratynlygy bolan hil, häsiýet, hereket, ýagdaý aňladyşy deň däldir. Sypatlar hil-häsiýet aňladanda aňladyljak düşünje haýsydyr bir zada, düşünjä degişli edilip, şoňa baglylykda ýüze çykarylýar. Sypatlar öz manysyny atlary aýyklap gelenlerinde has doly ýüze çykarýarlar. Meselem: otluk (sypat) meýdan. Mallar düzlüge (at) (ýetdiler. *Gönümellik,*

gaharjaňlyk, töwekgellik ýaly atlar hem hil-häsiýetiň umumy adydyr. Atlar predmeti we umuman predmetlik alamaty bolan sözleri bildirýän söz toparydyr. Olar manysy boýunça kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolýarlar. Başga giňişlikler bilen çäkleşýän islendik ýer, orun, aralyk manysy bolan atlar nire? diýen soraga jogap bolýarlar. Meselem: şäher, oba, otag, zal, meýdan, köçe, Aşgabat, Türkmenistan, welaýat we ş.m. Kim? diýen soraga adam atlary, familiýalary, leksik manysy taýdan adamy, şahsy aňladýan hemme atlar jogap bolýarlar. Meselem: adam, gyz, oglan, başlyk, ýegen, lukman, çopan, mugallym, beg, işgär, aga…. Näme? diýen soraga adamdan başga janly zatlaryň, jansyz zatlaryň hem düşünjeleriň atlary jogap bolýarlar: Meselem: mal, düýe, şagal, çäýnek, käse, köýnek…Atlaryň soraglary umumylykda anyk many aýratynlyklaryna eýe bolsa-da, sözlemde biri beýlekisiniň ýerine ulanylyp bilýärler. Ol atlaryň sözlemde nähili hyzmatda işledilişine, diliň zerurlgyna baglydyr. Meselem: Ol daga (işe, öýe, şähere, örä, uniwersitete) (nirä?) gitdi. Oglum geldi. (kim?). Bu ýigit siziň nämäňiz bolýar? ("kimiňiz" däl). Ol biziň talybymyz. (nämäňiz)

1. Morfologik alamaty hökmünde atlaryň birnäçe grammatik kategoriýalara, goşulmalara gatnaşygyny bellemek zerur.

1. Atlar köplük san, düşüm, ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýärler.

2. Diňe atlara mahsus asyl ýasaýjy goşulmalar bolup, olar başga söz toparlary bilen ulanylmaýar. Meselem: -w: derňe-w, saýla-w, -g: dire-g, sora-g, ota-g, -/yn/-in: eki-n, dök-ün, -alga/-elge: dur-alga, gir-elge, çyk-alga, -aç/-eç: gör-eç, tik-eç ýaly goşulmalar arkaly diňe at ýasalýar. Atlaryň dereje aňlatmak häsiýeti ýok.

3. Kategorial sintaktik hyzmaty boýunça atlar esasan sözlemiň eýesi bolýarlar. Baş düşümde gelen, kim? näme?

nire? ýaly soraglara jogap bolýan atlaryň grammatik şekili eýäniň grammatik şekiline gabat gelýär. Bu hem atlaryň sözlemdäki esasy wezipesini belli bir derejede öňünden kesgitleýär. Atlar grammatik kategoriýalarynyň köpdürlüligi, ýagny köplük san, ýöňkeme, düşüm goşulmalaryny kabul edýändigi sebäpli, sözlemiň dürli agzasy bolup bilýär. Eýelik düşümde gelen atlar sözlemde ada baglanyp, eýelik-degişlilik aýyrgyçlary bolýarlar. Ýöneliş, ýeňiş, wagt-orun we çykyş düşümlerde gelen atlar sözlemde doldurgyç hyzmatyny ýerine ýetirýär. Meselem: Jeren mekdepde okaýar. Ussa oturgyç ýasaýar. Gözel öýe gitdi. Kitabyň suraty. seniň adyň şahyrdyr.

Türkmen dilinde atlar manylary boýunça 3 topara:

1. has we jyns atlara
2. anyk (konkret) we umumy (abstrakt) atlara
3. täk we jemleýji atlara bölünýär.

Gönükme: 1. Atlary morfologik derňew ediň.

Göz ỳaraşygy gaş, agyz ỳaraşygy diş. Aty döwek garradar, ỳigidi-orak. Baş sag bolsa telpek tapylar. Begim meni begenmez, men begi begenmen. Bidöwletiň etegine gowurga guỳsaň, syỳy bilen sowyr. Daň atyp daňlak gyzarsa, ol hudanyň urdugy, gűn ỳaşyp şapak gyzarsa, ol hudanyň berdigi. Gözenegi başganyň göreldesi başga. _Kagyzdan gala bolsa, almasy bela bolar. Ile gűlunç bolandan äriňe ỳalynç bol.

2. Doly morfologik derňew ediň.

Agzalan gowaklaryň daşlary gymmatbaha şaý-sep, dürli gap-gaç we sowgatlyk önümler ýasamak üçin altyna barabar minerallardyr.Adam öz ýaşaýan obasyndaky we onuň töweregindäki täsin zatlary: gadymy galalary, adam eli bilen edilen kaşaň binalary, ýeliň, suwuň güýji bilen dörän gowaklary we beýleki geň-taňlyklary günde görýär, olar bilen gözi öwrenişýär, şonuň üçin bulary täsin zatdyr hem öýtmeýär..

HAS ATLAR

Bir predmeti özi ýaly beýleki predmetlerden saýlap görkezmek üçin dakylan ada **has at** diýilýär. Täklikdäki düşünjeleri aňladýan atlara **has at** diýilýär. Has atlar hem nämedir bir zady atlandyrmak, bellemek üçin dilde dowam edýärler. Täze doglan çaga entek hususy adyny almanka, eýýäm onuň jyns ady bardyr. Has atlar jyns atlardan soň dörän, olaryň esasynda ýüze çykan ikinji atlardyr. Hemme zadyň has adynyň bolmagy hökman däldir. Has atlar atlandyrýan zadynyň aňladýan düşünjesi bilen baglanyşyksyz, tötänleýin dakylýarlar. Olar dakylan zadyny beýan etmezden atlandyrýarlar. Meselem: Soltan, Tuwak, Anna, Aman ýaly atlar özleriniň eýeleri, olaryň ýaşy, käri, hatda jynsy barada-da maglumat berip bilmeýärler. Diňe has atlary ulanyp, haýsydyr bir söze kesgitleme, düşündiriş berip bolmaz.

Has at haýsydyr bir zadyň hususy, öz ýeke-täk ady, başga hiç birine meňzemeýän, goşulmaýan, diňe bir zady tapawutlandyrmak üçin dakylan atdyr. Has atlaryň esasynda dilde öňden ulanylýan ösümlikleri, jandarlary, käri-hünäri, giňişligi we ş.m. aňladýan anyk we umumy manyly sözler durýar. Has atlary emele getirmäge diňe atlar gatnaşman, beýleki söz toparlarynyň hem käbiri gatnaşýar. Meselem: sanlar: Çary, Alty, Bäşim, sypatlar: Akja, Gara, Sary, işlikler: Berdi, Dursun, Geldi we ş.m.

Has atlary öwrenýän ylma dil biliminde **onomastika** diýlip at berilýär. Grekçe *„onuma“*-„at“ *„onomastike“* -„at bermek sungaty“, *onomastikos*-„ada degişli bolan“ diýmekdir. Ahli has atlaryň jemine hem **onomastika** diýilýär. Has atlaryň temalary, ulanylýan ugurlary we görnüşleri gaty köpdür. Filologiýada, hususan-da dil biliminde olaryň hersiniň halkara adalgalary bilen atlandyrylan pudaklary bardyr.

Has atlaryň adam atlaryny, familiýalaryny, otçestwolaryny, lakamlaryny, edebi lakamlary we ş.m. öwrenýän pudagyna, bölümine **antroponimika,** adama degişli has atlara bolsa **antroponimler** diýilýär. Ol grekçe „antropos“ – **adam** we „onuma“- **at** sözlerindendir. Meselem: Saýlawgeldi, Wüşi kel, Pökgi wala, Şükür bagşy, Kemine, Kaşgary, Oraz, Nowruz...

2. Toponimika – (grekçe „topos“ ýer, orun diýmegi aňladýar) geografik, ýer-ýurt atlaryny öwrenýän ylymdyr. Toponimikanyň ähmiýeti gaty uludyr. Anyk territoriýa, çäk, Ýer ýüzüniň obýektleri bilen bagly toponimler bolmasa, poçta, uçarlar, otlular we ş.m. durup galar. Dilde toponimler anyk obýekt bilen bagly we aňladýan zady barada belli bir maglumaty berip bilýän has atlaryň görnüşidir. Meselem: Türkmenabat- Türkmenistanyň günorta-gündogarynda, möhüm demir ýol çatrygynda, Amyderýanyň boýunda ýerleşýän welaýat merkezi, Hazar- Türkmenistanyň günbatarynda, deňiz kenarynda ýerleşen ýarym ada we şäherçe. Toponimleriň birnäçe görnüşleri bardyr.

a) Daglaryň, dag gerişleriniň, gaýalarynyň, jülgeleriň, dag geçelgeleriniň we ş.m. atlaryna **oronimler** diýilýär. Grekçe „oros“ – dag diýmekdir, Köpetdag, Sünt- Hasar dagy, Uly Balkan, Kiçi Balkan, Aýdere, Arçabil, Gökdere... .

b) Speleonimler ady bilen gowaklaryň, ýerasty geçelgeleriň, ýerasty köllerіň atlary öwrenilýär. „Spelaion“ – gowak diýmekdir. Türkmenistanda Köwata, Kyrkgyz.

ç) Drimonimler ady bilen tokaýlaryň, jeňňelleriň, baglaryň atlary öwrenilýär. Grekçe “dryas”-agaç diýmekdir. Meselem: “Ýedi dogan” çynary, Amyderýa tokaýy, Aýdere tokaýy, Begmyrat kösäniň bagy, Gazak gülliniň bagy.

d) Gidronimler ady bilen umman, deňiz, derýa, köl, howdan, ýap, çaý, çeşme ýaly suw desgalarynyň has atlary

öwrenilýär. Meselem: Amyderýa, Şabat, Altyýap, Murgap, Türkmenderýa, “Altyn asyr” Türkmen köli we ş.m.

Oýkonimler ady bilen ilatly nokatlaryň atlary öwrenilýär. Grekçe “oikos”- öý, “oikeo”- “ýerleşýärin” diýmekdir. Oýkonimlere oba, şäher, stanisa, hutor, aýmak, aul, çöldäki çopan goşlarynyň atlary we ş.m. çenli ähli ýaşalýan obýektler degişlidir. Meselem: Repetek, Ortaguýy, Derweze, Owadandepe...

Urbanonimler şäher obýektleriniň atlaryny öwredýär. “Urbanus” latynça-“gorodskoý” diýen manyny berýär. Köşkler, seýilgähler, köçeler, myhmanhanalar, ýadygärlikler, binalar, umuman, şäheriň içindäki obýektler şu at bilen öwrenmäge degişlidir. Meselem: Ruhyýet köşgi, Mekan köşgi, “Altyn asyr” seýilgähi, “Türkmenistan”, “Watan”, “Parahat” medeni-dynç alyş merkezi.

Bularyň hemmesi Ýer şarynyň toponimleriniň görnüşleridirler.

Kosmonimler ady bilen planetalaryň, galaktikalaryň, ýyldyzlaryň, ýyldyz toplanmalarynyň, asman jisimleriniň atlary öwrenilýär. Bularyň içinde aýry-aýry ýyldyzlaryň, Aý, Gün, Zöhre, Ýupiter ýaly ýekelikdäki asman jisimleriniň atlary **astronimler** ady bilen öwrenilýän bolsa, Ýedigen, Ülker, Akmaýanyň ýoly ýaly köplükdäki asman jisimleriniň atlary kosmonimlere degişlidir.

Teonimler ady bilen dini has atlar öwrenilýär. Grekçe “teos”-“hudaý”diýmekdir. Bulara ähli dinleriň hudaýlarynyň atlary, pygamberleriniň, öwlüýäleriniň, keramatlylarynyň atlary degişli bolýar. Meselem: Taňry, Allatagala, Mäne baba, Üç ýüz altmyş, Burkut baba, Möwlam, Jepbar, Kadyr, Çopan ata, Didar baba, Zeňňi baba, Budda, Krişna, Zews...

Ideonimler diýen at bilen sungatyň, edebiýatyň, medeniýetiň aýry-aýry eserleriniň we gazet-žurnallaryň atlary öwrenilýär. Meselem: “Diýar”, “Garagum”, Sar Puşka, Sar-

kolokol, Brilliýant “Şah”, “Aýgytly ädim” romany, “Doganlar”, “Baky ot” ýadygärligi, sungat kartinalary we ş.m. Döredilen eserleriň birini beýlekisinden tapawutlandyrýan has atlary muňa degişlidir..

Hrononimler diýen at bilen belli taryhy seneleriň, wakalaryň atlary öwrenilýär. Meselem: Beýik Watançylyk urşy, Ýeňiş güni, Milli matam güni, Gökdepe urşy, Gazawat gyrgynçylygy, Galkin ýyly, Daňdanakan söweşi, Malazgirt söweşi... .

Edaralaryň, guramalaryň has atlary: “Daýhanbank”, “Türkmengaz” döwlet konserni, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti ...

Haýwanlara dakylýan atlar **zoonimler** diýen at bilen öwrenilýär. Meselem: Garador, Garader, Garlawaç, Sarymaýa, Meleguş, Garagöz, Ýolbars...

Bulardan başga-da birnäçe görnüşli atlar has atlar ýaly ýazylýarlar:

a) Pifagoryň teoremasy, Nýutonyň kanuny, Mendeleýewiň tablisasy.

b) Blend-a-med, “Colgeýt”, “Nokia”, “Hasar” köke, “Panasonik”, “Soni”, “Koka-kola”, “Snikers”, “BMW”, “Mersedes-Bens”.

c) Anýutanyň gözjagazlary (gülüň ady), miçurinka, Dauryň alakajygy (homýaçogy).

GÖNÜKME . Doly morfologik derňew ediň.

Seljuklar imperiýasynyň beýik soltany gadymy Maryny paýtagt tutunan-da bolsa, ol Düýeboýun etraplarynda hem gala saldyrypdyr. Düýeboýun obasyndan 30-35 kilometr günorta tarapda Soltan Sanjar köli ýerleşýär. Olar Gyzylgumuň tas ähli ýerine, ondan daşary hem häzirki Halaç, Garabekewül, Saýat, Sakar, Türkmengala, Ýolöten etraplaryna garaşly bolan

Garagumdaky guýularyň onlarçasyna we müňlerçe gektar öri meýdanlaryna eýelik edipdirler. Erem bagy bilen bäsleşip biljek bu bagy Türkmenabat- Atamyrat şaýolunyň ugrunda, onuň ürgün çägeligi kesip geçýän ýerinde pelwertli bagban Begmyrat köse Weli ogly (1905- 1996) öz gazan guýusynyň suwundan ösdürip ýetişdirdi.

HAS ATLARYŇ ÝEKE-TÄKLIGI WE GAÝTALANMAGY

Hyzmatyna we niýetlenişine görä, her bir has at aňrybaş derejede ýeke-täk bir zady, düşünjäni atlandyrýan bolmalydyr. Emma has atlar hem doly ýeke-täk bir zady aňladýar diýip bolmaz. Meselem: bir obada birnäçe Mähri, Serdar, Kerim, Gunça, Aýlar, Göwher, Bibi, Aman, Oraz atly birnäçe adam bolup biler. Türkmenistanda "Watan", "Türkmenistan" atly onlarça oba, ýer-ýurt ady bar. Bir tarapdan, her bir has adyň ýeke bir zada at bermegi diliň sözlük düzümininň ýerliksiz giňelip, ulanyşda amatlylygyna zeper ýetirip biler. Has atlaryň gaýtalanyp dakylmagy diliň oňaýlylygyna, aýawly ulanylmagyna peýdalydyr. Umuman, has atlar täklige gatnaşygy boýunça iki topara bölünýärler.

1. Gaýtalanýan has atlar
2. Gaýtalanmaýan has atlar

Has atlaryň gaýtalanyp, birnäçe zada dakylmagy adam atlarynda, haýwan atlarynda we ýer-ýurt atlarynda has ýygy duş gelýär. Meselem: Ata, Baba, Eneş, Myrat, Mamagül, Harasatly, Bäşgala, Akdepe ýaly has atlar birnäçe adama, birnäçe ýere dakylyp biler. Şeýle atlar anyk bir ýerde şol bir adamy, ýeri atlandyrsa-da, başga öýde, territoriýada gaýtalanyp biler. Şonuň üçin olara ýeke-täk däl-de, **gaýtalanýan has atlar** diýilýär.

Gaýtalanmaýan has atlar meşhur şahslara ýa-da anyk obýektlere dakylan atlardyr. Gaýtalanmaýan has atlar adam atlary, toponimler, kosmonimler, astronimler we ş.m. bolup bilerler. Bulara äleme belli taryhy şahslaryň, şahyrlaryň, ýazyjylaryň, dünýä meşhur döwletleriň, şäherleriň atlary degişlidir. Emma bularyň hem ady ýekelikde aňrybaş täklikdäki düşünjäni aňladyp bilmeýär, sebäbi olar hem başga zatlara gaýtalanyp dakylyp biler. Meselem: Magtymguly, Isgender, Mahmyt, Aşgabat, Türkmenistan, Köpetdag. Bu atlar özlerine berkidilen anyklaýjyar arkaly hakyky ýeke-täk düşünjäni aňladýan has atlara öwrülýärler. Has atlary ýeke-täk düşünjäni aňlatmaga ýöriteleşdirýän anyklajylaryň aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:

1.Lakamlaryň görnüşleri arkaly: Magtymguly Pyragy, Isgender Zülkarneýin, Döwletmämmet Azady, Zelili, Wüşi kel, Pökgi Wala, Keýmir kör, Nazar Baga

2. Käri arkaly: Şükür bagşy, Kel bagşy, Magtymguly ýonaçy, Çuwal bagşy

3. Tertip belgisi arkaly: Myrat II, Togrul IV, Pýotr I, korol Hüseýin II

4. Ýer-ýurt atlary arkaly: al-Horezmi, as-Suly, Sarahsy, Aleksandr makedonly, Mahmyt Kaşgarly

Şeýle aýyklaýjylary ulanmak arkaly gaýtalanmaýan has atlary görkezip bolar. Adam ady onuň familiýasy arkaly täklige taarap has golaýlaşýar. Meselem: Ataýew Gurban, Meredowa Maral, Nepesowa Altyn. Emma bu hem gaýtalanyp biler. Ýöne gaýtalanýan has atlary görkezýän düşünjeler biri-birinden tapawutlanýarlar. Şonuň üçin täklik has atlary beýleki topar atlardan tapawutlandyrýan umumy aýratynlyk bolup durýar.

HAS ATLARYŇ DAKYLYŞ AÝRATYNLYKLARY

Has atlar olary ulanýan halkyň däp-dessurlary, ynanjy bilen bagly dakylýarlar. Has atlaryň dakylyş esasynyň durmuşdaky ol ýa-da beýleki zady aňlatmak, haýsydyr bir zadyň ady bilen many gatnaşygyna girişmek ýaly häsiýeti bar. Gadymy döwürlerden bäri adamlar zadyň adynyň, ony aňladýan sözüň keramatly güýjüne ynanyp, çagalaryna gowy atlar dakypdyrlar. Adam atlarynyň köpüsi oňyn manylydyr. Adam atlary gündelik durmuşda gabat gelýän zatlaryň esasynda emele gelýärler. Parahatçylygyň simwoly hökmünde ak kepderiniň şekiliniň kabul edilişi ýaly, çaganyň adyndan aňlanylýan düşünje oňa bagtly geljeginiň, durmuşynyň alamaty hökmünde dakylýar. Şoňa görä adamlara dakylýan atlaryň simwollylygynyň aýry-aýry toparlaryny görkezmek bolar.

1) Haýwan atlary bilen bagly güýçli, dogumly, gaýduwsyz bolsun diýip, oglanlara Arslan, Şir, Möjek, Gurt, gyzlara Keýik, Jeren, Maral, Towşan, Owlak, Tawus, Sülgün, Bilbil, Toty.

2) Ösümlikleriň atlaryny esas edinip, berk, çydamly bolsun diýen arzuw-isleg bilen oglanlara Çerkez, Gandym, Sazak ýaly atlar dakylypdyr. Gyzlara Almagül, Maýsa, Bägül, Gül, Çynar, Şemşat, Gülälek, Nargül ýaly atlar goýulýar.

3) Aradan çykan ata-enä, garyndaşlara hormat bilen bagly dakylýan atlar. Meselem: Ata, Ejegül, Eneş, Aba, Kaka, Käbiş, Ýegen, Babajan, Mamagül.

4) Wagt, senenama bilen bagly dakylýan atlar çaganyň doglan pasly, aýy, hepdäniň günleri bilen bagly dakylýar. Meselem: Gurban, Aşyr, Nowruz, Nopar, Oraz, Sapar, Meretgül, Sapargül, Jumagül, Annabibi, Ýazgül.

5) Tebigat hadysalary bilen bagly dakylýan atlar çaganyň doglan wagtyndaky aýratyn bellärlik hadysalar, howa ýagdaýyna görä goýulýar. Meselem: Ýagmyr, Nurýagdy, Daňatar, Garýagdy, Gaýly, Çaňly, Aýaz, Ümür, Ýelli.

6) San bilen bagly dakylýan atlar, esasan, oglanlaryň maşgalada näçenjidigini aňladýar. Meselem: Bäşim, Dörtguly, Çary, Öre, Goşa, Taýly, Alty, Altygül, Ýedigül, Ýedibaý. Mundan başga-da "Çagamyz köpelsin, kän bolsun, bir özi onlarça bolsun" diýlen arzuw-niýet bilen Onum, Onjuk, Otuz, Müňbaý, Segsengeldi we ş.m. atlar hem dakylýar.

7) Metal, gural atlary bilen bagly oglanlara berk, çydamly metallaryň, gyzlara owadan, gymmatly metallaryň ady dakylýar. Meselem: Demir, Gylyç, Palta, Kerki, Polat, Merjen, Altyn, Tylla, Kümüş, Göwher.

8) Reňk atlary bilen bagly atlar oglanlara-da, gyzlara-da asyl söz halynda-da, goşma has adyň bölegi görnüşinde-de köp dakylýar. Meselem: Mawy, Gara, Mele, Gök, Akmyrat, Akgül, Gyzylgül, Sarymyrat, Akja.

9) Ir-iýmiş, näz-nygmat bilen bagly atlar esasan gyzlara dakylýar. Meselem: Nabat, Şeker, Hurma, Üzüm, Alma, Nygmat(oglan ady), Enar.

10)Kesp-kär atlary bilen bagly Bagban, Han, Beg, Çopan, Guzuçy, Goýunçy, Bagşy, Ussa, Wezir, Şazada, Serdar, Emir ýaly has atlar oglanlaara dakylýar.

11)Ekizlere, üçemlere dakylýan atlaryň öň diňe däp bolanlary goýlan bolsa, indi täze oýlanylyp tapylanlary-da köpdür. Esen-Söýün, Äşe-Patma, Ýusup-Ahmet, Ýusup-Züleýha, Mähri-Wepa, Şemşat-Gülşat, Gülaýym-Mylaýym, Şirin-Şeker, Dünýä-Dursun-Parahat, .

12) Çaganyň dogabitdi aýratynlygy bilen bagly Täçli, Artyk, Hally, Goşa, Narly, Meňli, Tuwak, Perdeli, Sadap, Omar ýaly atlar dakylýar.

13) Öwüt-ündew, arzuw-isleg, çaga durmazlygy bilen bagly dakylýan atlar. Meselem: Solmaz, Italmaz, Bessir, Doýduk, Dursun, Porsy, Güjük, Durdy.

14)Din bilen bagly dakylýan atlar. Meselem: Yslam, Muhammet, Meryem, Kadyr, Möwlam, Hydyr.

15)Tire-taýpa, halk bilen bagly atlar: Özbek, Gazakbaý, Ýomut, Teke, Mahmyt, Hoja, Ata, Şyh. Bu atlar, köplenç, şol ady göterýän çaganyň öz etnik degişliligini aňlatman, onuň ene-atasynyň arasynda oturan halkyna, tire-taýpasyna hormat-sylagyny aňlatmak maksady bilen dakylýar.

16)Orun, ýer- ýurt atlary bilen bagly dakylýan atlar. Meselem: Etrek, Gürgenli, Hywaly, Balkan, Tejen, Aşgabat, Ahal, Maşat, Çendir...

Ýer-ýurt atlary, esasan, ýer üstüniň tebigy, gurluş, janly-jandar, ösümlik we beýleki aýratynlyklaryndan hasyl bolýarlar. Meselem: Sakarçäge, Gökdepe, Garaporsaň, Garadamak, Garabogaz, Gyýanly, Güdürolum,Ýolöten, Tagtabazar, Keseýap, Egrigüzer, Kerki, Gazanjyk... Eger goşma has atlaryň düzüminde dag, derýa, gala, kent, suw, köl, gum, depe ýaly sözler bar bolsa, onda olar atlandyrýan zadynyň häsiýetini kesgitleýärler. Meselem: Köpetdag, Soňudag, Gubadag, Gyzylsuw, Garagum, Daşkent, Ýanykent.

HAS ATLARYŇ GURLUŞY

Türkmen dilindäki has atlar gurluşyna görä ilki bilen iki topara bölünýär:

1) Asyl has atlar.
2) Ýasama has atlar.

Asyl has atlar häzirki wagtda ýasamadygy duýulmaýan, böleklere bölüp bolmaýan has atlardyr. Olar öň ýasalan bolsa-da häzirki döwürde böleklere bölünmeýan bolmalydyr. Meselem: Aýna, Myrat, Sona, Selbi, Kerim, Eziz, Gözel, we ş.m

Asyl sözlere dürli goşulmalar goşulmagy arkaly, iki we ondan hem köp sözüň goşulmagy arkaly, düzme ýol bilen baglanyşan birnäçe sözüň şol durşuna alynmagy arkaly ýa-da gysgaldylmagy arkaly ýasalan has atlar ýasama has atlardyr. Ýasama has atlar özara dört topara bölünýärler.

1) Goşulmaly has atlar
2) Goşma has atlar
3) Düzme has atlar
4) Gysgaldylan goşma has atlar

Goşulmaly has atlar dürli goşulmalaryň kömegi bilen ýasalan atlardyr. Adam atlarynda asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar hem, şekil ýasaýjy we üýtgediji goşulmalar hem ulanylýarlar. Asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar has atlary hasyl etmäge gönüden-göni gatnaşýan bolsalar, käbir işlik şekillerini ýasaýjylar, degişliklik, köplük goşulmalary leksikalizasiýalaşan, ýagny öz asyl manysyndan daşlaşyp, has ada öwrülen sözleriň düzüminde duşýarlar.

-lar/-ler goşulmasy: Aý-lar, Gül-ler, Beg-ler, Şa-lar.

-ym/-im/-um/-üm/-m goşulmasy: Mah-ym, Şyh-ym, Bäş-im, Goç-um, Sat-ym

-dy/-di goşulmasy: Dön-di, Gel-di, Ber-di, Ýag-dy

-syn/-sin goşulmasy: Dur-sun, Gül-sün

-yp/-ip/-up/-üp/-p goşulmasy: Gaý-yp, Saý-yp, Syla-p, Ýalka-p, Saýla-p

-an/-en goşulmasy; Çak-an, Joş-an, Gel-en, Dol-an, Galk-an, Çoý-an

-maz/-mez goşulmasy: Taý-maz, Dön-mez, Sol-maz, Öl-mez, Al-maz

Şular ýaly üýtgediji we şekil ýasaýjy goşulmalar has atlaryň düzüminde öz asyl manylaryndan daşlaşýarlar, ýagny öňküleri ýaly köplügi, degişliligi, zamany we ş.m. aňlatmaýarlar, olary has adyň düzüminden aýryp hem bolmaýar.

Asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar arkaly ýasalan has atlar hem köpdür.

-y/-i goşulmasy: Pir-i, Beg-i, Çar-y, Jan-y, Han-y, Şir-i, Şyh-y,

-çy/-çi goşulmasy: Toý-çy, Yz-çy, Guzu-çy, Goýun-çy,

-ly/-li goşulmasy: Il-li, Toý-ly, Ýol-ly, Baý-ly, Beg-li, Gül-li, Gar-ly, Sapar-ly, Kaka-ly, Ata-ly, Durdu-ly, Mane-li, Gürgen-li, Çörek-li, Artyk-ly

-ç goşulmasy: Begen-ç, Daýan-ç, Söýen-ç, Guwan-ç

-yş/-iş goşulmasy: Mam-yş, Käb-iş, Bab-yş, Ene-ş, Eje-ş, Hoja-ş, Kak-yş

-yk/-ik goşulmasy: Art-yk, Kert-ik, Çap-yk,

-lak/-lek goşulmasy: Taý-lak, Tüý-lek, Bal-lak, Ata-lak, Baý-lak

-ja/-je goşulmasy: Ak-ja, Gara-ja, Mele-je, Bäş-je, Gül-je, Aý-ja, Han-ja, Bek-je, Beg-je

Goşma has atlar. Has atlaryň, esasan hem adam we ýer-ýurt atlarynyň köpüsi gurluşy taýdan goşma sözdür. Goşma has atlaryň düzümindäki sözler aýry-aýry sözlerden, şol bir söz toparynyň sözlerinden we dürli söz toparynyň sözlerinden bolup biler. Goşma has atlary hasyl etmeklige söz toparlarynyň ählisi diýen ýaly gatnaşýar.

At bilen adyň goşulyşmagyndan: Annameret, Baýramtagan, Tagtabazar

Sypat bilen adyň goşulyşmagyndan: Akjeren, Akgül, Gökdepe, Meleguş, Kesearkaç, Akguş

Sypat bilen sypatyň goşulyşmagyndan: Akgözel, Göksüýri, Gyrsakar, Alsakar, Garador

San bilen adyň goşulyşmagyndan: Dörtguly, Altymyrat,Ýedibaý, Bäştam, Bäşgala

At bilen işligiň goşulyşmagyndan: Orazdurdy, Daňatar, Ýolöten, Gülöwser

Şular ýaly düzümlerde köp sanly goşma has atlar hasyl bolýarlar.

Türkmen dilinde käbir sözler goşma has adyň hem birinji, hem ikinji bölegi bolup işjeň ulanylýarlar. Şol sebäpli käbir goşma has atlaryň birinji we ikinji bölekleriniň ýeri çalşylanda-da olar has at bolup ulanylýarlar. Meselem:

Gylyçgurban- Gurbangylyç, Myratberdi-Berdimyrat, Muhammetberdi-Berdimuhammet, Nargül-Gülnar, Gülaý-Aýgül. Emma goşma has atlaryň köpüsiniň böleklerinin ýerini çalşyp ulanmak mümkin däl, sebäbi ýeri çalşylanda, olar has atlygyny ýitirýärler. Türkmen adam atlaryndа belli–belli sözler goşma has atlary hasyl etmäge has ýygy gatnaşýarlar we birinji ýa-da ikinji bölek bolup gelmekde has işjeň bolýarlar. Meselem: *ogul, ak, aý, juma, nur* ýaly sözler köplenç, birinji, *beren, nabat,gözel, guly* ýaly sözler ikinji bölek bolup ulanylýar. Käbir *nazar, geldi, berdi, muhammet* ýaly atlar hem birinji, hem ikinji bölek hökmünde işjeň ulanylýar.

Düzme has atlar. Esasan, edaralaryň, guramalaryň, ýer-ýurtlaryň birnäçe sözlerden düzülip baglanmagyndan hasyl bolan has atlary muňa degişlidir. Meselem: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty, “Nesil gazeti”, “Türkmenistanda ylym we tehnika ” žurnaly, Welaýat Baş bilimi dolandyryş edarasy, Türkmen döwlet gurjak teatry we ş.m.

Gysgaldylan goşma has atlar häzirki mekdep grammatikasynda **gysgalan atlar** diýlip hem atlandyryldy. Olar hem esasan, edara-guramalaryň has atlaryny aňladýarlar. Meselem: BMG, TDU, MID, ÝB, TDU we AI.

JYNS ATLAR

Bir jynsdan bolan zatlaryň umumy adyny we umumy düşünjeleri bildirýän sözlere jyns atlar diýilýär.

Jyns atlar-bir görnüşi, meňzeş zatlaryň toplumyny düzýän zatlaryň hemmesine mahsus bolan umumy atlardyr. Meselem: parta, agaç, aýna, gül, guş, we ş.m. şularyň ählisine umumylyk häsiýetlidir. Ýagny guş sözi uly, kiçi, ýabany, saýraýan, saýramaýan we ş.m. aýratynlyklary bolan guş görnüşlerini

düzýän zatlaryň hemmesiniň adydyr hem-de şol bir wagtda-da şolaryň diňe biriniň adydyr. Jyns atlar hem nämedir bir zady atlandyrmak, bellemek üçin ulanylýarlar. Jyns atlar predmetlere dakylanda köplenç tötänden dakylmaýarlar. Olaryň belli bir esaslanmalary bolýar. Jyns atlaryň köpüsi öz aňladýan zatlarynyň şekil ýa-da hyzmat taýdan aýratynlygy bilen bagly dakylýarlar. Şeýlelikde, olar öz aňladýan düşünjesi bilen bagly bolup çykýarlar. Meselem: oturgyç, ellik, ýeňsiz, dikuçar, uçar. Eger jyns adyň haýsy esasa görä dakylandygy belli bolmasa, onda onuň esaslanmasy, ýagny ady bilen mazmunynyň baglanyşygy uzak döwrüň geçmegi netijesinde unudylan hasaplanýar.

Jyns atlar dilde nämedir bir zady atlandyrmak, bellemek üçin dowam edýärler. Jyns atlar has atlar bilen deňeşdirilende ilkinjidir, ilki ýüze çykandyrlar. Mundan başga-da tebigatda bar bolan her bir zat hökman has atly bolmaly däldir, emma adamzadyň akyl ýetiren her bir zadynyň hökman jyns ady bolýar. Şeýlelikde jyns atlar has atlardan has köpdür. Jyns atlaryň hemmesi öz aňladýan düşünjelerini hem atlandyrýarlar, hem şol barada belli bir maglumaty özünde saklaýarlar hem-de informasiýa berýärler. Jyns atlar düşünje bilen baglanyşykly bolýarlar.

Jyns atlaryň köp dürlüligi sebäpli olar diliň aýry-aýry gatlaklaryna, pudaklaryna, temalara degişliligi boýunça toparlara bölünip öwrenilýär. Meselem: haýwanat dünýäsi bilen bagly atlar, guşlar bilen bagly, ösümlikler, ir-iýmişler, geýim-gejimler, şaý-sep, öý goşlary, hünärmentçilik, maldarçylyk, deňsizçilik, bilim, ulag we aragatnaşyk, söwda, harby ugur we ş.m. bilen bagly jyns atlaryň her bir many topary ýüzlerçe sözi özünde jemleýär.

Gönükme. Doly morfologik derňew ediň.

Aja-ajy, zagara-künji. Ýagy topjakdan aýrylany sanjar. Eşek kürresini küle geti:r, ýaby ýapagysyny çöle. Agyry aşdan

geler, dawa garyndaşdan. Aý gulagym dynmasa, altyn halkany ot alsyn. Az iliň azançysy bolandan, köp iliň gazançysy bol. Akyl başdan çykar, altyn daşdan.

HAS ATLAR BILEN JYNS ATLARYŇ ÖZARA GATNAŞYGY

Atlara degişli her bir söz manysy taýdan ýa has atdyr ýa-da jyns atdyr. Atlary has at we jyns at diýip toparlara bölsek-de, bu bölünişik hemişelik we üýtgemeýän zat däldir. Sözüň many özgermeleri bilen bagly has atlar jyns atlara, jyns atlar bolsa has atlara geçip bilýärler. Bular biri-birine öwrülip bilýärler. Guş, haýwan, ösümlik, senenama, mukdar, ir-iýmiş, ýer-ýurt atlary adamlara dakylýar. Şeýlelikde jyns atlar has ada öwrülýärler: **Sazak, Gandym, Göwher, Bägül** we ş.m. ***Rentgen, om, amper, reglan, galiffe, katýuşa, maýonez, leon, plombir, kaşemir*** ýaly aslynda adam, ýer-ýurt ady bolan has atlar täze oýlanyp tapylan, önümçiligine başlanan zatlara dakylyp, has at jyns ada öwrülýär.

Adam atlarynyň (antroponimleriň), ýer-ýurt atlarynyň (toponimleriň) jyns ada geçmegine olary oýlap tapan, açan adamyň öz adyny ýa-da öz islän adyny dakmagy, zadyň öndürilýän ýeriniň adynyň oňa dakylmagy sebäp bolýar. **Panasonik, ford, ýewro, "Merkuriý", "Hasar"** we ş.m. söwda belgileriniň atlary harytlyk zat ilki oýlanyp tapylanda ýeke-täk zady aňladyp, has at bolsa-da, onuň köpçülikleýin önümçilige goýberilmegi bilen jyns ada geçýärler.

Has adyň jyns ada öwrülmeginde käbir goşulmalaryň hyzmaty bolup biler. Meselem: Gegel-gegelçi, Çeleken-çelekençi, Miçurin-miçurinçi, timur-timurçy, Aşgabat-aşgabatly, Moskwa-moskwaly, Stahanow-stahanowçy.

Şeýle-de bolsa has atlaryň esasy özboluşlylygy bolan ýeke-täk düşünjäni atlandyrmak ýa-da umumy zatlaryň içindan

diňe birini saýlap görkezmek manysy olaryň kesgitleýji alamaty bolup saklanyp galýar. Has we jyns atlaryň ýene bir grammatik tapawudy bar. Ol hem öz hakyky manylarynda gelende has atlaryň köplük sanyň –lar/-ler goşulmasyny kabul edip bilmezligidir. Sebäbi has atlar ýeke-täk bir zadyň, şahsyň ýeke özüne degişli hususy adydyr.

Jyns atlaryň esasy aýratynlygy bolsa bir görnüşden bolan zatlaryň umumylygyny, jemini aňlatmakdyr. Sözleriň manysy doňup galýan zat däl-de, yzygiderli ösýän, zerurlyga görä täzelenýän, özgerýän zatdyr. Şoňa görä-de, bularyň özara gatnaşygynyň bolmagy tebigydyr.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew ediň.

Sülgüniň horazy owadan we gözel bolýar. Sona ördekler ýaşylbaşlar ýaly däl-de, açyk sary reňkde bolýarlar. Guşlar maýsa oty halaýar. Garadyr, guradyr, il içinde töredir. Sabyr soňy sap altyn. Agadan ata bolmaz, ýeňňeden eje.

2. Topardaş talyplaryňyzyň atlaryny we familiýalaryny dakylyş esasy we gurluşy taýdan derňäň.

ANYK (KONKRET) WE UMUMY (ABSTRAKT) ATLAR

Anyk we umumy at diýip atlary iki topara bölmegiň esasynda olaryň düşünje ýa-da predmet, zat, şahs aňlatmak taýdan bolan aýratynlygy durýar.

Anyk atlar anyk bir zady görkezýän atlardyr. Olar göze görünýän predmet şekili bolan atlardyr. Olaryň ady tutulanda şol zadyň şekili ýada düşýär, şol barada düşünje beýnide şöhlelenýär. Ýagny, biz haýsy bir zady el bilen tutup ýa-da göz bilen görüp bilýän bolsak, şolar anyk atlar hasaplanýar. Meselem: Gül, ýaprak, çaga, adam, ýygym, ýygymçy, daýhan, toprak, gar.

Göze görünýän zatlaryň, hadysalaryň baglanyşygy, umumy taraplary adam aňy tarapyndan jemlenip umumylaşdyrylýar. Umumy atlar adam beýnisiniň abstragirleýji (umumylaşdyryjy) işiniň netijesinde hasyl bolan düşünje atlarydyr. Düşünjeleriň, anyk bolmadyk umumy häsiýetiň, hiliň, hereket düşünjesiniň, ýagdaýyň adyny aňladýan atlara umumy atlar diýilýär. Umumy atlar anyk zatlara degişli bolan umumy düşünjeleri aňladýarlar. Düşünjeleri aňladýan atlaryň zatlaryňky ýaly göze görünýän şekili ýokdur. Meselem: uky, gahar, gülki, ys, duýgy, söýgi, söz, isleg, jyn, eýe, peri, lukmançylyk, adamkärçilik, oý, pikir, çagalyk.

Umumy (abstrakt) atlar anyk zady, predmeti aňlatman, umumy düşünjeleri, zada degişli bolan hili, häsiýeti, ýagdaýy we ş.m. aňladýar. Umumy atlar başga sözler bilen baglanyşykly ulanylanda, ýagny sözlemde belli bir derejede anyklaşyp bilerler. Meselem: duýgy- ýadawlyk duýgusy, şatlyk duýgusy, alada- öý aladasy, iş aladasy, hyýal- gitmek hyýaly, ýazmak hyýaly.

Anyk hem-de umumy atlar hem biri-biri bilen gatnaşykda bolýar. Meselem: ösümlik-anyk bir oty-da, gülleýän, işilýän, iýilmeýän, meýdan, ýabany, medeni, birýyllyk, köpýyllyk, haşal, dermanlyk we ş. m. ösümlikleriň ählisiniň umumy toparyny-da aňladýar. Dermanlyk ösümlik diýlende azda-kände anyklyga golaýlaşsa-da, ol hem köp görnüşli zatlaryň umumy adydyr. Käbir umumy (abstrakt) atlar belli bir derejede anyklaşyp bilerler. Meselem: agaç, çynar, “Ýedi dogan” çynary.

Diliň ösüşinde anyk atlardan umumy atlar we umumy atlardan hem anyk atlar ýasalyp biler. Taryhy taýdan anyk atlar ilkinji bolup, umumy atlar soň olaryň umumylaşdyrylmagyndan hasyl bolupdyrlar. Umumy atlar anyk atlaryň esasynda ýa-da anyk atlaryň

umumylaşdyrylmagy bilen ýüze çykypdyrlar. Meselem: *watan, dag, kesel, sag* ýaly sözlerden goşulmalar arkaly *watançylyk, daglyk, keselçilik, saglyk* ýaly düşünje atlary döräpdir.

Anyk we umumy atlar diňe many taýdan tapawutlanman, käbir grammatik häsiýetleri bilen hem tapawutlanyp bilerler. Olar san kategoriýasyna gatnaşygy boýunça, ýagny köplük sanyň goşulmasyny kabul edişi hem-de mukdar sanlar bilen aýyklanyp, sanalmagynyň mümkinligi-däldigi taýdan biri-birinden tapawutlanýar.

1) Umumy atlar köplük san goşulmasyny iki hili görnüşde kabul edýärler. Olaryň bir topary -lar/-ler goşulmasyny kabul edýär. Meselem: aladalar, baýlyklar we ş.m. Olaryň ikinji bir topary bolsa –lar/-ler goşulmasyny kabul etmeýär. Meselem: garyplyk, şahyrçylyk, garahassalyk, gyzamyk sözleri köplük san goşulmasyny kabul etmeýär.

2. Anyk atlar sanalyp, mukdar taýdan hem anyklanyp bilýärler. Olar mukdar sanlar bilen aýyklanýarlar. Meselem: bäş kitap, on aýna, on iki göl. Emma umumy (abstrakt) atlary sanap bolmaz. Olar mukdar sanlar tarapyndan hem aýyklanmaýarlar.

TÄK WE JEMLEÝJI ATLAR

Bu bölünişigiň esasynda hem atlaryň many gatnaşyklary ýatýar.

Täk at diýip ýygyndy manysy bolmadyk, umumy bir topary düzýän, ýagny bir jynsdan bolan zatlaryň diňe birini saýlap görkezýän atlara aýdylýar. Meselem: Ýer şary, Aý, Gün, Magtymguly Pyragy. Täklik aňlatmak, esasan, ýasama ýol bilen amala aşyrylýar. Esasan, sintaktik ýol bilen atlaryň ýeke-täkligi aňladylýar.

Täk atlar anyk atlaryň bir görnüşi hasaplanyp, olardan diňe ýeke-täkligi bilen tapawutlanýar. Meselem: bugdaý uny - anyk at, bugdaý dänejigi - täk at döreýär. Galam -şu galam, talyp- bu talyp, üzüm-bir däne üzüm.

Jemleji atlar diýlip, manysynda ýygyndy, köplük, toparlaýynlyk aňlatmak aýratynlygy bolan atlara aýdylýar. Jemleýji atlar bir görnüşden, jynsdan bilan zatlaryň bitewi köplügini bir söz bilen aňladýar. Jemleýji atlar bir zatdan bolup bilmeýärler. Jemleýji atlar şahslaryň ýa-da zatlaryň ýygyndysyny-jemini aňladýar. Meselem: tokaý, topar, halk, goşun, bag, saç, barmak ýaly ýeke bir zatdan bolup bilmeýän atlar ýygyndy manysy bolan jemleýji atlardyr. Olara birnäçe görnüşdaki atlary degişli edýärler.

1. Leksik manysy boýunça ýygyndylyk-jemleýjilik manysy bolan *bag, tokaý, süri, orda, topar* ýaly sözler hem-de *goýun-geçi, uly-kiçi, il-gün, dag-düz, ýagyn-ygal* ýaly sintaktik ýol bilen nämälim köplük manysyna eýe bolan sözler. Jemleýji atlaryň bu topary –lar/-ler köplük san goşulmasyny kabul edip biler. Meselem: *toparlar, hatarlar, sürüler, goýun-guzular*.

2. Haýwanat, çemenzar, tebipçilik, dagystan, gülüstan, garyplyk ýaly birlik san şekilinde gelse-de, umumy ady aňladýan sözler. Jemleýji atlaryň bu toparyna degişli sözler köplük san goşulmasyny kabul edip bbilmezler.

Jemleýji atlardan aňlanylýan köplük bitewi bolýar we bölünmeýär. Meselem: oba, taýpa, synp, lukmançylyk ýaly sözlerden aňlanylýan köplügiň düzümi umumy, onuň böleklerini sanap, anyklap bolmaýar.

Jemleýji atlaryň köplük manysyndadygyny olaryň içinde diňe ýeke birini saýlap görkezmek üçin, ýagny birlik san şekilini aňlatmak üçin aýyklaýjy sözleriň gerek bolýandygy hem subut edýär. Meselem: *halk - halkyň*

baştutany, wekili, topar-toparyň bir talyby, barmak-başam barmak.

Jemleýji atlar –lar/-ler goşulmasy bilen gelende, ozal köplükde bolan zatlaryň hem birnäçedigi, köp sanlydygy aňladylýar. Meselem: *toparlar, goşunlar, halklar, baglar, iller, aýlar*. Olaryň käbirini mukdar sanlar bilen aýyklamak mümkindir. Meselem: iki goňşy halk, dört topar talyp, on hatar öý. Emma onda-da sözüň manysyndan aňlanylýan nämälim köplük san taýdan anyklanmaýar-da, köplükden düzülen bir ýygyndy zadyň birnäçedigi aňlanylýar. Käbir jemleýji atlar asla san tarapyndan aýyklanyp bilmeýär.

ATLARYŇ ÝASALYŞY

Atlar morfologik ýol bilen, ýagny köp sanly asyl ýasaýjy goşulmalar arkaly dürli söz toparlaryndan we özlerinden ýasalýarlar. Atlary ýasamaga dürli söz toparlary dürlüçe gatnaşýarlar. Ýşliklerden at ýasaýan goşulmalar beýleki söz toparlaryna goşulyp bilmeýärler. Emma isimlerden at ýasaýan goşulmalar atlara-da, sypatlara-da, sanlara-da, çalyşmalara-da goşulýarlar. Şu aýratynlyklara görä, türkmen dilinde atlaryň morfologik ýol bilen ýasalyşy aşakdakylar ýaly toparlara bölünýär.

ATLARYŇ ISIMLERDEN ÝASALYŞY

Isimlerden at ýasaýan goşulmalaryň arasynda türkmen diliniň öz goşulmalary bilen birlikde alynma goşulmalar hem ulanylýar. Olar işliklerden at ýasap bilmeýärler. Bu alynma goşulmalaryň köpüsi aslynda pars diliniň işlikleridir.

Alynma goşulmalaryň käbiri sözüň öňünden goşulýan goşulmalar-prefikslerdir. Prefiksler arkaly söz ýasamak türkmen diline häsiýetli däl. Şol sebäpli diňe alynma goşulmalar bilen bagly asyl sözüň öňünden goşulýan söz bölekleri az mukdarda özüni görkezýär.

-dar goşulmasy alynma goşulma, anyk (konkret) we umumy (abstrakt) manyly asyl we ýasama atlara goşulýar bir aýratynlyga, zada, käre eýe bolan şahsy aňladýar. Meselem: *algydar, bergidar, bilimdar, wepadar, zulumdar, maldar, howandar*.

-keş goşulmasy bir hünär, pişe bilen meşgullanýan şahsy aňladýar. Meselem: *arabakeş, zähmetkeş, düýekeş*

-kär/-gär goşulmasy şahs adyny aňladýan at ýasaýar. Meselem: *jogapkär, jenaýatkär, günäkär, hyzmatkär, söwdagär, küýzegär*.

-hana goşulmasy zatlaryň saklanýan ýeriniň, kimdir biriniň ýa-da bir zadyň köp bolýan, çäreleriň geçirilýän ýeriniň adyny aňladýan at ýasalýar Meselem: *dermanhana, ussahana, samanhana, seýishana, aşhana, kitaphana, keselhana, çaýhana, ýatakhana.*

-hor goşulmasy- anyk (konkret) atlara goşulyp, näme-de bolsa bir zada meýli bolan, şoňa ýykgyn edýän şahsyň adyny ýasaýar, Meselem: arakhor, ganhor, süýthor, parahor, çaýhor.

-ystan/-istan/-üstan goşulmasy sözüň asly bilen bagly ýeriň adyny aňladýan at ýasaýar. Meselem: *gülüstan, çölüstan, mazarystan, Türkmenistan, Gazagystan.*

-anda/-ende goşulmasynyň kömegi bilen belli bir iş bilen meşgullanýan şahsyň ady ýasalýar ýa-da jemleýji at ýasalýar. Meselem: *sazanda, şermende, jemende*

-baz goşulmasy**:** *humarbaz, oýunbaz, masgarabaz*.

-dan goşulmasy: esasan anyk (konkret) zatlaryň, predmetleriň ýerleşýän gaplarynyň, zatlaryň adyny ýasaýar. Meselem: galamdan, çaýdan, küldan, güldan.

-zar *goşulmasy*: zatlaryň jemlenen ýeriniň adyny, köplük, bolluk manysy bolan atlary ýasaýar: lälezar, gülzar, çemenzar

-nama goşulmasy (pars dilinde “hat, ýazgy” manyly söz) soňky döwürlerde hyzmatyny giňeltdi we resminamalaryň,

resmi iş kagyzlarynyň adyny ýasaýar: *ähtnama, salamnama, güwänama, kepilnama, borçnama*

-zada, zat goşulmasy: pars dilinde *dogulmak, bolmak* manysyny beren işlikden bolup, asyl manysy bilen bagly şahsyýetiň adyny ýasaýar: *şazada, ýagşyzada, aýzada, asylzada, halalzada*.

-ban/ -wan/ -man goşulmasy: käri boýunça şahs adyny ýa-da zatlaryň adyny ýasaýar. Bu goşulmalar biri-biriniň görnüşlridir. Meselem: bagban, saýawan, derwezeban, saraýman.

Atlar sözüň öňünden goşulýan söz ýasaýjylar arkaly ýasalan ýasama sypatlardan hem ýasalýarlar. Türkmen dilinde sözüň öňünden goşulýan prefiks goşulmalar ýokdur. Şonuň üçin türkmen dilinde prefiksasiýa, ýagny sözüň öňünden goşulma goşulanda ulanylýan prefiksler-öňgoşmalar alynma goşulmalardyr. Olar esasan pars dilinden alnan öňgoşmalarydyr. Şol prefiksler sözlere goşulyp sypat ýasalandan soňra hasyl bolan ýasama sypatlara söz soňundan türkmen diliniň asyl ýasaýjy goşulmalary goşulyp, umumy manyly düşünje atlary ýasalýar. Öňgoşmalar- prefiksler arkaly ýasalan ýasama sypatlardan at ýasaýan goşulmalar, esasan, -lyk/-lik we –çylyk/-çilik goşulmalarydyr. Şeýle ýol bilen ýagdaý, boluş görkezýän at ýasalýar. Meselem:

a. Betnyşan-lyk, betniýet-lik, betbagt-çylyk, betgelşik-lik,

B) binyşan-lyk, biseresaplyk, bimany-lyk, bigeleň-lik ýa-da bidöwlet-lik,bisabyr-lyk, bitarap-lyk.

-bet we -bi goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalan käbir atlar şol söz ýasaýjy goşulmalarsyz ulanylyp bilmeýärler.

Bi- prefiksi arkaly ýasalan sözlerde öňgoşma bi- bölegini –syz/ -siz türkmen goşulmasy çalşyp biler, -syz/-siz asyl sözden soň we –lyk/-lik goşulmasyndan öň getirilýär. Meselem: bisabyrlyk-sabyrsyz-lyk, bitertiplik- tertip-siz-lik, bimanylyk-many-syz-lyk .

Ç) näsag-lyk, nähoş-luk, näsaz-lyk, nädogru-lyk, närazy-lyk.

Bular birbada hem sözüň öňünden, hem soňundan goşulma goşulyp däl-de, prefiks arkaly ýasalan sypatlardan ýasalan atlardyr.

TÜRKMEN DILINIŇ ÖZ GOŞULMALARY ARKALY ISIMLERDEN AT ÝASALYŞY

Isimlerden at ýasaýjy türkmen diliniň goşulmalary gadymdan bäri ulanylyp gelýan goşulmalardyr.

-çy/-çi önümli at ýasaýjy goşulmadyr. Ol esasan, belli bir kär bilen meşgullanýan, belli bir pikiri, akymy goldaýan şahs adyny ýasaýar. Meselem: *suratçy, sagymçy, gurluşykçy, okuwçy, derňewçi, saýlawçy, stahanowçy, gegelçi, timurçy.*

-lyk/-lik goşulmasy anyk zatlaryň we umumy düşünjeleriň adyny ýasaýar. Meselem: *arçynlyk, häkimlik, aklyk, bäşlik, onluk, menlik, senlik, olluk, otuzlyk, ýaşlyk, zorluk, ýüplük, ellik, kirlik.*

-çylyk/-çilik goşulmasy çylşyrymly goşulma bolup, kär-hünär adyny, umumy atlary ýasaýar. Olary bölüp aýryp, ýekelikde ulanyp bolmaýar. Meselem: *önümçilik, jogapkärçilik, jemgyýetçilik, miweçilik, lukmançylyk, kynçylyk, kemçilik, göwnüýetmezçilik.*

-daş/-deş goşulmasy düşünje aňladýan atlary ýasaýar. Meselem: *egindeş, atdaş, boýdaş, ýoldaş, ildeş, ýaşdaş, kursdaş, dertdeş*.

-ly/-li goşulmasy 1.sözüň asyl manysy bilen bagly has atlary ýasaýar: Täçli, Hally, Amanly, Saçly, Kakaly.

2. Şahsyň ýaşaýan ýerini görkezyän atlary ýasaýar: şäherli, aşgabatly, moskwaly, daşoguzly.

-sa/ -se goşulmasy anyk atlary ýasaýar. Meselem: bilekse, garynsa, ýürekse, ýelinse.

Atlaryň söz ýasaýjy goşulmalaryň arasynda kiçeltme-söýgülik manyly käbir goşulmalar aýratyn saýlanýarlar. Bular –ça, -çe , -jak, -jek, -jyk, -jik, -jagaz goşulmalary bolup olar

mukdar, ölçeg, wagt manylaryndaky çag sözi bilen asyldaşdyr we esasan subýektiw baha berme, kiçeltme-söýgülik manylary bardyr.
-ça/-çe: anyk atlara goşulyp olaryň kiçi görnüşini aňladýar. Meselem: gursakça, depderçe, kitapça, ýorgança, düşekçe.
-jak/-jek; -jyk/-jik goşulmasy söýgülik, kiçeltme manyly at ýasaýar. Soňy k sesine gutaran atlara bu goşulmalar goşulanda düýp adyň soňky –k düşüp galýar. Meselem: keýik-keýijek, owlak-owlajyk, göle-gölejik.
-jagaz goşulmasy söýgülik- kiçeltme manyly at ýasaýar. Meselem: güljagaz, gyzjagaz, çöpjagaz.
-çek goşulmasy önümsiz, kiçeltme manyly at ýasaýar. Meselem: düwünçek, gelinçek, tigirçek.

Köp sanly ýasama atlaryň düzüminde rus dilinden ýa-da onuň üsti bilen geçen sözlerde –ist, -izm, -ýer, -ik, -or, -ant, -ýent, -siýa -fikasiýa ýaly söz ýasaýjy goşulmalar bardyr. Bu affiksler mümkin bolan ýerde türkmen dilindäki manydaşy bilen çalşyrylýar. Şonda –çy/-çi goşulmasy aktiw işledilýär.

ATLARYŇ IŞLIKLERDEN ÝASALYŞY

Işliklerden ýasalan atlaryň bir umumy manysy-gymyldy-hereket bilen bagly düşünjeleri aňlatmak aýratynlygy bolýar.
-alga/-elge/-lga/-lge goşulmasy esasan, hereketiň geçýän ýerini, käte serişdesini bildirýän at ýasaýar. Meselem: çykalga, girelge, duralga, sypalga, sowalga, gonalga, ýapyşalga, tutalga, okalga, ýörelge, geçelge.
-aç/-eç/ -ç goşulmasy önümli goşulma bolup, dürli manyly atlary ýasaýar.
A) –aç/-eç goşulmasy adatça hereketiň serişdesini aňladýan anyk at ýasaýar. Meselem: gyraç, göreç, tutaç.
-ç goşulmasy soňy –n sesine gutaran düýp sözlere goşulyp, umumy manyly at ýasaýar: gynanç, begenç, käýinç,daýanç.

-maç/meç goşulmasy aslynda çylşyrymly goşulma ýaly duýlup, –ma/-me we –ç böleklerinden hasyl bolan hasaplap bolar. Meselem: ow-maç, kak-maç, üw-meç, kö-meç (gö-meç), ýör-meç, guý-maç

-gyç/-giç/-guç/-güç goşulmasy önümli goşulma, asyl sözuň manysyna baglylykda esasan hereketiň anyk guralyny, seýrek ýagdaýda umumy düşünje bildirýän at ýasaýar. Meselem: gysgyç, dürtgüç, guýguç, gyrgyç, bilgiç, ýangyç.

-gyn/-gin/-gun/-gün goşulmasy ýagdaýyň, hereketiň adyny aňladýan at ýasaýar. Meselem: ýangyn, çapgyn, syrgyn.

-g goşulmasy çekimli ses bilen gutarýan asyl we ýasama işliklere goşulyp, köplenç ýagdaýy, hereketi, zatlary aňladýan atlary ýasaýar. Meselem: bezeg, gözleg, gorag.

-yjy/-iji/-ujy/-üji/-ýjy/-ýji goşulmasynyň kömegi bilen umumy manyly atlar ýasaýar. Hereketi ýerine ýetirýän şahsyýetiň adyny aňladýan at ýasaýar. Meselem: ýazyjy, çekiji, sürüji.

Umumy düşünje bildirýän at ýasaýar. Olaryň köpüsi ylmy adalgalardyr. Meselem: bölüji, köpeliji, görkeziji.

-dajy/-deji goşulmasy önümsiz goşulma bolup, munuň kömegi bilen umumy manyly atlar ýasalýar: çykdajy, girdeji, köpeldiji.

-myt/-mit; -ut/-it goşulmasy: önümsiz goşulma takyk zadyň, umumy düşünjäniň adyny aňladýan at ýasalýar. Meselem: almyt, iýmit, ucut, geçit.

-yş/ -iş/-uş/-üş/ -ýyş/-ýiş goşulmasy önümli goşulma bolup hereketi, onuň prosesini we netijesini aňladýan at ýasalýar. Meselem: ýagyş, açyş, ýaşaýyş, çykyş, göçüş.

-yn/-in/-un/-ün goşulmasy hereketiň adyny bildirýän at ýasalýar. Meselem: ekin, tikin, ýagyn, bogun, düwün.

-yndy/-indi/-undy/-ündi/-ndy/-ndi goşulmasy anyk we umumy manyly at ýasaýar. Meselem: ýygyndy, artyndy, kesindi.

-ym/-im/-um/ -üm/-m goşulmasy hem önümli goşulma, dürli manyly atlary ýasaýar.
a) hereket prosesiniň we netijesiniň adyny ýasaýar. Meselem: biçim, sagym, gezim, berim, göçüm, tutum
b. hereketi ýerine ýetirmegiň ölçegi, nämedir bir zadyň mukdary, işiň netijesiniň ady: ýuwdum, atym, dişlem, döwüm, çeýnem.
Ç. zadyň adyny ýasaýar. Meselem: geýim, iým, dilim.
-yk/-ik/ -uk/-ük/-k goşulmasy - önümli goşulma
A) Konkret zadyň ady: gazyk, üzük, ötük.
B) düşünjäniň, ýagdaýyň adyny bildirýän at ýasaýar: gatnaşyk, gepleşik, paýlaşyk.
-ga/-ge goşulmasy önümsiz: batga, tozga, gowurga.
-gy/-gi goşulmasy: duýgy, goşgy, söýgi
-ak/-ek/-k goşulmasy: elek, darak, orak, döwek, köwek, ýatak.
-wuk/ -wük goşulmasy: şaglawuk, üsgülewük.
-waç goşulmasy: tutawaç, oýnawaç, ýelpewaç.
-uw/ -üw/-w goşulmasy: ýaz-uw, at-uw, aýla-w, derňe-w, germe-w, oklaw, biçüw, satuw.
-y/ -i goşulmasy: gapy, dyky, ýap-y, daň-y, tut-y.
-ja/-je goşulmasy: düşünje, güýmenje, damja.
-gyt/-git/-gut/-güt goşulmasy: ýazgyt, ýorgut, çözgüt.

Aşakdaky ýasama atlar iş atlarynyň, işlik şekilleriniň atlaşmagy bilen hasyl bolupdyr. Ýasama adyň düzüminde bolanlygy sebäpli, olary belläp geçýäris.
-mak/-mek goşulmasy aslynda iş adyny ýasaýar. Munuň bilen ýasalan birnäçe iş atlary leksikalizasiýalaşyp, atlara geçipdir. Takyk zady aňladýan at ýasalýar. Meselem: bulamak, oýmak, ýaşmak, çakmak.
-ma/–me goşulmasy aslynda iş adyny ýasaýar(-mak/-mek bilen asyldaş): orän önümli goşulma bolup durýar. Birnäçe manylarda at ýasaýar.

a) Anyk zadyň, hereketiň netijesiniň ady: gowurma, gatlama, çekdirme, gatma, çatma, ýarma, bassyrma, salma.
B) umumy düşünjäniň adyny ýasaýar. Meselem: gönükme, görkezme, gurama, arakesme, ýazma.
-ar/-er nämälim geljek zaman işlik şekiliniň **goşulmasy**: açar, çeker, göçer, keser.
-an/-en goşulmasy : gapan, tozan, agaran.
-ň goşulmasy: talaň, gozgalaň.
Asly işlik bolan sözlerden at ýasamaga gatnaşýan ýene-de birnäçe söz ýasaýjy goşulmalary görmek bolar. Olar önümsizdir.
-dak goşulmasy: gowurdak, bogdak, **-çak/-çek goşulmasy:** sallançak, basgançak, **-ryk**: çatryk, **-myr**: ýagmyr, **-wul**: garawul, **-ki**: gülki, **-ant**:goşant, -manda: ykmanda, şermende, **-myt**: iýmit, almyt, **-t**: ýygyrt, **-gak**: gaçgak, **-jyk**:gapjyk, ýanjyk, **-miş/-myş/-muş**: geçmiş, durmuş, okumyş, **-ginjek**: ýetginjek, **-na/ -ne:** urna, ýetne we ş.m.

Häzirki türkmen dili ses we obraz aňladýan sözlerden ýasalan atlara örän baýdyr we olar dürli seslere, daşymyzy gurşan tebigatyň wakalaryna öýkünme bolup, olar name? diýen soraga jogap bolýar.

Ses we obraz aňladýan sözüň asly bilen gönüden-göni bagly bolan we olar bilen ulanylýan, şolara mahsus söz ýasaýjy goşulmalary görkezmek bolar. Sese öýkünme sözlerinden at ýasamaga gatnaşýan has önümli goşulmalaryň hataryna **–dy/-di, -yldy/-ildi/-uldy/-üldi**, **-yrdy/-irdi/-urdy/-ürdi** goşulmalaryny görkezip bolar. Meselem: takyrdy, şatyrdy, güpürdi, ýylpyldy, gagyldy, şyggyldy, horkuldy.

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.

Derýa jülgesi hakynda gürrüň gidýärkä, derýanyň kenarlarynda müňlerçe gektar meýdany eýeleýän jeňňellikler barada-da käbir zatlary ýatlalyň. Gamyş, ýeken, toraňňy,

jenewüt (selbi tala meňzeş ösümlik), ýylgyn, ýez (ýkenden kiçi we gür ösýän ösümlik), galam (baldagynyň gabygyndan kendir ýüp edilýän ösümlik) ýaly çöpleriň kä ýerde sümme tokaýlary emele getirýän jeňňellerini görmäge göz gerek. Buýanyň kökünden inçekesel, gökbogma, deri, garyn-içege we bokurdak keselleri ýaly onlarça sökellikleriň garşysyna ulanylýan derman serişdeleri alynýar.

ATLARYŇ SINTAKTIK ÝOL BILEN ÝASALYŞY

Sözleriň goşulyşmasynyň dürli görnüşleri arkaly atlaryň ýasalmagyna sintaktik (sap sintaktik ýa-da sintaktik-morfologik) söz ýasalyş diýilýär.

Atlar sintaktik söz ýasalyş ýoly bilen hasyl bolanda, beýleki söz toparlaryndan tapawutlylykda, aşakdaky ýaly dört söz görnüşindaki leksik birlikler hasyl bolýar.

1. Goşma atlar 2. Tirkeş atlar 3. Düzme atlar
4. Gysgaldylan goşma atlar (Bu söz görnüşi başga söz toparlarynda ulanylmaýar). Bu söz görnüşleriniň her biri sözleriň özboluşly leksika-grammatik tärler arkaly hasyl bolýarlar.

GOŞMA ATLAR

Birden artyk sözleriň goşulyp, basym taýdan birleşip, bir predmeti ýa-da düşünjäni aňlatmagyna goşma at diýilýär. Goşma ady düzýän sözler biri-birini aýyklaýan, biri beýlekisine eýerýän gurluşda bolmaýarlar. Goşma atlary emele getirmekde morfologik we sintaktik serişdeler deň derejede diýen ýaly gatnaşýarlar. Goşma atlar isimlerden we işliklerden bolan söz goşulyşmalarynyň dürli görnüşlerinden ybaratdyr.

Goşma adyň düzüminde sözler öňki hersi aýratynlykda aňladýan manysyndan daşlaşyp, täze many aňlatmaga ýöriteleşýärler. Goşma atlaryň hem esasynda sintaktik erkin

söz düzümleri ýatýar. R. Berdiýew “Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözler” diýen işinde ähli goşma sözleriň hasyl bolmagynda üç hili söz düzümleriniň esas bolandygyny belläp geçýär.

1. Eýäniň habar bilen birleşmeginden *agzala, agzybir, ýaşuly, ýaşkiçi, ilhalar, münenaldy* ýaly sözler hasyl bolupdyr.

2. Aýyrgyjyň öz aýyklaýan sözi bilen birleşmeginden hasyl bolan goşma sözler. Meselem: *atgulak, terbaş, akbaş, sekizkeşde, kürtegoçak*

3. Doldurgyjyň öz baglanýan sözi bilen birleşmeginden hasyl bolan goşma sözler. Meselem: *oragatdy, gözdaňdy, zähmetsöýer, gabaptutdy.*

Goşma atlaryň hem esasynda şu hili söz düzümleri bardyr.Häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýan guzugulak, atýüwrük, hudaýaty, Garrygala, Görogly, Gubadag, Ortaguýy, Taňryguly, Akgül, akbaş ýaly goşma atlar aslynda at bilen atdan, at bilen sypatdan, sypat bilen atdan weş.m. düzülen söz düzümleri bolup, häzir goşma ada öwrülip gidipdirler. Şonda olar sintaksisiň obýekti bolmakdan daşlaşyp, leksik kategoriýa geçipdirler. Görnäşi ýaly, dilde diňe bir söz toparynyň sözleri başgasyna ýa-da özbaşdak söz kömekçi söze , soň goşulma öwrülmän, eýsem, diliň has ýokary gurluşynyň obýekti başga bir bölümiň çägine geçip, hyzmatyny özgerdip bilýär.

Goşma atlar söz ýasalyşyň has gadymy görnüşlerinden hasaplanýar. Goşma ady düzýän sözler semantik dargamaýan bolýarlar, goşulyşýan sözler ýalňyz many bitewiligini alýarlar.

Türkmen dilinde basymyň sözüň ahyrky bognuna düşýäni üçin, goşma atlar hem leksika-semantik babatda bir bitewi sözi emele getirýärler, olar hem bir esasy basym bilen aýdylýarlar: atagzy, dazzarkel, garaguş, demirtiken. Bir basym bilen

birleşendigi taýdan goşma atlar söz düzüminden tapawutlanýarlar. Meselem: gyzylinjik- gyzyl ýaglyk.

Düzümine girýän sözleriň grammatik şekillenişi boýunça goşma atlary düzýän sözler hiç hili goşulmasyz (aýakgap, ýaşylbaş) komponentleriniň ikisi-de goşulmaly (agzybirlik, günebakar), bir komponentli goşulmaly (ýelýyrtan, süýtlaş) görnüşlerde bolýarlar.

Goşma atlary hasyl etmäge dürli söz toparlary gatnaşýarlar.

1. At bilen adyň goşulyşmagy: gazaýak, hamtoz, igdeýaprak, atgulak, guşgözi, Annagül, kerwenbaşy, Magtymguly, Türkmenderýa, gelneje, hamyrmaýa
2. At bilen sypatyň goşulyşmagy: Ömrüzaýa, hamyrturşy, içigara, atýüwrük, Aýbölek
3. Sypat bilen adyň goşulyşmagy: sarymazy, Meleguş, oklukirpi, gyzylinjik.
4. At bilen işlikden: ortadurdy, gülýaýdy, Gurtgeldi, günebakar, gözdaňdy.
5. San bilen adyň birleşmeginden: sekizkeşde, Dörtguly, kyrkbogun, kyrkgünlük, kyrkaýak, kyrkçile.
6. San bilen işlikden: bäşatar, altatar, onbiratar.
7. Işlik bilen işlikden: münenaldy, gabaptutdy, düşdüş.

Sözleriň sintaktik taýdan we basym taýdan birleşip goşma ady emele getirmegi söz ýasalyşyň sintaktik we sintaktik-morfologik ýoluna degişlidir. Bu usul bilen köp sanly goşma atlar ýasalyp, olar ähli ugurlara degişli atlarda duş gelýärler.

1.Adam atlary. Meselem: Aýjemal, Aknabat, Şirinjemal.

2.Adamlar bilen bagly goşma atlar. Meselem: aksakal, ulygyz, atbakar.

3.Ösümlikleriň atlary. Meselem: atgulak, guşgözi, düýedaban, akşekerek, terbaş, gelinbarmak.

4. Haýwan, guş, mör-möjek goşma atlary. Meselem: oklukirpi, sarygarynja, düýeguş, geçiguş, sakarbarak, hudaýaty.

5.Iýmit-nahar atlary: süýtlaş, unaş, igdeýaprak, waharman, kyrkgünlük.

6.Geýimleriň goşma atlary: ýelýyrtan, çepbetow, sekizgoşma bilezik.

7.Gurallaryň, goşlaryň atlary: atkeçe, aştagta, aksaply, attorba, atagzy, ojakbaşy, düýphaly, .

8.Geografik atlar. Meselem: Gyzylgaýa, Gaplaňgyr, Işmaltapan, Daşguýy, Şyharyk.

9.Gylyk-häsiýet we umumy düşünjeleriň atlary. Meselem: gözboýagçylyk, içigaralyk, watansöýüjilik, agzyboş.

10. Dürli ugurlara degişli adalgalar: golýazma, üçburçluk, arakesme, dünýägaraýyş.

TIRKEŞ ATLAR

Tirkeş atlar sözleriň tirkeşdirilip, belli bir heň, intonasiýa arkaly birleşdirilmeginden hasyl bolýarlar. Tirkeş atlara gaýtalanýan atlar hem tirkeş atlar degişlidir.

Bir sözüň bölekleýin ýa-da üýtgewsiz gaýtalanmagy bilen emele gelip, zada ýa-da düşünjä at berýän tirkeş atlar gaýtalanýan atlardyr. Meselem: Hatar-hatar, diş-diş, tutha-tutluk, çaý-paý, odun-sodun, geýim-gejim. Atlar sözleriň bölekleýin gaýtalanmagyndan, ses we şekil aňladýan sözleriň gaýtalanmagyndan hasyl bolýar. Meselem: *hat-pet, iş-piş, galam-salam, gürp-gürp*, Aýallar *wagyr-wugura, ýaňka-ýaňka* başladylar. Türkmen dilinde atlaryň şol durşuna üýtgewsiz gaýtalanmagyndan hasyl bolan atlar seýrekdir. Ýekelikde ulanylanda atlara degişli bolýan *şaha, topar, diş, hatar, dilim* ýaly sözler hem gaýtalanandan soň köplenç sypat we hal hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Meselem: şaha-şaha nabat, ýaşik-ýaşik üzümler, topar-topar çagalar, hatar-hatar gurlan jaýlar. Gaýtalanýan atlar käbir goşulmalar arkaly baglanyşyp gelende, gaýtalanýan atlaryň biri fonetiki özgerişe sezewar

bolup hasyl boýan atlaryň birinji we ikinji komponentleri sazlaşýar, many taýdan şeýle tirkeş atlar nämälim köplük, umumylyk, kiçeltme ýaly many öwüşginlerini alýarlar. Men-menlik, göçe-göçlük, alha-allyk, çaga-çuga, garry-gurty.

Birden artyk aýry-aýry sözleriň tirkeşdirilip ulanylmagyndan emele gelen täze leksik manyly atlara **tirkeş atlar** diýilýär. Meselem: dem-dynç, sorag-jogap, saz-söhbet, çöp-çör, dumly-duş, bizar-peteň we ş.m.

Tirkeş atlar hem düzümindäki bölekleriniň leksik aýratynlyklaryna seredip üç topara bölünýärler.

I. Özbaşdaklygyna many aňladýan, ýagny hersi özbaşdak ulanylýan, deň hukukly sözleriň tirkeşdirilip ulanylmagy bilen hasyl bolan tirkeş atlar. Bular hem düzümindäki sözleriň özara many gatnaşyklaryna görä üç topara bölünýär.

a. Manydaş sözleriň tirkeşmeginden hasyl bolan atlar
b. garşylykly manyly sözleriň tirkeşmeginden hasyl bolan atlar
c. golaý manyly, emma manydaş bolmadyk, bir many umumylygy bolan aýry-aýry sözleriň tirkeşmeginden hasyl bolan atlar.

a) Manydaş sözleriň tirkeşmeginden köplük düşünjäni aňladýan tirkeş atlar hasyl bolýar. Meselem: güýç-kuwwat, bala-çaga, oý-pikir. Käbir iş atlarynyň tirkeşip ulanylmagy netijesinde köplük düşünjäni aňladýan tirkeş atlar emele gelýär. Meselem: Olar göýä görme-görşe gelen ýaly bezenipdir. Salkyn saýada oturylyp, iýmek-içmek başlandy.

b) Garşylykly manyly sözleriň tirkeşmeginden täze leksik manyly tirkeş sözler hasyl bolýar. Meselem: algy-bergi, gije-gündiz (günüň 24 sagadynyň-sutkanyň ady), gelim-gidim, ýazuw-pozuw.

c) Aýry-aýry manyly sözleriň tirkeşmeginden hasyl bolan: öý-işik, öý-ojak, gazan-tabak, gawun-garpyz, gap-çanak, iş-güýç, iş-alada. Bu hili tirkeş atlar hem many taýdan

baglanyşykly sözlerden düzülip, sözlemde olaryň iki komponenti-de düşüm ýa-da ýöňkeme goşulmasyny kabul eden görnüşinde gelip biler. Meselem: göze-başa, bagy-bakjasy, goýny-guzusy.

II. Komponentleriniň biri özbaşdak many aňladýan beýlekisi many aňlatmaýan tirkeş atlar: *ses-seda, toý-tomgy, goş-golaň, goş-kötel, nam-nyşan, goňşy-golam, al-asman, ys-kok, kesel-sökelçilik, öý-öwzar, gap-gaç, ýalan-ýaşryk, mör-möjek.* Bularda many aňlatmaýan bölek many aňladýan bölegiň manysyny güýçlendirmäge hyzmat edýär. Bular biri-birine, esasan many aňlatmaýan bölek özbaşdak ulanylýan bölege ses taýdan hem sazlaşýar. Şular ýaly tirkeş atlaryň many aňlatmaýan bölegi taryhy taýdan könelişip ulanylmadan galan, öň özbaşdak many aňladan sözler bolup bilerler. Meselem: ys-kok, çöp-çör, kesel-sökel, nam-nyşan sözlerindäki *kok, çör, sökel, nam* leksemalary (gurban-kokunlaryňyz kabul bolsun!, Çör basan aýajyklaryňdan (Kemine), sökelçiligiň öňüni almaly, nam-pars sözi-“at” diýmek) häzir seýrek ulanylsa-da, tirkeş atlaryň şu toparynyň düzüminde saklanyp galypdyrlar.

III. Iki komponenti hem özbaşdak many aňlatmaýan, aýratyn ulanylmaýan sözleriň tirkeşmeginden bir many aňladýan tirkeş atlar: gümür-ýamyr, çilim-çitir (oýun ady), gümp-samp, haňk-huňk, hajyk-hujuk, paty-puty, sene-mene.

Tirkeş atlar tirkeş sözleriň arasynda has köp sanly bolup, giňden ulanylýarlar. Tirkeş atlar öz leksik we grammatik aýratynlygy boýunça beýleki atlar bilen deň bolup, onuň üstesine-de jemligi, umumylaşdyrmany hem aňladýarlar (I. Hojaýew. Tirkeş sözleriň söz toparlaryna bölünişi//Ýygyndyda:Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň problemalary. Aşgabat, 1973). Öz manylary boýunça olar wakalary we tebigat hadysalaryny (uruş-dawa, ýagyn-ygal, gar-ýagmyr), her hili iş proseslerini

(ýazuw-pozuw, gelim-gidim, baryş-geliş), käri (işçi-daýhan, wezir-wekil, han-beg), garyndaşlyk gatnaşygyny (aga-ini, ata-ene, ata-baba, eneli-gyz, ataly-ogul), ulagy (at-araba, ulag-kölüg), beden agzalaryny (el-aýak, baş-aýak, ýürek-bagyr, garyn-içege), umumy düşünjeleri (nam-nyşan, at-abraý, şan-şöhrat) we ş.m. dürli-dürli zatlary hem düşünjeleri aňladýarlar. Tirkeş atlaryň, esasan, soňky bölegi goşulma kabul edýär, käte olaryň iki böleginiň hem goşulmaly ulanylyşy-da bar. Meselem: Yzyndan hanyň-begiň gürrüňi edilermiş. Olaryň ata-eneleriniň, bala-çagalarynyň çeken azaby ýeterlik dälmi?

DÜZME ATLAR

Düzülip baglanyşmak arkaly bir zady, esasan edara-guramalary, ylmy adalgalary aňladýan sözlere **düzme atlar** diýilýär. Düzme atlar iki we ondan köp sözüň özara baglanyşmagyndan hasyl bolýar. Olar nominatiw mana eýe bolýarlar. Meselem: *eýerjeňli goşma sözlem, eýesi ýaýbaňlandyrylan sözlem, demir ýol, asma ýol, suw kädi, palaw kädi, "Nesil"gazeti, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, Halkara türkmen-türk uniwersiteti.* Düzme atlaryň hersi öz basymy bilen aýdylýar we aýry ýazylýarlar. Olaryň hemmesi bile bir söz – leksema ýaly duýulýarlar, bir düşünjäni aňladýarlar, bir soraga jogap bolýarlar we sözlemde bir agza bolýarlar.

Häzirki türkmen dilinde söz ýasalyşyň, täze dörän zatlary, düşünjeleri atlandyrmagyň iň işjeň usullarynyň biri düzme sözlerdir. Meselem: Sapagyň interaktiw usuly, multimediýa tagtasy. At sözlemleriniň hyzmatynda gelýän Türkmenistanyň Mejlisi, Birleşen Milletler Guramasy, "Türkmenistan" medeni-dynç alyş merkezi ýaly düzme atlar many taýdan bir düşünjäni aňladýarlar. Bular ýokarda sanalan goşma we tirkeş atlardan basymy, manysy, aýdylyş intonasiýasy taýdan tapawutlanýarlar.

Düzme atlar G. Açylowanyň "Häzirki zaman türkmen dilinde durnukly söz düzümleri" (Aşgabat, 1977) atly işinde-de hasaba alnypdyr we "asyl durnukly söz düzümleri" diýen at bilen berlipdir. Asyl durnukly söz düzümleri diýen adalga, esasan, düzümindäki bölekleriň asyl manylarynyň saklanmagy, leksik düzüminiň bölünmezligi bilen bagly ýüze çykan düşünjedir. Olar, esasan, belli bir ady, wakany, hereketi, prosesi asyl manysynda, metaforik häsiýetsiz aňladýarlar. Meselem: "Doganlar" romany, oba hojalyk maşynlary, Ýer titremesi, Gün tutulmasy. Düzme atlara "leksikalaşan durnukly söz düzümleri " hem diýlipdir. ***Bular nominatiw mana eýe bolup, goşma sözlerden söz düzümidigi bilen tapawutlanýar***. Leksikalaşan durnukly söz düzümleri, esasan, ylmyň dürli ugurlaryna degişli düzme adalgalardyr, dürli döwlet, syýasy, halkara edaralaryny, syýasy partiýalary we ş.m. atlandyrýan durnukly söz düzümleridir. Meselem: Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi, Türkmenistanyň Halk Maslahaty, gysgaldylan goşma söz, düzmeli goşma sözlem we ş.m. Bular bir leksema hasaplanýan nominatiw semantik bitewiliklerdir. Düzme atlar dil biliminde öňden ulanylyp gelýän hem bolsa henize çenli olar goşma atlardan tapawutlandyrylyp öwrenilmedi.

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.

Biziň günlerimize gelip ýeten at çapyşygy, aşyk oýny, "Çilik", ýaglyga towusmak, "Ak süňk", "Owlakgapdy", "Gökböri", "Çürrükdepdi" "Aýterek-Günterek", milli göreş ýaly hereketli oýunlar tiz, seresaply, eserdeň hereket edip, bedeni berkitmekde, aýaklary güýçlendirmekde ähmiýetli bolup, çakganlygy, çeýeligi, ugurtapyjylygy, mertligi, maksada okgunlylygy terbiýeläpdir. Ata-babalarymyz "Manysyz gep bolmaz, dänesiz çöp" diýipdirler. Şol manyly sözüň hem yzygiderli ösüşde-ösgerişde bolýan hadysadygyny dilimiz häli-şindi aýan edýär. Diliň sözlük düzümi her döwrüň aýratynlygyny özünde has duýarlykly ýüze çykaryp, grammatik

gurluşa görä tiz üýtgeýän, çalt özgerýän hasaplanýar. Jemgyýetdäki täze zatlaryň, düşünjeleriň atlaryny şöhlelendirip, täze sözler sözlük düzüminde özüne orun alýan bolsa, aňladýan zady ulanyşdan galan sözler ulanylmakdan galýarlar. Bir wagtda dowam edýän bu ýagdaýlar sözlük düzümde ýuwaş-ýuwaşdan bolup geçýär. Dilde ulanylmakdan galyp barýan sözler halk döredijiliginiň dilinde, çeper eserlerde, şiwelerde, janly gepleşikde ýaşaýarlar.

GYSGALDYLAN GOŞMA SÖZLER

Edaralaryň-guramalaryň, gazet-žurnallaryň, dürli düşünjeleriň birnäçe sözlerden durýan düzme atlarynyň gysgaldylyp ulanylyşy türkmen diline rus diliniň üsti bilen geçdi. Olara abbrewiaturalar hem diýilýär. Bulara "Abbrewiatura-gysgaldylan sözler. Gysgaldylan sözleriň 3 hili görnüşi bar: 1. Akronimler- birnäçe sözleriň baş harplarynyň ýa-da sesleriniň alynmagyndan hasyl bolan gysgaltma. GDA, HTTU, BMG. 2. Grafik (ýa-da şertli) gysgaltma ("Türkmen diliniň sözlügi"-TDS). Gysgaldylan goşma sözler: inpros, fizmat, dempartiýa" (Amansaryýew J., Gulmanow G., L. t.r.-t. s., 9 s.)-diýlip kesgitleme berlen ýerleri hem bar. Gysgaldylan goşma atlar ýa-da abbrewiaturalar türkmen diliniň praktikasynda köpçülikleýin ulanylyşa girdi. Olar häzirki wagtda hem yzygiderli ösüş, üstüni ýetiriş prosesini başdan geçirýärler. Bu temada ýörite ylmy-derňew işi geçirildi, onuň netijeleri ylmy köpçülige ýetirildi (Seret: Rozyýewa A. Häzirki zaman türkmen dilinde gysgaldylan goşma sözler. Aşgabat, 1993).

Abbrewiatura ýa-da gysgaldylan goşma söz iki we ondan-da köp sözden ybarat bolan söz düzümindäki atlaryň gysgaldylmagy arkaly ýasalýan, ýazuw we

gepleýiş birligi bolup bilýän sözdür (Rozyýewa A. Häzirki zaman türkmen dilinde gysgaldylan goşma sözler. Aşgabat, 1993, 14 s.). Abbrewiasiýa türkmen dilinde XIX asyryň 50-nji ýyllarynda ýüze çykan söz ýasalyş ýoludyr. Abbrewiasiýa diýlip söz gysgaltmalarynyň ähli görnüşine düşünýänler-de, diňe baş harplardan düzülen gysgaltmalara düşünýänler-de bar. Gysgaltmalar sintaktik-morfologik söz ýasalyş ýoly bilen hasyl bolýarlar. Sözler gysgalandan soň täze leksik birlik hasyl bolup, aýratyn söz şekiline eýe bolýarlar. Olara goşulma goşulanda gysgalan sözleriň asylky bolşuna däl-de, soňky eýe bolan şekiline eýerdilýär. Türkmen diliniň abbrewiaturalary gelip çykyşy taýdan iki hili bolýarlar:

a. Alynma abbrewiaturalar: Meselem: NLO, ÝUNESKO, ÝUSAID, MAAK, sançast, pedinstitut, peduçilişe.

b. Türkmen diliniň içki serişdeleriniň hasabyna dörän abbrewiaturalar onuň her bir düzüm bölegini aýratyn sözme-söz terjime etmek arkaly döredilýär. Meselem: OAE-BAE (Birleşen Arap Emirlikleri), TGU-TDU (Türkmen döwlet uniwersiteti).

Abbrewiaturalar gurluş taýdan 1) inisial; 2) bogunlaýyn; 3) bölekleýin; 4) garyşyk düzülen tiplere bölünýärler (Şol ýerde, 14 s.).

Abbrewiaturalar ýasalyş usuly boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýärler:

1. **Seslerden düzülen abbrewiaturalar** arasynda çekimli ses bardygy sebäpli, özbaşdak söz görnüşinde okalýar. Meselem: GAZ, wuz, WAZ, KRAZ, ZIL, IIM, DIM, FIFA, UEFA, NEP, BSSG (Bütindünýä saglygy saklaýyş guramasy).
2. Harplardan düzülen abbrewiaturalar. Meselem: TBM, BMG, TPI, TDMI, TMDDI, TMK EHM, Bular

okalanda, her harpyň elipbidäki okalyşy boýunça (Te-em-ka ýaly) okalýarlar.

3. Bogunlardan düzülen gysgaldylan goşma sözler. Meselem: likbez, rabfak, filfak, kombat, komhoz

4. Birinji sözüň bir bogny ýa-da bölegi hem-de soňky sözüň doly alynmagyndan düzülen abbrewiaturalar. Meselem: dempartiýa, pedinstitut, sanbýulleten, sanstansiýa, agrosenagat, redkollegiýa

5. Ilkinji sözüň birinji bognundan ýa-da doly alynmagyndan we soňky sözleriň birinji seslerinden ýasalan abbrewiaturalar. Meselem: AşGRES, RaýONO, ŞäherBBDE, welaýatSGDE, KamAZ, MaryGRES

6. Garyşyk halda düzülen gysgaldylan goşma atlar: Aşneftemaş, Türkmenokuwpedneşir, MTZ-80, K-700, TDU we AI

Abbrewiaturalar atlar söz toparynda ulanylýar. Bu söz görnüşi "abbrewiatura", "abbrewiasiýa", "gysgaldylan goşma söz", "gysgaltma" ýaly sözler bilen hem atlandyrylypdyr. Olara goşulma goşmak türkmen diliniň kabul edilen normalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Gysgaldylan goşma adyň düzüminde çekimli ses bar bolsa şoňa eýerdilip (GAR-yň, DIM-e) ýa-da çekimsiz harplardan düzülen abbrewiaturalarda soňky harpyň adynyň aýdylyşyna görä (TDU-nyň) goşulýar. Gysgaldylan goşma atlar wagt we ýer tygşytlaýar, olar doly ornaşýança, düşnükli bolýança metbugatda doly manysy hem ýany bilen berilmelidir. Olary döretmekde we ulanmakda baş-başdaklyk bolmaly däldir.

ATLARYŇ GRAMMATIK KATEGORIÝALARY

Atlaryň sözleme sintaktik baglanmagyna hyzmat edýän we leksik manylarynyň üstüne goşmaça düşünje aňladýan goşulmalar atlaryň grammatik kategoriýalarynyň goşulmalarydyr. Atlar morfologik aýratynlygyna görä diňe at

söz toparyna degişli bolan köplük, degişlilik, düşüm kategoriýalary bilen tapawutlanýarlar.

ATLARYŇ KÖPLÜK KATEGORIÝASY

Sanalyp, mukdar taýdan anyklanmagy mümkin bolan zatlar zerurlyga görä, birlik we köplük sanda ulanylyp bilerler. Türkmen dilinde birlik we köplük san düşünjesini aňlatmak özboluşly semantika – grammatik aýratynlygy bilen häsiýetlenýär.

Atlaryň birlik şekili many taýdan özleriniň aňladýan düşünjeleriniň ýekedigini ýa-da ownuk böleklerden düzülen bitewi bir zatdygyny aňladýar. Türkmen dilinde birlik san kategoriýasy grammatik taýdan –lar/-ler goşulmasy goşulman aňladylýar. Meselem: guş, parta, agaç diýenimizde, olar grammatik taýdan birlik san şekilinde gelipdir, emma real manysy taýdan ol sözler ýeke-täk bir zady, agajy, guşy däl-de şol jynsdan bolan ähli agaçlary (miweli, miwesiz, alma, erik), hemme guşlary (sülgün, towuk, bürgüt) umumylykda aňladýarlar. Birlik düşünjesi umumy we anyk bolup biler. “Galam aldym” diýen sözlemde “galam” sözi grammatik taýdan birlik sandadyr, ýöne galamlaryň sany näbellidir. Eger galam sözi sözlemde bir sözi bilen baglanyşykly ulanylsa (bir galam aldym), bu, şu, ol görkezme çalyşmalary bilen ulanylsa (bu galamy aldym) ýa-da galam sözi ýeňiş düşümde gelip, doldurgyç hyzmatynda gelse (galamy aldym), onda alnan galamlaryň sany anyklaşýar. Täk atlar ýa-da birlik sandaky zatlar diýlende şol söz bilen aňladylýan zadyň ýeke, aýratyn birlikdigine düşünilýär (Ahmanowa O.S. Slowar lingwistiçeskih terminow. M.1969, 191s.)

Köplük san diýlende, umuman, atlarda zatlaryň köplügini, işliklerde hereket prosesiniň köplükdäki subýekte (ýerine ýetirijilere) gatnaşyklydygyny görkezýän sanyň

kategorial şekiline aýdylýar (Ahmanowa O.S., 236s.). Köplük grammatik we leksik serişdeler arkaly aňladylýan düşünjedir. Türkmen dilinde atlaryň köplük kategoriýasy barada ýörite ylmy derňew geçirildi (Hazratowa R.)

Sözlemde gelende atlaryň birlik ýa-da köplük sandadygy aýdýň belli bolýar. Sözlemde sözleriň köplük sanyň –lar/-ler goşulmasyny kabul edendigi ýa-da etmändigi boýunça atlaryň bir ýa-da köp zady aňladýanlygy mälim bolýar. Meselem:Müdir täze okuw ýylyndaky wezipeler hakynda çykyş etdi.

Türkmen dilinde, esasan –lar/-ler goşulmasy bilen köplük aňladylýar. Türkmen dilinde köplük –lar/-ler getirilmän, golaý, töweregi ýaly sözleriň kömegi bilen hem aňladylyp biler. Eger biz goýunlar, adamlar diýmän, oňa golaý adam, 40 töweregi adam diýsek, onda –lar/-ler bilen aňladylan köplüge görä anygrak bolýar.

Umuman, türkmen dilinde birlik we köplük düşünjesiniň aňladylyşynyň birnäçe görnüşi bar:

1. Köplük aňladýan leksik ýa-da grammatik serişdeler ulanylmadyk ýagdaýda bir, ýeke zatlaryň atlary birlik şekilde diýlip kabul edilendir. Meselem: galam, kitap, mekdep, towşan, sygyr, köýnek, serçe, depder, gapy, aýna, adam.
2. Nämälim ýa-da umumy köplük -lar/-ler goşulmasy arkaly aňladylýar. Meselem: balyklar, oýunlar, günler, aýlar
3. Takmynan ýa-da takygrak (konkredräk) köplük. Meselem: ona golaý guzy, kyrk-elli töweregi guş, on-on bäş sany çaga.
4. Anyk (konkret) köplük. Meselem: sekiz depder, bäş galam, ýedi dogan.

Türkmen dilinde köplük 3 ýol (usul) bilen aňladylýar:

1. Köplügiň morfologik usul bilen aňladylyşy.
2. Köplügiň leksik ýol bilen aňladylyşy.

3. Köplügiň sintaktik ýol bilen aňladylyşy.

ATLARDA KÖPLÜGIŇ MORFOLOGIK USUL BILEN AŇLADYLYŞY

Morfologik usulda köplük düşünjesi –lar/-ler goşulmasynyň kömegi bilen aňladylýar. Bu goşulma diňe at toparyna degişli sözlere goşulman, aýry-aýry işlik şekillerine hem goşulyp biler. Atlara goşulan köplük san goşulmasy atlaryň köplük şekilini birlik şekilinden tapawutlandyryp, şekil ýasaýjy goşulma hyzmatyny ýerine ýetirýär, bu söz toparynda onuň goşulmagynyň söz üýtgedijilik hyzmaty ýokdur,. -lar/-ler goşulmasy goşulyp atlaryň sözlemdäki beýleki sözlere grammatik gatnaşygyny ýüze çykarmaýar. Emma işliklere –lar/-ler goşulanda, köplük sandaky subýekt bilen sanda ylalaşyk, baglanyşyk döretmek üçin goşulýar. Diýmek, işliklerde onuň hyzmaty sözlemde sözleriň baglanyşygyny amala aşyrýar.

-lar/-ler goşulmasynyň gelip çykyşy barada ýalňyz pikir ýok. Bu barada öz ýurdumyzdaky we daşary ýurtdaky türkologlaryň dürli çaklamalary bar (Кононов А.Н. Грамматика современного турецкого литературного языка. М-Л., 1956, 72-73 с.). –lar/-ler goşulmasynyň gelip çykyşy barada M.Rýasýanen, T.Kowalskiý, G.I.Ramstedt, W.A.Bogorodiskiý, N.A.Baskakow ýaly türkologlar öz pikirlerini aýdypdyrlar. Olaryň käbiri –lar/-ler aslynda san aňladan özbaşdak bir söz bolupdyr diýip hasaplaýarlar. G.I.Ramstedt –lar/-ler goşulmasy mongol dilindäki “нар” (jem, bilelik diýen manylary beren) sözünden gelip çykypdyr diýip hasap edýär.

-lar/-ler köplük san goşulmasy türkmen dilinde köp manylydyr we dürli hyzmatlary ýerine ýetirip bilýär. Has atlaryň düzüminde söz ýasaýjylyga (Aýlar, Güller,

Begler)geçýän bu goşulmanyň esasy hyzmaty köplük sany, umumy näbelli köplügi aňlatmakdyr. Şol esasy hyzmatynda –lar/-ler goşulmasy düýp sözüň leksik manysyna baglylykda aşakdaky many öwüşginlerini aňladyp biler:

1.Anyk atlara goşulanda, olaryň birden artykdygyny, umumy näbelli köplügi, mukdar taýdan sanalmadyk köplügi, topar zady aňladýar. Meselem: adamlar, geýimler, köçeler, köwüşler, , Daşarda bolsa gazanlar atarylýardy. Bir tarapda köne oraklar, döwük piller üýşürilip goýlupdyr.

2.Umumy atlara goşulanda, bitewi düşünjäni, umumylygy aňladýar. Meselem: Biziň obamyzda ganly çaknyşyklar bolup geçenmiş. Ol aýylgançlar derrew bu ýere gelerler (B.Seýtäkow. Gyz salgydy).

3.Bölünmeýän tutuş zady aňladýan, ýygyndy, jemleýji manysy bolan atlara goşulanda, sözüň leksik manysyndan aňlanylýan köplügiň birnäçedigi, görnüşlerini bildirýär. Meselem: ýaraglar, halklar, goşunlar. Guýynyň töwereklerine agaç ýapraklary gaýyşyp gaçýarlar. Meýdanlar yns-jynssyz iňläp ýatyrdylar.

4. Sanalmagy mümkin bolmadyk, düzümindäki birlikleri ýeke-ýekeden sanalmaýan suwuklyklaryň, metallaryň, miweleriň adyny we beýlekileri aňladýan atlara goşulanda, bir kysymdan bolan bölünmeýän zatlaryň jemini aňladýar. Eger-de gep sortlar, düzüm, jynslar[1] (Кононов А.Н. Грамматика современного узбекского литературного языка. М-Л., 1960, 78 стр.) barada barýan bolsa, onda sortlaryň, şol zadyň düzüminiň jemini aňladýar, köplük düşünjesi has güýçlendirilen häsiýete geçýär. Meselem: dürli suwlar, üzümler, almalar. Ertir irden çaýlaryny içip ugramaga häzir boldular (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

5. Atlardan başga söz toparlaryna goşulanda, –lar/-ler köplük manysy bilen birlikde ýasaýjylyk manysyny hem ýerine

ýetirýär. Meselem: ýaşlar, gyzyllar, ýediler, eşidenler, gidenler, ýadanlar we ş.m.

6.Sypatlara goşulyp –lar/-ler goşulmasy düýp söze at häsiýetini berýär hem güýçlendirme, gaýtalanma aňladýar. Meselem: Gyşyň gazaply sowuklarynda bu batgalyklar doňýardylar. Tomus günleriniň bu yssylary uzak Demirgazykdan gelenleri geňirgendirýärdi.

7. Wagt görkezýän hallara goşulanda, yzygiderli gaýtalanmany ýa-da çen – takmynlygy aňladýar. Meselem: Şol gün öýlänler. OI daň säherlerde ýola düşerdi.

8. Täklik manyly sözlere, ýeke, bir zady, köplenç, bedeniň täk synalaryny aňladýan atlara goşulanda, bularyň manysyndan, söýgi, güýçlendirme ýokundysy aňlanylýar. Meselem: Görsem, ýarym, guwana men, Serwi kamat boýlaryňa. Saçy gijä meňzär, ýüzleri Aýa. Serwi kaamat boýlaryňa. Duranlaryň ýürekleri azajyk düşüşdi. Şähdi – şeker dillerden, sözle gara göz gelin.

9. Bedeniň näbelli köplükde bolan bölegini aňladýan atlara goşulanda, güýçlendirme aňladýar. Meselem: Nazar baýyň saçlaryny üýşürip, gözüni tegeleýändigi mälimdi (A.Durdyýew. Saýlanan eserler). Dür derýadan çyka bilmez, Nazar kylsa dişleriňe.

10. Bedeniň jübüt synalaryny ýa-da beýleki zatlary aňladýan atlara goşulanda, güýçlendirmek öwüşginli bölekligi görkezýär. Meselem: Şu aralykda onuň alaça köýneginiň ýeňleri ýyrtyldy. Gurbantäç ak gollaryny çermäp işe girişdi.

11. Täklikde ulanylýan has atlara – adam atlaryna

bilmeýärler. Olar nämälim köplükde bolýarlar. Bulara aşakdaky ýaly sözler degişlidir:

1. Suwuk jisimleriň, ürgün önümleriň, iýmişleriň atlary: benzin, süýt, gatyk, un çäge, şeker, ýag, bal, üzüm, ülje.

2. Jübütligine, köplükde ulanylýan, ýekelikde ulanylmaýan zatlaryň atlary: diş, gaş, kirpik, köwüş, ýeň, ädik, jorap. Şu zatlaryň köplük düşünjesini aňladýandygyny ýene bir zat subut edýär. Ol hem şu hili zatlaryň ýekedigini, bir taýyny görkezmek gerek bolanda, ýörite anyklaýjy sözleriň getirilmeginiň zerurlygydyr: sag aýak, aşaky dodak, çep ýeň, azy diş, başam barmak.

3. Ownuk böleklerden düzülýän däneleriň, iýmitleriň, önümleriň atlary. Meselem: künji, tüwi, mäş, börek, çelpek, palow.

4. Jemleýji, ýygyndy manysy bolan etnik, ýagny halk, tire-taýpa we beýleki umumy manyly atlar: ýomut, teke, türkmen, gazak, gerkez, özbek, ors, goşun, ýarag.

3. SINTAKTIK ÝOL BILEN KÖPLÜK AŇLADYLYŞY

Sintaktik ýol bilen köplük düşünjesi dürli söz düzümleriniň kömegi arkaly aňladylýar. Atlaryň öňünden sanlaryň, san çalyşmalarynyň, dürli sözleriň getirilmegi arkaly, birden artyk söz bilen köplük aňladylyşyna köplügiň sintaktik ýol bilen aňladylyşy diýilýär. Meselem: üç kilo alma, bäş talyp, külli türkmen, barça obalar, ähli talyplar, hemme oturanlar, ençe adam. Sintaktik ýol bilen köplük aňladylyşy, esasan, aşakdaky ýaly görnüşdedir.

1.Öňünde aýyklaýjy hökmünde mukdar sanlar ýa-da san çalyşmalary gelýän atlar takyk ýa-da takmyny köplügi aňladýarlar: iki adam, birnäçe keýik, ahli guşlar, käbir ynsan, üç ogul, on-on bäş tüpeň, dört-bäs ädim.

2.Atlaryň tirkeş söz düzümi, umumy, tutuş köplügi aňladýar: aýal-erkek, oglan-uşak, mör-möjek, owlak-guzy.

3.Öňünden aýyrgyç hökmünde gaýtalanýan söz düzümleri gelen atlar güýçlendirme öwüşgini bolan näbelli köplügi aňladýarlar: kän-kän gawun, üýşmek-üýşmek gawun, örüm-örüm saç, halta-halta un, küde-küde ot, araba-araba ot, maşyn-maşyn odun.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Tebigatyň adamzada eçilen bu baýlygy häzirlikçe örän az peýdalanylýar. Jaýlary basyrmak we kepbe örmek üçin orulýan gamşy, geçmişde polsuz jaýlarda düşegiň astyna ýazmak we gara öýe durlik etmek üçin örülýän ýeken düşekleri hasap etmesek, bu ummasyz baýlygyň entekler halkyň hyzmatyna goýulmandygyny boýun almagymyz gerek. Sapaly jülgeleri, aşagyna Gün düşmeýän garaňky baglary, meşhur gyzyl duzlara baý daglary, dürli reňkli we buz ýaly sowuk hem-de eliňi bişirip barýan gyzgyn suwly çeşmeleri göreýin diýseňiz, Köýten obasyna gezelenje geliň. Bu daşlary ýokardan akýan damjalar we suwlar, wagtal-wagtal dereden akýan siller keşdeläpdir. Bu yzlaryň üsti kem-kemden çäge, çöp-çör, ýaprak bilen ýapylypdyr. Ýel-ýagmyr zerarly ol gatlagyň üsti açylypdyr. Gözüň gider derejedäki sowgatlyklar, bezeg şaý-sepleri, gap-gaçlar, lowurdap duran dürli reňkli portfeller, sumkalar, torbalar…

ATLARYŇ DÜŞÜM KATEGORIÝASY

Atlarda düşüm kategoriýasynyň iňňän uly hyzmaty bar. Türkmen diliniň düşümler ulgamy düýpli ylmy derňew edildi. (1. Ataýew G, Грамматические падежи в туркменском языке. Aşgabat, 1959 (kand. diss.). Hamzaýew M.Ý.Türkmen dilinde lokal düşümler. Aşgabat, 1948 (kand. diss.) Düşüm adalgasy türkmen dilinde rus diliniň grammatikasynda aňladýan semantikasyndan kalkalaşdyrylan bir düşünjedir. Bu söz rus diliniň grammatikasyna grek dilinden terjime edilipdir. XVII asyra çenli rus dil biliminde "падеж" sözi ulanylman, "падение" termini ýöredilipdir. Rus alymlary M.Grekiň işlerinde we M.Smotriskiniň 1619-njy ýylda ýazan grammatikasynda "падеж" adalgasy ilkinji gezek ulanylypdyr. (Seret: M. Hamzaýew. Türkmen diliniň morfologiýasynyň we sintaksisiniň meseleleri, Aşgabat, 1969). Sözüň asly latyn diliniň *cado* işliginden, *casus* sözünden bolup, iňlis, nemes, fransuz, ispan dillerine-de şol durşuna alnypdyr.

Türkmen dilinde düşüm adalgasy ilkinji gezek 1929-njy ýylda çykan M.Geldiýewiň we G.Alparowyň "Türkmen diliniň grammatikasy" diýen işinde ulanylýar. Bu termin özbek dilinde kelişik, türk, azerbaýjan dillerinde hal, tatar dilinde "kileş", gyrgyz dilinde *jöndöme*, gazak dilinde *septik* görnüşinde aňladylýar. Häzirki türki dilleriň köpüsinde alty düşüm bar. Düşümleriň sany hyzmatynyň ýaýraýyş çägine görä, dürli dillerde dürli-dürlüdir. Sözlemdäki sözleriň arasyndaky grammatik gatnaşyklaryň hersi aýratyn düşüm bilen aňladylmaly bolsa, onda bir diliň düşümleriniň sany onlarçadan has köp bolar. Häzirki döwürde hytaý dilinde düşümler ulanylmaýar. Düşümleriň sany boýunça iňlis dilinde iki, nemes dilinde dört, rus dilinde alty, türki dilleriň aglabasynda alty, awar dilinde 20-den gowrak, Dagystanyň tabasaran taýpasynyň dilinde 52 sany düşüm bellenilýär.

Düşüm söz birikmelerinde ýa-da sözlemde atlaryň beýleki soz toparlaryna bolan gatnaşygyny görkezýän kategoriýadyr. Düşüm goşulmalary goşulan sözleriniň sözlemdäki beýleki agzalar bilen gatnaşygyny görkezmek we baglamak hyzmatyny ýerine ýetirýärler.

Düşüm goşulmalary asyl ýasaýjylar ýa-da dereje ýasaýjylar ýaly täze manyly söz ýasamaýarlar. Düşüm goşulmalary diňe grammatik many aňlatmaga hyzmat edýärler. Meselem: suw-a derňewiň

suw-çy derňew-e
ak-la derňew-i
ak-ja derňew-de
ak-ly derňew-den

Haýsy-da bolsa bir adyň dürli düşümlerde gelip, üýtgeýşiniň jemine atlaryň düşüm bilen üýtgeýşi diýilýär. Düşüm goşulmalaryny aýyrsaň, sözlemde baglanyşyk bolmaýar, sözlemiň manysy ýitýär. Düşüm goşulmalary diliň grammatik gurluşyna degişlidirler. Düşüm goşulmalary atlara, atlaşan sözlere, at hyzmatynda gelen sözlere hem goşulýarlar: Bir okana bar, bir dokana. Gatyksyzdan duzly ýagşy, Ogulsyzdan gyzly ýagşy. Gezegeniň eteginden ýyrtylar, uruşganyň ýakasyndan.

Düşümleriň ulanylyşy türkmen dilininň taryhynda häzirkiden has başgaça bolupdyr. Türki dillerde düşüm kategoriýasy az öwrenilen meseleleriň biridir. Türkmen dilindäki düşümleri taryhy taýdan iki topara bölmek bolar:

1. **Rudimentar düşümler**
2. **Işjeň (aktiw) düşümler**

Rudimentar (rudiment-galyndy diýmekdir) düşümler diliň taryhynda ulanylan düşümler bolup, olar diliň häzirki döwründe düşümlik – baglaýjylyk hyzmatyny ýitirip, başga manylary aňlatmaga geçipdirler. Olaryň aşakdaky ýaly görnüşleri bar.

1. Komparatiw düşüm atlara deňeşdirme manysyny berýän – ça/-çe goşulmasy bilen aňladylyp, öň düşüm hyzmatynda ulanylypdyr, emma diliň häzirki döwründe hal ýasaýjy goşulma hasaplanýar. Meselem: özüňçe görmeseň, kölegäňçe gör. Mençe, Gözelçe we ş.m. Diýmek, goşulma häzir baglaýjylyk däl-de, ýasaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Abessiw düşüm: Diliň gadymy döwründe atlardaky ýokluk şekili –syz/-siz goşulmasy bildirip, abessiw düşümi aňladypdyr. Ol diliň häzirki döwründe ýokluk aňladýan sypat ýasaýjydyr. Meselem: aňsyz adam, suwsuz ýap, duzsuz nahar, adamsyz meýdan.

Komitatiw (bilelik) düşümi: Bu düşümi –ly/-li goşulmasy aňladypdyr. Goşulmanyň gadymy düşümlik hyzmatynda ulanylyşyndan *ataly-ogul, eneli-gyz, Saýatly-Hemra* ýaly mysallar saklanyp galypdyr. Şu goşulma häzirki döwürde düşüm goşulmasy däl-de, barlyk aňladýan sypatlary ýasaýar: okuwly gyz, akylly çaga, taýýarlykly talyp, edenli oglan, etli nahar, otly gutap.

Allatiw düşüme ugur – tarap görkezýän –k goşulmasy degişli bolupdyr. Ol gadymy döwürde atlaryň ugur – tarap görkezýän şekilini bildiren düşüm hyzmatynda ulanylyp, türkmen diliniň häzirki ösüş döwründe hal ýasaýjy goşulma hasaplanýar. Aşak sözünde bitişip gidipdir, goşulmadygy hem duýulmaýar. Meselem: aňry-k, bärik, ýokaryk, ilerik, aşak, gaýrak.

Instrumental (gurallyk düşüm) öň, diliň gadymy döwründe ulanylsa-da, soň baglaýjylyk hyzmatyny ýitiripdir. Onuň –yn/-in goşulmasy häzir söz ýasaýjy hyzmatynda ulanylýar. Instrumental düşümiň ýerine ýetiren hyzmatyny bile, bilen sozsoňy kömekçileri ýerine ýetirýär.

Gadymy türki ugur-tarap görkezen, *ileri, içeri, daşary, ýokary* ýaly käbir sözlerde saklanyp galan garu/-geru goşulmasy hem öz manysyny hem hyzmatyny ýitiripdir.

Ýöneliş düşümiň goşulmalary şu –garu/-geru goşulmasyndan gelip çykan diýip hasaplanýar.

Rudimentar düşümler häzirki türki dillerde, esasan, söz ýasaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Beýle ýagdaý diliň kämilleşmegi netijesinde bolup geçýär. Düşüm şekilleri taryhy taýdan gadymydyr.

IŞJEŇ (AKTIW) DÜŞÜMLER

Işjeň düşümler diliň häzirki döwründe işjeň ulanylyp ýörlen düşümler ulgamydyr. Işjeň düşümlere türkmen dilinde şekili, manysy, hyzmaty taýdan düýpli tapawutlanýan alty sany düşüm degişlidir. Olary hyzmaty we aňladýan grammatik manysy taýdan özara iki topara bölmek bolar:

I.Grammatik düşümler. Muňa baş, eýelik we ýeňiş düşümler giryär. Grammatik düşümler atlaryň sözlemdäki grammatik gatnaşyklaryny aňladýarlar, şoňa laýyklykda degişliligiň subýektini we obýektini görkezýärler.

II. Lokal düşümler. Giňişlik, aralyk, orun, wagt ýaly düşünjeler bilen bagly ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümleri öz şeýle manylary bilen lokal düşüm atlandyrylýarlar. Lokal düşümler hem atlaryň sözlemdäki grammatik gatnaşyklaryny bildirýärler. Ýöne grammatik düşümlerden tapawutlylykda, grammatik manysynyň üstesine, lokal düşümler giňişlik – wagt gatnaşyklaryny hem görkezip bilýärler. Eger olaryň aýratynlykda ulanylyşyny göz öňünde tutmasaň, onda olara degişli esasy many – ol hereketiň we gymyldynyň ornuny – ýerini görkezmekdir. Şonuň bilen bir wagtda lokal düşümler wagt hem görkezip bilýärler. Şonuň üçin türkmen dilinde giňişlik görkezýän düşümleriň biriniň wagt-orun düşüm diýlip atlandyrylmagy tötänden däldir. Kontekste baglylykda şeýle manyny beýleki lokal düşümler hem aňladyp bilerler.

Düşüm goşulmalaryny atlar hem-de söz toparlarynyň islendik atlaşan (substantiw) şekilleri kabul edip bilerler. Türki dillerde düşüm kategoriýasy sözlem agzalarynyň biri-birine morfologik – sintaktik taýdan gatnaşygyny giň derejede görkezýän iň esasy grammatik kategoriýalaryň biridir. Her bir düşüm Grammatik şekili, semantikasy we sintaktik hyzmaty boýunça tapawutlanýar hem belli soraglara jogap bolýar.

Düşümler baglanýan sözleri, sözlere gatnaşygy boýunça hem iki topara bölünýär:

1. *Isimlere baglanýan düşümler*. Muňa, esasan, eýelik düşüm degişli bolýar. Meselem: kitabyň daşy, meniň depderim. Az sanly ýöneliş düşümdäki sözler hem isimlere baglanýarlar: söze baý, gepe çeper, gahrymana şöhrat, halkyma söýgi (hormat), işleýäne sylag (sarpa) we ş.m.
2. *Işliklere baglanýan düşümler*. Ýöneliş, ýeňiş, wagt-orun, çykyş düşümler muňa degişlidir.

Häzirki zaman türkmen dilindäki düşümleriň aňladýan manylary we şekillenişi dürli aýratynlyklara eýedir.

BAŞ DÜŞÜM

Atlar we atlaşan sözler birlik we köplük sanda, söz ýasaýjy goşulmalary ýa-da degişlilik goşulmalaryny kabul eden görnüşde şekil we hyzmaty babatdan baş düşümdäki sözlerdir. Baş düşüm degişlilik we san goşulmalaryny kabul eden hem-de etmedik asyl we ýasama atlaryň yzyna huç hili düşüm goşulmasy goşulmadyk görnüşidir. Meselem: Agaçlar, doganym, doganlyk, adamkärçilik, ynsanperwerlik, kellebaşaýak, Üçajy sözleri baş düşümdedir.

Baş düşüm düşümler ulgamynda beýleki düşümler üçin baş şekil, umumy düýp esas bolýar. Türkologiýada düşüm goşulmalary goşulmadyk ähli şekilleri birleşdirip, belgisiz düşüm, nämälim düşüm diýen ýaly terminler bilen

öwrenmegiň tarapynda durýanlar hem bar. Olaryň pikiriçe, eýelik düşümiň goşulmasyz görnüşi (towuk çorbasy, düýe çaly), ýeňiş düşümiň goşulmasyz görnüşi (çörek iýdim, bilim aldym), hem maşyn bilen gitdim, joram üçin aldym ýaly sozsoňular bilen ulanylan atlar we baş düşüm bir fşekilde, bir düşüm hasap edilýär. Emma olar aýry-aýry zatlar bolup, praktikada bu pikir goldaw tapmady.

Baş düşüm goşulmasyz görnüşde bolsa-da, bu sözleriň formalanyşy baş düşümden doly tapawutlanýar. Baş düşümdäki sözler kim?, näme?, nire? diýen soraglara jogap bolýarlar. Baş düşümde ýörite düşüm goşulmalary bolmaýar. Onuň sözlemdäki esasy hyzmaty – sözlemiň eýesi bolmakdyr. Baş düşümdäki sözler sözlemde at – işlik konstruksiýasynda goşma habaryň esasy we semantika taýdan dargamaýan bölegi bolup bilýär: jogap berýärdi, gulak asýardy, gulak saldy.

Oraz Ataýew, Gurban uzyn, Çary aga, Gözel daýza, Durdy serdar, Myrat kel, Rejep başlyk we ş.m. birinji komponenti adamlaryň has adyny görkezýän söz düzümlerinde esasy komponent bolup çykyş edýär –

Ýüz tutma söz hökmünde çykyş edýär: - kaka! Maňa diýdiňmi? - Çary! Gelsene, bir dyz ep şujagaz ýerde.

Türkmen dilçileri baş düşümi iki görnüşe bölýärler. Birinji görnüş – hakyky manydaky baş düşüm, ol sintaktik taýdan sözlemde eýe bolýar. Meselm: Ýygnakda başlyk hem çykyp gepledi.

Ikinji görnüşi – nämälim düşüm, morfologik taýdan baş düşüm bilen meňzeş, ýöne sintaktik taýdan sözlemde eýe bolup bilmeýär. Meselem: Biz ýygnakda Meredi başlyk saýladyk..Baş düşümdäki sözleriñ şeýle bölünişi olaryñ sintaktik hyzmatyna esaslanýar.

EÝELIK DÜŞÜM

Eýelik düşüm özünden soňky ada ýa-da atlaşan söze baglanyp, onuň manysyndan aňlanylýan düşünjäniň kime ýa-da nämä degişlidigini, dürli gatnaşyklary aňladýar, kimiň? nämäniň? niräniň? diýen soraglara jogap bolýar. Eýelik düşümiň –yň/-iň/-uň/-üň/-nyň/-niň/-nuň/-nüň goşulmalary bardyr. Olar goşulan sözlerini atlara baglanyşdyrýarlar.

Eýelik düşümiň grammatik belgileri aşakdaky ýalydyr:

-yň/-iň kitabyň, depderiň
-uň/-üň otuň reňki, gülüň ysy
-nyň/-niň çaganyň gülküsi, geçiniň şahy
-nuň (şunuň özi, munuň sesi)

Eýelik düşümiň goşulmaly (formal görkezijisi bolan) we goşulmasyz (formal görkezijisi bolmadyk) iki görnüşde ulanylýar. Onuň goşulmaly we goşulmasyz şekilleriniň hersiniň öz ulanylýan ýeri bar

EÝELIK DÜŞÜMIŇ GOŞULMALY GÖRNÜŞI

Munda eýelik edýäni görkezýän söz eýelik düşümiň goşulmaly şekilinde, eýelik edilýän zady görkezýän söz hem III şahs degişlilik goşulmasyny kabul eden görnüşde ulanylýar. Meselem: Maralyň köýnegi, Amanyň ejesi.

Şeýlelikde, eýelik düşümiň goşulmaly şekili arkaly anyk bolan hususy ýa-da kollektiw degişlilik aňladylýar: Obanyň töweregi, Kekilowyň romany.

EÝELIK DÜŞÜMIŇ GOŞULMASYZ GÖRNÜŞI

Munda umumy, näbelli degişlilik, ýagny zadyň anyk bolmadyk umumy topara gatnaşygy aňladylýar. Meselem: düýe ýüňi, goýun eti, jeren oty, käkilik oty, aýakgap fabrigi, tikin fabrigi, medeniýet ministrligi.

Eýelik düşümiň goşulmasyz şekiliniň hem iki görnüşi tapawutlandyrylýar.:

Ulanylyşy boýunça eýelik düşümiň goşulmasyz şekiliniň tikin maşyny, talyp haky, aýakgap ussahanasy, düýe çaly ýaly tipini iki topara bölüp bolar:

1. Eýelik düşümiň goşulmasyz şekiliniň goşulmasy dikeldilmeýän görnüşi. Meselem: okuw jaýy, ýüpek fabrigi, käkilik oty, jeren oty, Bilim ministrligi.

Munda eýelik düşümdäki söz söz düzümininiň dargamaýan gurluşynyň birinji komponenti hökmünde ulanylýar. Tutuş degişlilik söz düzümi bölünmeýän bitewi bir düşünjäni aňlatsa, birinji komponent hemişe eýelik düşümiň goşulmasyz görnüşinde ulanylýar. Bu ýagdaýda birinji komponent otnositel sypatyň manysynda bolany üçin, eýelik düşümiň goşulmasyny dikeldip we girizip bolmaýar. Meselem: *Aşgabat şäheri, Bilim ministrligi*. Muny *Aşgabadyň şäheri* görnüşinde ulanyp bolmaýar. Bularda eýelik düşümdaki birinji komponent otnositel sypatlyk häsiýetine eýedir. Olara haýsy?, nähili? diýen ýaly soraglary hem berip bolýar.

Şu görnüşden emele gelen söz düzümleriniň käbiri goşma söze öwrülen diýlip hasaplanýar. Meselem: Magtymguly, sözbaşy, Dagbaşy, saçujy.

Bulardan başga-da eýelik düşümde gelen söz bilen oňa baglanýan sözüň ikisiniň hem goşulmasyz ulanylýan görnüşi diýlip, bir bitewi many aňladýan goşma atlara öwrülip giden başdarak, aşgazan, bilbag, Hanhowuz, aýaguç ýaly sözler şoňa mysal getirilýär.

2. Eýelik düşümiň goşulmasyz şekiliniň goşulmasy dikeldilýän görnüşi: Munda eýelik düşümdäki söz söz düzümininiň dargaýan gurluşynyň birinji komponenti hökmünde ulanylýar. Birinji komponent degişliligiň dürli derejesini aňladýan mahalynda, ol eýelik düşümiň goşulmaly görnüşinde-de, goşulmasyz görnüşinde-de ulanylyp biler. Meselem: düýe

çaly, düýäniň çaly, Gün şöhlesi // Günüň şöhlesi, agaç ýapraklary // agajyň ýapraklary, oglan köýnegi // oglanyň köýnegi we ş.m.

Eýelik düşümiň goşulmasyz görnüşinde onuň goşulmasyny dikeltmegiň iki usuly bar:

– sözlemiň beýleki aýyklaýjy agzalary bilen eýelik düşümdaki sözüň we onuň baglanýan sözüniň arasyny açmaly, komponentleriň birini beýlekisinden bölüp aýyrmaly, ýagny komponentleriň arasyndan aýyklaýjy söz getirmeli. Meselem: mekdep müdiri - mekdebiň täze müdiri.

– Eýelik düşümdäki sözüň öňünden aýyklaýjy getirmeli. Meselem: düýe süýdi – guba düýämiziň süýdi

Eýelik düşümiň goşulmaly we goşulmasyz iki görnüşinde-de eýelik düşümdäki atlar aýyrgyçlardyr.

Sözleýiş dilinde eýelik düşümiň goşulmasynyň gysgaldylyp ulanylyşy ýörgünlidir. Meselem: obaň gyzy, seň aýdanyň, oglanlaň ýagdaýy. Emma ýazuwda beýle ýagdaýa ýol bermek bolmaýar.

EÝELIK DÜŞÜMDÄKI SÖZLERIŇ AŇLADÝAN MANYLARY

Eýelik düşümdäki söz özüne baglanýan sözüň eýelik edijisini görkezip, şu aşakdaky ýaly manylary aňladýar.

1.Eýelik düşümdäki söz ýuridik eýäni aňladýar: Meselem: Magtymgulynyň goşgulary, Şallynyň atlylary, gyzlaryň sesi, sygrymyzyň süýdi, maşynlaryň gürrüldüsi ýaly sözlerde eýelik düşümdäki söz şahsy degişliligi aňladýar.

2.Eýelik düşümdäki söz etnik degişliligi aňladýar: Meselem: türkmen iti, türkmen halky, türkmen bedewi.

3.Eýelik düşümdäki söz özüne baglanýan sözüň nämeden edilendigini görkezýär: towuk çorbasy, gawun kaky, garpyz toşaby.

4.Eýelik düşümdäki söz orun aňladýar: köçäniň ortasy, halynyň üsti.

5.Eýelik düşümdäki söz ölçeg, wagt aňladýar: halynyň uzynlygy, günüň ahyry, ertiriň sowugy.

EÝELIK DÜŞÜMDE GELEN SÖZLER BILEN BILE ULANYLÝAN SÖZSOŇY KÖMEKÇILER

Türkmen dilinde eýelik düşümde gelen atlaryň we atlaşan sözleriň yzyndan "baş, aýak, üst, ast, agyz, gaş, ýaka, ýan, gyra" ýaly sözler sözsoňy hyzmatynda gelip ulanylyp biler. Şonda bu sözler ýöňkeme we düşüm goşulmalaryny kabul edip, ýasama sözsoňy kömekçä öwrülýärler. Eýelik düşümdäki atlar bilen ulanylýan sözsoňularyň hemmesi ýasama sözsoňy bolup, olara kömekçi atlar hem diýilýar. Olar eýelik düşümdäki söz bilen bilelikde giňişlik, orun, wagt gatnaşyklaryny bildirýärler. Meselem: Oduň başyna üýşdük. Gapynyň agzyndan ýer ýetdi. Romanyň üstünde 4 ýyl işläpdir.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Aşyklynyň etini aç –da bolsaň iýme, Topuk etini dok hem bolsaň goýma.Beýigiň öňünden geçme, gatyryň soňundan. Düýäniň guýrugynyň ýere ýetenini kim görüpdir? Öýkeläniň paýy süýji. Özüňkiniň urany- kesekiniň söýeni. Ulynyň uýalasy gelse, kiçä deger, kiçiniň aglasy gelse, ula deger. Ursa-da ejem eli ursun. Üçüň biri hana ýarar. Çykmadyk gyz-il gelni, öýlenmedik oglan-il giýewisi. Ejesiniň ukusy gelse, oglany „uhha" diýer, ejesiniň gezesi gelse, oglany „hopba" dilär. Ýalanyň süýjüsinden çynyň zäheri datly. Ulynyň-kiçiniň hossasy bir.Özüň adam bolsaň, biziň öýde aş bolar.

ÝÖNELIŞ DÜŞÜM

Yöneliş düşüm gymyldynyň gönügýän ugruny aňladýan, goşulan sözüni, esasan, işliklere baglaýan düşümdir. Gymyldy-hereketiň kime? nämä? nirä ugrukdyrylandygyny, haýsy-da bolsa, bir tarapa gönükdirilendigini aňladyp, bu manysyndan başga-da dürli manylary, hereketiň näme maksat bilen edilendigini hem bildirýär. Türkmen dilinde ýöneliş düşümiň goşulmasy –a/-e/-na/-ne goşulmalary arkaly aňladylýar. Emma onuň ulanylyşynda dürli hili, köp sanly hil we mukdar üýtgemeleri ýüze çykýar. Netijede, onuň goşulmalary goşulýan sözleriniň ses düzümi bilen bagly dürli görnüşlerde bolup çykýar.

-a/-e goşulmasy soňy çekimsiz sese gutaran sözlere goşulýar. Meselem: Jerene, gabawa, jaý-a, öý-e, surat-a, Mugallyma oglumy name üçin işana getirip berenimi gürrüň berdim.

Sözüň soňy –a/-o seslerine gutaran bolsa, ýöneliş düşüm goşulmasy goşulanda, bu sesler hil we mukdar taýdan üýtgeýär: Ol täze alnan palto: seretdi Kaka:, kino:, derýa:, stansiýa: Bu gyş hem Amanyň çölde baş çopan bolup işleýän kakasy oba:, öýlerine bir-iki gezekden köp gelip bilmedi.

Soňy –y sesi bilen gutaran sözlere ýöneliş düşüm goşulmasy goşulanda, söz soňundaky –y sesi –a sesine öwrülýär: Mara:, gapa:, tuta: Sözüni gutardy-da gapa ýöneldi.

-i/-e sesine gutaran sözlere ýöneliş düşüm goşulmasy goşulanda i we e sesleri –ä sesine öwrülýärler: geçi – geçä, düýe – düýä, işçi-işçä, köçe – köçä, Bibi – Bibä: Jeren gorkuly çeşmä suw almaga barýardy.

-na/-ne goşulmasy III şahs degişlilik goşulmasyny kabul eden sözlere goşulýar: kakasy – na, ejesi – ne, obasy – na, guzusy – na, öýüne, doganyna.

Şu goşulma türkmen halk döredijilik eserlerinde we nusgawy edebiýatda –ga/-ge görnüşinde ulanylyp, çekimlä we

çekimsize gutaran sözleriň ikisine-de şol bir görnüşde goşulypdyr, *derýaga, sözge, belaga, hudaga* ýaly görnüşde işjeň bolupdyr. Meselem: Bisabyr gul tiz ýolugar belaga, Ölüm barabardyr şah-u-gedaga (Magtymguly). Uçup gitdi howaga,
Baryp düşdi derýaga (halk dör.). Sözge ýakyn bende men (M.)
Gün gezer gögüň ýüzünde, şuglasy ýerge düşer (K.”S.es”).
Türkmen diliniň şiwelerinde bu goşulmanyň dürli görnüşleri ulanylýar.

Türkmen dilinde ýöneliş düşüm sözlemde aşakdaky ýaly manylary aňladýar:

1) Gymyldynyň gönügen ugruny, ahyrky nokadyny: Oraz mekdebe gitdi. Jeren şähere gitdi, Men köçä seretdim. Tirkeşip bardylar hälki güzere.

2) Gymyldynyň obýektini: Ol Oraza gülýär. Derrew bukuldylar, ýapyrylyp ýere. Onuň dyzyna söýenip 7 ýaşlyja oglanjyk dur. Ol tagta çykdy, Merede garaşyp başlady.

3) Obýektiň gönükdirilen şahsyny, ýerini: Pagtany zawoda daşaýarys.

4) Işlikden bolmadyk habardan aňlanylýan düşünjäniň garadylan zadyny: Gahrymanlara şöhrat. ile mälim, oba ýakyn, gepe çeper

5) Sebäp aňladýar: kitaby Myrada aldym (Myrat üçin). Gözele depder almak. Jigisine tikdirmek,

1. Maksat aňladýar: Oraz guma oduna gitdi. okamaga barmak, görme-görşe gelmek,

2. Ýöneliş düşüm baha aňladyp bilýär. Meselem: kitaby bir düýä almak, köwüş 30 müňe durýar.

3. Ýöneliş düşüm wagt aňladyp bilýär. Meselem: ýygnak agşama galdyryldy.

Ýöneliş düşüm bilen ulanylýan sözsoňy kömekçiler.

Ýöneliş düşümde gelen söz bilen *baka, garanda, seredende, görä, deň, deňeç, laýyk, tarap, çenl*i ýaly asyl sözsoňy kömekçiler ulanylýar. Meselem: Baharlydan Aşgabada çenli 100 km. galdy.

ÝEŇIŞ DÜŞÜM

Ýeňiş düşüm sözlemiň işlikden bolan habaryndan aňladylýan hereketiň obýektini görkezýän düşüm bolup, işiň netijesini geçirýän işliklere baglanýar.

Muňa ýeňiş düşüm diýilse-de, onuň ady mazmunyna laýyk gelmeýär. Beýleki düşümleriň ady mazmunyna gabat gelýär. Şu düşüm rus dilinden terjime edilip, tötänden dakylan at alypdyr. Ýeňiş düşüm kimi?, nämäni?, niräni? diýen soraglara jogap bolýar. Sözlemde kähalatlarda nähili obýekt barada aýdylýandygyny anyklamak zerur bolýar. Käte umumy zat barada aýdylyp obýekti anyklamak zerur hem bolup durmaýar. Şonuň bilen bagly ýeňiş düşüm diliň talabyna görä, belli we näbelli obýekti görkezýär. Meselem: Nahary hem ýerde iýýärler, çaýy hem ýerde içýärler. Hatda hat ýazjak ýa-da kitap okajak adam döşüniň aşagyna bir ýassyk goýýar-da, öz işi bilen meşgul boluberýär. Türkmen dilinde ýeňiş düşüm goşulmaly we goşulmasyz iki hili görnüşde ulanylýar.

ÝEŇIŞ DÜŞÜMIŇ GOŞULMALY GÖRNÜŞI

Türkmen dilinde ýeňiş düşümiň goşulmasy hökmünde –y/-i/-ny/-ni goşulmalary bellenilýär.

1. Ýeňiş düşümiň –y/-i goşulmasy soňy çekimsiz seslere gutaran atlara goşulýar. Meselem: Jereni gör, gazany ýuw, kitaby aldym.

2. Ýeňiş düşümiň –ny/-ni goşulmasy soňy çekimli seslere gutaran atlaryň yzyna goşulýar. Düşüm goşulmalary goşulanda sözüň soňundaky çekimli uzalýar. Meselem: gala – gala:ny, oba – oba:ny, geçi – geçi:ni.

b) III şahs degişlilik goşulmasyny kabul eden, ýagny ýöňkeme bilen üýtgän sözleriň yzyna hem –ny/-ni goşulmasy goşulýar. Munda III şahsyň goşulmasy uzalmaýar Meselem: Enesini gör-de, gyzyny al, gyrasyny gör-de, bizini al.

Türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde ýeňiş düşümiň –ny/-ni goşulmasy çekimsiz seslere gutaran sözlere hem goşulýar: Tahyr begni öldürgen, bir türpe jenan ses-sen. Dostlarga derdimni beýan eýläýin. Ýeňiş düşümiň –ny/-ni goşulmasy käbir lebap şiwelerinde häzirki döwürde hem çekimsiz sese gutaran sözlere goşulyp ulanylýar. Meselem: Mekdepni, Ergeşni, adamny we ş.m.

Ýeňiş düşümiň goşulmasynyň gysgalan görnüşine türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde, halk döredijiliginde, nakyllardyr atalar sözlerinde duş gelinýär. Meselem: Gawunyň ýagşysyn şagal iýr diýrler, Gapysyna geldim görsem diýp ýüzün. Häzirki türkmen dilinde ýeňiş düşümiň goşulmasynyň gysgalan şekili setirleriň bogun sanyny deňlemek üçin şygyrýetde we gepleşikde gysgalyk üçin gepleşikde gysgaldylýar.

Ýeňiş düşümiň goşulmaly şekili, esasan, belli, anyk, täk obýekt görkezilende ulanylýar.

I. Sözleýji we diňleýji üçin mälim bir zat barada gürrüň berlende, ýeňiş düşümiň goşulmaly görnüşi baglanýan işliginiň edil öň ýanyndan gelip biler. Meselem: gazeti getirdim, kitaby aldy.

II. Degişlilik goşulmasyny kabul edip, degişliligi san, şahs taýdan anyklanan atlar ýeňiş düşümde gelmeli bolanlarynda onuň goşulmaly görnüşinde ulanylýarlar. Meselem: Depderimi aldym. Elimi uzatdym. Ol göwnüni bire baglady. Emma käbir ýagdaýlarda şygyrýetde degişlilik goşulmasyny kabul eden sözden soň ýeňiş düşümiň goşulmasynyň taşlanylyp ulanylýan ýagdaýy hem bar. Meselem: Ak öýüň

törüne düýp halym düşäp, Gözden ýaşym akdyrmykam, Artyk jan. Eli bilen gelip odum öçürsin.

III. Wagt-orun düşümiň goşulmasyny kabul eden sözlere hem-de wagt aňladýan sözlere –ky/-ki goşulmasy goşulyp hasyl bolan sypatlar bilen wagt-orun taýdan aýyklanan, görkezme we san çalyşmalary bilen aýyklanan ýeňiş düşümdäki söz goşulmaly ulanylýar. Düýnki gazeti okadym. Şol oturgyjy döwüpdirler. Ähli kitaby paýlady. Jaýdaky çagalary güýmedi.

IV. Köplük sanyň –lar/-ler goşulmasyny kabul eden sözler ýeňiş düşümde üýtgände, goşulmaly ulanylýar. Meselem: Atlary gezdirdi.Adamlary diňledi. Jaýlary süpürdi.

V. Atlaşan sözler sypatlar, sanlar, işlikler, ýeňiş düşümde gelende goşulmaly ulanylýar. Meselem: edebiň ýagşysy ulyny syla. Otuzy üçe böl.

VI. Täklikdäki konkret düşünjeleri aňladýan atlar ýeňiş düşümde gelende hemişe goşulmaly ulanylýar. Meselem: Bagşy Sapar gyjakçyny çagyrdy.

VII. Ýeňiş düşümdäki söz bilen onuň baglanýan işliginiň arasyna söz, sözler düşüp, olar biri-birinden uzaklaşanlarynda, ýeňiş düşüm goşulmaly görnüşinde ulanylýar. Meselem: Haty obadaky dostuma ýazdym. Maly gazanana bakdyr, oduny ýygnana ýakdyr.

ÝEŇIŞ DÜŞÜMIŇ GOŞULMASYZ GÖRNÜŞI

Bu düşümiň goşulmasyz görnüşi näbelli, ortalyk, umumy obýekti görkezýär. Meselem: ot ýakyp, gazan ataryň. Ataýew olara kä gazet okap berýärdi, kä kitap okap berýärdi, Gül bilim aldy.

GÖNÜKME. Ýeňiş düşümiň goşulmaly, goşulmasyz we goşulmasy gysgalan şekilini, olaryň manylaryny tapawutlandyryň :

Aşyn aýan aşa ýeter, donun aýan toýa ýeter. Täzäni aýan toýa ýeter, nanyny aýan ýyla ýeter. Urjagyňy bilseň at. Uly pyçak utanjyna keser. Ulyny uly bilmedige gaşga ýagy ne hajat? Uzak ýol aty synar, agyr gün äri. Türkmen oňmaz gününe şükür eder. Towşanyň gaçyşyny görenimde, etden tamamy üzdüm. Taýy magta, at mün. Rysgyňy sat, röwşen al. Öýüňe gelene öý boýly öýkäňi aýtma. Bitine gahar eden çapanyny oda ýakar. Adam bilenin okar, towuk görenin çokar. Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr.

WAGT-ORUN DÜŞÜM

Wagt-orun düşüm, esasan, predmetiň ornuny, gymyldy-hereketiň wagtyny, ornuny, ýagdaýyny aňladýar. Ol kimde?, nämede?, nirede? diýen soraglara jogap bolýar. Wagt-orun düşüm –da/-de, -nda/-nde goşulmasynyň kömegi bilen aňladylýar. Onuň –da/-de görnüşi çekimsize we çekimlä gutaran düýp sözlere goşulýar. Meselem: Ata-enäniň göwni ogulda-gyzda, ogul-gyzyň göwni dag bilen düzde. Berdide şol kitap bar.

2. –nda/-nde görnüşinde wagt-orun düşümiň goşulmasy III şahs degişlilik goşulmasyny kabul eden atlara goşulýar. Köllerinde gördüm guba gazlaryn, obasynda, sanynda, düýbünde.

Bu goşulma islendik asyl we ýasama atlara, söz toparlarynyň atlaşan görnüşleriniň birlik we köplük sanlaryna, islendik şahsyň goşulmasyny kabul eden birlik we köplük sandaky atlara goşulyp kimde?, nämede?, nirede? diýen soraglara jogap bolýar, köplenç, giňişlik-wagt gatnaşyklaryny aňladýar: Asmanda Aý dogdy.

Wagt-orun düşümiň manylary, esasan, aşakdaky ýalydyr.

1. Zadyň we düşünjäniň bolýan, gymyldy-hereketiň bolup geçýän ornuny görkezýär we nirede? diýen soraga jogap

bolýar. Meselem: obada adam galmady. Dabara uly zalda bolar.

2. Hereketiň ornuny bildirýär: daşarda ot ýakdylar, oba arasynda gezer ýörerdi. Ol duralgada garaşdy.

3. Zadyň düşünjäniň ýerini aňladýar. Meselem: Akyl ýaşda bolmaz, başda bolar.

4. Guralyny aňladýar. Meselem: ol gyjakda saz çalmagy öwrendi. Dutarda, terezide, radioda;

5. Wagtyny aňladýar. Meselem: Zelili XIX asyrda ýaşapdyr. Aýda gelseň, aýak iýersiň, günde gelseň, taýak iýersiň. Sagat üçde ýygnak bolýar. Ulalanda iş hoş gelmez, ýaşlykda köýmän ýigide, garaňkyda ýöreseň büdürärsiň. Bu manysynda ýeňiş düşümdäki söz haçan? diýen soraga jogap bolýar.

6. Käbir wagt-orun düşümdäki atlar, many taýdan giňişlik – wagt gatnaşygyny aňladýar we haçan?, nirede? diýen soraglara jogap bolýarlar: Goç ýigitler meýdanynda bellidir. Edebinde, ekramynda bellidir.

ÇYKYŞ DÜŞÜM

Çykyş düşüm –dan/-den/-ndan/-nden goşulmalary arkaly ýasalýar, goşulan sözüni işliklere baglaýar.

–dan/-den goşulmasy çekimlä we çekimsize gutaran düýp sözlere goşulýar Meselem: goşgudan, gazaldan, ýoldan, Nowaýydan, ýürekden.

-ndan/-nden goşulmasy III şahs degişlilik goşulmasyny kabul edip üýtgän sözlere goşulýar: ýüreginden, sözünden, sazyndan, topundan.

Bu goşulma islendik asyl we ýasama atlara, atlaşan sözlere, üç şahsyň islendik biriniň goşulmalaryny kabul eden birlik we köplük sandaky atlara goşulýar hem-de kimden?, nämeden?, nireden? diýen soraglara jogap bolýar. Çykyş düşüm hyzmaty

taýdan, esasan, giňişlik, wagt gatnaşygynda hereketiň çykyp gaýdan nokadyny görkezýär: tüýnükden seretdi, öýden gaýtdy. Ol ýöneliş düşümiň manysyna garşylykly manyny aňladýar.

Çykyş we wagt-orun düşümleriň hyzmat taýdan tapawutlanmasy has soňky döwürde ýüze çykan hasaplanýar. Çykyş düşüm many taýdan dürli manylylygy bilen beýleki lokal düşümleriň arasyndan saýlanýar. Käbir halatlarda bu lokal düşümiň semantik tapawudyny sözlemde seljermek amatlydyr. –dan/-den goşulmasyny kabul edip, sözlemde ulanylýan atlaryň köpüsi semantika – sintaktik taýdan çykyş düşümiň hyzmatyny ýerine ýetirmeýärler. Şonuň üçin –dan/-den goşulmasyny kabul eden her bir sözi çykyş düşümde diýip hasaplamak bolmaýar.

Çykyş düşümdäki sözler aşakdaky ýaly manylary aňladýarlar.

Gymyldynyň başlanýan ýerini, nokadyny aňladýarlar: Okuwdan gaýtdym, Sarahsdan geldim.

Gymyldynyň ýüze çykýan ornuny aňladýar: goşaryndan tutdy, elinden aldy, diwardan ýapyşdy.

Deňeşdirmegi aňladýar: Atdan beýik, itden pes. Ötden ajy, baldan süýji, öýden uly, ýumurtgadan kiçi. Depe-depeden beýik. Baldan bala süýji.

Predmetiň nämeden edilendigini aňladýar: Ýüňden ellik, bugdaýdan ýarma.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Haýwany budundan daglarlar, ynsany ýüreginden. Haýwan agzyndan semrär, adam gulagyndan. Uzadandan ýoldaş bolmaz. Uzumsyran gyzdan gork, ýazymsyran gyşdan. Adam aşda belli, at daşda. Agyz agyzdan ýelli, gulak gulakdan eşitgir. Agzynda diş ýok, başynda huş. Alanyňda begenip, bereniňde gynanma. Ýagy ýakaňdan alanda, it etekden asylar.

Ol garaňkyda gapydan geleni çala saýgardy. Dutarda, gyjakda emgenmän şirin sazlar çalardy. Uzak ýerlerde itler üýrýärdi.

ATLARYŇ DEGIŞLILIK KATEGORIÝASY

Zadyň ýa-da düşünjäniň üç şahsyň haýsynyňkydygyny, kime ýa-da nämä dahyllydygyny aňladýan grammatik kategoriýa **degişlilik kategoriýasy** diýilýär. Degişlilik kategoriýasynyň bu manysy ýörite goşulmalar arkaly aňladylýar. Ol goşulmalara degişlilik goşulmalary diýilýär. Türkmen dilindäki degişlilik goşulmalary at çalyşmalary, birlik we köplük san, goşulýan sözüniň manysy bilen berk baglanyşykly ulanylýar. Olaryň ulanylyşyny aşakdaky ýaly görkezip bolar.

Birlik san üçin

Şahs	**Çekimlä gutaran sözlere**	**Çekimsize gutaran sözlere**
I şahs Men	**-m**	**-ym/-im/-um/-üm**
II şahs Sen	**-ň**	**-yň/-iň/-uň/-üň**
III şahs Ol	**-sy/-si**	**-y/-i**

Köplük san üçin

Şahs	**Çekimlä gutaran sözlere**	**Çekimsize gutaran sözlere**
I şahs Biz	**-myz/-miz**	**-ymyz/-imiz/-umyz/-ümiz**
II sahs Siz	**-ňyz/-ňiz**	**-yňyz/-iňiz-uňyz/-üňiz**
III şahs Olar	**-sy/-si**	**-y/-i**

Görnüşi ýaly, I we II şahsyň köplügi üçin goşulýan goşulmalar şol şahslaryň birligini aňladýan goşulmalarynyň yzyndan gadymy türki köplük aňladan –yz/-iz/-z goşulmasynyň getirilmegi bilen hasyl bolupdyrlar. Bu goşulmalar goşulýan sözlerinden aňlanylýan zadyň köplügini aňlatmaýar-da, onuň köplüge degişlidigini görkezmek gerek bolanda, köplük sandaky eýelik edijini aňladýan söz bilen ylalaşyk döredýär. Meselem: Siziň depderiňiz. III şahsyň köplügi birlik şekilinden tapawutlanmaýar. Onuň haýsy sandadygy degişlilik söz düzüminiň üsti bilen, ýagny I komponentiň üsti bilen anyklanýar. Meselem: olarayň obasy, Jerenleriň öýi.

Degişlilik goşulmalary aslynda at çalyşmalaryndan döräpdirler, emma häzirki türkmen dilinde olar görnüş taýdan tanalmaz derejede üýtgäpdirler. Özbaşdak sözlük halyny ýitirip, goşulma öwrülipdirler. I şahs birlik goşulmasy -ym/-im/-m goşulmasy men at çalyşmasyndan II şahsyň birligi üçin ulanylýan –yň/-iň/-uň/-üň/-ň goşulmalary bolsa sen sözünden döräpdirler. Köplügi üçin yzlaryndan artdyrylýan –yz/-iz goşulmalary bolsa köplügiň gadymy goşulmasydyr diýip çak edilýär. Türkmen dilinde degişlilik goşulmalary beýleki söz toparlary bilen hem ulanylýar. Meselem: okaýanym çeper edebiýat, gyzgynyň artypdyr, birimiz nobatçy bolmaly. Şu mysallarda degişlilik goşulmalary beýleki söz toparlaryna at hyzmatynda gelendigine görä goşulypdyr. Degişlilik kategoriýasy ilki bilen at söz toparyna mahsus kategoriýadyr. Diňe at hyzmatynda gelen ýagdaýynda beýleki söz toparlaryna hem goşulýar.

Türkmen dilinde bu kategoriýa ýörite öwrenildi (Täçmyradow T. Категория принадлежности в современном туркменском языке (канд. дисс.). Ашхабад, 1959).

DEGIŞLILIK KATEGORIÝASYNYŇ AŇLADYLYŞ ÝOLLARY

Türkmen dilinde degişlilik dürli ýollar bilen aňladylýar. Ilki bilen degişlilik kategoriýasy anyk (konkret) we umumy (abstrakt) degişlilik diýen iki topara bölünýär. Anyk degişlilik iki usul bilen aňladylýar: a) degişliligiň morfologik ýol bilen aňladylyşy; b) degişliligiň morfologik – sintaktik ýol bilen aňladylyşy.

Degişliligiň morfologik ýol bilen aňladylyşy

Sözden aňlanylýan düşünjäniň kime ýa-da nämä degişlidiginiň diňe degişlilik goşulmalarynyň getirilmegi bilen görkezilmegine degişliligiň morfologik ýol bilen aňladylyşy diýilýär. Meselem: doganym, žurnalyňyz, köwşüm, atym, galam-y, depder-iň.

Degişliligiň bu hili morfologik ýol bilen aňladylyşyny, köplenç, I we II şahslarda ulanmak bolýar. Sebäbi bu şahslaryň goşulmalarynyň manysy III şahsa seredende anyk. Şonuň üçin hem I we II şahs degişlilik goşulmalaryny kabul eden sözleriň öňünden eýelik edýän sözi getirmek zerur däl.

Degişliligiň morfologik – sintaktik ýol bilen aňladylyşy

Degişliligiň hem degişlilik goşulmalary arkaly hem eýelik edýäni görkezýän sözüň özüniň gelmegi bilen aňladylyşyna degişliligiň morfologik – sintaktik ýol bilen aňladylyşy diýilýär. Meselem: Meniň işim, elim, köçesi. Munda degişlilik has anyklaşyp nygtalýar.

I we II şahs üçin ulanylýan degişlilik goşulmalary many we san taýdan-da anyk, şonuň üçin hem I we II şahslarda degişliligiň morfologik- sintaktik ýol bilen aňladylyşy hökman däl. Munda degişlilik söz düzümininiň I komponenti galdyrylyp hem biler. Türkmen dilinde I we II şahs bilen

ulanylýan degişlilik söz düzüminiň üç hili görnüşine duş gelinýär.

a) iki komponenti-de goşulmaly: Meniň käsäm, siziň obaňyz.

b) ikinji komponenti goşulmasyz: Ýaşasyn biziň Watan, biziň Türkmenistanda, Beg Hemrahym, siziň ilde näler bar (Muňa köplenç poeziýada duş gelinýär).

ç) I we II komponentleriň ikisi-de goşulmasyz degişlilik söz düzümi bu, esasan, janly gepleşikde ulanylýar: biz oba, siz il.

I we II şahs degişlilik goşulmasyny III şahs degişlilik goşulmasy bilen deňeşdirilende, III şahs üçin ualnylýan -y/-i /–sy/-si goşulmasynyň manysy has giň. Sebäbi, III şahsda birinjiden, birligi we köplügi üçin atlara goşulýan goşulmalar meňzeş: Onuň geçisi, olaryň geçisi.

Ikinjiden, III şahs degişlilik goşulmasynda aňladylýan eýelik ediji anyk bolman, umumy bolýar. Bir şahs predmetiň üçünji adama degişlidigi ýa-da başga bir zada dahyllydygyny aňladyp biler. Meselem: gözi- onuň gözi, Altynyň gözi, agajyň gözi, çeşmäniň gözi, tüpeňiň gözi, guşuň gözi, elegiň gözi. Şoňa görä-de üçünji şahs degişlilik söz düzümi şekilinde ulanylýar, bu hili söz düzüminde I komponent ikinji komponenti san taýdan-da, many taýdan-da anyklaýar.

DEGIŞLILIK SÖZ DÜZÜMINDE SÖZLERIŇ TERTIBI

Umuman, kada boýunça, türkmen dilinde degişlilik söz düzüminde eýelik düşümde gelip, eýelik edijini görkezýän söz birinji orunda, eýelik edilýän zady görkezip, degişlilik goşulmasyny kabul eden söz ikinji orunda gelýär. Meselem: Seniň dişiň, meniň elim.

Käbir ýagdaýlarda I we II komponentleriniň ýeriniň çalşylyp ulanylyşy hem duşýar, bu ýagdaýa şygyrýetde duş gelinýar.

Meselem: Eşitsem, eger-de barjagyň seniň. Jana bir jepadyr maly pelegiň. Gülzar boldy çöli Türkmenistanyň.

DEGIŞLILIK KATEGORIÝASYNDA SAN AŇLADYLYŞY

Degişlilik goşulmalary san aňladyşlaryna görä birlik we köplük şekilindäki toparlara bölünýärler. Emma degişli zadyň eýelik edijä san taýdan gatnaşygy dürli hilidir we çylşyrymlydyr. Degişli zadyň eýelik edijä degişliligi taýdan 3 hili görnüşi bar:

1. Hususy degişlilik: zadyň ýa-da zatlaryň diňe bir adama degişlidigini görkezýär. Munda degişli zat mukdary boýunça iki hili bolýar:

a) birlikdäki zadyň ýekelikde ulanylyşy. Meselem: Meniň galamym, seniň joraň.

b) köplükdäki zadyň bir adama degişlidiginiň görkezilişi. Munda eýelik ediji bir, eýelik edilýän zat köp. Şeýle bolanda, degişli predmeti aňladýan söze degişlilik goşulmalaryndan öň –lar/-ler köplük goşulmasy goşulýar. Meselem: Seniň saçlaryň, onuň sözleri, meniň işlerim.

2. Ortalyk, kollektiw degişlilik: zadyň ýa-da zatlaryň birden artyk adama degişlidigini aňladýar. Bu hem iki hili bolýar.

a) bir zadyň köplüge degişli bolmagy. Bu ýerde predmetiň, zadyň topara, kollektiwe degişlidigi, ortalykdygy aňladylýar: ýagny eýelik edýän köp, degişli zat bir. Meselem: Biziň toparymyz, biziň žurnalymyz. Bu ýerde –myz/-miz/-ymyz/-imiz… goşulmalary köplük sanyň –lar/-ler goşulmalarynyň goşulan sözlerinden aňlanylýan ýaly düşünjäniň köplügi aňladylmaýar, birinji komponent bilen sazlaşyp, eýelik edijiniň köpdügini aňladýar.

b) Köplükdäki zadyň köplüge degişli bolmagy. Birnäçe zadyň, köp predmetiň kollektiwe, köp adama degişlidigi aňladylýar: biziň ekinlerimiz; siziň kitaplaryňyz.

3. Umumy (abstrakt) degişlilik.

Eýelik düşümde gelen atlaryň we at çalyşmalarynyň yzyna –ky/-ki goşulmasynyň goşulmagy bilen hasyl bolýar. Meselem: Meniňki, çopanyňky, birleşigiňki.

Bu hili degişlilik eýelik edijini görkezse-de, onda nämä eýelik edilýändigi, nämäniň degişlidigi belli bolmaýar. Şonuň üçin hem şeýle ýagdaýda eýelik edilýän zat kontekstde (sözlemde) gelende, anyk bolýar. Umumy degişlilikde sözler aýyklaýan we aýyklanylýan şekilde ulanylmaýar. Eger-de degişli zadyň görkezilmegi zerur bolsa, ony aňladýan söz –ky/-ki goşulmasyny kabul eden umumy degişlilik aňladýan sözden öň getirilýär. Bu ýagdaý özbaşdak bir sözlem emele getirip, onda eýelik edijini aňladýan söz sözlemiň habary, degişli zady aňladýan söz sözlemiň eýesi bolýar. Meselem: Odun ýygnanyňky. Parta uniwersitetiňki.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Ilim-günüm bolmasa, aýym-günüm dogmasyn. Ýadyňky ýadyňdan çykar, özüňki janyňdan öter. Myhmanyňky üç gün, üç günden soň göçgün. Ýetim aşy ýarma-köje, ol hem bişer ýary gije. Gelnimiň aýagy, çopanymyň taýagy. At çapanyňdan-a geçdik, eýeriň gaşyna berk ýapyş. Ýagym siz bolsaňyz, ýaragym hyşa. Ýaz ýapynjaňy ýanyňdan goýma, gyş bolsa halanyňy et. Sakgal meniňki bolsa-da, ygtyýary mollada. Işanym diýip eşegimden aýryldym, hojam diýip horjunymdan. Içigaranyňky özüne, garagoluňky uly ile. Onuň at-owazasy ile ýaýrap ugraýar. Aýdymlaryň ençemesi ýaňlandy.

SYPATLARYŇ LEKSIKA-GRAMMATIK AÝRATYNLYKLARY

Türkmen dilinde zatlaryň ýa-da düşünjeleriň hil, häsiýet, alamat taýdan aýratynlygyny görkezilýän sözlere **sypat** diýilýär. Sypatlar atlary, atlaşan sözleri aýyklaýarlar we olaryň dürli aýratynlyklaryny görkezýärler. Meselem: uzyn agaç, alçak gyz, aglak çaga, sary ýüpek...Sypatlar beýleki söz toparlaryndan leksika-semantik, morfologik, sintaktik aýratynlyklary bilen tapawutlanýan özbaşdak söz toparydyr.

I.**Sypatlaryň leksika-semantik aýratynlyklary**: Olar atlaryň dürli aýratynlyklaryny görkezip, nähili? neneňsi? niçiksi? haýsy? ýaly soraglara jogap bolýarlar. Atlaryň öňünden gelip, olara many taýdan baglanyşmak bilen sypatlar baglanýan adynyň manysynyň hil, reňk, ýagdaý, gylyk-häsiýet, orun, tagam, daşky görnüş we ş.m. aýratynlyklaryny bildirýärler. Meselem: giň otag, kanagatly adam, dury asman, suwsuz ýap, mekir gyz, sandyrawuk ses. Şu zatlary görkezmek aýratynlygy tarapdan sypatlar dilde zatlaryň dürli aýratynlyklaryny anyklaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Şeýlelikde, sypat kategoriýasyna degişli sözleriň hemmesine mahsus bolan umumy semantik many-zatlaryň, düşünjeleriň hilini aňlatmakdyr. Asyl, ýasama, goşma-tirkeş sypatlar hem, dürli-dürli leksik manylary (hil, göwrüm, tagam, reňk, gylyk-häsiýet we ş.m.) aňladýan sypatlar hem bir umumy many-hil bildirýärler. Şu alamaty boýunça hem olar zat aňladýan atlardan, ýagdaý aňladýan hallardan we ş.m. tapawutlanýarlar.

II. **Sypatlaryň morfologik aýratynlyklary**-alamatlary olaryň söz ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalara bolan gatnaşygynda ýüze çykýar.

1. Sypatlaryň ýasalyşyndaky aýratynlyk: sypatlaryň diňe sypat ýasamaga hyzmat edýän ýörite goşulmalary bardyr. Olar isimlerden we işliklerden sypat ýasaýarlar. Şeýle

goşulmalara –ly/-li, -ky/-ki, -daky/-däki; -syz/-siz; -jaň/-jeň ýaly gadymy hem-de türki dilleriň köpüsinde iň öndümli hasaplanýan goşulmalar degişlidir. Bulardan –ly/-li goşulmasynyň asylky nusgasy –lyg/-lig/-lyk/-lik görnüşinde Mahmyt Kaşgarynyň sözlügine we gadymy ýazuw ýadygärliklerimiziň dilinde duşýar. Bu goşulma rus dilinden we onuň üsti bilen geçen sözlerden sypat ýasamakda-da işjeň ulanyldy: kontaktly baglanyşyk, motorly gaýyk. Häzirki döwürde –ly/li goşulmasy has işjeňleşdi.

2. Şeýle-de isim ýasaýjy goşulmalaryň birnäçesi dürli sypatlary ýasamaga hem gatnaşýarlar: -çy/-çi: gara-çy mal, gybat-çy, jedel-çi; ak/-ek: gork-ak, ürk-ek, gyz-gyn çaý we ş.m.

3. Sypatlar dereje aňladýarlar: Ýörite dereje ýasaýjy goşulmalar arkaly we sintaktik ýol bilen sypat derejeleri ýasalýar. Sypat derejeleri sypatlandyrýan zadynyň adaty aýratynlygyndan artyklygyny, kemdigini ýa-da sözleýjiniň şol zadyň aýratynlygyna, bolşuna, hiline hususy garaýşyny: söýgüsini, guwanjyny aňladýar. Meselem: akja gar, agymtyl mata, ap-ak diwar, gara saç, garaja saç, gap-gara saç we ş.m.

4. Sypatlar öz hyzmatynda gelenlerinde şekil ýasaýjy goşulmalary we söz üýtgediji- ýöňkeme, düşüm goşulmalaryny kabul etmeýärler. Sypatlar öz aýyklaýan adyna söz üýtgediji goşulmasyz, manysy arkaly baglanýar.

Çylşyrymly goşulma bolan –daky/-däki (wagt-orun düşümiň goşulmasyndan we –ky/-ki sypat ýasaýjydan ybarat) orun ýa-da wagt aňladýan sypat ýasaýjy söz üýtgedijilerden soň hem goşulyp sypat ýasap bilýär. Ol goşulmalaryň söze goşulyş tertibine eýermeýän az sanly goşulmalaryň biri bolup durýar.

Sypatlar barada tä soňky döwre çenli düýpli ylmy derňew geçirilmedi. Elbetde, sypatlar barada okuw kitaplarynda, makalalarda käbir maglumatlar berildi. Sypatlar giňişleýin ylmy derňew hökmünde 1995-nji ýylda „Türkmen

dilinde sypatlaryň ýasalyşy we many toparlary“ ady bilen kandidatlyk dissertasiýa hökmünde öwrenildi.

III. **Sypatlaryň sintaktik aýratynlyklary:** Sypatlar sözlemde, esasan, atlaryň öňünden gelip, sypat aýyrgyjy bolýarlar. Sypatlar öz aýyklaýan sözlerine sintaktik baglanyşygyň ysnyşma ýa-da ýanaşma täri arkaly baglanýarlar. Şonuň ýaly baglanyşykda sözler goşulmalar arkaly baglanyşmaýar, many, tertip arkaly baglanyşýarlar. Meselem: mähnet haýwan, arassa jaý, gök guşak we ş.m.

Sypatlar zatlaryň belli bir bölegine degişli aýratynlygy aňladyp gelenlerinde, olar aýyklanýan bölegiň adyndan soňra, tutuş zatdan öň getirilýär. Aýyklanýan zadyň bölegini aňladýan söz sypatdan öň üçünji ýöňkemede gelýär. Meselem: ýüzi-gözi nurly, aýagy çokaýly ýaşuly adam, haty owadan talyp, şahy döwük sygyr, ýüregi gara adam we ş.m.

Şeýlelikde, sypatlar beýleki söz toparlaryndan özboluşly (semantik, morfologik, sintaktik) aýratynlyklary boýunça düýpli tapawutlanýan leksika-grammatik kategoriýadyr.

Sypatlar sözlemde at ornunda gelip, atlaşmaga ukyply söz toparydyr. Meselem: süri ilerki ***beýikden*** aňyrda otlap ýör. ***Ýamanyň*** ýamanlygyny aýt, pikir etsin, ***ýagşynyň*** ýagşylygyny aýt, şükür etsin.

Atlaşyp gelende sypatlar sözlemiň dürli agzalary bolup bilýärler, edil atlaryň hyzmatyny ýerine ýetirip, atlaryň üýtgeýşi ýaly-da üýtgeýärler.

Emma bu ýagdaýlar kadadan çykma hökmünde, haýsydyr bir adyň düşüp galmagy netijesinde bolýar. Köplenç sypatlar öz hyzmatynda ulanylýar we sözlemde sypat, wagt, barlyk, ýokluk aýyrgyjy bolup gelýärler. Meselem: ***Ýagty jaý, gönümel adam, düýnki howa, çagasyz öý.***

Şeýle-de käbir sypatlar hallaryň ornunda gelip, işlige baglanmaga-da ukyplydyr. Köp wagta çenli şeýle sözleri ada baglansa sypat, işlige baglansa hal diýip kabul etmeli diýen

ýörelge öňe sürüldi. Emma H. Gafurowanyň "Häzirki zaman türkmen dilinde hallar" (Aşgabat, 1959) diýen işinde bu mesele belli-külli aýdyňlaşdyrylypdyr. Mysal üçin, ***Aman ýagşy okaýar. Ol sapagyna gowy ýetişýär*** ýaly sözlerde ***ýagşy, gowy*** sözlerini işlige baglanýandygy sebäpli hal hasaplanmaly diýilmegi rus grammatikasyna zoraýakdan eýermek bolup çykýar. Emma şeýle ýagdaýlarda söz toparlary bilen sözleriň sintaktik wezipesini garyşdyrman, olaryň aýratynlykda alnandaky leksik-semantik manysyna seretmeli. Mysal üçin, atlar hem başga bir adyň öňünden gelip, aýyrgyç wezipesinde ulanylyp, edil sypat ýaly üýtgediji goşulmalar bilen üýtgeşmän, atlara baglanyp bilýär. Muňa garamazdan, bu sözler ada baglananlary üçin sypatlar hasaplanman, sözlemde ýerine ýetirýän wezipesi boýunça aýyrgyç, morfologik taýdan sypat hyzmatynda gelen at hasaplanýar. Meselem: demir krowat, agaç çemçe, demir ýol, altyn sagat.

- ç***a –çe*** goşulmasy aslynda hal ýasaýjy – rusça gepleýär – hal, rusça sözlük diýen mysalda-da sypat däl-de, sypat hyzmatynda ulanylan, hem şekil, hem many taýdan hal bolup durýarlar.

Sypatlar ortak işliklere-de golaýdyr: soraglary, aýyklaýan sözleri, ýagny gelýän orunlary birmeňzeş: ***gülýän çaga, gülek çaga, işlemeýän gyz, edepli gyz.***

M. Petjikowa "Sypatlaryň ýasalyşy we many toparlary" (Aşgabat, 1995) atly kandidatlyk dissertasiýasynda **güler** ýüz, **akar** suw, **dolmuş** adam, **dogduk** mekan, **guýma** gursak, **dürtme** gursak, **goşa** ýaz, **goşa** hasyl ýaly dürli işlik görnüşleriniň, iş atlarynyň leksikalizasiýalaşmagy bilen emele gelen sözleri ýasama sypatlara goşýar. Özi-de türkmen dilinde sypatlara degişli barlaglardaky maglumatlaryň üstüni şonuň bilen ilkinji gezek doldurýar. Dogrudanam, bu işlik şekilleriniň käbir sözleri belli bir derejede öz öňki manysyndan daşlaşyp,

sypatlara öwrüleňkirläpdir. Diňe şu sözlerde şeýle özgerme bar.

Häzirki zaman türkmen edebi dilinde sypatlar arap, pars we rus dillerinden geçen alynma sypatlaryň hasabyna baýlaşypdyr.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Myhman birinji gün gyzyl, ikinji gün kümüş, üçünji gün mis, dördünji gün pis. Pyýada at görkezme, dula aýal. Sag ýatsa ýaman, syrkaw gezse. Sabyr edenler garadagy ýer eder, bisabyrlar haýyr işi şer eder. Ýalançy ýarymaz, ogry baýamaz. Ýuwaş-bimaza. Ýabyň al bolmasyn, biziň çal. Ýalaňaç dyzy ýyrtyga güler. Bidöwlet ynanjaň, käsip käýinjeň. Baý halky ýaňra bor, garry öwünjeň.

Sypatlaryň beýleki söz toparlaryna gatnaşygy

Jemgyýetiň ösmegi bilen ýüze çykýan täze-täze düşünjeleri aňlatmakda diliň içki serişdeleri uly ähmiýete eýedir. Şol içki serişdeleriň biri-de söz toparlarynyň hyzmatyny giňeldip, bir-biriniň ýerine gelip, ulanylyp bilmegidir.

Sypatlar türkmen dilinde özbaşdak söz topary hasaplanýan bolsalar-da, olaryň beýleki söz toparlaryna ýakyn taraplary hem bar. Türkmen dilinde käbir köp manyly sözleri belli bir söz toparynyň hataryna goşmak kyn. Olar dürli ýagdaýlarda at hyzmatynda, ýa-da sypat, hal hyzmatynda hem gelip bilýärler: Mysal üçin: Başy agyrmaýanyň ýanynda başym agyrýar diýme. (kelle manysynda-Baş- at) Baş bolmasa, göwre läş. Baş (esasy) barmak, häzir ýurtda asudalyk baş mesele (Baş -sypat)

Gök (asman manysynda-at). Almany göge zyň. Gök otlar gögeripdir (Gök-sypat). Sary-ýumurtganyň sarysy (at).

Sary towuk (sypat). Gyzyl görse, Hydyr azar (Gyzyl – altyn manysynda at). Gyzyl balyk (sypat).

Bu hili sözleriň haýsy öz toparyna degişlidigini olary sözlemde getirmek arkaly kesgitläp bolýar. Şonda olaryň aňladýan manysy, sözlemde baglanýan sözleri göz öňünde tutulýar. Sypatlary sözlemde öz hyzmatynda gelenlerinde sintaksis taýdan aýyrgyç bolup gelseler-de, olar atlaşmaga hem ukyplydyrlar. Sypatlaryň aýyklaýan ady düşüp galanda, şol adyň ähli aýratynlyklaryny, üýtgediji goşulmasyny hem özlerine kabul edýärler. Atlaşan sypatlar edil atlar ýaly, aýyklan sözleri sözlemiň haýsy agzasy bolup gelen bolsa, şol agza bolup çykyş edýärler.

Sypatlar bilen ortak işlikleriň arasynda leksik-grammatik umumylyk bar. Ortak işlikler hem sypatlar ýaly atlary aýyklap, olara üýtgediji goşulmasyz baglanýarlar. Bularyň ikisi-de sözlemde aýyrgyç bolup gelýär. Mysal üçin, ýumşak toprak, ýumşan toprak, ösgün gamyş, ösýän gamyş we ş.m.

SYPATLARYŇ GURLUŞY

Gurluşy taýdan sypatlary ilki bilen ***sada sypatlara we çylşyrymly sypatlara*** bölmek bolýar.

Zatlaryň we düşünjeleriň hil, häsiýetlerini, reňk, tagam, ýagdaý ýaly dürli aýratynlyklaryny ýeke bir söz arkaly aňladýan sözlere ***sada sypat*** diýilýär. Mysal üçin, ýiti zehin, döwük äpişge, beýik dag, akylly talyp, depegen sygyr.

Sada sypatlar ýeke söz bilen aňladylýar: ownukçyl adam, gowy gyz we ş.m. Sada sypatlar öz düzümine görä iki topara bölünýär:

1. Asyl sada sypat özbaşdak many aňladýan, ýasalandygy duýulmaýan, bölege bölseň manysyny ýitirýän sypatlardyr. Meselem: göni, dogry, ak, mawy, mele, uzyn, kelte, gysga,

gök. Asyl sada sypatlar ýasaýjy goşulmasy bolmadyk bir sözden ybarat sypatlardyr.

2.Ýasama sada sypat diýlip, asyl we dereje ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen dürli sözlerden ýasalan sypatlara aýdylýar: ýakymsyz habar, döwük araba, gezegen aýak, ýuwdujy batga, duýgur adam, çägesöw ýer, murtlak adam. Diýmek, ýasama sada sypatlara dürli ýasaýjy goşulmalar bilen bir asyl sözden ybarat bolan sypatlar degişlidir. Meselem: Akylly gelin, bezemen gyz, biedep okuwçy, çekinjeň çaga.

Çylşyrymly sypatlar öň diňe goşma sypatlar diýlip atlandyrylypdyr (Häzirki zaman türkmen dili. Aşgabat, 1960, 269 s.), tirkeş, düzme sypatlar hem goşma sypatlaryň arasynda berlipdir we sypatlarda goşma söz görnüşiniň hasyl bolşy hem doly aýdyňlaşdyrylmandyr. Häzirki döwürde olaryň morfologik gurluşy, aňladýan manysy taýdan görnüşleri tapawutlandyrylýar. Çylşyrymly sypatlary leksik-grammatik aýratynlyklary boýunça üç topara bölüp bolar.

1.Goşma sypatlar.

2.Düzme sypatlar

3.Tirkeş we gaýtalanýan sypatlar.

Çylşyrymly sypatlar birden artyk sözleriň getirilmegi bilen aňladylyp, sintaktik söz ýasalyş arkaly hasyl bolýar. Meselem: Iki ýüzli gama, ýeňilkelle gyz, goşa ganatly uçar, hatar-hatar öýler.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Baý – işlese - iş<u>eňňir</u>, işlemese kanagatly, Sözlese – dilewar, sözlemese - salyhatly; Garyp işlese – harsal, işlemese ýalta, Sözlese – lakgy, sözlemese – güň. Batyr bir öler, gorkak müň öler. Ba<u>lykçy</u> müň tümenlik düýş görse, balygyna ýorar.

SYPATLARYŇ ÝASALYŞY

Sypatlar türkmen dilinde ýasalyş usuly boýunça iki topara bölünýärler.

1. Morfologik ýol bilen ýasalan sypatlar

2. Sintaktik ýol bilen ýasalan sypatlar

Sypatlar **morfologik ýol bilen** dürli asyl ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen atlardan, sypatlardan, çalyşmalardan, işliklerden we beýleki söz toparlaryndan ýasalýarlar.

Morfologik ýol bilen ýasalan sypatlar goşulmalaryň haýsy söz toparyna goşulýandygyna garap:

1. Isimlerden sypat ýasalyşy

2. Işliklerden sypat ýasalyşy diýen toparlara bölünýär. Sebäbi isimlerden sypat ýasaýan goşulmalar işliklere goşulyp bilmeýär we tersine.

Sypatlar isimlerden goşulmanyň gelip çykyşyna görä: **1. Türkmen diliniň öz goşulmalary arkaly** we **2. Alynma goşulmalar arkaly** ýasalýarlar.

Sypatlaryň türkmen diliniň öz goşulmalary arkaly ýasalyşy

Türkmen diliniň öz sypat ýasaýjylarynyň hemmesi suffikslerdir. Türkmen dilinde isimlerden sypat ýasamak üçin köp sanly ýasaýjy goşulmalar ulanylýar. Olar, köplenç, atlara, sypatlara, sanlara goşulyp, dürli-dürli manydaky sypatlary ýasamaga hyzmat edýärler. Türkmen dilinde isimden sypat ýasaýjy goşulmalaryň gelip çykyşyna görä bu hem iki hili bolýar.

1. Isimlerden sypatlaryň türkmen diliniň öz goşulmalary arkaly ýasalyşy.

2. Türkmen dilinde sypatlaryň alynma goşulmalar arkaly ýasalyşy.

Sypatlaryň türkmen diliniň öz goşulmalary arkaly isimlerden ýasalyşy.

-ly/-li goşulmasy iň öndümli goşulmalaryň biridir. Bu goşulma goşulan sözüniň asyl manysyna görä, hil, häsiýet, adatdan daşary ukyp, daşky görnüşini we sypatlandyrýan sözüniň bir zada eýe bolýandygyny, oňa bir zadyň degişlidigini aňladýar. Meselem: akylly adam, dogumly ýigit, mally kişi, gumly gelin, dagly gyz, aşgabatly myhman, göçme manyly: arkaly köpek, duzly söz.

Barlyk we hil aňladýan sypatlary: edenli ýigit, dogumly çaga, bilimli kişi, saçakly gatnaşyk, orun aňladýan: obaly gyz, göçme manyly sypatlary ýasaýar: agyzly ýolbaşçy, dilli gyz, döwletli ýaşuly. – ly-li goşulmasydyr. Şeýle dürli-dürli manylary aňladýan bu goşulma öz hyzmatyny giňeldip, ulanyşda, amatlylygy, köp manyny öz üstüne alyp bilýänligi üçin, rus dilinden we rus diliniň üsti bilen geçen sözlere, ýer-ýurt atlaryna hem goşulyp sypat ýasaýar: kontaktly baglanyşyk, tokly sim, argentinaly myhman we ş.m.

1) – syz/-siz goşulmasy bu goşulma asyl we ýasama atlardan, zatda bir alamatyň köpdügini ýa-da azdygyny görkezýän sypatlary ýasamaga hyzmat edýär. Mysal üçin tagamsyz gawun, ýakymsyz habar, jansyz göwre, duzsu nahar. Bu goşulma ýokluk sypatlaryny ýasamak bilen birlikde, tersine, aýyklaýan sözüniň aňladýan aýratynlygynyň örän köpdügini hem bildirýär: sansyz goşun, taýsyz gahrymançylyk, tükeniksiz hazyna, dyngysyz gatnaw.

2) –çy/-çi goşulmasy bu goşulma gylyk-häsiýet, kär görkezýän sözleri ýaşaýar. Suwagçy, yrymçy garry, dawaçy adam, garaçy mal, jedelçi çaga, tahýaçy.

3) –çyl/-çil goşulmasy janly zatlaryň ukybyny, gylyk-häsiýetini bildirýän sözleri ýasaýar. Mysal üçin köneçil,

gaýgyçyl, ukyçyl, arzuwçyl, dogruçyl, gürrüňçil, süýjüçil çaga.

4) –ky/-ki goşulmasy wagt bilen baglanyşykly ulanylýan sözlerden wagt aňladýan sypatlar ýasaýar. Mysal üçin, gije, gadymky, ertirki, öňki. Bu goşulma ugur-tarap aňladýan sözlerden orun görkezýän sypat ýasaýar. Mysal üçin, çetki gaýraky, ýokarky, ilerki, bärki, işki.

Şu goşulma ýene-de wagt-orun düşümde gelen atlaryň, çalyşmalaryň yzyna goşulyp, -daky/ -däki şekilinde orun aňladýan sypat ýasaýar. Mysal üçin, sendäki, synadaky, gökdäki, ondaky. Şu goşulma manysyndan wagt aňlanýan sözlere goşulyp, wagt aňladýan sypatlar ýasaýar. Mysal üçin, tomusdaky kanikul, gyşdaky, güýzdäki, ýazdaky, we ş.m.

5) –lak/ -lek goşulmasy. bu goşulmany kabul eden sözler janly zatlary adyny aýyklap gelýär. Aýyklaýan adynda bir aýratynlygyň artykdygyny, boldugyny, köpdügini bildirýär. Mysal üçin: tüýlek, saçlak çaga, zülplek gelin, gaşlak gyz.

-jaň/-jeň: işjeň ýigit, höwesjeň artist, gaharjaň gyz, namysjaň adam.

-ça/-çe goşulmasy aslynda hal ýasaýjy. Mysal üçin köýnekçe oglan, rusça sözlük diýlende hal däl-de sypat hyzmatynda gelýär.

-lyk/-lik/-luk/-lük: zadyň nämä niýetlenendigini aňladýar ***onluk çyra, güýzlük bugdaý, kostýumlyk mata, agaçlyk ýer, hepdelik gazet, daşlyk ýer.*** Bu goşulma bilen ýaşalan sypatlar, esasan atlaşýarlar, aýyklaýan sözi galdyrylsa, sypat atlaşýar.

-sow/-söw goşulmasy **Meselem:** çagesöw ýer, mekirsöw garaýyş, guraksow toprak, kümüşsöw sakal, damaksow garry,

-laç/-leç: samsyklaç gülki, sübseleç sakal, köseleç ýüz.

-sy/-si: gödeksi ýüz, tutuksy asman, öçügsi yşyk, soluksy reňk, merdemsi aýal.

Başga-da isimden sypat ýasaýjy birnäçe önümsiz goşulmalar bar. ***-mal/-mel*** **-** tanymal lukman, gönümel adam; ***-eňňir-*** işeňňir; ***-ňur-*** çuňňur guýy, ***-mçik/--ymçyk*** irimçik mata, ýarymçyk iş we ş.m.

Alynma goşulmalar bilen sypat ýasalyşy

Türkmen dilinde sypat ýasaýjy alynma goşulmalaryň arasynda arap-pars dillerinden geçen we rus dilinden geçen goşulmalar biri-birinden tapawutlanýarlar.

Arap-pars dilinden geçen goşulmalar arkaly sypatlaryň ýasalyşy

Bularyň hemmesi ilki özbaşdak geçmän, bile ulanylýan sözleri bilen geçipdirler. Olardan birnäçesi sözüň öňünden goşulyp sypat ýasaýarlar.

bi- bigaýrat, bimaza, bibaş, bitertip, biçäre.

Na-/nä- nädogry, namart, näbelli, nätanyş, näsag, nämälim, nätakyk, nämährem, namyrat

Bet- betgylyk, bezzat. Betpäl, bedasyl.

Sözüň soňundan goşulýan goşulmalar

-y/i, -ýy Yslamy, Pyragy, Wepaýy. Türkmeni goýun, gazaky ýaby, merkezi komitet, diwary gazet, ylmy iş, taryhy waka, synpy göreş, garaköli bagyna, sähraýy, howaýy, hakyky tebigy, milli, edebi**.**

-ana goşulmasy. Şahyr-ana, erk-ana, türk-ana, görk-ana, nur-ana.

-anda/-ende sazanda, şermende, göý-ende, gez-ende.

-Kär, -gar, -hor, -hon jogap-kär, küýze-gär, hile-gär, mugt-hor, namaz-hon, azaýym-hon, süýt-hor. (sut parsça - peýda)

-göý jady-göý, suhan-göý, doga-göý

Rus dilinden we onuň üsti bilen geçen sözlerden sypat ýasalyşy. Rus dilinden geçen sypatlaryň goşulmalary gysgalydyp, bir bölegi taşlanyp, alynma sypatlar emele gelýär.

Genialnyý-genial, Fonetiçeskiý-fonetik, Sosialnoe-sosial, federatiwnyý-federatiw, molekulýarnyý-molekulýar, subýektiwnyý-sibýektiw, legendarnyý-legendar, obýektiwnyý-obýektiw, populýarnyý-populýar, deklartiwnyý-deklaratiw, tipiçnyý-tipik, konserwatiwnyý-konserwatiw, antiçnaýa-antik, komissionyý-komission, arhaiçnaýa-arhaik , telewizionnyý-telewezion, awiasionnyý-awiasion

Diliň ösüşiniň häzirki döwründe alynma sözler we olaryň goşulmalarynyň diliň içki serişdeleri arkaly berlişi ýörgünlidir.Şonda alynma goşulmalar türmen diliniň goşulmalary aarkaly berilýär. Häzirki wagtda türkmen dilinde diňe – ***ik*** halkara (internasional) goşulmasy bar. Meselem: termoplastik özgermeler, geodezik ölçegler.

Ylmyň dürli ugurlaryna degişli sözlerden sypat ýasamakda "-***i***" goşulmasy işjeň ulanylýar. Himiki madda, teoritiki çözgüt. Şu goşulma kär-hünär bilen meşgullanýan şahsyň adyny-adamy aňladýan halkara sözleriň yzyna hökman goşulýar: teoretik alym teoretiki çözgüt, mehanik-inžener-mehaniki hereket, himik alym-himiki dükün. Emma ýurist, lingwisit, fonetist, leksikolog ýaly kär ady başgaça aňladylýan sözlerde –i goşulman, diňe –ik arkaly sypat aňladylýar: ýuridik esas, fonetik derňew, leksikologik barlag we ş.m.

IŞLIKLERDEN SYPAT ÝASALYŞY

Işlik söz toparyndan goşulmalar arkaly sypat ýasamakda birnäçe goşulmalar has işjeňdir. Işliklerden ýasalan ýasama sypatlar belli bir derejede isimlerden ýasalan sypatlardan tapawutlanarlar. Işliklerden ýasalan sypatlar işlikden bolan

asyl söziň manysyna görä, gymyldy hereketiň netijesini, gymyldy – hereketiň netijesinde emele gelen hili, alamaty, görnüşi, ýagdaýy aňladýarlar. Meselem, bogik ses, basyk ses, tutuk asman, çytyk ýüz, aglak çaga, ýylmançak gaýa, sürçek ýol, gyýçak daş.

-ak/-ek/-k goşulmasy Meselem: aglak çaga, depek mal, gorkak oglan, ürkek mal

-yk/-ik/uk/-ük/-k goşulmasy Meselem: kesik mata, ýyrtyk köýnek, deşik bedre, bozuk oýunjak, döwük araba

-gyr/-gir/gur/-gür goşulmasy Meselem: duýgur ýürek, gitgir ýorga, çagyr at, algyr laçyn, görgür göz, kesgir akyl

-ma/-me goşulmasy Meselem: düzme san, gömme çörek, silkme telpek, ýasama bezeg, degişme gürrüň, sümme tokaý. Şu goşulmanyň iş atlaryny ýasaýan goşulmalaryň biridigini bellemek gerek. Bu goşulma aslynda sypat ýasaýjy däldir, munuň kömegi bilen ýasalan birnäçe, sanlyja sözler öz manylaryndan daşlaşyp leksikalizasiýalaşyp, sypatlara geçipdirler.

-gyn/-gin/-gun/-gün goşulmasy Meselem: azgyn ýara, bitgin ot, ergin ýag, gurgun öý, ösgün saç, gyzgyn nahar, çapgyn sowuk

-jaň/-jeň goşulmasy Meselem: utanjaň, ýaranjaň, öwünjeň, çekinjeň, soranjaň, gabanjaň, sypanjaň, Hem işliklerden, hem isimlerden sypat ýasamak aýratynlygy bar.

-gy/-gi goşulmasy Meselem: asylgy geýim, tikiligi köýnek, suwalgy tamdyr, gurulgy goş, tutulgy öý, seriligi eşik, çökeriligi düýe, eplengi mata, gaňtarylygy at, oýnatgy oglan,

-agan/ -egen goşulmasy Meselem: depegen, gapagan, ýokaşagan, çapagan

-gak/-gek goşulmasy Meselem: gaçak adam, taýgak ýer, bezgek mal,

-çak/-çek goşulmasy Meselem: gyýçak daş, sürçek ýer, bulançak suw,

-ançak/-gançak goşulmasy Meselem: typançak, ýylmançak, taýgançak

-yjy/-iji/-ujy/-üji goşulmasy Meselem: ýazgaryjy nazar, ýalbaryjy äheň, ýuwdujy batga, ýyrtyjy guş, ulaldyjy aýna, aýdyjy bagşy

-wuk/-wük goşulmasy Meselem: ýalpyldawuk mata, şakyrdawuk kagyz, sanwrawuk ses,

-arman/-ermen goşulmasy Meselem: atarman-çaparman, ölermen, edermen. Şu goşulma çylşyrymly bolup, onuň –ar/-er bölegi ortak işligiň goşulmasydyr, -mn/-men bölegi bolsa şol durşuna atlara goşulyp, sypat ýasaýar: -gabakman, kirpikmen, seňrikmen, aýakman.

Käbir önümsiz sypat ýasaýjy goşulmalar: -w: ýada-w, -gyç/-giç: bilgiç garry, saýgyç taýak, -ar/-er: güler ýüz, söwer dost, suw, -ç: eýmenç ýüz, - dajy: aldajy aýaz, -y/-i: dol-y küýze, -manda, -ykmanda, -yndy/-indi: tapyndy, gyýkyndy, -***tik*** gümürtik gep, ***-maç*** dolmaç ýüz, gyzmaç häsiýet,-ende: gezende ýaly goşulmalar arkaly hem az sanly sypatlar ýasalýar.

Işlikden sypat ýasaýjy –agan/-egen goşulmasy köp işlerde –agan/-egen görnüşinde görkezilse-de, käbir alymlar ony –gan/-gen şekilinde belleýärler. Olar –agan/-egen goşulmasynyň –a/e bölegini hal işligiň goşulmasy haaplaýarlar. Dogrudan-da, hal işligiň –a/-e goşulmasy, gaýtalanyp, tirkeş işliklere goşulýar we gymyldy hereketiň köp gaýtalanýandygyny, yzygiderli ýüze çykýandygyny aňlatmaga hyzmat edýär. Meselem: serede-serede ýadady, diýe-diýe dilim syryldy- baka-baka gözi doýmady, aýda-aýda aýtmaz boldy, göre-göre gelýäris we ş.m. –gan/-gen goşulmasy hem şu tirkeş işlikleriň aňladýan manysyny bermäge ýöriteleşipdir we köp gaýtalanýan, yzygiderli bolup geçýän gymyldy-hereketiň netijesinde ýüze çykýan gylyk-häsiýeti aňladýar. –gan-gen goşulmasynyň –a böleksiz, diňe –

gan-gen şekilinde bolmalydygyny käbir alymlar belläp geçýärler. Hakykatdan-da, bu goşulma endige öwrülen gymyldy hereket bilen bagly sypatlary ýasaýar, emma käbir sözlerde –a/e bölegini onuň düzüminden aýyrmak mümkin däl. Bu goşulmanyň –a/-e bölegi hal işligiň goşulmasy bolup, ol häzirki türkmen dilinde çylşyrymly goşulma hökmünde bitewileşipdir. Türkmen dilinde sypatlaryň ýasalyşynda käbir sözlere we olaryň düzümindäki goşulmalara birtaraplaýyn garaýyş bar. Meselem: güler ýüz, akar suw, dolmuş adam, dogduk mekan, goşa hasyl, goşa ýaz, guýma kümüş, guýma gaş, dürtme gursak ýaly mysallarda ortak işlikleriň –ar/-er, -dyk/-dik, -myş/-miş, hal ýasaýjy –a/-e, iş atlarynyň –ma/-me goşulmalary sypat ýasaýjy goşulmalar hökmünde görkezilýär. Emma bu sözler leksikalizasiýalaşyp, öz manylaryndan daşlaşyp, sypat hyzmatyna geçipdirler. Olar aslynda sypat ýasaýjy goşulma hasaplanmaly däldir, işlikleriň dürli şekilleriniň goşulmalarydyr, käbir sanaýmaly sypat halyny geçen sözlerde bolaýmasa, galan ýerlerde olar öz manylarynda ulanylýarlar.

GÖNÜKME: Doly morfologik derňew etmeli.

Barmazak „batyr”, bermezek „ jomart”. Goç boljak guzynyň seňrigi tűňňi bolarmyş. Belent daglaryň başy garly-da bolar, garsyz-da. Ýigit başy sag bolsun, barly-da bolar barsyz-da. Osal bolsaň asarlar, ýuwaş bolsaň basarlar, ortamiýana bolsaň, il agasy ýasarlar. Alanyňa ýaman diýme, müneniňe - çaman.Ak gün agardar, gara gün garaldar. Ak girse-de, aň girmedik. Az iliň azançysy bolandan, köp iliň gazançysy bol. Az iliň danasy gepläp-gepläp däli bolar, Köp iliň dälisi gepläp-gepläp dana bolar. Binamysa her gün toý. Sabyrly gul dura-bara şat bolar, bisabyrlar dura-bara mat bolar. Pulluja oglan-ballyja oglan.

Pulsuz bazara barandan köpünsiz göre giren ýagşy. Pulum-da ýok, dilim-de. Puly bardan bela-da heder eder. Bidöwletiň etegine gowurga guỳsaň, syỳy bilen sowyr. Gűỳji asgyn şelaỳyn gerek. Annaguly söwedeň, garaýagyz, burunlak, ýapy ýaly pyýada bolup ýetişdi (A. Durdyýew).

SYPATLARYŇ SINTAKTIK ÝOL BILEN ÝASALYŞY

Sintaktik söz ýasalyş ýoly bilen goşma, tirkeş, düzme sypatlar hasyl bolýar.

GOŞMA SYPATLAR.

1960-njy ýylda çykan „Häzirki zaman türkmen dili“ atly işde goşma sypatlar barada bir sahypa maglumat berilýär. Goşma sypatlara: „iki ýa-da ondan artyk sözüň birleşmegi bilen predmetiň-düşünjäniň hilini, bolşuny, reňkini, häsiýetini, alamatyny we ş.m. bildirmek üçin ulanylýan söz düzümlerine goşma sypatlar diýilýär“ diýip kesgitleme berilýär. Onda, goşma, düzme, tirkeş sypatlar garym-gatym edilip, hemmesi goşma sypat hökmünde görkezilýär. Emma olar daşky şekil taýdan, struktura taýdan, leksika-grammatik tärler arkaly baglanyşlary taýdan tapawutlanýarlar. Türkmen dili boýunça ýazylan işleriň hemmesinde diýen ýaly goşma sypatlar, tirkeş sypatlar, düzme sypatlar „Goşma sypatlar“ atly temada berilýär. Diňe 1995-nji ýylda sypatlar barada ýazylan dissertasiýada II bölüm „Sypatlaryň analitik usul boýynça ýasalyşy“ atlandyrylyp, onda awtor morfologik gurluşy, aňladýan manylary taýdan dürli hasaplap, sintaktik usul bilen ýasalan sypatlary 4 görnüşe bölýär: 1. Goşma sypatlar. 2. Düzme sypatlar. 3. Tirkeş sypatlar. 4. Şol bir sözüň gaýtalanmagy bilen dörän sypatlar diýip bölýär.

Goşma sypatlara „iki sany sada sözüň özara birleşmegi netijesinde döreýär“ diýip kesgitleme berlipdir (M. Petjikowa. Agzalan iş) Goşma sypatlaryň bir topary ony düzýän sada sözleriň aýry-aýrylykda aňladýan manysy bilen baglanyşykly

emele gelipdir (kemakyl adam, garanebis söwdagär, bugdaýreňk ýüz). Ýene bir topary haýsy-da bolsa bir tarapdan meňzedilmek ýoly bilen döreýär.

1958-nji ýylda çykan „Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözler“ atly işinde R.Berdiýew türkmen dilimdäki hemme goşma sözleri üç hili sintaktik baglanyşyk netijesinde emele gelen diýip hasaplapdyr. M.Petjikowa hem öz işinde R.Berdiýewiň şol pikirini goldanypdyr. Şeýlelikde, goşma sypatlaryň üç hili sintaktik baglanyşyk esasynda emele gelendigi aýdylýar.

Goşma sypatlar birden artyk sözüň basym taýdan birleşip, bir many- aýratynlyk, alamat aňlatmagyndan emele gelýär. Meselem: durnagöz çeşme, göwnaçyk gyz. Goşma sypatlary hasyl etmäge dürli söz toparlary gatnaşýarlar:

1.At bilen atdan hasyl bolan goşma sypatlar: bagtyýar nika, göwnejaý iş, gelinbarmak üzüm, mäşbürünç sakal “Ýelli pýan wagty bir *garym-gatym* söz aýdan bolsam, şony bagyşlasynlar diýip, meni iberdi”- diýdi.

2. Sypat bilen at: salpaýak, garrygyz gawun, dargözenek depder, ýeňilkelle adam, açgöz sygyr, uşakgöz elek, maýdagöz tor, ýaşylbaş ördek, doňýürek gyz, giňçyzyk kagyz.

3. At bilen sypat: agzala, ýaşuly, ýaşkiçi.

4. At bilen işlik: nalajedeýin, zähmetsöýer, garasöýmez, tüýkesme, gaýragoýulmasyz, gözedürtme.

5. San bilen sypat: birsydyrgyn, birtaraplaýyn, ikiýüzli, birkemsiz.

6. Işlik bilen sypat: depmehalal iş, tutanýerli talyp, diýdimzor başlyk.

Gönükme: Doly morfologik derňew etmeli.

Çapyljak atlar aýgytly ýaryşy syzýanlary üçin, kiçijek gulaklaryny üşerdip, dumly-duşlaryna garaýardylar. Şol günüň günortanlary Annagulynyň kakasy bilen ejesi işden gelip, işiklerindäki köneje tamjagazyň kölegesinde çaý

içýärdiler. Gapdallarynda hem sary semawar lakyrdap gaýnaýardy. Ene towuk gapdalda duran daryny çüňki bilen peşedi we “dük, dük, dük” edip, jüýjelerini çagyrdy. Ol saryja jüýjeler bolsa dara hyýal etman, jamdaky ezilgi çörek owuntyklaryny iýdiler. Şol wagt towugyň perleriniň arasyndan çowluja gara çüňk, onuň yz ýanyndan bolsa kiçijik monjuk ýaly gözjagazlar göründi. Ahyrsoňy towugyň aşagyndan garaja, öňki jüýjelerden has kiçi jüýje çykdy. Oglanjyk öz kiçijik düşekçesinde irden ýatyp galdy.

TIRKEŞ SYPATLAR

Bular sözleriň gaýtalanyp ýa-da tirkeşip gelmeginden hasyl bolýarlar. Tirkeş-gaýtalanýan sypatlaryň her komponenti öz basymy bilen aýry-aýry aýdylýar: ululy-kiçili garpyzlar, diş-diş haýat, al-ýaşyl güller, hatar-hatar öýler. Tirkeş sypatlar sada sypatlar ýaly, zatlaryň aýratynlyklaryny, häsiýetini görkezip, leksik-semantik tarapdan jemligi, umumylaşdyrmagy, gapma-garşylygy aňladyp gelýärler. Tirkeş sypatlaryň manysyndan hemişe köplük, şol bir aýratynlygyň bollugy, artykdygy aňlanylýar. Olar zadyň reňkini (ak-gara, gyzyl-ala, al-ýaşyl), tagamyny (ajy-süýji, şirin-şeker, datly-tagamly), zadyň möçberini, ýagdaýyny (ululy-kiçili, beýikli-pesli, kiçi-girim, agyr-ýeňil) we ş.m. görkezýärler. Tirkeş sypatlar hem düzümindäki sözleriň haýsy söz toparyndan bolandygyna görä, dürli-dürlidir.

1.Şol bir sypatyň üýtgewsiz gaýtalanyp gelmegi bilen ýasalýar, gyzyl-gyzyl horazlar, belent-belent daglar- belli bir görnüşde bolan zady sypatlandyrmaly bolanda olar ulanylýar. Atlaryň üýtgewsiz gaýtalanyp, sypat hyzmatynda gelmek häsiýeti bar. Meselem: *halka-halka* zülpleriň kemendi dara ogşar (Kemine). Ol ýerde şaha-şaha nabatlar, *üýşmek-üýşmek* süýjüler rejelenip goýlupdyr.

2.Dürli manyly asyl sypatlaryň tirkeşmeginden hasyl bolan tirkeş sypatlar daşky şekili taýdan meňzeş bolmadyk, dürli zatlary sypatlandyrýarlar: geň-enaýy gep, al-ýaşyl gül, gyzyl-ala geýim.

3. Iki komponenti-de ýasama sypatlardan bolan tirkeş sypatlar: akly-garaly goýun, baranly-çisňenli daglar, arly-namysly il, gulanly-keýikli düzler.

4. Manysyndan san aňlanýan tirkeş sypatlar hem bar: ýigrimili-otuzly atly, az-kem däne, on-on bir ýaşly çaga.

5.Komponentleriniň biri özbaşdak manyly, beýlekisi manysyz sözlerden hasyl bolan tirkeş sypatlar: arryk-durruk goýun, atly-çawly han, köne-küşül geýim, kiçi-girim zat, dürli-dümen iýmit, gyşyk-gyňyr sim.

6.Komponentleriniň ikisi-de özbaşdak many aňlatmaýan tirkeş sypatlar: ojuk-bujuk zat, hyşy-wyşy gürrüň we ş.m.

DÜZME SYPATLAR

Özbaşdak ýazylýan, her komponenti özbaşdak basymly, köplenç deňdeş bolmadyk sözleriň sintaktik taýdan baglanyşyp gelip, bir sözi aýyklap, onuň aýratynlygyny sypatlandyrmagyna **düzme sypat** diýilýär. Olar köplenç zadyň belli bir bölegi sypatlandyrylanda ulanylýar. Bular hem goşma sypatlaryň bir görnüşi bolup, grammatik gurluşy, manysy boýunça olardan biraz tapawutlydyrlar. Düzme sypatlar iki we ondan artyk ýönekeý sözleriň düzülmegi netijesinde hasyl bolýarlar. Aňladýan manylary boýunça zatlaryň bir tarapyny däl-de, dürli taraplaryny sypatlandyrýarlar. Düzme sypat bolup, birnäçe sypat, at bilen sypat, san bilen sypat baglanyşyp gelip, bir sözi aýyklap bilerler. Düzme sypatlaryň arasynda göni manysynda ulanylýanlary-da, göçme manyly durnukly söz düzümleri bilen aňladylýanlary-da bar.

Düzümine gatnaşýan sözleriň sany we söz toparyna degişliligi boýunça düzme sypatlaryň aşakdaky ýaly hatarlaryny görkezmek bolar. Meselem: Gara dor at, gara goňur mata, inçe uzyn boý, dili duzly gyz, eli ýeňil tebip, başyndan ençeme çarşenbäni geçiren adam, ýedi derýanyň suwuny içen aýal, ala gözli gyz, gürzelek çal sakal, jerenlije suwsuz çöl, gülgün hynaly barmaklar.

Gür gara gaşly ýaşuly, boz dumanly beýik dag, ala-ýaşyl gülälekli düz.

Ak göwün ýigit, keramatly bedew at, edermen goç ýigit, sary dişli alaşa, ýakut ýaňak alma, galam gaş gelin, gamyş gulak bedew at, iki ýüzli adam, dört motorly samolýot.

Başy silkme telpekli, egni agar çäkmenli kerwenbaşy olaryň öňüne düşüp gelýärdi.

SYPATLARYŇ MANY TAÝDAN BÖLÜNIŞI

Sypatlar türkmen dilinde manylary taýdan toparlara bölünende, olaryň kontekstde ulanylyşyna we aýyklaýan atlarynyň manysyna üns bermek zerurdyr. Olar köp manyly bolup biler. Meselem: gara galam, gara çorba, gara kerwen, gara agaç. Süýji söz, süýji nahar, süýji, ajy burç, ajy nahar we ş.m.

Sypatlar aňladýan manysy taýdan iki topara – hil we otnositel sypatlara bölünýärler. Bu bölünişik şertlidir.

Hil sypatlar.

Muňa zatlaryň hilini, ýagdaýyny, tagamyny, göwrüm-möçberini bildirýän asyl hem-de işliklerden ýa-da isimlerden ýasalan ýasama sypatlar degişlidir. Umuman, ähli sypatlara hil, alamat, häsiýet aňlatmak mahsusdyr. Hil zatlaryň öz aýratynlygy bolup, olara daşyndan dakylmaýar. Hil sypatlar hem manysyna görä, birnäçe anyk toparlara bölünýärler.

1.***Reňk aňladýan sypatlar:*** sary mata, gök sapak, akja diş, narynç köýnek, melewşe ýüpek.

2.Tagam bildirýän sypatlar: turşy gatyk, ajy sogan, şor suw, ýuwan (etsiz nahar) nahar.

3.Hil aňladýan sypatlar: gowy dost, ýyndam at, ötgür pyçak, täze kitap.

4.Ýagdaý aňladýan sypatlar: açyk gapy, bulanyk suw, ösgün ot, öçügsi çyra.

5.Gylyk- häsiýet aňladýan sypatlar: alçak gyz, güzende ýigit, hilegär tilki, zeýrenjeň adam.

6.Göwrüm-möçber görkezýän sypatlar: beýik depe, uly otag, agyr ýük, daş ýurt.

7.Fiziologik ýetmezçilik aňladýan sypatlar: . Meselem: kel kelle, güň garry, çakan at, kör garga, kelek geçi, agsak towuk.

Otnositel sypatlar (degişlilik-dahyllylyk aňladýan sypatlar).

Bulara başgaça bir zadyň başga bir zada bolan gatnaşygyny, degişliligini, dahyllylygyny bildirýän sypatlar hem diýilýär. Sebäbi, bular ýasama sypatlar bolup, öz ýasalan sözleri bilen sypatlandyrýan zadynyň gatnaşygyny bildirýär. Otnositel sypatlardan adatça sypatlaryň artyklyk we kemlik derejelerini ýasap bolmaýar. Meselem: erinlek it, gumly gelin, guzuly goýun, güýzlük bugdaý, yzçy adam. Otnositel sypatlar hem özara birnäçe toparlara bölünýärler:

1.Orun-tarap görkezýänler: Muňa –ky/ki, daky/-däki, -ly/ -li goşulmalary arkaly ýasalan sypatlar degişli. Mysal üçin, çetki duralga, şäherdäki tam, moskwaly alym.

2.Wagt aňladýan sypatlar atlaryň wagt taýdan bolan aýratynlyklaryny görkezär. Bular hem wagt aňladýan sözlere –ky-ki, -daky/-däki, -lyk/-lik goşulmalary goşulyp ýasalýarlar. Meselem: indiki ýygnak, düýnki howa, ýazky toý, ertirlik çaý, gadymy golýazma, ýazlyk ýorunja, güýzlük bugdaý, giçki suw.

3.Barlyk, bolluk aňladýan sypatlar: -ly/-li, lyk/lik, -lak/-lek, -man/-men goşulmalary goşulyp ýasalan sypatlar

degişlidir. Meselem: saçlak gyz, tüýlek goýun, ýaragly adam, iýermen kişi. Özünden aňlanýan düşünjäniň boldugyny, adatdaky bolmalysyndan köpdügini aňladýarlar. Mysal üçin çaýly käse, suwly ýap, otluk meýdan, ýagly et we ş.m.

4.Ýokluk aňladýan sypatlar: Bular diliň inkärlik goşulmalary arkalaly ýasalan ýasama sypatlardan bolup, aýyklaýan atlarynda ýasalan sözlerinden aňlanylýan düşünjäniň azdygyny ýa-da ýokdugyny görkezýär: biakyl Görogly, nadan Görogly, bolgusyz pikir, otsuz meýdan, bimaza çaga, ynsapsyz adam, birehim baý. Köplenç –syz/-siz goşulmasy goşulyp, ýokluk aňladýan sypat ýasalyşy has ýörgünlidir. Ýokluk sypatlaryny ýasaýan serişdeler türkmen diliniň inkärlik-ýokluk aňladýan kategoriýasyna hem degişlidir. –syz/-siz goşulmasy goşulyp, ýokluk aňlatmagyň tersine has köplük, has artykmaçlyk, bolluk aňladýan sypat ýasalyşy hem bar. Ol –syz/-siz goşulmasynyň manysynyň öz goşulýan adynyň manysy bilen täsirleşmegi arkaly ýüze çykýar. Meselem: taýsyz gahrymançylyk, sangysyz hazyna, uç-gyraksyz meýdan, tükeniksiz köplük, sangysyz goşun, gaýduwsyz gahryman,

5.Degişlilik, dahyllylyk aňladýan sypatlar. Meselem: synpy göreş, diwary gazet, türkmeni biçim, araby goýun, gazaky ýüz, ýabany dil.

6.Kesp-kär aňladýan sypatlar. Meselem: suwçy gyz, yrymçy ene, goýunçy it.

7. Meňzeşlik we ugurdaşlyk aňladýan sypatlar. Bu topara giryän sypatlar bir zat bilen başga bir zadyň daşky görnüş, bir adam bilen başga bir adamyň içki häsiýet, ideýa, pikir taýdan meňzeşdigini, raýdaşdygyny, orun we wagt babatda ugurdaşdygyny görkezýärler. Mysal üçin: ýürekdeş adam, pikirdeş ýoldaş, döwürdeş ýazyjy, ýaşdaş dost, duşdaş adam.

GÖNÜKME: Sypatlary many taýdan toparlaň.

Süňklek, egri, uzyn, bükür, melewşe, gaýky, mejalsyz, gowky, asylzada, ýoknasyz, guduz, ümezli, öçügsi, narynç, garaýagyz, seňrikmen, garagol, symgylt, sypaýy, küýki, aňkaw, guduman, çemesiz, ýaşytdaş.

SYPAT DEREJELERI WE OLARYŇ GÖRNÜŞLERI

Dereje goşulmasyny kabul eden sypatlar häsiýetlendirýän adynyň öňki manysyna mahsus bolan aýratynlykdan artyklygy, kemligi ýa-da şol adyň aýratynlygyna, bolşuna, hiline söýginiň, guwanjy aňladýarlar.. Sypat derejeleriniň sany, ýasalyşy barada türkmen dilinde bir garaýyş saklanmaýar. K. Şamyradowyň we A. Ybraýymowyň "Türkmen dilinde sypatlar" (Aşgabat, 1956) diýen işinde sypatlaryň üç derejesi bellenilýär. Bu pikir "Häzirki zaman türkmen dili" (Aşgabat 1960) atly ýygyndyda hem gaýtalanýar. Olarda sypatlaryň düýp derejesi, we söýgülik derejesi tapawutlandyrylýar. Türkmen diliniň akademiki grammatikasynda sypat derejeleri dört topara bölünip, sypatlaryň kemlik, deňeşdirme, artyklyk, kiçeltme-söýgülik derejesi ýaly atlandyrylýar. M. Petjikowa "Türkmen dilinde sypatlaryň ýasalyşy we many toparlary" (awtoreferat, Aşgabat, 1995) atly dissertasion işinde sypat derejelerini bäş topara bölüp, olary sypatlaryň **düýp, kemlik, artyklyk, deňeşdirme, sübýektiw baha berme derejeleri** ýaly atlandyrýar. Onuň işinde deňeşdirme dereje hökmünde bellenilýän *"Ol oba bu obadan ulurak, Gözel Jerene garanyňda ökde"* ýaly çylşyrymly gurluşlar dilde sanardan köp. Beýle analitik gurluşlary diňe bir söz toparyna degişli etmek bolmaz. Aslynda sypatlaryň kemlik we artyklyk derejeleri hem deňeşdirme netijesinde ýüze çykarylýar.

Biziň pikrimizçe, sypatlaryň anyk aýdyňlaşýan dört sany: düýp, kemlik, artyklyk, subýektiw baha berme derejelerini tapawutlandyrmak maksadalaýykdyr.

SYPATLARYŇ DÜÝP DEREJESI dereje ýasaýjy goşulmalar goşulmadyk asyl, ýokdur, ol beýleki derejeleri kesgitlemek üçin başlangyç esas hökmünde kabul edilendir. Ol leksik usul bilen aňladylýar. Hiç hili dereje ýasaýjy goşulmasyz asyl ýasama, goşma sypatlaryň leksik manysy düýp derejäni bildirýär. Meselem: uly gazan, abraýly adam, ak mata, ýaraly ýolbars, garagözelek gyz, tutanýerli talyp.

SYPATLARYŇ KEMLIK DEREJESI zadyň hiliniň düýp derejedäkisinden ýa-da bolmalysyndan kemdigini, pesdigini bildirýär. Kemlik derejäni ýasamak üçin düýp derejedäki sypatlaryň yzyna –ymtyl/-imtil/-mtyl/-mtil; -ymtyk/-imtik/-umtyk/-ümtik/- mtyk/-mtik; -rak/-räk, -gylt, -sowult ýaly goşulmalar ulanylýar. Şulardan –gylt diňe sary we gyzyl sözlerine goşulyp, bu goşulma olaryň soňundaky sesler düşürilenden soň goşulýar, meselem: gyzgylt köýnek, sargylt sapak. –sowult goşulmasy diňe ak sözüne goşulyp, kemlik derejäni aňladýar: aksowult ýüz.

-umtyl/-ümtilil/-ymtyl/-imtil/-mtyl/mtil, -umtyk/-imtik/-ymtyk/-imtik/-mtyk/-mtik goşulmalary reňk we tagam aňladýan sypatlara goşulýarlar. Gögümtil maşyn, sarymtyl tozan, mawumtyl asman, ajymtyk tüsse, süýjümdik tagam, turşumtyk gatyk we ş.m.

-rak/-räk goşulmasy kemlik derejäniň esasy goşulmasy hasaplanýar, ol beýleki goşulmalardan giň ulanylýar, asyl we ýasama sypatlaryň hem köpüsine goşulyp bilýär: yssyrak, horrak, kelteräk, ulurak, gaharjaňrak, diýdimzorrak ýolbaşçy, we ş.m. Bu goşulma käbir dereje ýasaýjy goşulmalardan soň hem goşulyp bilýär: ajymtygrak, sarymtylrak.

SYPATLARYŇ ARTYKLYK DEREJESI Sypatlandyrylýan zadyň hiliniň, reňkiniň, tagamynyň we ş.m. aýratynlyklarynyň

adaty bolmalysyndan ep-esli artykdygyny aňladýar. Artyklyk dereje 2 hili ýasalýar:

1. Sintetik usul bilen ýasalan artyklyk dereje asyl sypatlaryň birinji bogny ýa-da birnäçe sesi gaýtalanyp, gaýtalanan bölegiň soňundan **m, p, s** sesleriniň getirilmegi arkaly aňladylýar. Meselem: ap-ak, yp-yssy, gap-gara, dim-dik, sap-sary, gas-gaty.

2. Analitik usul bilen ýasalan artyklyk dereje. Sypatlaryň öň ýanyndan güýçlendiriji *jowur, çuw, çym, şar, şyr, hüýt, iň örän, has, gaty, tüýs, juda, uçursyz, çog* ýaly modal sözleriň getirlmegi bilen aňladylýar. Meselem: şyr takyr, hüýt gara, örän ökde, gaty töwekgel, tüýs betbagt, uçursyz baý, tüm garaňky, tüp yssy, jowur ak we ş.m.

SYPATLARYŇ SÖÝGÜLIK (SUBÝEKTIW BAHA BERME) **DEREJESI**

Muňa subýektiw baha berme dereje diýlmeginiň sebäbi: beýleki derejelerde aňladylýan hil sypatlandyrylýan zadyň hut öz leksik manysyndan gelip çykýar, subýektiw baha berme derejede bolsa sözleýän adamyň-subýektiň predmetleriň , düşünjeleriň, adamyň, janly zatlaryň sypatyna-hiline, görnüşine, reňkine we ş.m. bolan hususy, subýektiw garaýşy beýan edilýär. Söýgülik dereje diýilmeginiň sebäbi, bu derejäniň manysy zadyň hiliniň, aýratynlygynyň gowy görülýändigini, kiçijikdigini we ş.m. aňladýar. Bu derejäniň

–**ja/-je**: maýdaja agaçlar, küýküje kempir, owadanja nagyş, görmeklije gyz

– **jyk/-jik:** tegelejik köke, ýumşajyk gar, posalajyk çaga, agsajyk towuk

–**jak/-jek:** ýeňiljek tozan, gysgajyk sahna, pessejik jaý, ýuwanjak çal, salkynjak, sowujak şemal ýaly goşulmalary bar

.

Sypatlar söz topary barada tä soňky döwre çenli düýpli ylmy derňew geçirilmedi. Elbetde, sypatlar barada

okuw kitaplarynda, makalalarda käbir maglumatlar berildi. Sypatlar barada K.Şamyradow we A.Ybraýymow tarapyndan 1956-njy ýylda „Türkmen dilinde sypatlar“ diýen iş ýazyldy. Giňişleýin ylmy derňew hökmünde sypatlar 90-njy ýyllarda düýpli öwrenildi we 1995-nji ýylda M.Petjikowa tarapyndan „Türkmen dilinde sypatlaryň ýasalyşy we many toparlary“ diýen at bilen kandidatlyk dissertasiýa hökmünde derňeldi. Şol işde sypatlar aýratyn söz topary hökmünde ilkinji gezek derňelýär, olaryň özüne mahsus leksika-grammatik aýratynlyklary kesgitlenýär, sypatlaryň türkmen dilinde ulanyş, ýasalyş we many taýdan özara toparlara bölüniş aýratynlyklary ýüze çykarylýar. Işde sypatlaryň söz toparlarynyň arasynda tutýan ornuna, asyl sypatlaryň ulanyşlaryna, ýasama sypatlara we olaryň ýasalyş tärlerine, sypatlaryň ýasalyşlaryna we olary ýasaýan grammatik serişdelere, käbir işlik şekilleriniň leksikalizasiýalaşmagy netijesinde dörän sypatlara, sypat derejeleriniň ýasalyşlaryna, alynma sypatlara, olaryň türkmen diline geçiş we ulanylyş aýratynlyklaryna, sypatlaryň many taýdan özara toparlara bölünişlerine we ş.m. degişli düpli ylmy derňew geçirilipdir.

Türkmen dilinde sypatlaryň ýasalyşlarynyň we many toparlarynyň ilkinji gezek dolulygyna öwrenilmegi, käbir goşulmalaryň sypat ýasalyşa gatnaşygynyň ilkinji gezek beýan edilmegi, gtoşma sypatlaryň komponentleriniň özara baglanyş tärlerine ýörite seredilmegi, hil we otnositel sypatlaryň käbir meselelerine özboluşly çemeleşilmegi, sypat derejeleriniň käbirleriniň manysynyň we atlandyrylyşynyň aýdyňlaşdyrylmagy, käbir alynma sypatlaryň türkmen diline geçiş we ulanylyş aýratynlyklarynyň aýdyňlaşdyrylmagy M. Petjikowanyň sypatlaryň ýasalyşlaryna, many toparlaryna bagyşlanan dissertasiýasynyň ylmy täzelikleri hasaplanylýar. Işde sypatlaryň söz toparlarynyň arasynda tutýan orny, olaryň beýleki söz toparlary bilen gatnaşyklary, hususy leksika-

grammatik aýratynlyklary, ýasalyş usullary, ýasama sypatlaryň görnüşleri, sypat derejeleriniň görnüşleri, atlandyrylyşy we ş.m. barada ençeme özboluşly ylmy-nazary pikirler, jemlemeler, netijeler öňe sürülýär.

GÖNÜKME: Doly morfologik derňew ediň.

Altyn çamanja-da bolsa, űsti amanja. Görűmsize kömeç taň, köse äre sakgal taň. Atyň horany, taňrynyň bereni...Aşsyz şahy, gylyçsyz batyr. Bedew atlar semiz bolar, goç ỳigitler tämiz bolar. Bedasyla jepa çekme, gury ỳere tohum sepme. Bedasylyň hyzmatynda gezinçäň, asyl begiň saỳasynda gul bolgun. Beỳik daglaryň başy garly-da bolar, garsyz-da, Ýigit başy sag bolsun, barly-da bolar, barsyz-da. Bidöwletiň ogly bolynçaň, döwletliniň guly bol.

SANLAR

Umuman bir sany, hasaby ýa-da bir zadyň sanyny, mukdaryny we sanalmakdaky tertibini görkezýän sözlere sanlar diýilýär. San dilde leksika-grammatik kategoriýa hökmünde ýüze çykýar. Birinjiden, islendik dilde san aňladýan sözler bardyr. Olar leksik birlikler hökmünde ulanylýar. Meselem: bir, on, ýigrimi, ýüz müň, onunjy, kyrkynjy we ş.m. Ikinjiden, san grammatik düşünje hökmünde, sap grammatik serişdeler arkaly aňladylýan düşünjeler hökmünde hereket edýär. Meselem: adam-adamlar, ýol-ýollar, men-biz, sen-siz, ol-olar. Sanlar grammatik kategoriýa hökmünde zatlaryň hereket ediji subýektleriň birdigini ýa-da köpdügini diliň morfologik düşünjeleriň arkaly aňladýan kategoriýadyr. San gürrüňiň bir zat hakynda barýandygyny ýa-da birnäçe zat hakynda barýandygyny görkezýän grammatik kategoriýadyr. San kategoriýasynda biri-birine gapma-garşy goýulýan kesgitleýji düşünjeler birlik we köplük düşünjeleridir. Bu

düşünjeler san kategoriýasynyň esasy düşünjeleri bolup, dürli söz toparlarynda, esasan, sanlarda, isimlerde, işliklerde ýüze çykýar. Meselem: Älemgoşaryň tebigy *ýedi* reňkinden garyp-gatyp *sansyz* reňk döredilýär. Atlylar geldiler.

Sanlar zerurlyk netijesinde dörändir. Bularyň esasynda hakyky barlyk ýatýar. Häzirki zaman türkmen dilinde ähli sanlar ýigrimi iki sany söz arkaly aňladylýar. Olar *bir, iki, üç, dört, bäş, alty, ýedi, sekiz, dokuz, on, ýigrimi, otuz, kyrk, elli, altmyş, ýetmiş, segsen, togsan, ýüz, müň, million, milliard* sözleridir. Türkmen dilinde islendik mukdar agzalan sözleriň ýeke özi, tirkeşip ýa-da düzülip baglanyşmagy arkaly aňladylýar. Bulardan uly sanlar (trillion, kwadrillion, … googl) adaty hasaplamalarda ulanylmaýar.

Sanlary aňladýan hemme sözler aslynda türki dilleriň öz sözleridir. Diňe *million, milliard* rus diliniň üsti bilen geçen fransuz sözleridir. Sanlar many taýdan umumydyr, olaryň anyk zat manysy ýokdur. *Iki, ýigrimi, müň, on bäş* diýlende, olardan hiç bir zada düşünip bolmaýar. Sanlaryň esasy manysy, esasy häsiýeti sanalýan zatlar bilen gelende ýüze çykýar. Meselem: 5 gyz, 3 kitap.

Umuman, bir sany, hasaby ýa-da belli bir zadyň, predmetiň, abstrakt düşünjäniň sanyny, mukdaryny, bir sözüň sanalmakdaky tertibini görkezýän sözlere **sanlar** diýilýär. Sanlar näçe?, näçenji?, haýsy? diýen ýaly soraglara jogap bolýarlar. Meselem: bäş, ýedi, onunjy klas, dördünji gün.

Sanlaryň morfologik alamatlary:

I. Sanlar beýleki söz toparlaryndan ýasalmaýarlar. Emma beýleki söz toparlary sanlardan ýasalýarlar. Meselem: atlar ýasalýar: Onum, Bäşim, ikilik etmek, bäşbarmak, ýüzbaşy. Sypatlar ýasalýar: üçlük tagta, ganybir dogan, millioner adam, üçölçegli surat, birsydyrgyn yrgylgy. Işlikler: birikmek, ýekelemek, birleşmek, ikilemek, üçürdiklemek. Hallar: birden, biragyzdan, ikowara, ikibaşdan, bireýýäm.

II. Diňe sanlaryň özüne mahsus goşulmalary bar:

a.Tertip san ýasaýjy –njy/-nji goşulma.Sanlarda iň köp ulanylýan tertip san ýasaýjy goşulmadyr. Edil beýleki söz toparlarynyň şekil ýasaýjy goşulmalarynyň şol söz toparynyň hemme sözlerine goşulyp bilmeginiň mümkin bolşy ýaly, -njy/-nji goşulmasy hem sanlaryň hemmesine goşulyp biler.

b. Çen-takmyn sanlar ýasalýar: iki-üç, ikilän-üçlän, bäşlew-üçlew.

ç. bölek sanlar ýasalýar: dörtden üç, ýedi bitin altydan bir.

d. Sanlar predmetleriň tertibini, mukdaryny görkezip gelenlerinde öz degişli sözünden öň gelip, hiç hili üýtgediji goşulmany kabul etmezden atlara baglanýarlar: üç günde, kyrkynjy mekdep, ýedi ogan, bir garaýşy.

Sanlaryň sintaktik hyzmaty.

1. Sözlemde esasan ada baglanyp, aýyklaýjy agza-aýyrgyç bolup gelýär: on sekizinji mekdep, dokuz ogul.

2. Sanlar öz öňünden aýyklaýjy agza kabul etmeýär. Sözlemde hem san, hem sypat bir ada baglanmaly bolsa, ilki san, soň sypat aýyrgyjy getirilýär. Mysal üçin: *ýüz gamzaly* näziň bilen, *kyrk müň öýli* ärsarydan saýlanyp.

3.Sanlar esasan atlar we atlaşan sözler bilen ysnyşma täri arkaly baglanyşýarlar. Pikiri gysga sözde beýan etmek üçin sanyň aýyklaýan ady galdyrylýar. Şonda sanlar hem sanyň, hem adyň deregine ulanylyp, atlaşýarlar hem-de sözlemde eýe, doldurgyç bolup gelýärler. Meselem: Bilegi ýogyn birini ýykar, bilimi ýogyn müňüni. Dokuzyň üçe ýetýärmi?

Sanlar başga aýratynlyklary nazarda tutulmasa-da diňe leksik esasda hem anyk söz toparyna degişli edip bolýan sözlerdir. Olar mukdar atlary bolup, başga sözler bilen ýerini çalşyp bolmajak sözlerdir.

Türkmen dilinde sanlara degişli edilmese-de, san düşünjesini aňladýan birnäçe sözler bar. Olar hem manysyna görä iki hili bolýar:

a) anyk san mukdaryny aňladýan sözler: täk, ýeke, ýalky, ýalňyz, jüp, jübüt, goşa, ekiz, taýly, çar, oýnam, mer sözleri degişlidir. Oýnam – dört manysyny berýär. Meselem: oýnam setir çyrşapdyr. Bir oýnam aşygy bar. Mer – on diýmekdir. Meselem: on ädim bir mer, henizem bir mer, meriňi bil, how.

b.Umumy mukdar aňladýan sözler: köp, az, ençeme, birnäçe, telim sözleri sana ýakyn, emma predmetiň sanyny doly görkezip bilmeýän sözlerdir: köp adam, birnäçe jaý, ençeme sagat.

Sanlar morfologik gurluşy boýunça:

1.sada sanlara,
2.goşma sanlara,
3. tirkeş sanlara
4. düzme sanlara bölünýärler.

Sada sanlar – bir söz arkaly mukdar aňladýan sanlara sada san diýilýär. Ol asyl we ýasama sada san bolup biler. Meselem: bir, bäş, on iki, ýigrimi, elli, ýedi

Goşma sanlar. Türkmen dilinde birnäçe sanlar birigip, goşulyşyp ulanylýar. Birden artyk sanlaryň goşulyşmagyndan hasyl bolan sanlara **goşma san** diýilýär. Meselem: altmyş, ýetmiş, segsen, togsan sözleri goşma san hasaplanýar: alty – myş, ýedi-miş, **myş** sözi gadymy türki dilde on sany aňladypdyr. Hakas, şor, altaý, tywa dillerinde *alty on, segiz on, toguz on* häzir hem ulanylýar, türkmenlerde-de ulanylýar.

Düzme sanlar. Durmuşda çylşyrymly san düşünjeleri ýüze çykýar. Olary aňlatmak üçin birden artyk sanlaryň getirilmegi, birnäçe sanlaryň düzülip baglanyşmagy arkaly düzme sanlar hasyl edilýär. Meselem: on bäş, bäş ýüz, kyrk bäş, bir müň dokuz ýüz togsan iki, ýetmiş dokuz, ýedi ýüz togsan sekiz we ş.m. Öňki edebiýatlarda bular goşma san atlandyrylypdyr.

Tirkeş sanlar: aýry-aýry sanlaryň tirkeşmeginden hasyl bolýar. Tirkeş sanlar türkmen dilinde anyk mukdary aňlatman, çen-takmynlygy aňlatmaga hyzmat edýärler. Olar aýry-aýry mukdar sanlaryň tirkeşmegi netijesinde hasyl bolýar. Çem gelen sanlary tirkeşdirmek mümkin däl. Tirkeşýän sanlar mukdar taýdan biri-birine golaý bolmaly. Adatça, tirkeşýän sanlaryň mukdar taýdan kiçisi ilki, ulusy soňundan getirilýär. Meselem: bir-iki-üç aý, üç – dört gawun, kyrk –elli düýe, on – on bäş talyp, altmyş-ýetmiş gün, ýüz-iki ýüz goýun, on bäş-on alty ýaş. Şol bir san belli bir goşulmaly gaýtalananda, mukdar aňladýan hallar hasyl bolýar. Meselem: on-ondan, bäş-bäşden, birme-bir, ýekeme-ýeke.

Türkmen diliniň taryhynda sanlaryň aňladylyşy häzirkiden düýpli tapawutlanypdyr. Nusgawy edebiýatda **üç ýetmiş** – altmyş ýedini, alty elli –kyrk dört sany aňladypdyr (Orhon – Ýeniseý ýazuw ýadygärlikleriniň dilinde). Munda häzirki ýaly sanlar artýan tertipde däl-de, indiki onlukdan kemelýän tertipde aňladylypdyr.

Köne edebiýatda-da, uýgurlarda-da *bir ýigriminç aý*-on bir aý manysynda ulanylypdyr. Häzirki türkmen dilinde, esasan, gepleşikde şol aýratynlyk saklanypdyr. Meselem: bir kem togsan –segsen dokuzy, bäşi kem bir asyr – togsan bäşi aňladyşy häzir hem bar. “Gorkut atada” “Üç otuz on ýaşyň dolsun, omyn!”, “Görogluda” “Bir dokuz gün”, “Üç dokuz gün” ýaly san, mukdar aňladylypdyr.

SANLARYŇ MANY TAÝDAN BÖLÜNIŞI

Sanlar many taýdan ilki bilen uly iki topara bölünýärler:

1. Mukdar sanlar
2. Tertip sanlar.

MUKDAR SANLAR

Näçe? diýen soraga jogap bolup, zatlaryň mukdaryny aňladýan sözler mukdar sanlardyr. Meselem: ýedi ruçka, ýarym aý, dörtden biri we ş.m.

Mukdar sanlar sanlaryň ähli görnüşleriniň esasy bolýar we beýleki sanlar mukdar sanlardan ýasalýarlar. Mukdar sanlar birliklere, onluklara, ýüzlüklere, müňlüklere, millionlara we milliardlara bölünýär.

Mukdar sanlaryň ýasalyşy hem manysy taýdan dört görnüşi bar:

1.Anyk mukdar sanlar
2.Bölek (drob)) mukdar sanlar.
3.Çen – takmyn mukdar sanlar
4.Topar mukdar sanlar.

Anyk mukdar sanlar sada, goşma, ýa-da düzme sanlaryň at aýyklamagy bilen aňladylýar we zadyň takyk mukdaryny bildirýär. Mukdar san arkaly aýyklanan atlar türkmen dilinde köplük san goşulmasyny kabul etmeýärler. Meselem: yigrimi guzy, on böri, altmyş at, ýetmiş goýun, on bäş talyp.

Bölek (drob) mukdar sanlar – tutuş predmetiň mukdarynyň belli bir ýa-da birnäçe bölegini aňladýar. Zatlary hemişe bitin mukdar bilen aňladyp bolmaýar. Käte zadyň belli bir bölegini, tutuş zadyň deň bölünen böleklerinin birnäçesini aňlatmak gerek bolýar. Bölek mukdar sanlarda bitini bildirýän bir san, bölegi bildirýän hem bir san getirilýär. Meselem: Mugallym oňa: -Arslan, tekstiň altydan bir bölegini ýaz -diýdi. Bitin zadyň ikiden bir bölegini-deň ýaryny *ýarym, ýarty, ýarpy, yary* sözleri aňladýar. Meselem: Maşyn ýoly ýarpylady. Ol ýarty çöregi saçaga dolady-da, ýarysyny ýola barýan oglunyň ýanyna saldy. Zadyň dörtden bir bölegini *çärýek* sözi aňladýar. Meselem: sagat laýyk bir çärýegi kem dört. Bu ýerden sagadyň üç sagat kyrk bäş minuty görkezýändigi aýan bolýar. Janly gepleşikde mundan-da kiçi, ýagny zadyň sekizden birini, on altydan birini aňladýan sözler hem bar. Meselem: meýrek, seýrek we ş.m.

Çen – takmyn mukdar sanlar. Zatlaryň mukdary anyk belli bolmadyk, olary sanamaga, mukdar taýdan anyklamaga mümkinçilik ýa-da zerurlyk bolmadyk ýagdaýynda çen-çak bilen takmynan mukdar aňladylýar. Meselem: Ol *ýüzläp* puly ýele sowurýar. *Onlarça* kitap gaty açyldy. Kagyzda *alty-ýedi* setir ýazgy bardy.

Çen-takmyn sanlar az mukdarda *bäşdir– üçdür, bäşlek – üçlek, bäşlew-üçlew, ýedilän– sekizlän* ýaly sözler bileen hem aňladylýar. Meselem: Şol süriniň içinde çopanyň hem *bäşlek-üçlek* dowary bolardy. Bu wagt *birlän-ikilän* gijä galan bolaýmasa, köçede adam ýokdy.

Topar mukdar sanlar

Birmeňzeş sanalyp aýdylýan birnäçe zadyň jemini, toplumyny aňladýar. Manysy boýunça topar sanlar san düşünjesi bilen zat düşünjesini bir sözde jemläp görkezýärler. Olar, esasan, sanlaryň atlaşyp, ýöňkeme goşulmasyny kabul etmegi bilen, sanyň yzyndan "bolup" kömekçi işliginiň getirilmegi bilen aňladylýar. Meselem: Teke, yomut, gökleň, ýazyr, alili,

Bir döwlete gulluk etsek *bäşimiz. Ikisi* mekdepde okaýar, *üçüsi* entek ýaş. Olar *dokuz bolup* ýola düşdüler.

TERTIP SANLAR

Tertip sanlar mukdar sanlardan ýasalyp, zatlaryň san taýdan tertibini bildirýärler. Näçenji?, haýsy? diýen soraglara jogap bolýar: bäşinji gyz, 1998-nji ýyl. Tertip sanlaryň zadyň tertibini görkezişi anykdyr. Ol birmeňzeş sanalyp aýdylýan zadyň birini anyk görkezýär. Meselem: üçünji gapy, ýedinji hatar.

Türkmen dilinde tertip sanlaryň –ynjy/-inji/-unjy/-ünji/-njy/-nji goşulmasy bardyr. Bu goşulma zerur bolanda hemme sanlara goşulyp bilýär. San söz toparynda tertip san goşulmasy ýaly giňden ulanylýan goşulma ýok. Gepleşikde bu goşulmanyň –lanjy/-lenji görnüşi hem ulanylýar. Meselem: ikilenji gezek, bäşilenji gün. Emma edebi diliň ýazuwynda bu

ulanylmaýar. Tertip sanlar san begisiniň (sifriň) yzyna goşulanda inçelik– ýogynlyk sazlaşygy saklanýar. Meselem: 1-nji, 6-njy, 9-njy, ikinji, üçünji.

Ilki, orta, ahyr sözleri tertip san goşulmasyny kabul edýär we olar hem tertip sanlara many taýdan ýakynlaşýar. Meselem: ortanjy ogul, ilkinji aýlygy, ahyrynjy ýyly.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Ikiniň sylagy biri azdyrar. Iki pyçak bir gyna sygmaz. Iki syrtlan bir arslanyň syrtyny ýyrtar. Iki tentek birikse-de, il bolmaz. Iki ýagşy goşulsa, biri-birini gyýmaýar, Iki ýaman goşulsa, bir oba sygmaýar. Iki ýagşy duş bolsa, güni öter aý bilen, Iki ýakyn uruşsa, özgelere iým bolar. Bu ýer Amyderýa-Gyzylgum arada boýy takmyn otuz, ini hem 5-10 kilometr çemesi darajyk zolakda ýerleşýär. XIX asyryň birinji çärýeginde Buhara täjiklerini sürüp äkidip, olara Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabyndan ýer berýär. Ol zawod gazdan ýylda 10 müň tonnadan gowrak arassa altynkükürt, üç milliard kubmetr arassa gaz, ýüz müň tonna hem gaz kondensatyny öndürip, döwletimiziň ykdysadyýetine uly goşant goşar. Ol 900 öýli salyry we 100 öýli garkyny alyp, Yrakdan Şamaha gelýär.

MUKDAR SANLAR BILEN ULANYLÝAN ÖLÇEG ATLARY (NUMERATIWLER)

Mukdar sanlar bilen atlaryň arasynda dürli sözler ulanylýar. Olar dürli atlaryň talaplaryna görä, sandan soň atdan öň getirilýär. Sanlar özünden soňky sanalyp aýdylýan predmet bilen göni baglanyşyp, onuň konkret sanyny bildirýär. Käbir san atlary sanalyp aýdylman ölçenilýär, käbiri zatlaryň dänesini, böleklerini aňladýar. Dil biliminde beýle sözlere **numeratiwler** diýilýär. Bular mukdar sanlardan soň gelip, aýyklaýan predmetiniň ölçegini jemläp, anyklap görkezmäge ýardam edýärler.

Görnüşleri:

1.Agyrlyk aňladýan numeratiwler: batman, gadak, mysgal, agyzy, terezi ölçeglerinde tonna, kg, gr, mgr, sentner, 50 put çaý – 16 kg – 1 put.
2.Uzynlyk aňladýan numeratiwler: tanap, garyş, sere, gez, menzil, ýetim atanak, barmak, bogun, çakyrym, gektar, km, sm, m, mm.
3.Möçber – göwrüm aňladýan numeratiwler: gujak, goşawuç, aňňal, kersen, sanaç, ýaglyk, desse, petde, paçka, dm, kbm.
4.Suwuklyk aňladýan numeratiwler: bokal, çüýşe, käse, kitir, banka, grafin, owurt, taňka, litr.
5.Wagt ölçegini aňladýan numeratiwler: sekunt, minut, sagat, gün, aý, asyr, hepde, ýyl, bir salym, bir zerre, dakyka, salkyn.
6.Meňzetme üsti bilen aňladylýan numeratiwler: naýza boýy, derek ýaly, aşyk ýaly, şänik ýaly, guzy ýaly, tam ýaly, depe ýaly, ýapy ýaly we ş.m.

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli**.**

Gulaç ýetmese- ýüpden garyş ýetmese, güýçden gör. Guduzyň ömri kyrk gün. Bir wagtlar on sany kiçijik obadan we alty-ýedi sany ýapdan ybarat bolan bu oba soňra barha ulaldy. Artyk dagy dört şärik bolup, öz serkarlaryna kyrk batman bugdaý bilen dört batman arpa ekdiler. Ýerimizde on düýp alma, iki düýp nar, alty düýp erik ösüp otyr.

ÇALYŞMALAR

Belli bir predmeti, hili, mukdary, ýagdaýy we ş.m. gös-göni atlandyrman , olary umumy halda görkezýän sözlere çalyşmalar diýilýär. Kategorial manysy berlen gepleşik pursatynda, ýagdaýynda zatlary (alamatlary) görkezmek bolan söz topary çalyşmalardyr. Atlaryň, sypatlaryň, sanlaryň, hallaryň deregine çalşyrylyp ulanylýan sözlere çalyşmalar diýilýär. Çalyşmalaryň öz çalşyrýan sözleriniň mazmuny, aňladýan düşünjesi bilen baglanyşygy bolmaýar. Olar diňe belli

bir gepleşikde atlary, aýratynlygy, mukdary, tertibi, hal-ýagdaýy umumylykda görkezip bilýär, emma ony düşündirmeýär. Çalyşmalar çalşyrýan sözlerini görkezýärler, olar hakynda soraýarlar ýa-da olary umumylaşdyrýarlar. Meselem: „Men“ – berlen sözleşik pursadynyň subýektidir, „Ol“- gepleşik pursadyna gatnaşmaýan şahsdyr. „Bu“ – sözleýjiniň ýakynynda ýerleşen, „Şol“ – sözleýjiden daşda bolan zatdyr ýa-da şahsdyr. Çalyşmalaryň hemmesi umumy (abstrakt) manyly bolup, onuň anyk nämäni aňladýanlygy daş-töwerekden, gepleşikdäki beýleki sözlemlerden belli bolýar. Oraz gepleýär-anyk manydadyr. Ähli gepleýänler: “Men“ diýip bilýär, ýöne şol „men“ nähili şahs, garrymy, ýaşmy, gyzmy, oglanmy, gepleşige, diňleýjä nähili gatnaşygy bar- bular barada „men“ sözünden hiç hili maglumat alyp bolmaýar. Çalyşmalary hiç bir jedelsiz diňe semantik esasda söz toparyna degişli edip bolýar. Olara degişli sözleriň sany az we anyk bolup, olary leksik taýdan beýleki söz toparlaryndan bölüp görkezmek kynçylyk döretmeýär.

Çalyşmalar many taýdan birnäçe topara bölünýär.

1. At çalyşmalary
2. Görkezme çalyşmalary
3. San çalyşmalary
4. Gaýdym çalyşmasy
5. Nämälim çalyşmalary
6. Ýokluk çalyşmalary
7. Sorag çalyşmalary
8. Sypatlyk çalyşmalary

Hyzmaty taýdan çalyşmalar atlaryň, sypatlaryň, sanlaryň, hallaryň ýerine ulanylyp, kontekstde, gepleşik situasiýasynda tutuş sözlemden we ondan-da ulurak sintaktik birlikden aňlanylýan düşünjäni-de görkezip bilýär.

Çalyşmalar leksika-semantik we grammatik taýdan özbaşdaklyga eýe bolan isim söz toparlarynyň biridir.Olar

işliklerden isimligi, kömekçilerden-de özbaşdak manyly sözler bolýanlygy bilen tapawutlydyr.

Sözler grammatik taýdan toparlara bölünende, olaryň leksik we grammatik aýtarynlyklaryna esaslanylýar. Şundan ugur alynsa, çalyşmalaryň özbaşdak söz topary bolup durýandygy hiç hili şübhe döretmeýär. Ýöne dil biliminde käbir alymlar olaryň özbaşdak söz topary bolup durýandygyny iňkär edýärler. Olar her söz toparyna degişli çalyşmany şol leksik-grammatik kategoriýanyň -söz toparynyň içinde öwrenmegi goldaýarlar.

Çalyşmalar az sanly bolsa-da, dilde örän köp ulanylýan sözlerdir. Olaryň stilistik hyzmatyny başga hiç bir söz topary ýerine ýetirip bilmez. Gepleşikde, tekstde şol bir sözi gaýtalamazlyk üçin, dil täsirliligini, medeniýetini ýokarlandyrmak üçin çalyşmalar taýsyz hyzmaty ýerine ýetirýär.

Çalyşmalar umumy manyly bolup, anyk manyly sözleriň aňladýan zadyny görkezip bilseler-de, ony dogrudan-dogry atlandyryp bilmeýärler. Çalyşmanyň aňladýan abstrakt manysy olary leksika-semantik manyly beýleki söz toparlaryna degişli sözler bilen deňeşdirilende has aýdyň ýüze çykýar.

Çalyşmalaryň nähili zat görkezýänligi wagt, orun we kim gepleşýänligi bilen bagly bolup, diňe gepleşikde anyk belli bolýar. Diňe şonda olar belli bir zady, orny, wagty, hili, ýagdaýy, mukdary, hereketi we ş.m. görkezýärler. Mysal üçin: berlen gepleşik pursatynda sözleýji „men“ diňleýji-„sen“ sözi bilen aňladylýar. Diňleýji sözläp başlanda bu sözler subýektini çalyşýarlar. Diňleýji "men" bilen görkezilmäge başlanýar..

Kim? näme? ýaly sorag çalyşmalary atlara häsiýetli grammatik aýratynlyklara eýedirler. Ýöne bular atlardan tapawutlanyp, şol durşuna atlaryň öňünden gelip, onuň aýyrgyjy bolup bilmeýär. **Bütin, ähli, her bir, haýsy, nähili, bu, şu, şol** çalyşmalary sypatlara meňzeşdir we öz aýyklaýan sözleriniň her hili tarapdan aýratynlygyny görkezýärler. Çalyşmalar atlar ýaly

üýtgeýärler. Emma üýtgediji goşulmalary kabul edişi taýdan çalyşmalaryň her many toparynyň, hatda her sözüniň öz aýratynlyklary bardyr.

Çalyşmalaryň her bir topary üýtgediji goşulmalary kabul etmekde özboluşly aýratynlyga eýedir.

AT ÇALYŞMALARY

At çalyşmalaryna „Men, sen, ol, biz, siz, olar“ sözleri degişlidir. Birinji we ikinji şahslaryň birligi we köplügi sözleşige aktiw gatnaşýan şahslary, sözleýjini we diňleýjini aňladýar.

Üçünji ýöňkemäniň birligini we köplügini aňladýan ol, olar gepleşige passiw gatnaşýar, ol sözi ähli predmetleriň ýerine ulanylyp bilner, ulanylyş gerimi beýlekilere seredeňde giň. Meselem:Ol çölde (anyk däl - çopan, çoluk, möjek, sülgün, towşan, keýik) bolýar.

Köplenç adam atlaryna derek ulanylýany üçin birinji we ikinji şahsy aňladýan çalyşmalara kim? diýen soragy bermek bolar. Üçünji ýöňkeme üçin bolan at çalyşmasy hemme atlaryň deregine ulanylyp biler, oňa nire? name? kim? diýen soraglary berip bolar.

At çalyşmalarynyň gelip çykyşy:

Häzirki zaman türkmen dilinde men, sen, biz, siz at çalyşmalary ýönekeý ýaly bolup görünse-de, tarhy taýdan olar çylşyrymlydyr. At çalyşmalarynyň etimologiýasy derňelende olara görkezme çalyşmalarynyň gelip çykyşy bilen aýrylmaz baglanyşykda seredilýär.

At çalyşmalarynyň ulanylyşy:

At çalyşmalary belli bir şahsy ýöňkeme arkaly aňladýarlar. Ýöňkeme gepleşige gatnaşýanlaryň sözleýjä bolan gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

Türkmen dilinde biz, siz at çalyşmalary birinji we ikinji ýöňkämäniň köplügini aňladýan bolsa-da, käte olaryň hut şol ýöňkemeleriň birligi üçin ulanylmagy-da mümkindir. Meselem:

Wiý, bu biziň külämiz ýaly-la?- diýip ony aýyrdy. (A.Durdyýew. Saýlanan eserler)

At çalyşmalarynyň üýtgeýşi:

At çalyşmalary atlary çalşyrylyp ulanylýany üçin atlaryň üýtgeýşi ýaly üýtgeýärler. At çalyşmalaryny birinji we ikinji ýöňkeme üçin ulanylýanlaryna köplük san goşulmasy goşulmaýar. At çalyşmalarynda köplük we birlik sözüň leksik manysyndan aňlanylýar. Ol köplük san goşulmasyny kabul etmeýär.

Biz“ sözi ylmy sypaýylyk üçin, makalalarda awtor barada men“ deregine, kiçeltmek, „siz“ hormat-sylag bilen bagly „sen' ýerine ulanylýar. At çalyşmalary degişlilik goşulmalary bilen üýtgemeýärler. Sebäbi degişlilik goşulmalarynyň gelip çykyşy olar bilen baglydyr. Olar düşüm bilen doly üýtgeýärler.

GÖRKEZME ÇALYŞMALARY

Bulara **bu, şu, ol, şol, hol** çalyşmalary degişli. Görkezme çalyşmalary sözlenýän ýerden, sözleýjiden nähili daşlykdaky zady görkezýänddigi boýunça many taýdan bir-birinden tapawutlanýar.

1.Bu, şu ýakyn aralykdaky predmetleri görkezmek üçin ulanylýar. Meselem: Bu kitap gyzykly. Şu gün ýagyn ýagmagy mümkin.

2.Ol, şol, hol görkezme çalyşmalary uzak aralykdaky predmetleri görkezmek üçin ulanylýar. Meselem: Ol gün aýtdym. Şol wagt görnerin. Hol bazar güni gitdig-ä.

Ol at çalyşmasy gelip çykyşy boýunça görkezme çalyşmasy hasaplanýar. Ol çalyşmasy görkezme hyzmaatynda gelende haýsy? diýen soraga jogap bolýar. Görkezilýän predmetiň öňünden ony aýyklap gelende „ol“ görkezme çalyşmasy hasap edilýär. Meselem: Ol agaç. Görkezme çalyşmasy bir zady görkezip gelende san , düşüm, ýöňkeme bilen üýtgemeýär. Emma görkezme çalyşmalarynyň baglanýan

sözi galdyrylanda atlaşyp san, düşüm, ýöňkeme bilen üýtgeýärler. Meselem: Bular, şolar, şular, şunuň, munuň,şoňa, şonuň

SAN ÇALYŞMALARY

San çalyşmalary sanalmakda hasaby, mukdary we köplügi anyk görkezmän, tutuş jemi, nämälim köplügi ýa-da şol köplügiň belli bir bölegini görkezýärler.

1.Tutuş jemi görkezýän san çalyşmalary: Hemme , bary , bar, ähli, külli, bütin. "Bary" diýen san çalyşmadan beýlekileri şol durşuna isimleri aýyklap aýyrgyç hyzmatynda gelýär. Meselem: Ähli taalyplaryň gelmegi gerek. Kerim şahyry bütin halkymyz tanaýar. Bary geldi, saňa garaşýarlar.

2.Nämälim köplük we onuň bir bölegini aňladýan san çalyşmalary. Birentek . birnäçe, birtopar, biraz, birneme , telim, ençe, käbir. Meselem:Magazine birentek zat getirdiler. OL maňa birnäçe ýumuş tabşyrdy. Sen biraz garaşmaly bolarsyň.

San çalyşmalarynyň üýtgeýşi

Olaryň ýöňkeme bilen üýtgeýişleri deň däldir. **Birnäçe, käbir, ähli, hemme** ýaly san çalyşmalary diňe birinji ýöňkemede üýtgemeýär, galan ýöňkemelerde üýtgäp bilýär. Meselem: Hemmäňiz geliň! Baryňyz alyň! Hemmesi gowy okaýar.

Külli, birneme, bütin ýaly käbir san çalyşmalary ýöňkeme bilen üýtgemeýär. Düşümde üýtgeýşi hem dürlüçe. Hemme, bary ýaly san çalyşmalary düşüm bilen üýtgeýär. Meselem: Ýalan sözleriň baryny, Satarsyňyz pula, kazym!

GÖNÜKME. Doly morfologik derňew etmeli.

Adamynyň asly birdir, bir-birinden parhyýa. Biri başyň agyrydyr, biri gözge totuýa. Suw içinde gamyş köpdür, barysynyň ady bir, Birisinden gant alarlar, birisinden boryýa.

Men gezmerin, nesibäm gezer. Senem haýran, menem. Sen bolmasaň, Senem jan. Müň „siz-bizden“ bir jyz-byz. Maňa näme, eder-eder, özüne eder.

GAÝDYM ÇALYŞMASY

Çalyşmalaryň bu görnüşi öz sözi we onuň yzyna degişli ýöňkeme goşulmalarynyň goşulmagy bilen emele gelýär. Bu söz aslynda material manyly(özen, özek, gyzylödek, özli hamyr) söz bolup, häzirki wagtda çalyşmalaşyp gidipdir. Gaýdym çalyşmasy sözlemde degişlilik aňladýar, görkezýän zadyny has nygtap, ony beýleki zatlardan saýlap görkezmek hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şu manyny **öz** gaýdym çalyşmasy şol durşuna hiç hili goşulma kabul etmän gelende-de, oňa degişlilik goşulmalary goşulyp **özüm, özüň, özi, özümiz, özüňiz, özleri** kimin gelende-de aňladýar. Oňa käbir işlerde özlük çalyşmasy hem diýilýär.

Gaýdym çalyşmasy şol durşuna, hiç hili goşulma kabul etmän, atlaryň öňünden gelip, olardan aňlanylýan düşünjäniň bir şahsa degişlidigini nygtap görkezýär. Meselem: Olarda gyzyň *öz eli, öz ýakasy* boljak. *Öz aýby* arkasynda, kişi aýby öňünde.

Gaýdym çalyşmasy ýöneliş ýa-da ýeňiş düşümde pikiriň obýekti bolup gelende, onuň degişli düşünjesini aňladýan söz baş düşümde gelip, sözlemiň eýesi bolýar. Meselem: Biz özümize buýrulan işi ýerine ýetirmek, Watan üçin başymyzy gurban etmäge geldik. (A.Seýidow, Saýlanan eserler) Her kim özüne ýatym gazyndy.

Öz gaýdym çalyşmasy belli bir ýöňkemede gelip substantiwleşen halda hem ulanylýar. Meselem: Özüňi özüň öwme, seni il öwsün. Özüm geldim. Özüň nämäni aýtsaň, gulagyň şony eşider.

Gaýdym çalyşmasy haýsy at çalyşmasy bilen gatnaşykly bolsa hut şol at çalyşmalarynyň gaýdym çalyşmasynyň öňünden getirilmegi-de, getirilmezligi-de mümkin. Öz gaýdym çalyşmasy zerur bolsa, köplük san, ýöňkeme goşulmasyny kabul edenden soň düşüm goşulmalary bilen hem üýtgeýär we söz üýtgediji goşulmalary özboluşly kabul edýär.

Degişlilik goşulmasyny kabul edende gaýdym çalyşmasy degişli at çalyşmalarynyň hyzmatynda gelýän hem bolsa olardan tapawutlanýar. Gaýdym çalyşmasynda haýsy şahs barada gürrüň gidýändigi oňa goşulan degişlilik goşulmasyndan belli bolýar. At çalyşmasyndan şahs aňlatmak onuň hut öz leksik manysyna baglydyr. At çalyşmasy belli bir şahsy adaty ýagdaýda görkezýär, gaýdym çalyşmasy has nygtap takyklap görkezýär.

Gönükme: Gaýdym çalyşmasynyň ulanylyş hyzmatyny, manysyny anyklaň.

Özüni öweniň tanapy çüýrük. Özüň adam bolsaň, biziň öýde aş bolar, Özüň adam bolmasaň, biziň öýde daş bolar. Özüňkiniň urany-kesekiniň söýeni. Öz eli bilen aýagyndan palta salan. Özüňi är bilseň, özgäni şir bil. Özüni öwen kiçi akmak, aýalyny öwen -uly akmak. Özüni bilen weli. Öz söýeniň özüňe peri. Öz öýümiň guly men, il içiniň begi men. Özi kül üstünde, göwni Kap dagynda. Öz-özüne beglik eden özüne gulluk eder.

NÄMÄLIM ÇALYŞMALARY

Neme, bir, biri, pylany, palankes, ötüki, nämedir bir, kimdir biri ýaly çalyşmalar nämälim çalyşmalaryna degişli bolup, olar atlaryň ýerine çalşyrylyp ulanylýar, kim? näme? ýaly soraglara jogap bolýar. Meselem: Biri salam berdi. Aý, hol pylanylaryň öýünde gördüm . Kimdir biri sowal berdi.Ötüki

gaty ýeserje. Nemelere gitdik. Pylan şäherde bir garry barmyş. Ol gezip ýörkä, bir şähere barypdyr.

Nämälim çalyşmalarynyň ulanylyşy beýleki çalyşmalaryňkydan tapawutlanýar. Nämälim çalyşmalary zatlaryň, şahsyň ady sözleýjiniň ýadyna düşmedik ýagdaýynda ýa-da şol bir maksat bilen gizlenende, aýdylmajak bolnanda ulanylýarlar.

Nämälim çalyşmalaryna kimse, kimde-kim ýaly sözleri hem goşmak bolar. Meselem: Kimse aglap gitdi, Kimseler gülüp, Kimse çekip dürli azap, hoş imdi (Seýdi). Kimde-kim meniň aýdanlaryma hä diýse, bir ýana saýlansyn.

Nämälim çalyşmalary köp ulanylsa dil medeniýetine, pikiriň düşnükli bolmagyna zyýan berýärler. Olaryň düşnükli bolmagy wagta we ýere baglydyr. Neme çalyşmasyny gereksiz ýere ulanmak hem käbir adama adatdyr. Oňa endik etmeli däl. Nämälim çalyşmalarynyň üýtgeýşi hem birmeňzeş däldir. *Neme, pylany, kimse* çalyşmalary san goşulmasyny, *neme, pylany* ýöňkeme, düşüm bilen üýtgeýär.

ÝOKLUK ÇALYŞMALARY

Ýokluk çalyşmasy **hiç** (pars dilinden alnan) sözüniň ýeke özünden we onuň bilen sorag çalyşmalarynyň, atlaryň hem beýleki sözleriň düzülip gelmeginden (**hiç kim, hiç haçan, hiç haýsy, hiç kes, hiç hili, hiç zat, hiç wagt, hiç ýer, hiç bir)** aňlanylýar. Ýokluk çalyşmalary esasan, düzme sözler görnüşinde ulanylýarlar. Olar ýoklugy aňladýar we ýokluk aňladýan sözlemlerde ulanylýar. Meselem: *Hiç kim* ony gepde ýeňip bilemdi. Bize *hiç zat* aýtmadylar.

Hiç atlar bilen, işlikler bilen utgaşyp ulanylyp bilýär. Degişlilik goşulmalarynyň köplük sanynyň goşulmalary bilen

üýtgeýär. Meselem: *hijimiz, hijiňiz, hijisi.* Beýle ýagdaýda **hiç** atlaşýar. Ýokluk çalyşmalarynyň üýtgeýşi bir sydyrgyn däldir. *Hiç* sözi diňe durnukly söz düzüminde atlaşan şekilde çykyş düşümde üýtgeýär. Meselem: Hiçden giç ýagşy.

Hiç kim, niç haýsy, hiç kes, hiç biri ýokluk çalyşmalary, esasan, söz üýtgediji goşulmalaryň hemmesini kabul edýärler, atlaşan şekilleri hasyl edýärler, adamlar we umuman, zatlar barada ulanylýarlar. Meselem: Hiç haýsy zat diýmedi. Oturanlaryň hiç birinden ses-seda çykmady. Hiç haýsyňyz köçä çykmaň. Biziň hiç birimiziň ondan habarymyz ýokdy.

Hiç haçan, hiç hili, hiç tüýsli ýokluk çalyşmalary söz üýtgediji goşulmalary kabul etmeýär. Diňe *hiç hili, hiç tüýsli* çalyşmalary III şahs degişlilik goşulmasyny kabul edýärler.

Hiç zat düzme ýokluk çalyşmasy söz üýtgediji goşulmalaryň hemmesi bilen üýtgeýär. Ol ýygy atlaşýar. Arasyna *bir* sözi düşende ýokluk manysy has güýçlenýär. Meselem: Ol *hiç zat* aýtmady. Olaryň ýanynda azykýowkatdan *hiç zatlary* galmandyr. Mertlige salyp, *hiç zatdan* basylmajak bolýardy. *Hiç bir zada* üns bermedi. Ol *hiç ýere* gitmez, *hiç wagt* ýürege düşmez.

Düzme ýokluk çalyşmalary hiç kim, hiç biri, hiç zat, hiç wagt we beýlekiler biri-biri bilen baglanyşyp ulanylyp biler. Şonda ýokluk manysy has güýçlenip, duýgy öwüşginlilige eýe bolýar. Meselem: *Hiç kim hiç zatdan* gorkmaýan ýalydy. *Hiç kim hiç ýere* gitmesin. *Hiç biri hiç haçan* aýdan däldir.

SORAG ÇALYŞMALARY

Ähli sorag aňladýan sözler sorag çalyşmalarydyr. **Kim, näme, nire, näçe, näçinji, nähili, neneňsi, haçan, näwagt** ýaly sözler sorag çalyşmalary bolup, bular haýsy-da bolsa bir zady

predmeti, hili, ýagdaýy, mukdary , sany we ş.m. anyklamak üçin ulanylýar. Häzirki wagtda bularyň birnäçesi asyl söz ýaly duýulsa-da, olaryň köpüsi taryhy taýdan ýasamadyr.Sorag çalyşmalary semantik taýdan abstrakt manyly sözler bolup, oňa berlen jogapda sorag çalyşmalarynyň şol manysy anyklanýar. Şeýle jogap bolmasa ýa-da sorag ritotik häsiýetli bolsa sorag çalyşmasynyň manysy açylman galýar. Ýöne bu çalyşmalar köplenç, soraglyk manysynda ulanylýarlar. Mmeselem: Olar ussanyň haçan dükanyny açyp, haçan ýapýanyna çenli, dükanynda näme işläp, näme goýýanyna çenli kimiň ýanyna baryp, kim bilen gürrüň edýänine çenli bilip durýardylar. Gumrumysyň, bilbilmi sen, näme sen?

Kim? sorag çalyşmasy diňe ynsana degişli sorag bolup, onuň adyny, familiýasyny , kesp-kärini, garyndaşlyk gatnaşygyny we başga-da şuňa meňzeşleri anyklamakda ulanylýar. Häzirki zaman türkmen dilinde **ne** sözünden emele gelen **näme, näçe, nire, niçiksi, nähili, näjüre, nätüýsli, näçenji, neneň, näwagt, näzaman** ýaly sorag çalyşmalary ulanylýar. Bularyň hemmesiniň düzüminde **ne** sözi bolup, ol *ne, ni, nä* görnüşde duşýar. Ne sözünden emele gelen sorag çalyşmalary predmeti, hili, ýagdaýy, häsiýeti, mukdary we başga-da ş.m anyklamakda ulanylýar. Atlar dogrusynda ulanylýan sorag çalyşmalary söz üýtgediji goşulmalary kabul edýärler. Sanlar, wagt aňladýan sözler barada ulanylýan sorag çalyşmalary hem gepleşigiň ýagdaýyna görä üýtgediji goşulmalar bilen üýtgäp biler. Hal sözleri dogrusynda ulantylýan **niçik, neneň, haýsy** ýaly sorag çalyşmalary söz üýtgediji goşulmalaryň hiç birini kabul etmeýär. Ýöne atlaşan ýagdaýynda öň üýtgemeýän sorag çalyşmalary-da söz üýtgediji goşulmalary kabul edip bilerler.

SYPATLYK ÇALYŞMALARY

Sypatlyk çalyşmalary **her** sözi we onuň bilen gelen **bir, haýsy, hili, tüýsli, wagt, tarap, ýer, kes, zat, jüre, kim, näme, näçe** ýaly sözleriň jeminden hasyl bolýarlar. Meselem: Ol her bir zadyň manysyna akyl ýetirip bilýärdi. Her hili pikirler kellesine gelýärdi. Göwnüne düwen her bir işini her kim bilen hem bolsa ýagşylyk bile çözerdi. Hersi bir goşawuç däne alyp maňlaýyna degirdi.

Her sözi sözlemden aňlanylýan wakanyň bir jynsdan bolan köp zadyň ählisine degişlidigini umumylaşdyryp görkezýär. Her sözüniň ýeke özi hem ulanylýar. Ol köplük san goşulmasyny kabul etmeýär, degişliligiň köplüginiň goşulmalarynyň kabil edýär, şondan soň düşüm goşulmalary bilen hem üýtgeýär. Meselem: Hersiniň, hersine, hersini, hersinde, hersinden. Hersiniň bir sanaç ýeli bar. Her tary başga-başga, Ot saldy jana zülpüň. Herki zadyň öz möwriti bar. Her gülüň öz ysy bar.

Sypatlyk çalyşmalarynyň köp dürli hyzmaty bar. Olardan *her kim, her haýsy, her kes* ýaly çalyşmalaryň atlara ýakyn taraplary bar. Olaryň atlyk häsiýeti güýçlüdir. Meselem: Bularyň her haýsy bir tarapa gitdi. Her kim atan düşeginde oturar. Her kimiň päli-niýeti özüne. *Her näçe* sypatlyk çalyşmasynyň hallyk häsiýeti güýçlüdir. Meselem: Her näçe ylgasak-da, yzyndan ýetip bolmady. Her hili, her tüýsli, her bir sypatlyk çalyşmalarynyň sypatlyk häsiýeti güýçlüdir. Meselem:Her bir sözüm dürdür kämil bolana (M.).

Doly morfologik derňew etmeli GÖNÜKME

Hemme ýeriň towugynyň sesi bir. Her kim eder eli bilen, o-da gider özi bilen. Her kişiniň işi däldir deriden don eýlemek. Her ýurduň tilkisini öz tazysy bilen awlarlar. Hiç ýerde aşa baha ýok, işe baha bar. Beg diỳeniň haỳsy, begenmäniň haỳsy? Beỳige çyk-da seret, köpűň ugry hanjak bolsa, senem şoňa. Diş agyrydan adam ölmez, soramaga hiç

kim gelmez. Pylan ýerde bakyr bar, ýanyna barsaň -takyr. Rysgym bir okdur, her ýere düşer. Oglana ýumuş buýur, yzyndan özüň ylga. Näme daş, işik bilen tör daş. Nätmekden hudaý saklasyn. Näçe ajam bolsa, şire ýüz tutsaň biter. Her bir pähimdara sadalyk gerek. Her iýmişiň tagamy aýry. Her kimiň ýäli-niýeti özüne. Her kimiň öz ýurdy – özüne Müsür.

IŞLIKLERIŇ LEKSIK-GRAMMATIK AÝRATYNLYKLARY

Zatlaryň, şahsyň hereketini, gymyldysyny (ýöre, git, gel) we hereket ýagdaýyny (ekmek, eremek, doňmak) görkezýän sözlere **işlik** diýilýär. Hereketi ýa-da onuň geçiş ýagdaýyny, alamatlaryň ýüze çykmagyny, üýtgemegini, bir adama ýa-da bir zada bolan gatnaşygy gymyldy-hereket hökmünde aňladýan söz topary bolan işlikler dilde uly ähmiýete eýedir, köp taraply hem giň ulanylýan söz toparydyr. Meselem: turmak, işlemek, çekmek, halamak, şatlanmak, begenmek, garalmak, agarmak we ş.m. Işlikler birnäçe aýratynlyklary boýunça beýleki söz toparlaryndan düýpli tapawutlanýar.

I. Işlikleriň leksik-semantik özboluşlylygy

Işlikler esasan:

1. Bir zadyň gymyldy-hereketini atlandyrýarlar: çykmak, turmak, oturmak, durmak, çalmak, gonmak...

2.Ýagdaýy we onuň üýtgemegini aňladýarlar: ýagmak, eremek, doňmak, açylmak, ýatmak, sürmek, garalmak, tutulmak, turşamak...

3. Kimdir birine ýa-da nämedir bir zada gatnaşygy bildirýärler: hasaplamak, gynanmak, garşylamak, ugratmak, kowmak, soramak... . Işlikleriň kategorik manysy arkaly aňladylýan gymyldy-hereket köp dürli many öwüşginlerine eýedir. Mysal üçin, hereket hem a) adat boýunça gaýtalanyp duran gymyldy (iş başlandy, gutardy, Gün dogýar, ýaşýar), b) şol zadyň hereket taýdan bolan aýratynlygy (sygyr molaýar, goýun mäleýär, it

üýrýär, gar ýagýar), bir gezek bolup geçýan hereket (ýykyldy, döwüldi) we ş.m. ýaly manylary aňladyp biler. Işlikler many taýdan hereket işlikleri, ýagdaý işlikleri, isleg işlikleri, pikirlenme işlikleri, dynçlyk işlikleri, garşylyk işlikleri, duýgy işlikleri, şäriklilik işlikleri, abstrakt işlikler ýaly many toparlary bilen tapawutlandyrylýar. Umuman, bir zadyň gymyldy-hereketini, ýagdaýyny bildirip, näme etmek?, näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder? ýaly soraglara jogap bolýan sözler işliklerdir. Meselem: *Okamak-näme etmek? Okaýar-näme edýär?...*Işlikleriň esasy aýratynlygy hereket aňlatmakdan ybaratdyr. Gymyldy-hereket hemişe belli bir wagtda, belli bir orunda- giňişlikde ýüze çykýar. Türkmen dilinde işlikler many taýdan iki esasa görä bölünýärler:

1. Hereket (dinamik) işlikleri we hereket düşünjesini bildirýän (statik) işlikler
2. Täsirini geçirýän we geçirmeýän islikler

1. Hereket işlikleri. Dinamik işlikler başgaça hakyky işlikler ýa-da hereket işlikleri diýlip hem atlandyrylýarlar. Beýle gymyldy zadyň hereket netijesinde bir ýerden ikinji bir ýere ornuny üýtgetmegi bilen bagly bolýar. Munda esasan, göze görünýän hereket nazarda tutulýar. Meselem: *Maşyn ýöreýär. Ol ýerinden turdy. Talyplar geldiler.*

2. Hereket düşünjesini bildirýän işlikler. Statik işlikler göze görünmeýän hereketi aňladýarlar. Asuda halda duran zatlaryň hemişe hereketdedigi bilen bagly düşünjä görä predmetler hiç hili hereket etmese-de olaryň içinde dürli prosesler dowam edýär. Meselem: *Agaç ösýär. Adam oýlanýar, çaga ulalýar, dymýar, ýatlady we ş.m.*Bu sözler hem biziň aňymyz tarapyndan hereket-gymyldy aňladýan sözler hökmünde özleşdirilendir.

Her bir işlik many taýdan dinamik ýa-da statik işlikleriň ikisinden birine degişlidir.

Işlikler many taýdan **täsirini geçirýän** ýa-da **geçirmeýän** işliklere bölünýär.

Täsirini geçirýän işlikler özüne ýeňiş düşümdäki sözüň-obýektiň baglanmagyny talap edip, hereketiň täsirini şol obýekte geçirýärler. Meselem: *gör: (nämäni?) Sapary gör, dünýäni gör. Al: kitaby al, alkyş al, zyň: gahary zyň, çilimi zyň, hapany zyň.*

Täsirini geçirmeýän işlikler özüne obýektiň baglanmagyny talap etmeýän işlikler, şeýlelikde hereketiň täsiriniň geçýän obýektini görkezip bilmeýän işlikler ýa-da obýekt bilen bagly bolmadyk işliklerdir. Meselem: *Çykmak, gorkmak, ürkmek ş.m.* obýekt talap etmeýär, ýeňiş düşümdäki söz bilen baglanyp bilmeýär , netijede täsirini geçirip bilmeýar.

Bulardan başga-da işlikleriň üçünji bir topary täsirini hem geçirýän, hem geçirmeýän işliklerdir. Meselem: gülle: pagta gülledi, keçäni gülledilerdi; geç: günäni geç, ýoldan geç, bergini geç. Bu ýagdaý işlikleriň köpmanylylygy bilen baglydyr.

II. Işlikleriň morfologik alamatlary

Morfologik taýdan iň özboluşly hem çylşyrymly söz topary işliklerdir. Bu kategoriýanyň esasy aýratynlygy-da onuň köp sanly grammatik manylary özünde jemleýänligidir. Işlikler aýdylýan zadyň gepleşige gatnaşyja, sözlenýän pursata, hakykata gatnaşygyny görkezýän grammatik kategoriýalary bilen häsiýetlenýärler. Işlikler söz ýasaýjy we şekil ýasaýjy ülňüleriň aýratyn ulgamy bilen häsiýetlenýär. Şeýlelikde, her bir işlikde dereje, zaman, şahs, şekil, barlyk we ýokluk, ýöňkeme ýaly grammatik kategoriýalar jemlenip biler. Işlikleriň kabul edýän goşulmalary taýdan aşakdaky ýaly aýratynlyklary bar:

1. Diňe işlik ýaşaýjy hususy goşulmalara eýedir. Olardan **–a/-e, -la/-le, -jar/-jer, -al/-el, -ar/-er** we ş.m. isimden işlik ýasaýarlar

hem-de işlikden işlik ýasaýan **–ala/-ele, -mala/-mele, -jakla/-jekle** we ş.m. ýaly hususy asyl ýasaýjylary bar.

2. Işlikleriň diňe özüne degişli bolup, başga söz toparlarynda ulanylmaýan dereje goşulmalary bar.

3. Işlikler ýörite goşulmalar arkaly zaman aňladýarlar.

4. Işlikler birnäçe şekil ýasaýjy goşulmalar bilen sözleme baglanýarlar.

5. Her işlik şekili diňe özüne mahsus barlyk hem-de ýokluk galypynda ulanylýarlar.

6. Işlikleriň üýtgeýiş aýratynlygy beýleki söz toparlarynyňkydan has-da tapawutly bolup, işlikler şahs aňladýan ýa-da aňlatmaýan şekil ýasaýjylar arkaly hem-de ýörite işlik ýöňkemeleri arkaly üýtgeýärler.

Işlikleriň üýtgemek ukyby has giňdir. Işlikler üýtgände, sözde täze leksik many ýüze çykman, sözüň grammatik manylary üýtgeýär hem-de gymyldy- hereketiň bolup geçişiniň dürli görnüşleri, ýagdaýlary aňladýarlar.

III. Işlikleriň sintaktik hyzmaty

Sözlemiň anyk hem düşnükli düzülmeginde, aýdyň şekillenmeginde we pikiriň esasyny aňlatmakda işlikleriň esasy orny bardyr. Sözlemde işlikler esasan habar bolýarlar. Beýleki söz toparlary hem ulanylyşy taýdan sözlemiň habary hyzmatynda gelip bilerler. Emma sintaktik nukdaýnazardan işlik söz toparynyň habar bolmak mümkinçiligi örän uludyr. Işlikleriň zaman şekilleri, buýruk, hökmanlyk, hyýal şekilleri we ş.m. habar bolup bilýärler.

Emma ortak işlikler sözlemde öz hyzmatynda gelende işlik aýyrgyçlary bolýarlar we subýekti aýyklaýarlar. Sözlemde işliklere atlar, hallar, çalyşmalar, belli bir şekilde gelen işlikler bilen aýyklanýarlar. Mydama işlige baglanýan hal işlik şekili hal-ýagdaý doldurgyjy bolýar.

<u>Işligiň şert şekili,</u> esasan, eýerjeň sözlemiň habary ýa-da goşma işligiň işlikden bolan esasy sözi hökmünde ulanylyp

bilner. Emma käte arzuw aňladýan sözlemiň (gutarnykly sözlemiň) habary hem bolup biler.

Işligiň nämälim şekili düýp işlige goşulyp, hereket-iş adyny bildirýän ýasama ady hasyl edýär, atlar bilen işlikleriň häsiýetlerini özünde jemleýän ýasama sözi hasyl edýär. Şol sebäpli **–mak/-mek** goşulmasyny kabul eden işlikler sözlemde atlar ýaly ulanylyp hem-de eýe hyzmatynda gelip bilýärler.

Şeýlelikde, işlikler öz şekilleriniň köpdürlüdigine görä, sözlemiň islendik agzasy bolup bilýän, esasy, kategorial hyzmaty habaryň wezipesini ýerine ýetirmek bolan söz toparydyr.

Işlikler hereket-ýagdaý görkezýän sözler bolup, bir şahsyň predmetiň hereketini, gymyldysyny, şonuň üstünde bolýan gymyldyny, zadyň bir ýagdaýdan ikinji ýagdaýa geçişini ýa-da öz bolşuny saklaýşyny, üýtgeýşini aňladýan, görkezýän söz toparydyr.

Sözleýişde her söz toparynyň öz orny bar. Dilimiziň sözlük düzümine girýän sözler bolsa diliň, sözleýşiň materiallary bolmak bilen, adamlaryň birek-birek bilen pikir alyşmagyna ýardam edýär. Ýöne bu hyzmaty ýerine ýetirmekde söz toparlarynyň hemmesi gyradeň hereket etmeýärler. Munuň özi bolsa ol söz toparlarynyň sözleriniň şol wagtdaky ulanylyşynyň işjeňliginden ýa-da işjeň däldiginden ybaratdyr.

Sözleýişde işjeň ulanylýan sözleriň hatarynda özbaşdak many aňladýan söz toparlary özleriniň leksik manylylygy we hyzmaty boýunça sözleýşi alyp barmaga ýardam edýärler. Emma ikinji topardakylar, ýagny özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary bolsa gepleşikde kömekçi hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Şol jähtden hem olaryň ulanylyş gerimi dar bolýar. Munuň özi bolsa olaryň ähmiýetiniň we hyzmatynyň ýokdugyny aňlatmaýar.

Türkmen diliniň işlikleri sözleýişde örän uly hyzmaty ýerine ýetirýär. Işlikler, esasan, sözlemiň habarynyň wezipesini

öz üstüne alýarlar. Türkmen dilinde bolsa, eýesiz sözlem bar hem bolsa, habarsyz sözlem bolmaýar. Eger-de “Bagda *şeýda bilbil şirin-şirin* *saýraýar*” diýen sözlemde ”saýraýar” diýen işik bolmadyk bolsa, onda ol many aňladýan sözler gutarnykly pikir aňladyp bilmezdi. Hut şonuň üçin hem işlikler isimler bilen organiki taýdan baglanyşyp, sözleýşi emele getirýärler. Bu jähtden işlikler hereketi, ýagdaýy görkezip, bir şahsyň, zadyň gymyldysyny we şonuň üstünde bolýan hereketi, zadyň bir ýagdaýdan ikinji ýagdaýa geçişini, öz bolşuny saklaýşyny, üýtgeýşini aňladýarlar. Diýmek, işlikler bir işiň edilip–edilmezlik taýdan gymyldy-hereketini bildirýärler. Meselem: *Çaga oýnaýar. Daň agarýar .*

Görüp geçişimiz ýaly, işlikler beýleki söz toparlaryndan leksik manysy taýdan tapawutlanýarlar. Şunuň ýaly-da ol morfologik alamatlary boýunça hem beýleki söz toparlaryndan tapawutlanýar. Işlikler morfologik taýdan ütgände, beýleki söz toparlaryndaky ýaly täze bir many ýüze çykmaýar. Olar hereket bilen baglanyşykly şahsy, degişliligi, zamany aňladýarlar. Meselem: *Men kitap okaýaryn* diýen sözlemde gelen ”okaýaryn” işliginiň zaman, şahs aňladyşy kimin.

Işlikler sözlemde pikir aňlatmakda aýratyn hyzmata eýedir. Olar sözlemiň habary bolmak bilen. ýüze çykarylýan manyny hem-de hereketi aňladýarlar. Hut şonuň üçin hem dürli işlik şekilleri we zaman şekilleri sözlemiň habary bolmakdan başga-da, aýratyn bir sözlemi hem emele getirip bilýär. Meselem: *oka - sen oka.,bildik – biz bildik ...*

Işlikler asyl manysynyň aýratynlygy boýunça iki topara bölünýärler:

1. Gymyldy-hereketi we ýagdaýy bildirip, hemişe işlik aňladýanlar.

2. Köp manylylyk häsiýetine eýe bolup, hem isim, hem işlik manysynda ulanylýanlar.

Hemişe işlik manysynda ulanylýan sözler köpdür. Olara: oka, gork, diý, bök ... sözler degişlidir. Emma hem at, hem işlik manysynda gelýän sözler bolsa biri-birine ýakyn manyny aňladýarlar.

Meselem: aň (at) – aň (işlik), geňeş – geňeş, kem – kem, ýalňyş-ýalňyş, oý-oý, çiş-çiş...Bu hili ýagdaýlarda ol sözler sözlemde many taýdan has anyklaşyp, öz degişli söz toparlaryna mahsus goşulmalary kabul edýärler.

GÖNÜKME. Işlikleriň gurluşyny anyklaň, doly morfologik derňew ediň.

Arykdan ätle, yzyňy ýatla. Assa ýörän atdan ozar, ýüwrüp baran taýdan galar. Ata gapmaz diýme, eşege depmez diýme. At garrar, meýdan garramaz, ýigit garrar, heňňam garramaz. At meýdanynda eşek örkleme. Atyň ýaman bolsa satyp gutularsyň, Aýalyň ýaman bolsa, niçik gutularsyň? At çapanyňdan-a geçdik, eýeriň gaşyna berk ýapyş. Eken bolsaň orarsyň, beren bolsaň alarsyň. Ekläniň gadyryny ekläniňde bilersiň.

IŞLIKLERIŇ GURLUŞY TAÝDAN TOPARA BÖLÜNIŞI

Türkmen dilinde-de beýleki türki dillerde bolşy ýaly, düýp işlikler öz morfologik düzümi boýunça asyl, ýasama we çylşyrymly işliklere bölünýärler. Şeýlelikde, emele gelşi taýdan işlikler sada we çylşyrymly gurluşda bolýarlar. Sada işlikleriň gurluşynda bir asyl söz bolýar. Sada işlikler hem asyl sada işlik we ýasama sada işlik görnüşinde bolýar. Asyl sada işlikler böleklere bölünmeýän,düzüminde goşulma bardygy duýulmaýan işliklerdir. **Meselem:** *al, as, bil, gur, ölçe, tana, uç.* Asyl sada işlikler şol durşuna belli bir many aňladyp, gymyldy-hereketi bildirýärler. Olar ýasalmadyk asyl sözlerdir, eger bölünseler, onda manysyny ýitirýärler.

Asyl işlikler, köplenç, bir bogundan ybarat bolýar. Emma olaryň iki bogunlylary hem az däl.

Bir bogunly asyl işlikler iň gadymy we diliň esasy sözlük goruna degişli sözlerdir. Olar fonetik gurluşy taýdan 4 hili görnüşde bolýarlar:

a) çekimli we çekimsiz iki sesden düzülen işlikler: or, al, aç, iý, öt, eg, ek, in, ur, iç, ös.

b) çekimsiz, çekimli we çekimsiz üç sesden düzülen işlikler: bak, çak, bol,gel, dur, tut, tap, çyk, ýap, goý, gaz, gaç, kes, çyz, gir, çek, ýaz, gül, ber, bar,... .

ç) çekimli, çekimsiz we çekimsiz seslerden bolan işlikler az sanlydyr: üýr, ürk, elt, art, ört, .

d) çekimsiz, çekimli, çekimsiz we çekimsiz dört sesden dörän işlikler: gork, gaýt, serp, silk, gyrp, sanç, sünç, ýenç, güýl, ýort, kert, ...

Asyl işlikleriň köpüsi bir bogunlydyr. Iki bogunly asyl işlikler hem mukdar taýdan az däldir. Olara: gaýna, çaýka, üwe, öwüs, öwür, utan, uýal, çöwür, garga, öwren ýaly işlikler degişlidir. Bularyň hem köpüsi taryhy taýdan ýasamadyr. Asyl işlikleriň köpüsinden ybarat bolan bir topar diňe işlik manysyny berip, gymyldy-hereket aňladýan bolsa, ikinji bir hili asyl işlikler hem isim, hem-de şol isim bilen bagly gymyldy-hereket aňladyp, hem at, hem işlik manysynda gelýän sözlerdir. Meselem:

I topar	**II topar**
Biş	Oý (köwmek)
Öwür	Köw
Gaýna	Çiş
Gork	Ýalňyş
Bar	Geňeş
Bejer	Göç, kak
Ber	Kert
Gör	tolkun

Bu hili iki manyly sözler söz toparlarynyň özara aýrybaşgalaşyp başlan döwründen bäri şol bir sözden gelip çykan at bilen işligiň many baglanyşygy ýitmedik topar hasaplanýarlar. Diliň taryhynda şol bir sözler sözleýişde zerurlygyna görä, ýa-ha at ýaly, ýa-da işlik ýaly ulanylypdyrlar. Bulardan at (isim) we atmak, yk (tarap) we ykmak, kak (at) we kakmak, saý (ýer) we saýmak, çaý (akar) we çaýmak ýaly jübütlere "at-işlik omonimiýasy" hem diýilýär. Türkmen dilinde hem at, hem işlik hökmünde ulanylýan sözleriň sany 40 töweregidir.

Ýasama sada işlikler bolsa asyl söze ýörite işlik ýasaýjy goşulmalaryň goşulmagy bilen emele gelen düýp sözlerdir. Meselem: *aw-la-mak, çaň-jar-mak, bek-le-mek, keç-ik-mek,dar-yk-mak, göz-e-mek, çaň-a-mak.* Işlikleriň morfologik ýol bilen ýasalyşy diýlip, sözleriň dürli goşulmalaryň kömegi bilen gymyldy-hereket aňladýan täze leksik mana eýe bolmagyna aýdylýar. Meselem: *ak-la, aw-la, diş-e, ot-a, tak-yrda, güw-le, dogr(y)-al, it-ele, ýol-mala...* Görnüşi ýaly, bu sözleri böleklere bölüp bolýar. Emma aslynda ýasamadygy belli bolsa hem böleklere bölüp bolmaýan işlikler hem bar. Ýöne olar köp däldir. Meselem: *bot-la, saý-la, gut-la, is-le* Şu hili ýagdaýda olar botlamak, saýlamak, islemek, gutlamak görnüşinde asyl işlik hasaplanylýarlar.

Işlik ýasamaga gatnaşýan goşulmalar hem öz gezeginde: sada we çylşyrymly bolýarlar.

Sada ýasaýjy goşulmalar böleklere bölünmeýär. Meselem: *-la/–le, -a /–e, al/–el, -ar/–er/– r.*

Çylşyrymly ýasaýjylar birnäçe sada ýasaýjy goşulmalardan emele gelip, olar bir bitewi görnüşe geçendirler. Şonuň üçin olary böleklere bölmek bolmaýar. Ýöne taryhy taýdan derňelende, onda olaryň emele geliş häsiýetini ýüze çykarmak bolýar. Meselem: ***-gyla/-gile****: basgyla, depgile,*

saýgyla, ýençgile, ***-mala/-mele:*** *ýolmala, gezmele,gaýmala, ütmele, çokmala,* ***lan/-len*** *– batlan, güýçlen, ...*

Çylşyrymly işlikler sintaktik ýol bilen hasyl bolýarlar. Bu hili işlikler örän köp. Çylşyrymly işlik diýlip, iki düýp sözden ybarat bolan sözlere aýdylýar.Olar işlikleriň we beýleki söz toparlarynyň sözleriniň kömegi bilen ýüze çykýarlar. Şeýlelikde, işlikleriň goşulyşmagy, tirkeşmegi, düzülip baglanyşmagy ýa-da isim bilen işlikleriň baglanyşmagyndan täze manyly gymyldy-hereketi aňladýan sözlere goşma, tirkeş ýa-da düzme işlikler diýilýär. Morfologiýa degişli öňki yazylan işlerde ”düzme işlikler” adalgasyna derek ”goşma işlik” termini ulanylýardy. Häzirki döwürde hatda mekdep grammatikasynda-da hemme söz toparlaryna düzme söz görnüşi girizildi. Meselem: *jedel etmek, dowam etmek, göwün bermek, söz oklamak, barlap çykmak, ýetip gelmek, ýazyp bolmak we ş.m.* düzme işliklerdir. Isimlerden ýa-da işliklerden bolan esasy sözüň kömekçi işlik bilen düzülip baglanyşmagyndan bir çylşyrymly gymyldy-hereket aňladýan işliklere **düzme işlik** diýilýär. Işlikler sintaktik ýol bilen hasyl bolanda, olar at bilen işligiň ýa-da işlik bilen işligiň bilelikde ulanylmagynda ýüze çykýar. Meselem: <u>at bilen işligiň düzülip baglanyşmagyndan:</u> *jedel etmek, sapar etmek; karz etmek,söz atmak, gep oklamak, sap atmak,lap urmak, çak urmak...*

<u>Işlik bilen işligiň düzülip baglanyşmagyndan</u>:

alyp gelmek; gaýdyp gelmek; baryp görmek, ýetip barmak, aýtsa bolar, geljek bolar, ýyka başlady. Sintaktik ýol bilen ýasalan işlikleriň esasy bölegi düzme işliklerdir.

Goşma işlikler basym taýdan birleşip, goşulyp ýazylýan *gidiberdi,gaňryberer (gaňrybiýr), baraweri, geçiberiň, garaşybildiň* ýaly işliklerdir we bular san taýdan azdyr. **Tirkeş işlikler** şol bir işligiň gaýtalanmagyndan ya-da dürli işlik şekilleriniň barlyk we ýokluk galyplarynda gelen manydaş, garşylykly ýa-da golaý manyly işlikleriň tirkeşdirilip, özboluşly

heň bilen deň ölçegde sazlaşdyrylyp baglanyşmagyndan hasyl bolýar. Meselem: *dura-bara, eňreý-eňreý, oturyp-oturman, bara-bara, aýtsa-diýse, gözleý-gözleý...*

Şeýlelikde, işlikler diňe bir many taýdan däl-de, eýsem grammatik aýratynlyklary hem emele gelşi taýdan hem özboluşly häsiýete eýedirler.

Görşümiz ýaly, asyl işliklerden beýleki işlikleriň ählisi her hili söz ýasaýjy serişdeleriň kömegi bilen işliklerden hem-de beýleki söz toparlaryndan hasyl bolan işliklerdir. Olara goşulmalar arkaly ýasalan ýasama işlikler, sözleriň goşulmagy arkaly ýasalan goşma, tirkeş, düzme işlikler degişli bolýar.

Bular asyl işliklerden has köpdür. Işlikleriň ýasalyşy beýleki söz toparlarynyňkydan has önümlidir we köp taraplydyr. Şeýlelikde işlikleriň ýasalyşynda iki sany söz ýasalyş ýoly ulanylýar.

1. *Morfologik söz ýasalyş.*

2. *Sintaktik söz ýasalyş.*

Gönükme: Morfologik derňew:

"Bir atada alty atanyň söýi bar" diýlen nakyldaky söy sözi ünsüňi çekýär. Şu "söý" sözi iň gadymy sözlerimiziň biri bolup, ol söýgi, söz söwer/söýmek ýaly sözleriň hem aslydyr. "Gorkut atadaky", "Dädem Gorkut gelip, boý boýlady, söý söýledi" diýilýän aýtgyda hem söý sözi saklanyp galypdyr. Nakyldaky alty ata bolsa, çaganyň öz kakasynda onuň hemme hossarlarynyň, ýagny azan atasy, garry atasy, ylym atasy ýaly onuň adam bolup ýetişmeginde jogapkärçiligi bolan adamlaryň hemmesiniň söýgüsi, hamraklygy jemlenendir diýmekdir, ýagny bu nakyl her ynsanyň ýedi atasy bolmaly diýlen düşünjäni ýatladýar. Magtymgulynyň döredijiliginde "Magtymguly, söýlär sözde (Magtymguly, Saýlanan eserler, Aşgabat 1983, 1 tom, 213 s.) "Söyle, Magtymguly, älem bilsinler (Şol ýerde, 129 s.) "Zatynda söz pähmin bilmez adamga, Müň magny söýleseň, gadryn näbilsin" (Şol ýerde, 124 s.) diýip berilýär. Diýmek, söý

sözi hem at, hem işlik hyzmatynda ulanylypdyr. Onuň işliklik manysy asyl sözünde saklanyp galsa-da, at manysyndaky söý sözi söz görnüşine geçipdir. Şunuň ýaly at-işlik sesdeş sözleriniň gelip çykyşy sözleriň heniz söz toparlaryna bölünip ýetişmedik döwri bilen baglanyşdyrylýar. Şol döwürde bir söz hem ady, hem şol at bilen bagly hereketi-gymyldyny aňladypdyr. Türkmen dilinde onlarça söz at-işlik sesdeş sözlerini düzýärler.

IŞLIKLERIŇ MORFOLOGIK ÝOL BILEN ÝASALYŞY

Türkmen dilindäki işlikleriň ýasalyşy giňdir. Işlikler goşulmalar arkaly işlikleriň özlerinden we beýleki söz toparlaryndan ýasalýarlar. Işlik ýasaýjy goşulmalaryň diňe aýry-aýry söz toparlaryna goşulmak mümkinçiligi bardyr, yagny işliklerden işlik ýasaýjy goşulmalar isimlere goşulyp bilmeýär we isimlerden işlik ýasaýanlar hem işliklerde ulanylyp bilmeýär. Şeýlelikde, haýsy söz toparyna goşulýandygyna görä, işlikleriň goşulmalar arkaly ýasalyşy ikä bölünýär.

1. Işlikleriň işliklerden ýasalyşy

2. Isimlerden işlikleriň ýasalyşy

Bularyň ikisi bir-birinden goşulmalaryň dürlüligi arkaly hem-de ýasan sözleriniň manylary arkaly tapawutlanýarlar.

Işlikden işlik ýasalanda gymyldy-hereketiň öz obýekti we subýekti bilen arasyndaky gatnaşyklar hem-de hereketiň ýerine ýetirilişiniň görnüşleri aňladylýar. Emma isimden işlik ýasalanda bolsa ýasalan sözüniň asyl manysy bilen bagly ýüze çykýan gymyldy-hereket, ýagdaý aňladylýar.

Işlikleriň işliklerden ýasalyşy	**Isimlerden işlikleriň ýasalyşy**
Ýenç-ýençgile	Ot-ota, ak-akla

It-itekle	Gan-ganjarmak
Ýaz-ýazyşdyr	Ýel-ýelejiremek
Ýol-ýolmala	Jan-janykmak
Dep-depele	Göz-gözükmek
Çykar, bakjakla	Agyr-agralmak

IŞLIKLERIŇ ISIMLERDEN ÝASALYŞY

Söz ýasalyşyň morfologik usuly iňňän uly hyzmaty ýerine ýetirýär. Munda ýasaýjy goşulmalar dürli söz toparlaryndan täze manyly sözleri ýasaýarlar. Bu işlikleriň morfologik ýol bilen ýasalyşynda hem aýdyň görünýär. Meselem: *Garynjalar hem ýaşamak üçin irmän-arman işleýärler* diýen sözlemde ”ýaş we iş” sözleri çekimlileriň sazlaşygyna görä, ”-a, -le” ýasaýjylary kabul edip, at rolundan işlik hataryna geçdi hem-de gymyldy-hereketi aňlatdy. Şunuň ýaly ýagdaý işlik ýasaýjy goşulmalara häsiýetlidir. Şunlukda, işlikler özüne has bolan söz ýasaýjy goşulmalary bilen isimlerden ýasalanda, gymyldy-hereket bilen bagly manysy bolmadyk sözlere hereket düşünjesini berýärler. Şunlukda, dili we sözleri baýlaşdyrmak arkaly gymyldy-hereketiň aňladylyş gerimini hem giňeldýärler.

Isimlerden morfologik ýol bilen işlik ýasalyşynda -a/-e; -al/–el/-l; -ar/–er/–r; -jar/–jer; -le/–le ýaly işjeň asyl ýasaýjylary görkezmek bolar. Bulardan käbir goşulmalar has önümlidir, käbiri bolsa onça önümli däldir. Türkmen dilindäki isimden işlik ýasaýan goşulmalar dürli manyly täze sözleri hasyl etmekde görnükli orun tutýarlar.

1. -la/-le iň önümli işlik ýasaýjy goşulmadyr. Bu goşulma atlara, sypatlara, sanlara, ses we şekil meňzemelerine, ümlüklere goşulyp, kä täsirini geçirýän, käte hem täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Onuň semantikasy goşulan sözüniň manysyna, görnüşine laýyklykda ýüze çykýar. Şunlukda, -la/-le

asyl ýasaýjy goşulmanyň aşakdaky ýaly manylaryny görüp bolýar.

a. Öz baglanýan subýektiniň bu goşulmanyň goşulan sözünden aňlanylýan düşünje bilen gurşalmagy, ýasama sözüň manysy bilen bagly ýagdaýa geçmegi bildirýän täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *der-le, kir - le, kesel-le, çyrçyk-la..*

b. Özüne baglanýan subýektde goşulan adyndan aňlanylýan zadyň köpelendigini bildirýän, täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *ýaprak –la, goza-la, gül-le, kök-le, düwürtik-le, körek-le.*

ç. Ugur-tarap görkezýän sözlere, sypatlara goşulyp, hereketiň şol tarapa gönükmegini aňladýar we täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *ýakyn-la, ýokar(y)-la, iler-le, çet-le, ýanyn-la, ýantak-la, golaý-la.*

d. Goşulan sözünden aňlanylýan zat bilen bagly täsirini geçirýän işlik ýasaýar. Meselem: *ýag-la, keşde-le, reňk-le, duz-la, ýük-le, ýat-la, pel-le, çil-le baş-la, ýaş-la.,*

e. Gural, zat atlaryna goşulyp, şonuň bilen täsir etmegi bildirýär. Meselem: *palta-la, daş-la, tüpeň-le, kesek-le,pil-le,sürteç-le iş-le, söz-le*

ä. Hil sypatlaryna we käbir atlara goşulyp, olardan aňlanylýan düşünjäni ýüze çykarmagy bildirýän, täsirini geçirýän hem täsirini geçirmeýän işlik ýasaýarlar. Meselem: *dag-la, tämiz-le, gara-la-mak, täze - le-mek,ak-la, ejiz-le, sowuk-la, hapa-la, gyş – la, maýda-la, gyzyl-la, eziz-le, uky-uk-la, hüwdü-le,*

h. Düýp sanlara goşulyp, ondan şol mukdara görä möçberlemegi aňladýan, şol sana ýakyn manyly täsirini geçirýän işlik ýasaýar. Meselem: *iki-le-mek, üç-le-mek, ýeke-le-mek, müň-le,*

f. Ümlüklere goşulyp, olardan aňlanylýan duýga gaplanmagy aňladýan we täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: ah-la, dat-la, wah-la, waý-la, gyw-la,

g. Ses we şekil aňadýan sözlere goşulyp, olardan aňlanylýan düşünjäniň ýüze çykarylmagyny görkezýän we täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *har-la-mak, gür-le-mek, hababaý-la, oýturak-la, uw-la, şyg-la, şaň-la, waz-la, hetjik-le, soýlan goýny şakga-la....* Bulardan käbir sözlerde *–la/-le* asyl ýasaýjysy ”etmek” işligi bilen çalşylyp bilner. Meselem: *işlemek – iş etmek, tankytlamak – tankyt etmek.* Emma käbir sözlerde bu mümkin däldir.

2.**–lan/-len goşulmasy** çylşyrymly goşulma, ýagny iki bölekden ybarat hasaplanýar. Ol -la/-le işlik ýasaýjysy bilen özlük derejäni ýasaýjy –yn/-in goşulmasynyň aýrylmaz, bölünmesiz bitişmegi bilen emele gelipdir. Onuň doly bitewileşen halynda goşulýan sözlerinde ony böleklere bölüp bolmaýar. Goşulan sözünden aňlanylýan düşünjä eýe bolmagy, şoňa gaplanmagy aňladýan geçirmeýän işlikleri ýasaýar. Goşulmanyň ikinji böleginiň (-la+n/-le+n**)** asly bilen bagly bolsa gerek, munuň bilen ýasalan işlikler, köplenç, gaýdymlyk-özlük manysyna eýedir. Meselem: pikir-len, akyl-lan, görk-len, aýak-lan, öý-len-il-len, güýç-len, batyr-lan, dogum-lan, umyt-lan, sürçek-len, buz-lan, dert-len, gahar-lan, gaýgy-lan, şat-lan, höwes-len, şübhe-len, ýarag-lan, ýaragsyz-lan, gyzyk-lan we ş.m.

3.**–laş/-leş goşulmasy** hem edil –lan/-len goşulmasy ýaly, -la/-le işlik ýasaýjy bilen bilelik-şäriklik derejäni ýasaýjy –yş/-iş goşulmasynyň aýrylmaz, bölünmesiz bitişmegi bilen emele gelipdir. Bir işi bilelikde etmegi aňladýan geçirmeýän işlikleri ýasaýar. Meselem: maslahat-laş, kömek-leş,

4. -a/-e goşulmasy türkmen dilinde önümli ýasaýjy hasaplanyp, atlardan, sypatlardan, ses we şekil aňladýan sözlerden her hili manydaky işlik ýasaýar. Goşulma bir we iki bogunly sözlere goşulýar, şonda iki bogunly sözler käte bir bogna çenli gysgalýan bolsa, käte gysgalman hem bilerler. Meselem: atlardan: *ýaş-ýaşamak, suw-suwamak, ot-otamak, dil-*

dilemek, göz-gözemek, diş-dişemek, ot-otamak, kak-a-mak, san-sanamak, gan-ganamak, ýan-ýanamak, çaň-çaňamak, oýun-oýnamak, göwün-göwnemek,bogun-bognamak, tütün-tüte-mek.
Sypatlardan: kem-kememek, deň-deňemek, giň-giňemek, gury-guramak, ýogyn-ýognamak, galyň-galňamak, ýuwaş-ýuwaşamak.
Ses we şekil aňladýan sözlerden hem täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar: *tit(i)r-e-mek, ýaldyr-a-mak, buldur-a-mak, digdir-e-mek, çet(i)r-e-mek, pet(i)r-e-mek, pat(y)r-a-mak*

5. **–al/-el/-l goşulmasy** bir we iki bogunly asyl sypatlardan täsirini geçirmeýän işlik ýasaýjy önümli goşulmadyr. Iki bogunly soňy dar çekimlä gutaran sypatlara goşulanda, olar bir bogna çenli gysgalýar ýa-da dar çekimlisi düşürilýär we ş.m. Meselem: *dar-daralmak, az- al; giň-el, köp-el; köne-l, gysga- l, sary-saralmak, agyr-agralmak, kiçi-kiçelmek, göni-gönelmek, gaty-gatalmak, egri-egrelmek.* –al/-el/-l asyl ýasaýjynyň ol (olmak), bol (bolmak) işliginden emele gelendigini çaklaýarlar. (kiçi bol –kiçi ol – kiçel; az bol – az ol-azal). Goşulmanyň ýasaýan sözleriniň manysy hem muny subut edýär. “Bolmak” işligi hem dilde asyl manysynda-da, kömekçi işlik hyzmatynda-da, goşulma şekilinde-de ulanylyp ýörmegi seýrek hadysadyr. Adatça, dilde söz uzak döwrüň dowamynda özbaşdak manysyny ýitirip, kömekçä öwrülenden söň goşulma halyna geçende, onuň asly bolan söz ulanyşdan ýitip gidýär hem ony anyklamak kyn bolýar.

6. **-ar/-er/-r goşulmasy** önümsiz ýasaýjydyr. Ol reňk, hal-ýagdaý görkezýän sypatlardan täsirini geçirmeýän işlik hasyl etse, atlardan täsirini geçirýän we täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: ýaş-ar, *ak-ar, gök-er, çal-ar, gowk(y)ar, dik(g)-er, oýa-r, öý-er, suw-ar, mele-r, gaba-r, at-ar, ot-ar.* Goşulma ses we şekil aňladýan sözlerden hem täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *myss-ar, hažž– ar, hüžž-er, müzz –er, pyss-ar, jiňk-er, joňk-ar, hoňk-ar,...*

7. **-jar/-jer goşulmasy** bir bogunly atlardan we reňk aňladýan sypatlardan täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *suw-jar, gan-jar, ak-jar ,gök-jer, öl-jer, ýag -jar, köl-jer, çyg-jar, kül-jer-mek.*Goşulmanyň ýasan sözleriniň manysynda kiçeltme-söýgülik aňladýan goşmaça öwüşgin duýulýar.

8. **-yk/-ik/-uk/-ük/-k** goşulmasy bir bogunly atlara, sanlara, sypatlara goşulyp, olardan aňlanylýan düşünjäniň ýüze çykarylmagyny görkezýär we täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *aç-ajykmak, dar-darykmak, bir-birikmek, ot-otukmak, jan-yk-mak,göz-ük-mek*

9. -yrga/-irge/-urga/-ürge goşulmasy -yr/-ir hem –ga/-ge goşulmalaryndan emele gelen çylşyrymly goşulmadyr. Ol bir bogunly isimlere goşulýar hem goşulan sözünden aňlanylýan düşünjäni ýerine ýetirmäge meýil etmegi görkezýär. -yrga/-irge/-urga/-ürge goşulmasy, esasan, täsirini geçirmeýän işlik ýasaýan önümsiz goşulmadyr. Meselem: *geň – irge –mek, düýş – ürge –mek, mes–irge –mek, çyn–yrga– mak, ys – yrga (n), ýad-yrgamak, güýj-ürge we ş.m.*

10. -yn/-in/-un/-ün/-n goşulmasy käbir atlara we sypatlara goşulyp, olardan işligiň özlük derejesiniň manysyna ýakyn, täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *oýa-n, aw(y)-un, ýalta–-n, dok-un-mak, dert – derd-in, ot-od-an,*

11. -ra/-re goşulmasy goşulan sözünden aňlanylýan düşünjäniň döremegini, ýüze çykmagyny bildirýän az sanly täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *garaňky-ra, däli-re-mek,gowky-ra, selki-re,*

12. **-syra/-sire goşulmasy** asyl we ýasama isimlere, şekil ýasaýjy goşulmalar bilen şekillenen işliklere, hatda üýtgediji goşulmalar bilen üýtgän sözlere-de goşulyp, şol düşünjä meňzeşligi, islegi ýa-da şol mana mynasypdygyna şübhelenmegi, gönnüýetmezçiligi we ş.m. bildirip, täsirini geçirmeýän işlik ýasaýar. Meselem: *batyr-syra-mak,* taň-syra,

şor-sura, suw-sura, işleýän-sire, kakynlan-syra, ýetişikli-sire, çaý-syra-mak, gopbam-syra, ulum-syra, ýazym-syra, uzum-syra, ýiti-sire, akylly-syra, köpbilmiş-sire, ýetik-sire, belet-sire, sen-sire, bilen-sire... Goşulmanyň sözlere goşulyş özboluşlylygynyň beýleki işlik ýasaýjylardan has tapawutlydygyny bellemek zerurdyr.

13. -ylda/-ilde/-ulda/-ülde goşulmasy ses we şekil aňladýan sözlerden geçirmeýän işlik ýasaýar. Soňky garaýyşlara görä, bu goşulma üç formantdan ybarat: -yl/-il; -t hem-de –a/-e. Şeýlelikde, ses we şekil aňladýan sözlerden işlik ýasalýança üç tapgyr söz ýasalyş bolup geçipdir. Öňki işlerde bu goşulmanyň emele gelmeginde hem –le/-le goşulmasynyň paýy bar diýip çaklanylýardy. Netijede, –yl/-il goşulmasynyň yzyndan –la/-le goşulmasynyň dissimilýasiýa netijesinde dörän görnüşi bolan –da/-de goşulmasy birleşip, -ylda/-ilde goşulmasy hasyl bolupdyr. Emma bu pikir nädogrudyr. Bu goşulma bilen ses we şekil aňladýan sözlerden h*orr-ulda, gürs-ülde, wyzz-ylda, hork-ulda, jyňň-ylda* ýaly işlikler köp mukdarda ýasalýar.

14. -yrda/-irde/-urda/-ürde goşulmanyň gelip çykyşy we ulanylysy hem edil ýokarky goşulmanyňky ýalydyr. Diňe bularyň hersiniň öz goşulyp bilýän sözleri bardyr we bularyň biri beýlekisine derek ulanylyp bilmez. Meselem: tap-yrda, jyňň-yrda, hoňň-urda, pak-yrda, dük-ürde...

15. **–kyra/-kire goşulmasy** ses we şekil aňladýan sözlerden az sanly işlikleri ýasaýar. Meselem: taň-kyra, aň-kyra, höň-küre, syň-syra, seň-sire

Şular ýaly ýasama işlikler sada ýasama işliklerdir. Sebäbi, olary islendik pursatda esas bolan asyl söze we ýasaýjy goşulma bolup görkezmek mümkindir.

Gönükme: Isimlerden işlik ýasamaly.

Gül, ak, güýç, keç, gara, güman, hor, gür, şaň, güp, pyş, ýyrş, sada, anyk, berç, aç, syn, düýş.

IŞLIKLERDEN IŞLIKLERIŇ ÝASALYŞY. HEREKETIŇ GEÇIŞ TÄRINI GÖRKEZÝÄN IŞLIK ÝASAÝJY GOŞULMALAR

Işliklerden işlikleriň ýasalyşy özara aşakdaky ýaly toparlara bölünýär.

1. *Işlikden hereketiň geçiş tärini aňladýan işlik ýasaýjy goşulmalar.*

2. *Täsirini geçirmeýän işliklerden geçirýän işlik ýasaýjy goşulmalar.*

3. *Işlik derejelerini ýasaýjy goşulmalar.*

Hereketiň geçiş tärini görkezýän işlik ýasaýjy goşulmalar işlikleriň özlerinden täze leksik manyly söz ýasaýarlar. Olar asyl we ýasama işliklerden dürli goşulmalaryň üsti bilen hasyl bolýarlar. Şonuň üçin hem olaryň many aýratynlyklary hem hereketiň ýüze çykyşy bilen bagly bolýar. Işlikden işlik ýasaýan goşulmalaryň bir topary hereketiň ýerine ýetirilişiniň dürli aýratynlyklaryny, ýagny hereketiň köp gezek gaýtalanýandygyny, kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan bolup geçýändigini, dowamlylygyny, gutarmaga ýakynlaşýandygyny, ýasama işligiň sözlemiň eýesine bolan gatnaşyklaryny we ş.m aňladýarlar. Umuman, hereketiň geçiş tärini aňladýan işlik ýasaýjylar aşakdaky ýaly many toparlarynda duşýarlar:

1. Gymyldynyň köp gezek gaýtalanýanyny görkezýän işlik ýasaýjy goşulmalar
2. Gymyldy-hereketiň bolmaly çäginden pesdigini, gowşakdygyny gökezýän goşulmalar
3. Gymyldynyň gutarmaga ýakynlaşýanyny görkezýän işlik ýasaýjy goşulmalar.
4. Subýektsiz işlik ýasaýjy goşulmalar.

1. Hereketiň köp gezek gaýtalanýandygyny görkezýän işlik ýasaýjy **-yşdyr/-işdir/-uşdyr/-üşdir/-şdyr/-şdir** goşulmasy gurluşy boýunça çylşyrymlydyr. Meselem: *gör-üşdir, süpür-işdir, ýygna-şdyr, sayla-şdyr, boz-uşdyr, bas-yşdyr.* Goşulma hereketiň birnäçe ýola gaýtalanýandygyny aňladýar. Meselem: *Goşlary ýygna-şdyr, al-yşdyr, gör-üşdir...*

Hereketiň ýuwaş-ýuwaşdan, kem-kemden bolup geçýändigini bildirýän işlik ýasaýjy **–yş/-iş/-uş/-üş/-ş** goşulmasy. Meselem: *Şemal köşeşdi, suw siňişdi, ýagyş diňişdi, ýel ýatyşdy, işe girişdi.*

Şu goşulma omonimlik häsiýetine eýe bolup, türkmen dilinde ýokarda agzalan hyzmatyndan başga-da ýene iki hyzmatda ulanylýar:

Iş atlaryny ýasaýjy: baryş-geliş, çykyş etmek, alyş-beriş, syzyş, ys alyş... . Gaçyşym bar, kowuşyma bermenem.

Bilelik-şäriklik derejesini ýaasaýjy: syryşmak, ýygyşmak, ýazyşmak, goýuşmak, çekişmek we ş.m.

Hereketiň köp gaýtalanýandygyny görkezýän işlik ýasaýjy **–gyla/-gile goşulmasy** geçirýän işlik ýasaýar. Meselem: *dürt-güle, ýenç-gile, saý-gylamak, synt-gylamak, gar-gylamak,.*

-mala/-mele goşulmasy hem şol manyda gelýär. Meselem: *gez-melemek, gaý-mala, ýol-malamak, tüýt-melemek.*

–jakla/-jekle goşulmasy dowamly hereketi aňladýar. Meselem: *garanjaklamak, keýer-jekle, bak-jakla , bök-jeklemek, ýylgyr-jakla…*

***-akla/-ekle/–*kla/-kle goşulmasy:** *oýnakla, tutakla*, it-ekle, id-ekle

-ala/-ele goşulmasy: *saçala, seçele, silkelemek, peşe-lemek.*

-ja/-je goşulmasy: *ykjamak, dörjemek, gorjamak, garjamak.*

-jala/-jele goşulmasy: *gorjalamak*, dörjelemek

-kala/ -kele goşulmasy: ow-kala. Işiň, gymyldynyň köp gezek gaýtalanýandygyny bildirmäge gatnaşýan goşulmalar, esasan,

çylşyrymly goşulmalardyr. Olar isim ýasaýjy goşulmalaryň işlik ýasaýjylar bilen birikmeginden hasyl bolýarlar. Mysal üçin, ”-la,le” işlik ýasaýjy arkaly birnäçe çylşyrymly işlik ýasaýjy hasyl bolupdyr.

2. Käbir işlikleriň yzyna goşulýan işlik ýasaýjy goşulmalar gymyldy-hereketiň adatdaky bolmalysyndan pesdigini, gowşakdygyny ýa-da şol herekete öýkünmegi, gönnüýetmezligi aňlatmaga-da gatnaşýarlar. Olar şu goşulmalar arkaly hasyl bolýarlar:

-ymjyra/-imjire/–umjyra/-ümjüre/-mjyra/-mjire goşulmasy –ym/-im/-um/-üm/–m iş atlaryny ýasaýjy bilen –jyra -jire goşulmadan emele gelen çylşyrymly goşulmadyr. Ol hereketiň gowşak ýüze çykýandygyny bildirýärler. Meselem: *agla-mjyra, gül-ümjire*

Şu goşulmalar özara birleşip, has çylşyrymly görnüşlerde hem goşulyp bilýärler. Hereketiň geçiş täriniň aýratynlygyny modallyk öwüşginli (gönnüýetmezçilik ýa-da kemterlik äheňli) bildirýän **-ynjyra/-injire/-njyra/-njire goşulmasy** bar. Goşulmanyň birinji bölegi (-yn/-in) özlük derejäniň goşilmasydyr. Ol –jyra/-jire goşulmasy bilen birigip, gymyldynyň gowşaklygyny we köplenç, herekete bolan gönnüýetmezçiligi bildirýär. Meselem: *salla-njyra, kak-ynjyra. ýaýdan-jyra, igen-jire, käý-injire,* dänjire

–umsyra/-ümsire/-ymsyra/-imsire goşulmasy -ynjyra/-injire goşulmasynyň fonetik görnüşidir. Meselem: *gül-ümsire, ýazym-syra,* hal-ymsyra, ýyl-ymsyra, ul-umsyra

-marla/-merle goşulmasy: *ýuw-marla, bas-marla, ät-merle*.

-anakla/-enekle goşulmasy hereketiň gowşakdygyny we köp gezek bolýandygyny bildirýär. **Meselem:** s*üýş-enekle, uç-ganakla*, däbş-enekle, dyza-anakla, saza-nakla, saka-nakla, çakan-akla, pat-anakla, dyz-an-akla, owşan-akla…

-dakla goşulmasy: *buk-daklamak*.

3. Hereketiň gutarmaga ýakynlaşýandygyny aňladýan işlik ýasaýjy **-aňkyrla/-eňkirle goşulmasy** az sanly geçirmeýän işlikleri ýasaýar. Meselem: *ýatdan çyk-aňkyrlamak, gel-eňkirläpdi,dol-aňkyrla, ýet-eňkirle*.
Goşulma many taýyndan işiň ahyrlap barýandygyny aňladyp, geçirýän işliklere goşulýarlar. Meselem: *Sapagy gutaraňkyrladyk. Öýe geleňkirledik ...*

-arla, -erle goşulmasy: *sald-arla, pud-arla, seljermek.*

4. Subýektsiz işlik ýasaýjy Bu geçirýän işlikleriň soňuna **-yl/-il/-ul/-ül/-l** goşulmanyň goşulmagy bilen ýasalýar. Many taýdan gymyldynyň umumylygyny aňladyp, eýesiz sözlemi hasyl edýär. –yl/-il/-ul/-ül/-l goşulmasy goşulan işliginden hereketi ýerine ýetirýän subýekti bilip bolmaýan, ýagny subýektsiz işligi ýasaýan goşulmadyr. Bu goşulma geçirmeýän işliklere goşulýar hem-de mydama üçünji şahsyň birlik sanynda ulanylýar. Manysy boýunça adat, düzgüne görä hemişe gaýtalanyp duran, belli bir wagtda, belli bir ýerde bolup geçýän umumy hereketi aňladýar. **Meselem:** *Tomusda gezelenje gidilýär. Mekdeplerde kanikula çykylýar. Gyşyna giç ýatylýar. Iş günleri ir turulýar*. Bularyň hemmesi subýektsiz işliklerdir.

GÖNÜKME. Morfologik derňew ediň.

Diliň häzirki ösüş döwründe at manysyndaky <u>ýel</u> (şemal) sözi işjeň bolsa-da, “ýelmek” işligi ulanyşdan galypdyr. Türkmen halkynyň müňlerçe ýyllap hemrasy bolup gelen asyl sözlerimizi öz döredijiliginde esasy özen hökmünde ulanan Magtymgulynyň döredijiliginde <u>ýelmek</u> işlik hyzmatynda örän ýygy duşýar. Ol “ylgamak, ýüwürmek” işlikleri bilen manydaş bolup, biziň pikirimizçe, gadymy türki at-işlik sesdeş sözleri düzýan <u>kak, at, oý, çiş, köw, sap, saý</u> ýaly onlarça sözüň biridir. *Ýeldirgemek, ýelejiremek, ýelpelemek, ýeliklemek* ýaly sözler hem hut şu asyl sözden hasyl bolandyr.

SÖZÜŇ ESASY WE IŞIIK ÝASAÝJY GOŞULMALARYNY ÝÜZE ÇYKARMAK

Türkmen dilindäki sözler şol durşuna leksik many aňladyp bilýänlere we leksik many berip bilmeýänlere bölünýärler. Dildäki sözleriň hemmesi hem sözleýiş üçin material bolup durýarlar. Emma olar özbaşdak alnanda bir manyny ýa-da hereketi bildirýärler. Mysal üçin, kitap, Aman, oka sözleriniň her biriniň many aýratynlygy bar. Emma olar biri-bir bilen sintaktik, grammatik baglanyşykda, ýagny sözlemde getirilmändigi üçin gutarnykly –oý pikir aňlatmakdan daşda bolup çykdylar. Haçan-da olary öz orunlarynda goýup: ”Aman kitap okaýar” görnüşine getirsek, onda olar pikir aňlatmaga ýardam edýärler. Diýmek, dil materiallarynyň öz hyzmatyny ýerine ýetirmegi üçin sözleri sözleme baglaýan goşulmalar, sözleriň many taýdan (tertip arkaly) baglanyşygy, sözsoňy kömekçiler, baglaýjylar we ş.m. grammatik gurluşyň serişdeleri-de möhümdir.

Kontekstiň, sözlemiň emele gelmeginde bolsa, sözleriň esas bolmagy şerti bilen olara anyk yzygiderlilikde, belli bir tertibe görä birigýän goşulmalara uly orun degişidir. Olar diliň sözlük düzümini baýlaşyrmakdan başga-da, sözlemde sözleriň baglanyşygyny, hatda pikiriň many aýratynlygyny kesgitleýärler. Şonuň üçin-de işlikleriň manysynyň giňligini we köp dürlüligini işlikleriň şekilleri kesgitleýärler. Şol nukdaýnazardan sözüň esasyny kesgitlemekden başga, işlik ýasaýjy goşulmalaryň, işlik şekilleriniň hyzmatyny ýüze çykarmak zerurdyr. Işlik şekilleriniň häsiýeti, hyzmaty we manysy bolsa sözlemde, kontekstde belli bolýar. Şeýlelikde, goşulmalar hem sözlemde uly hyzmaty ýerine ýetirýärler. Olary häsiýetlendirende P. Azymow şeýle pikiri orta atýar: ”Türkmen dilindäki goşulmalaryň hemmesiniň hyzmaty bir hili däl. Meselem, kä topar goşulmalar söze täze many (önümçilik, däneçi), many ottenogyny (oglanjyk, eljagaz) berse, başga

birtopar goşulmalarda ol häsiýet ýok, olar käbir şekilleri ýasamak üçin peýdalanylýarlar, ýene birleri-de sözleri bir-birine baglamak, olarda sazlaşyk döretmek we ş.m üçin ulanylýar.” (P. Azymow, Türkmen diliniň meseleleri, Aşgabat, 1969, 224 s.)

Şol jähtden hem türkmen dilindäki goşulmalar söz ýasaýjy we söz üýtgediji diýen iki topara bölünýärler.

Söz üýtgedijilere: düşüm, degişlilik (ýöňkeme), san, habarlyk goşulmalary degişlidir.

Söz ýasaýjylara bolsa täze ýa-da öňküsine ýakyn manyly sözleri ýa-da şekilleri ýasamaga hyzmat edýän goşulmalar degişli edilýär.

Söz ýasaýjylar hem öz gezeginde:

asyl ýasaýjylar;
dereje ýasaýjylar;
şekil ýasaýjylar ýaly toparlara bölünýärler.

Asyl ýasaýjylar goşulan sözünden täze manyly söz ýasamaga hyzmat edýarler. Meselem: *iş-le, ot-a, dar-al, suw-ar*

Dereje ýasaýjy goşulmalar goşulan sözlerine öňküsine ýakyn täze leksik manyny bermek bilen, bir işiň ýerine ýetirilişiniň aýratynlyklaryny, haýsy zat tarapyndan nähili edilýändigini, haýsy zada täsir edýändigini aňlatmaga ýardam edýär. Meselem: *ordy, ordurdy, ordurtdy, oruşdy ...*

Türkmen dilinde asyl ýasaýjylar we dereje ýasaýjylar bilen ýasalan işlikler ýasama düýp sözlerdir. Sebäbi olar işligiň leksik manysyny aňladyp bilýärler. Işlikleriň düýp sözüni tapmak üçin olara –mak/-mek ýa-da –ma/-me goşulmalaryny goşmaly. Meselem: taýýarla-mak, taýýarlan-mak, oka-mak, seret-mek, serediş-mek ýaly goşulyp biler, emma taýýarla-sa-mak, oka-gyn-mak, oka-maly-mak, seredip-mek, serediş-sedi-mek, seredi-iş-ýärdi-mek ýaly goşulmaýar. Haýsy çäkde işlige –mak/-mek ýa-da –ma/-me goşulma goşulyp bilmese, ol eýýäm şekil ýasalandygyny aňladýar. Tertip boýunça asyl we dereje ýasaýjylardan soň goşulýan goşulmalar leksik many aňlatmaga

gatnaşmaýarlar. Olar diňe işligi sözleme baglamak üçin goşulýarlar we grammatik baglanyşyga hyzmat edip, grammatik manyny hem aňladýarlar. Diýmek, şekil ýasaýjylaryň işliklere goşulyp, aňladýan manysy leksik many - düşünje, hereket, ýagdaý bildirmek däldir. Işliklerde grammatik many aňladýan goşulmalar anyk bellidir, Olara şekil ýasaýjylaryň barlyk we ýokluk galyplarynyň goşulmalary, işlik ýöňkemesiniň we habarlyk kategoriýasynyň goşulmalary degişlidir. Bular sözlere goşulyşynyň ählumumylygy bilen hem asyl we dereje ýasaýjylardan tapawutlanýarlar. Leksik many aňlatmaga ukyply goşulmalar bolan asyl we dereje ýasaýjylar bir söz toparynyň hemme sözüne uçdantutma goşulyp bilmeýärler, näçe önümli bolanda-da, olar belli mukdardaky söze goşulýarlar.

Şekilleri ýasaýjylara bolsa işligiň infinitiw, ortak işlik, hal işlik, hökmanlyk, şert, buýruk, isleg-arzuw, hyýal, öten zaman, häzirki zaman, geljek zaman şekillerini goşmak bolar. Meselem: ýazmak, ýazan, ýazýan, *ýazyp, ýazmaly, ýazsa, ýazaýyn, ýazaý, ýazaýsana, ýaz, ýazgyn, ýazsyn, ýazaly, ýazalyň, ýazyň, ýazsaňyzlaň, ýazsynlar, ýazsady, ýazaýady, ýazmakçy,ýazdy, ýaazardy, ýazjakdy, ýazýandy, ýazýar, ýazyp ýö:r, ýazyp otyr, ýazyp du:r, ýazar, ýazjak we ş.m… .*

Türkmen dilindäki goşulmalaryň ýasaýjylygyny ýa-da üýtgedijiligini ýüze çykarmak üçin olaryň sözüň manysyna edýän täsirine seretmelidigini aýratyn belläpdik. Işlik ýasaýjy goşulmalaryň diňe bir işliklerden däl, beýleki söz toparlaryndan hem işlik ýasamak häsiýeti bar. Meselem: *ýaş – ýaş–a-mak, kiçi-kiç-el-kiçelmek, bäş –le-mek, hor-la-mak …*

Şonuň üçin hem işlik ýasaýjy goşulmalary kesgitlemek üçin, öňi bilen sözüň esasyny, ýagny düýp sözi ýüze çykarmaly. Sözüň esasy bolsa asyl ýa-da ýasama, goşma, tirkeş, düzme görnüşlerde bolýar. Meselem: *al, oka, gel – asyl düýp söz. iş-le, köp-el- ýasama düýp söz, oturyber,görübil-göşma düýp söz,*

barşyp-gelşip, otursa-tursa - tirkeş düýp söz, mälim et, söz oklamak – düzme düýp söz ... .

Täze söz ýasamaga hyzmat edýän goşulmalar bolsa asyl ýasaýjy goşulmalardyr. Mysal üçin, ”ýaş-a-mak” diýen işligi hasyl etmäge gatnaşýan ”-a” ýasaýjy goşulmadyr. Ýasaýjy goşulmalar asyl sözden soňra goşulýar. Türkmen dilinde işlik ýasamaga gatnaşýan goşulmalaryň birnäçesi bar: Olar: -a/–e, -al/–el/-l, -ar/–er/–r, - jar/–jer, -la/–le, -lan/–len, -laş/–leş, -yk/–ik/-k/-uk/-ük, -yrga/-irge/-urga/–ürge ...

Diýmek, bu ýasaýjy goşulmalar işliklerden we isimlerden işlik ýasamaga işjeň gatnaşýarlar. Olary aýyl-saýyl etmek üçin sözüň esasyna we goşulmanyň ýerine ýetirýän hyzmatyna üns bermek gerek.

Kähalatlarda düzümi boýunça çylşyrymly ýasaýjy goşulmalaryň bitewi goşulma öwrülip giden ýagdaýlary hem bar. Taryhy taýdan birnäçe sada goşulmanyň birikmeginden emele gelip, emma häzir şonuň bir bölegi aýratynlykda ulanylman, hemmesi birlikde bir göşulma ýaly bolup giden goşulmalar türkmen dilinde bar. Olary böleklere bölmek zerurlygy ýok. Sebäbi ol hili çylşyrymly goşulmalar bitewi ýagdaýda sada ýasaýjy goşulmanyň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Mysal üçin, -ala, -ele (a+la, e+le) goşulmasy *kowalamak, sepelemek, itelemek, seçelemek* ýaly sözlerde özara aýrylmaz derejede birleşipdir. Şonuň üçin hem ol sözleri: *kowa, sepe, ite, seçe* görnüşinde bölmek nädogrudyr. Ol *kow, sep, it, seç* görnüşinde asyl söze, kowala, sepele, itele, seçele görnüşinde ýasama düýp söze getirilmelidir.

Gönükme: Doly morfologik derňew etmeli.

Gyzyklanýardym, janygyp, diňledik, oýarmaga, agralýardy, dözer, ýaşardyp, goýdy, horlaýan, ýatladýardy, ýollamakçy, çagyrtdylar, isleýärdiňiz, görýärdik, razylaşamok.

GEÇIRÝÄN WE GEÇIRMEÝÄN IŞLIKLER, GEÇIRMEÝÄN IŞLIKLERDEN GEÇIRÝÄN IŞLIK ÝASAÝJY GOŞULMALAR

Işlikleriň täsirini geçirýän we täsirini geçirmeýän diýen iki topara bölünmegi diňe olaryň manylarynyň esasynda kesgitlenilýär. Geçirýän we geçirmeýän işlikleri goşulma arkaly ýa-da haýsydyr bir şekil arkaly tapawutlandyryp bolmaýar.

Meselem:

Geçirýän işlik (nämäni?)	**Geçirmeýän işlik**
Atmak	Ýatmak
Satmak	Batmak
Gurmak	Durmak
Duzlamak	Ýazlamak

Türkmen dilindäki işlikleriň häsiýetli aýratynlyklaryny ýüze çykarmak üçin, olaryň many aýratynlygyna we şekillerine seretmelidir. Işlikleriň özbaşdak ýa-da goşulmalary kabul eden ýagdaýyndaky häsiýeti, many aýratynlygy deň däldir. Käte olaryň sözlemde bile gelen sözleri bilen birlikdäki hyzmatyny, häsiýetini kesgitlemek zerur bolýar. Şol jähtden hem türkmen dilindäki işlikler geçirýän we geçirmeýän işliklere bölünýärler.

”Geçirýän” adalgasy rus diliniň ”perehodnoý” sözüniň terjimesi bolup, biziň dilimizde hereketiň nämä gönükdirilendigini aňladýar. Şunlukda, gymyldy-hereketi aňladýan sözler-işlikler köp babatda özüne baglanýan sözüň belli bir şekilde bolmagyny talap edýärler. Munuň özi sözlemde sözleriň grammatik taýdan biri-biri bilen baglanyşykly bolýandygyny aňladýar.

Mysal üçin, *”Şadyýan çagalar meýdançada oýnaýarlar”* diýen sözlemdäki ”ylgamak” işligi öz öň ýanyndan gelen

”sahnada” sözüniň **-da** wagt-orun düşüm goşulmasyny kabul etmegini we ol sözüň ýüze çykan hereketiň ornuny görkezmegini talap etdi. Netijede, ”ylgamak” işligi ”meýdançada” sözi bilen gelip, hereketiň täsirini geçirmeýän işligi hasyl etdi. Bu hili täsirini geçirmeýän işlikler hereketiň, gymyldynyň, işiň belli bir zada, obýekte gönükdirilmeýändigini aňladýarlar. Şonuň üçin hem ”dur, gel, gaýt, ýör, ylga, ýat” ýaly obýekt talap etmeýän sözler baglanýan sözleriniň wagt-orun, ýöneliş ýa-da çykyş düşümlerinde gelmegini talap edýärler. Bu düşüm goşulmalaryny kabul eden sözler bolsa obýekti görkezmeýärler. Olar işiň, hereketiň, gymyldynyň barýan, çykýan, ýetýän, durýan ýerini-ornuny görkezýärler. Meselem: *Sona işe gitdi. Sona işden geldi. Sona işde bolýar.*

Görnüşi ýaly, işlikler obýektli we obýektsiz bolýar. Şunlukda, obýektli işliklere geçirýänler, obýektsiz işliklere geçirmeýänler diýilýär. Diliň iň gadymy sözlerine degişli bolan almak, atmak, içmek, iýmek, yrmak, aýtmak, itmek, üzmek, ekmek, etmek, egmek, ütmek, urmak, utmak, uçmak, ötmek, akmak, ykmak, ösmek, öçmek, gelmek, gitmek, çykmak ýaly asyl işlikler hem many aýratynlygy boýunça diňe geçirýän hem geçirmeýän işlikleriň manysyny aňlatmaga ukyplydyrlar. Bularyň arasynda has anyk manyly, bir subýekt bilen bagly bolýan hereketi aňladýan işlikler adatça geçirýän işliklerdir. Emma umumy, giň manyly işlikler hereketiň täsirini geçirmeýärler. Asyl işliklerde hereketiň geçiş tärini, çaltlygyny, dowamlylygyny, gaýtalanýandygyny, şärikliligini we ş.m. aňlatmak ýokdur. Sebäbi ilkidurmuş jemgyýetinde, ýönekeý zähmet gurallary bilen alnyp barylýan önümçilik şertlerinde pikiriň has inçe öwüşginlerini aňlatmaga zerurlyk bolmandyr. Hereketiň geçiş täri, subýekti bilen, real hakykat bilen gatnaşyklary, zaman, şahs we ş.m. manylar asyl işliklerde bolmandyr. Beýle manylary aňlatmak diliň ösüşinde özbaşdak sözlerden dürli manyly ýasama işlikleri ýasaýan ýörite

goşulmalaryň döremegi bilen ýüze çykypdyr we goşmaça goşulmalar arkaly aňladylýar.

Eger-de işlik obýektli boljak bolsa, onda ol bolýan işiň, hereketiň belli bir zada, predmete gönükdirilýändigini görkezmelidir. Meselem: *ýaz, oka* işligi şeýle hili obýektlerde gelip biler: *Hatyňy ýaz, halyny ýaz, saçagy ýaz; kitaby oka, goşgyny oka, eseri oka*

Şeýlelikde, sözlemde getirilen zada, predmete täsir edýän işliklere geçirýän işlikler diýilýär. Geçirýän işlikleriň ýeňiş düşümiň soragyna jogap bolmagy hökmany şert hasaplanylýar. Meselem: *Oraz kitap okaýar.* Nämäni okaýar ?

Oraz Balkany gördi. Niräni gördi ?

Oraz ejesini gördi. Kimi gördi ?

Geçirýän işlik ýeňiş düşümde gelen obýekti talap edýär. Şonuň üçin hem geçirýän işlik bilen baglanyşyp gelýän sözler şeýle manylarda duş gelýärler:

1. Anyk (konkret) obýekti görkezýän sözler. Atlaryň, has atlaryň ýa-da at we görkezme çalyşmalarynyň ýeňiş düşümiň goşulmasyny kabul etmegi bilen şu many aňladylýar.: Meselem: *Ol <u>suraty</u> gördi. Men <u>seni</u> gördüm.*

2. Umumylygy ýa-da anyklygy görkezýän sözler. Bu hili geçirýän işlikleriň baglanyşyp gelen sözi özüniň köpdügini, umumydygyny ýa-da anykdygyny aňladyp, goşulmaly we goşulmasyz bolup bilýärler. Meselem: *Men işi etdim*(belli bolan işi). *Men iş etdim.* (umumy, köp iş manyly). Käbir halatlarda çykyş düşümde gelen söz hem obýekti görkezip bilýär. Meselem: *Ol gök çaýdan içdi* (nämäni içdi ?)

Geçirýän işlikleriň häsiýetli aýratynlygy öňi bilen onuň obýekte, zada gönükmegidir. Şonuň üçin geçirýän işlikleri geçirmeýän işlikler bilen garyşdyrmaly däl.

Geçirmeýän işliklere ýeňiş düşümiň soraglaryny berip bolmaýar. Şonuň üçin hem obýektsiz, ýagny ýeňiş düşümdäki

sözi talap etmeýän işliklere geçirmeýän işlikler diýilýär. Meselem: *Jahan işden geldi. Jahan işe gitdi. Jahan işde bolýar.* Bu sözlemlerde işlikleriň öň ýanyndan gelen sözleriň her biri dürli düşümde gelip, hereketiň çykan, bolan, gönügen ugruny we ornuny, ýerini aňlatdylar. Olaryň hiç birisi-de ýeňiş düşümiň soraglaryny talap etmedi. Şeýlelikde, geldi, gitdi, bolýar işlikleri geçirmeýän işliklerdir.

Türkmen dilinde işlikleriň hereketiň täsirini geçirýändigine we geçirmeýändigine garap, üç topara bölýärler. 1.Mydama geçirýän işlik hyzmatynda bolýan işlikler: almak, çozmak, bermek, getirmek, düzmek, bilmek, duýmak ...

2. Mydama geçirmeýän işlik hasaplanýanlar: durmak, gelmek, gülmek, uçmak ...

3. Kä geçirýän, käte hem geçirmeýän işlikler: çapmak, bolmak, örmek, okamak ... Bu hili işlikleriň kä geçirýän we käte hem geçirmeýän bolmagy olaryň köp manyda gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Meselem: ”okamak” işliginiň öň ýanyndan gelýän sözüň ýeňiş düşümiň soragyna jogap bolşy hem bar. Onuň üçin olary kontekstde getirmek hökmandyr. Meselem: *Baky kitap* (nämäni ?) *okaýar*. *Baky uniwersitetde* (nirede ?) *okaýar*.

Täsirini geçirýän ýa geçirmeýän işlikler düzme işliklerde hem bolup biler. Goşma işliklerdäki işligiň häsiýetini bilmek üçin, öňi bilen, esasy işligiň haýsy topara degişlidigini bilmek zerur.

Eger-de esasy işlik geçirýän bolsa, onda goşma işlikden hem şol ýokundy duýulýar. Meselem: *okap görmek – Jeren kitaby okap gördi* (geçirýän işlik). *Jeren öýde uklap ýatyr* (geçirmeýän işlik)

Eger-de düzme goşma işligiň birinji komponenti atlardan bolsa, onda olar kömekçi işligiň obýekti bolup durýarlar. Meselem: *Surat çekmek, hat ýazmak ...*

Käbir geçirmeýän işlikleri goşulmalar arkaly geçirýäne öwürmek bolýar. Munuň üçin olar : -ar/-er, -dar/-der, -dyr/-dir/-dur/-dür, -yr/-ir/-ur/-ür, -yz/-iz, -t, -yt goşulmalary goşulýarlar.Meselem: *gork-uz, ak-yt, doý-ur* ...

Munuň tersine, goşulmalar goşulanda, käbir geçirýän işlikler geçirmeýäne öwrülýär. Meselem: *Iý* (geçirýär) – *iýildi* (geçirmeýär), *gör* (geçirýär) – *görüldi* (geçirmeýär), *al* (geçirýär) – *alyndy* (geçirmeýär)

Atdan ýasalan käbir geçirýän işlikleriň asyl sözi şol işligiň obýekti bolup durýar. Meselem: *diş –lemek, iş-lemek, oýna-mak* ...

Geçirýän işlikden hereketi ýerine ýetirýän subýekti hem-de şol hereketiň täsiriniň düşýän (geçýän) obýektini bilmek bolýar. (ýeňiş düşümiň goşulmasyny kabul eden söz). **Meselem:** *Lukman ýerine geçip hassany ýanyna çagyrdy*. (hereketiň subýekti). *Çaga oýnawajyny zyňdy-da bir zatlar aýtdy*. Geçirýän işlik hem subýekti, hem obýekti bilen gelip bilýär. Şol geçirýän işlikleriň manysy ýeňiş düşümdäki sözüň sözlemde getirilmegine ýa-da onuň taşlanyp ulanylanlygyna bagly däldir. Işlikleriň geçirýän ýa-da geçirmeýän toparlaryň haýsyna degişliligi onuň manysyna, sözlemde gelşine ýeňiş düşümdäki obýekti kabul edip bilýänligine ýa-da bilmeýänligine, ýeňiş düşümiň soragyny berip bolýandygyna-berip bolmaýandygyna baglydyr.

Täsirini geçirmeýän işlikler

Täsirini geçirmeýän işlikler obýekt bilen baglanyşyp bilmeýän işliklerdir. Geçirmeýän işlikler arkaly aňladylýan gymyldynyň diňe subýekti bolýar, obýekti bolup bilmeýär. **Meselem:** *Talyp ýylgyrýar. Ýaşuly aljyrady. Ýagyş ýagdy. Gar ýagmaga başlady.*

Işlikleriň käbiri sözlemde gelşine görä hem geçirýän, hem geçirmeýän işlik manysynda ulanylýarlar. Olaryň iki hili manyda ulanmagynyň sebäpleri şeýle düşündirilýär.

Birinjiden, sözler omonimlik häsiýetine eýe bolup, dürli-dürli manylary aňladyp bilýärler. **Meselem:** *örmek, çapmak, geçmek, ýüzmek, göçmek.*

Işlikler dürli sözler bilen ulanylanda dürlüçe many aňladyp bilýärler. **Meselem:** *ot ördi, goýunlar ördüler. Ussa kerpiji ördi.Olar täze jaýa göçdi* – geçirenok. *Küştçi atyny göçdi* – geçirýär.

Ikinjiden, sözlerde köp manylylyk häsiýeti bar. Käbir işlikler biri-birine ýakyn, emma meňzeş bolmadyk manylary aňladýar. **Meselem:** *okamak, işlemek, gutarmak* ýaly geçirýän işlikler özbaşdak ulanylanda obýekt kabul etmäge ukyply bolýarlar. Emma umumy hereketi, subýektiň umumy ýagdaýyny görkezende olaryň täsiri obýekte geçmeýär. **Meselem:** *Ine, onuň mergençiligi şunuň bilen gutardy.* – geçirmeýän işlik. Ol işini gutardy. *Degirmen däneçileriň peýdasyna işleýär* – işlik geçirenok. Daýhan öz ýerini işleýär-işlik täsirini geçirýär.

Geçirýän hem-de geçirmeýän işlikler özara ýakyn baglanyşyklydyrlar. Olaryň işlik derejeleri bilen hem ykjam, ýygy gatnaşygy bar.

Dereje ýasaýjy goşulmalaryň köpüsi işlikleriň manysyna-da täsir edýär. Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul edende geçirmeýän işlikler geçirýän işliklere hem-de tersine öwrülip bilýärler. Şeýlelikde, işlikleriň geçirýän ýa-da geçirmeýän bolmagy olaryň dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmegine hem baglydyr. Ýükletme derejesiniň goşulmasyny kabul eden işlikleriň hemmesi geçirýän işliklerdir. Işlikler asyl görnüşinde geçirmeýän bolsa-da, olary geçirýän işlige öwürýän ýörite goşulmalar bardyr:

-dyr/-dir/-dur/-dür goşulmasy bir bogunly sözlere goşulýar hem geçirmeýän işligi geçirýäne öwürýär. **Meselem:** *dol-doldur, gez-gezdir, gül-güldür, gon-gondur*

-t goşulmasy işjeň işlik ýasaýan goşulmadyr. Ol köp bogunly sözlere-de goşulýar. **Meselem:** *garal-garalt, tüte-tütet, agar-agart.*

-yr/-ir/-ur/-ür goşulmasy hem bir bogunly sözlere goşulýar. **Meselem:** *doý-doýur, ýat-ýatyr, uç-uçur, geç-geçir, düş-düşür.*

-ar/-er bir bogunly sözlere goşulýar. **Meselem:** *çyk-çykar, çap-çapar, ek-er gidermek, çökermek* (işlikler işlik ýasalýar)

-yz/-iz/-uz/-üz goşulmasy bir bogunly sözlere goşulýar. **Meselem:** *irizmek, girizmek, gorkuz, ürküzmek, duruzmak.*

-yt – **Meselem:** *ak-akyt.*

-kez – **Meselem:** *gör-görkez.*

-dar/-der goşulmasy bir bogunly sözlere goşulýar. **Meselem:** *agdar, dönder.*

GÖNÜKME: Işlikden işlik ýasamaly.

Salmak, görmek, dykmak, iýmek, çakmak, bakmak, gutarmak, agdarmak, kesmek, tutmak, çykarmak, çekmek, galdyrmak, urmak, dörmek, çokmak.

GÖNÜKME: Ýasama işligiň manysyny anyklamaly.

Çokmak-çokjalamak, tutmak-tutaklamak, görmek-görümsiremek, dörmek-dörjelemek, dykmak-dykalamak, bakmak-bakajaklamak, agdar-agdaryşdyrmak, kesmek-kesişdirmek, çykarmak-çykaryşdyrmak, galdyrmak-galdyryşdyrmak

IŞLIK DEREJELERI

Işlik derejeleri hereketiň obýektiniň we subýektiniň gymyldynyň prosesi bilen gatnaşygyny görkezýän grammatik kategoriýadyr. Işlik derejeleriniň goşulmalary düýp işligiň

manysyna täsir edip, hereketiň-gymyldynyň neneňsi halda bolandygyny aňladýarlar. Şeýlelikde, işiň ýerine ýetirilişiniň neneňsi ýagdaýda bolýandygyna garap, işlikleriň bölünişine işlik derejeleri diýilýär. Türkmen dilinde subýekt hem obýekt hereket bilen özara gatnaşyklaryny dürli hili guraýarlar. Ol gatnaşyk köpdürlüdir.

1. Hereketiň subýektiň özi üçin, öz ýerine ýetirmeginde bolup geçýändigini aňlatmak **(Özlük dereje).**
2. Hereketi-işi subýektiň özi ýerine ýetirýär **(Düýp dereje)**.
3. Hereketi sözlemde eýe bolup gelen subýekti aňladýan düşünje ýerine ýetirmän, başga biriniň edýän hereketiniň täsiri oňa gaýdýar **(Gaýdym dereje).**
4. Gymyldyny ýerine ýetirýänleriň sanynyň birden köpdügini hem-de olaryň hereketi etmäge deň gatnaşýandyklaryny görkezýär **(Şäriklik dereje).**
5. Hereketiň başga birine ýüklenilýänligini bildirýär **(Ýükletme dereje).**

Türkmen dilindäki işlik derejeleri morfologik ýol bilen, ýagny düýp işlikleriň soňuna dereje ýasaýjy goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýar. Türkmen dilinde bäş sany işlik derejesi bellenilýär:

1. Işligiň düýp derejesi 2. Işligiň şäriklik derejesi 3. Işligiň ýükletme derejesi 4. Işligiň özlük derejesi 5. Işligiň gaýdym derejesi

Meselem: *”geýmek”* işligi

geýmek,	*geýinilmek,*	*geýindirilmek*
geýinmek,	*geýdirilmek,*	*geýindirişmek*
geýilmek,	*geýdirişmek,*	*geýdirişmek*
geýişmek,	*geýindirmek,*	*geýdirtmek*
geýdirmek,	*geýişdirmek,*	*geýdirtdirmek*

Şular ýaly görnüşlerde gelip, işlikler dereje ýasaýjy goşulmalar arkaly gymyldy–hereketiň kim tarapyndan, näme tarapyndan amala aşyrylandygyny aňladýarlar.

Şunlukda, işlik derejeleri, bir tarapdan, işi grammatik subýektiň ýerine ýetirýändigini ýa-da başga biri tarapyndan ýerine ýetirilýändigini, herekete gatnaşýan subýektleriň sanynyň birdigini ýa-da birden köpdügini we ş.m. ýagdaýlaryny görkezýär.

Işlik derejeleri türkmen dil biliminde ýörite (B. Çaryýarow, Hazirki zaman türkmen dilinde işlik derejeleri. Aşgabat, 1978) öwrenildi. Işlik derejeleriniň düýp derejeden beýlekileriniň ýörite goşulmalary bar. Olar şol goşulmalar arkaly ýasalýarlar. Işlik derejeleriniň esasy aýratynlyklary:

1. Işlik derejelerini ýasaýjylar asyl hem ýasama işliklere goşulýarlar. Beýleki işlik kategoriýalarynyň goşulmalary belli bir tertipde dereje ýasaýjylaryň yzyndan goşulýarlar. Meselem: *oka – t*,(ş) işlik derejesiniň yzyna *oka – d –ýar-yn, ýaz – yş – ýaz-yş* (dyr,yn) – *dy-m*

Dereje ýasaýjylar käte asyl sözüň içine siňip gidýärler. Olary asyl sözden aýyrmak-da bolmaýar. Olar, esasan, özlük we ýükletme derejeleriniň goşulmalarydyr.

Meselem: *Özlük dereje* *Ýükletme dereje*

gutulmak; *gutarmak;*
owranmak; *owratmak;*
öwrenmek; *öwretmek;*
tükenmek; *tüketmek; ...*

2. Işlik derejeleriniň goşulmalary işlikleriň semantikasyna täsir edýärler. Olar, köplenç, geçirmeýän işlikleri geçirýäne, geçirýän işlikleri hem geçirmeýäne öwürýärler. Meselem: *Ol gülýär (geçirmeýär) – ol meni güldürýär (geçirýän). Ýöne ol guş gorkdy – ýöne ol guş seni gorkuzdy.Maral saňa kitap berdi (geçirýän). Maral ähli güýji bilem okuwa berildi.*

3. Işlik derejelerini ýasaýjy goşulmalaryň birnäçesi tirkeşip, bir işligiň yzyna goşulyp bilýärler. Olaryň goşulyp bilmegi ýa-da bilmezligi goşulýan sözüniň semantikasyna baglydyr. Meselem,

gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýandygyny görkezýän özlük derejesi geçirýän işikleriň hemmesinden ýasalyp bilmeýär. Sebäbi işlemek, okamak, içmek, iýmek hereketlerini subýekt öz üstünde ýerine ýetirip bilmeýär. Işlik derejeleriniň goşulmalary düzme işliklere hem goşulýar.

1. Esasy sözi isim bolan düzme işliklere : Meselem: *Ol özüne bellik edinipdi.*

2. Esasy sözi işlikden bolan düzme işliklere: *onuň syry açylyp başlady. Olar baryp ýetişdiler.*

Umuman, işlik derejelerinde işi eýäniň (subýektiň) ýerine ýetirmegi (düýp dereje), birnäçesinde bolsa, başga biriniň etmegi göz öňünde tutulýar. Birnäçe işliklerde gymyldyny grammatiki taýdan eýe bolup gelen söz ýerine ýetirýär, emma şony öz üstünde ýa-da özi üçin ýerine ýetirýär. Işi ýerine ýetirmekde gatnaşýan subýektleriň sany hem işlik derejelerinde birmeňzeş däldir.

IŞLIGIŇ DÜÝP DEREJESI

Hiç hili dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik hemme asyl we ýasama işlikler düýp derejede diýlip kabul edilendir. Düýp derejedäki işlikler obýekte gatnaşygy boýunça geçirýän hem geçirmeýän işliklerdir. **Meselem:** *ýygmak, okamak, tutmak, içmek* we ş.m. Düýp dereje beýleki derejelerden tapawutlydyr. Ol leksik ýol bilen aňladylýar. Ony hasyl edýän dereje ýasaýjy goşulma ýok. Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik asyl, ýasama, goşma, düzme düýp işlikleriň ählisi düýp derejä degişlidir.

Düýp derejeden aňlanylýan işi, gymyldyny sözlemiň grammatik eýesi ýerine ýetirýär. Işlikler eýäniň ýagdaýyny görkezýärler. Meselem: *Aman kitap okaýar* diýen sözlemde gelen ”oka” geçirýän işliginiň düýp derejede bolup, eýe – ”Aman” tarapyndan ýerine ýetirilişi kimin. Görnüşi ýaly, bu

sözlemde hem işlik asyl manysynda subýektiň we obýektiň gymyldynyň prosesine bolan gatnaşygyny görkezip, hiç hili dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedi. Ol şol durşuna işlikleriň esasy, düýp derejesiniň hyzmatyny ýerine ýetirdi. Diýmek, olar düýp derejede jemlenýärler. Şonuň üçin-de galan işlik derejeleri goşulmalar arkaly düýp derejeden hasyl bolýarlar.

Düýp derejedäki işlikler hut eýäniň özüniň ýerine ýetirýän işjeň gymyldysyny aňladýar. Şonuň üçin eýe habara baglanyp, hereketiň, işiň ýüze çykmagyna işjeň gatnaşýar.

Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik asyl we ýasama işlikler, sada we goşma işlikleriň hemmesi-de düýp derejä degişlidir. Mysal üçin, asyl sada hasaplanylýan *al, oka ber, goý* geçirýän işlikler- dir, *ýat, tur, uç, git, gel, gül* geçirmeýän işliklerdir.

ýasama sada işlikler *agza, ota, bagla* geçirýän işliklerdir, *derle, çaňa, agar* geçirmeýän işliklerdir.

goşma işlikler garaşybildi, gidiberýär,

düzme işlikler *gaýgy et, kömek et, tankyt et* geçirýan işlik*; gahar et, jede el, hüjüm et* geçirmeýän işliklerdir.

Düýp derejedäki işlikler arkaly aňladylýan işiň gymyldynyň öz obýekti bilen gatnaşygy iki hili bolýar.

1. Geçirýän işlikler iki taraply gatnaşygy aňladýar. Bu işlikler arkaly aňladylýan işi, gymyldyny eýe ýerine ýetirýär, onuň täsiri ýeňiş düşümde gelen göni obýekte geçýär. Şonuň üçin, işligiň hem subýektiň we işligiň hem obýektiň arasyndaky gatnaşyk ýüze çykýar. Meselem: *Baky kitap okaýar. Ol mellegi suwaryýar* ýaly sözlemlerde gelen ”okaýar, suwaryýar” diýen işlikleriň bir tarapdan, işi ýerine ýetiriji (Baky, ol) bilen gatnaşygy bar, ikinji tarapdan, bu işlikleriň täsirini geçirýän göni obýektler ”mellek, kitap” sözleri bilen gatnaşygy bar.

2. Geçirmeýän işlikler bir taraplaýyn gatnaşygy aňladýar. Sebäbi işiň netijesini geçirmeýän işliklerde göni obýekt

bolmaýanlygy sebäpli, olaryň gatnaşygy diňe subýektleri (eýe) bilen bolýar. Meselem: *Jahan birden tisginip gorkdy. Baky giç ýatdy.* Bu sözlemde ”gorkdy, ýatdy” sözleri diňe hereketi ýerine ýetiren subýekt bilen gatnaşykda bolandygyny aňlatdy.

IŞLIGIŇ BILELIK-ŞÄRIKLIK DEREJESI

Işligiň bilelik-şäriklik derejesi morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Bilelik-şäriklik dereje -yş/-iş/-uş/-üş/-ş goşulmasy arkaly, esasan, geçirýän işliklerden hasyl bolýar.

(Bu köpmanyly goşulma türkmen dilinde iş atlaryny (baryş, geliş, çykyş) hem hereketiň geçiş tärini aňladýan işlik (siňişmek, köşeşmek, diňişmek) ýasaýar). Işligiň bilelik-şäriklik derejesi bir işiň birine kömek bermek üçin edilendigini, bir işi ýerine ýetirmegi birnäçe subýektiň bilelikde, şäriklikde hasyl edýändigini aňladýar. Olar, esasan, dereje ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen, morfologok ýol bilen ýasalýarlar. Şeýlelikde, olaryň özlerine mahsus şekili bar.

Bilelik-şäriklik derejäniň goşulmalary sözlere goşulanda asyl we ýasama sözler, bir bogunly hem-de köp bogunly sözler, sözüň düzümindäki çekimlileriň görnüşleri hem-de sözüň soňunyň çekimlä ýa-da çekimsize gutarýandygy bilen baglylykda birnäçe **–nyş/-niş, -lyş/-liş** ýaly görnüşlere eýe bolýar diýlip, käbir işlerde görkezilipdir. Şäriklik derejesiniň goşulmasy **–la/-le** işlik ýasaýjy goşulma bilen birleşip **–laş/-leş** şekilindäki çylşyrymly goşulmany hasyl edýär we şol bitewi goşulma bilen ýasalan işlikler köplenç bilelik-şäriklik derejesiniň manysyny aňladýar. **Meselem:** *maslahatlaşýar, kejeleşdi, joralar salamlaşdylar.*

Bilelik-şäriklik derejesiniň aňladýan manylary

Işlikleriň bu derejesiniň manysy, esasan, iki hili ýüze çykýar.

1. Bilelik-şäriklik derejedäki işlikler iki ýa-da ondan köp subýektiň arasynda bolýan we şonuň bilen birlikde, köplenç, subýektleriň biri-birine täsirini bildirýän gymyldy-hereketi aňladýar. Olar biri-birine täsir etmek bilen hereketi ýüze çykarýarlar. Şeýlelikde, olar şol işlikleriň obýekti hem bolup gelýär. Subýektleriň biri beýlekisine kömek edýär. Grammatik taýdan eýe bolan subýekt işi ýerine ýetirmekde kömekçi hökmünde gatnaşýar. Şol işi-hereketi subýekt beýleki subýektiň peýdasy üçin edýär. Meselem: *Maral doganyna tam süpürişdi, ýygnaşdy***.** *Men ejeme pagta ýygyşdym. Ol dostuna ýer sürüşdi.*

2. Şäriklik derejesindäki işlikleriň bir topary iki ýa-da birnäçe subýektiň bilelikde köplenç bir wagtda ýerine ýetirýän işini görkezýärler. Şu manydaky işlikleriň obýektleri hereketi bilen gatnaşýarlar. Emma olaryň gymyldysynyň täsiri biri-birinden geçmeýär, ýagny subýektler şol gymyldynyň obýekti bolmaýarlar. **Meselem:** *Goýunlar mäleşýärler. Adamlar bagda gezmeleşýärler. Aýlawda at çapyşjaklar nyrh üstünde çekeleşýärdiler.*

Bilelik-şäriklik derejäniň hyzmaty

1. Bir işiň., gymyldy-hereketiň şol işi ýerine ýetirýäniň özi üçin edilmän, kim-de bolsa birine kömek bermek üçin edilýändigini aňladýar. **Meselem:** *Akja ejesine haly dokaşdy.*
2. Gymyldy-hereketiň birnäçe subýektiň gatnaşmagy bilen şäriklikde edilýändigini aňladýar. **Meselem:** *Kerim Ata bilen top oýnaşdy.*
3. Bilelik-şäriklik derejesindäki işlikler subýektleriň güýç synanyşmagy, jedel etmegi, dawalaşmagy netijesinde ýüze çykýan hereketini hem görkezýär. **Meselem:** *Guşlar uçuşdylar, atlar çapyşdylar.*

Eger-de hereketi ýerine ýetirýän subýektler birmeňzeş sözden bolsa, onda olaryň biri hem ulanyp biler. **Meselem:** *Goýun örüşdi. At depişdi*.

Eger hereketi ýerine ýetirýän aýry-aýry subýektler bolsa, onda olaryň biri baş düşümde getirilip, ikinjisi bilen sözsoňy kömekçili ulanylýar. **Meselem:** *Batyr Kemal bilen ylgaşdy. Ol dosty bilen göreşdi.*

Işlikleriň bilelik-şäriklik derejesindäki subýektler birnäçedir. Şonuň üçin şäriklik derejesindäki işlikleriň subýektleri käte deň hukukly eýelerdir.

Şäriklik dereje şu goşulmalardan hem aňlanylýar:

-lyş/-liş (-yl+yş,-il+iş) bu, köplenç, bir bogunly sözlere goşulýan çylşyrymly goşulmadyr: barlyş, gyr-lyş,dak-lyş, tut-luş, üz-lüş, çat-lyş...

-nyş/-niş (yn+yş,-in+iş) bir bogunly sözlere goşulýar: dyk-nyş-mak, çak-nyş-mak.

Işligiň şäriklik derejesi, esasan, morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Onuň leksik, sintaktik ýol bilen hasyl bolşy hem bar. Türkmen dilinde sözleriň many tarapynyň has ösenligi bilen bagly işligiň şäriklik derejesi leksik we sintaktik ýollar bilen-de aňladylyp bilner.

1. Leksik ýol bilen bilelik-şäriklik derejesiniň aňladylyşy sözüň köpmanylygyndan, ýagny sözüň hut öz manysy bilen baglylykda ýüze çykýar. **Meselem: göreş, geňeş, söweş, *uruş*, ýaryş** ýaly sözler hem at, hem işlik manysynda bolup bilýär. Bu hili sözler işliklik manysynda ulanylanda, dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmezden, şäriklik derejesiniň manysyny aňladýar we onuň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Meselem: *Baky Kerwen bilen ýaryşdy (işlik). Ýaryş başlandy* (at). *pälwanlar göreşdiler. Esgerler söweşýärler.*

2. Bilelik-şäriklik derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy Türkmen dilinde sözler söz düzümlerine, sözlemlere birigende, many taýdan has anyklaşýarlar. Mundan başga-da, sözler baglanyşmak bilen ýekelikde ulanylanlarynda eýe bolmadyk manylaryny hem aňladyp bilýärler. Beýle manylary belli bir galypa salyp öwrenmek-de, sanap çykmak-da mümkin däl.

Işligiň şäriklik derejesi-de söz birikmelerinden, söz düzümlerinden hem aňlanylýar. Oňa **şäriklik derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy** diýilýär. Diýmek, sintaktik ýol bilen bilelik-şäriklik derejesi aňladylanda birden artyk söz arkaly hasyl edilýär. Sözlemde *biri-birine, biri-biri bilen, biri-birinden* ýaly söz düzümleri işlik bilen baglanyşyp, iki taraplaýyn edilýän hereketi aňladýar. Şeýle ýagdaýlarda şol işlikler dereje ýasaýjy goşulmalar goşulmanda-da, bilelik-şäriklik derejesiniň manysyny aňladýar. Bular sintaktik ýol bilen aňladylan derejeleriň üstesine, käte goşmaça goşulmany hem kabul edip biler. Meselem: *Olar biri-birine seredýärdiler. Olar biri-birine seredişýärdiler.*

Düzme işlikler käte iki taraplaýyn hereketi aňladyp şäriklik derejesiniň manysynda we hyzmatynda gelip bilýärler. **Meselem:** *Çagalar gürrüň etdiler. Dostlar jedel edýärler. gürrüň etmek, wada etmek, duş gelmek, duş bolmak, jedel etmek, duş etmek.*

Şäriklik derejesiniň aňladýan manylary

Işligiň şäriklik derejesiniň manysy, esasy, iki hili ýüze çykýar:

1. Işlikler iki ýa-da birnäçe subýekt arasynda bolýan hereketi we şonuň bilen birlikde, köplenç, subýektleriň biri-birine täsirini bildirýär. Olar biri-birine täsir etmek bilen hereketi ýüze çykarýarlar. Şeýlelikde, olar şol işlikleriň obýekti hem bolup gelýärler. Meselem: *Olar biri-biri bilen gujaklaşdylar. Soňra hormat bilen saglyk-amanlyk soraşdylar.*
2. Şäriklik derejedäki işlikleriň bir topary iki ýa birnäçe subýektiň bilelikde, köplenç bir wagtda ýerine ýetirýän işini görkezýärler. Şu manyda gelýän işlikleriň obýektleri herekete bile gatnaşýarlar, emma olaryň gymyldysynyň täsiri biri-birine geçmeýär, ýagny sybýektler şol gymyldynyň obýekti bolmaýar.

Meselem: *Enteşip ýören itler üýrüşýärler, goýunlar mäleşýärler. Adamlar seýil bagynda gezmeleşýärler*.

Işligiň şäriklik derejesinde gelen subýektleriň birnäçedigi jedelsizdir. Şonuň üçin hem işligiň şäriklik derejesindäki işlikleriň subýektleriniň käte deň hukukly eýe bolmagy, köplenç halatda olaryň biriniň eýe, beýlekisiniň doldurgyç bolmagy häsiýetlidir. Meselem : *Gaýyndyr giýew ýygy-ýygydan duşuşýardylar, maslahatlaşýardylar* (G.Kulyýew, ”Emiriň ilçisi”, 19 s.). *Haýdar aga bilen olar ýekeme-ýeke görüşdi.* (şol ýerde) diýen sözlemlerdäki ”gaýyndyr giýew” hem ”Haýdar aga we olar” diýen sözleriň deňdeş eýe bolup gelşi kimin. *Ol meniň bilen sögüşdi, şol sebäpli kakasy ony urýar..*(A. Durdyýew, Saýlanan eserler, 70. s.) diýen sözlemde ”ol” –eýe, ”meniň bilen” doldurgyç bolup gelşini mysal almak bolar. Şeýlelikde, şäriklik derejedäki işlikleriň subýektleri dürli-dürli görnüşde bolup, esasan, deňdeş eýe hökmünde işi ýerine ýetirmäge deň derejede gatnaşýarlar. Olar bu ýagdaýda baglaýjyly hem baglaýjysyz baglanyşýarlar.

Baglaýjyly baglanyşyk *bilen, bile, hem, we, -da/-de* kömekçiler arkaly bolýar. Meselem: Wepa *bilen Gurban gadyrly görüşdi. Akja we Aýjemal haly dokaşdylar.*

Baglaýjysyz baglanyşyk intonasiýanyň üsti bilen amala aşyrylýar. (Muňa dil biliminde ”asindeton” diýilýär). Meselem: *Aýallar, çagalar, gyzlar ylgaşyp gitdiler.*

Gönükme. Doly morfologik derňew ediň.

Degişseňem oỳlanyp degiş. Göz agyry yrandyr, köne dona bűrendir. Goỳun bakyşyma seretme, hak alşyma seret. Agaç aỳran bir paỳ, hähini beren iki paỳ. Gorkan öňűrder. Gorkmasa sylamasyn. Gorkmadyk gorkuzar. Gördűň, dostuň ỳűzi hoş, otur-da turuş, gördűň, dostuň ỳűzi turşy, ne oturyş-da ne turuş.

Şäriklik derejesiniň beýleki dereje ýasaýjylar bilen ulanylyşy

Goşulmalaryň arasynda asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar bir söze birnäçesiniň tirkeşdirilip goşulmagynyň mümkinligi bilen tapawutlanýarlar. Bu aýratynlyga eýe bolan şäriklik derejäniň goşulmasy-da özünden öň bir dereje goşulmasyny kabul eden işliklere-de, iki dereje goşulmasyny kabul eden işliklere-de goşulyp gelýär.

1. Özlük – şäriklik. Bu goşulma özlük derejesindäki işliklere goşulanda, many taýyndan iki ýa köp subýektiň ýerine ýetirýän gymyldy-hereketini aňladýarlar we şolara degişli ýagdaýy görkezýär. Ol işliklerde özlük derejesiniň hem manysy duýulýar. Meselem: *Pälwanlar gabarylyşyp, öýüň daş-töwereginde aýlanyşyp ýördüler.*

2. Ýükletme - şäriklik. Bu hili ýasalyş seýrek gabat gelýär. Ýükletme derejesini kabul eden işliklere –yş/-iş/-uş/-üş/-ş goşulanda, käte şäriklik derejesi ýasalýar. Köplenç bolsa iş atlary hasyl bolýar. Meselem: *Olar biri-birine duýduryşyp ýetişmediler. Atlybaşy nökerlerin türgenleşdirip, naýza zyňdyryşyp, gylyç çaldyryşyp, taýak atdyryşyp görerdi.*

3. Gaýdym-şäriklik. Bu hem ýükletme derejesindäki ýaly örän seýrek duşýar. Meselem: *Serhoşlar süsdürilişip geçip gitdiler. Gojaman sazaklar, çerkezler hol beýlede düňderilişip ýatyrdy.*

4. Özlük-ýükletme-şäriklik. Bular tirkeşip gelende hem şäriklik aňlanylýar. Ol gaty seýrek duşýar. Meselem: *Olar dumly-duşy oýandyryşyp baryşlaryna, biri-birini begendirişýärdiler.*

5. Şäriklik-ýükletme-şäriklik. Bu derejeleriň hem tirkeşip gelşi seýrekdir. Meselem: *Olar goşlaryny birleşdirişip maşgala boldular. Okuwçylaryň ýazan düzmelerini mugallymlar barlaşdyryşyp otyr.*

IŞLIGIŇ ÝÜKLETME DEREJESI

Işligiň ýükletme derejesi düýp işligiň yzyna **–dyr/-dir/-dur/-dür, -t** goşulmalarynyň goşulmagy bilen ýasalýar. Many taýdan bolsa gymyldy-hereketiň subýektiň özi tarapyndan ýerine ýetirilmän, onuň tabşyrmagy, buýurmagy, haýyş etmegi we ş.m. boýunça başga birine etdirilýänligi aňladylýar.

Ýükletme derejesiniň hakyky manysy, esasan, diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. **Meselem:** *Gör. - Ol bize haýwanat bagyny görkezdi. Oka, ýaz, çek - Ol bizi okatdy, ýazdyrdy, surat çekdirdi.*

Eger işlik täsirini geçirmeýän işliklerden bolsa, onda şol işlige ilki bilen geçirmeýän işligi geçirýän işlige öwürýän goşulmalar goşulyp, şondan soň ýükletme derejesi ýasalyp biler. Meselem: *Ol tamyny agartdy* – nämäni ? *Ol tamyny ussa agartdyrdy* – kime? *düş-düşür, düşürtdi, çyk* (geçirmeýän)-*çykar* (geçirýäne öwrüldi), *çykartdy* (ýükletme).

Diýmek, işlikleriň ýükletme derejesi esasan obýekt bilen baglanyşyp bilýän işliklerden ýasalýar hem-de gymyldy-hereketiň subýektiň tabşyrmagy, haýyş etmegi, buýurmagy boýunça başga birine etdirilýändigini aňladýar.

Işligiň ýükletme derejesiniň ýasalyşy giňdir. Olar birnäçe görnüşdäki ýasaýjylaryň üsti bilen hasyl bolýarlar. Işligiň ýükletme derejesi işiň täsirini geçirýän işliklere goşulýar.

Ýükletme derejäniň goşulmasyny kabul eden işlik gymyldy-hereketiň eýäniň tabşyrmagy, buýurmagy ýa-da islegi boýunça ýerine ýetirilýändigini aňladýar. Şunlukda, eýäniň tabşyrmagy, buýurmagy ýa-da islegi boýunça başga biri tarapyndan ýerine ýetirilýändigi goşulmalar arkaly aňladylýan işliklere işligiň ýükletme derejesindäki işlik diýilýär. Meselem: *Serdar kitap okady* – subýekt, *Serdar kitap okatdy (*oňa*), Baky oglanlara kitaby okatdyrdy. Baky kitaby okatdyrtdy* diýen sözlemlerde gelen “okamak” işligi işligiň ýükletme derejesini ýasaýjy goşulmalary kabul edip, hereketiň eýe tarapyndan edilmän, şonuň tabşyrygy boýunça başga biri ýa-da birnäçe

adamlar tarapyndan ýerine ýetirilendigini aňlatdy. Işligiň ýükletme derejesindäki hereketi ýerine ýetiren şahsy anyklamak üçin kime? kimi? diýen soragy bermek bolar. Meselem: *Ýahýa han dessine peç ýakdyrdy, çaý getirtdi.* (kime?- oňa, (G.Kulyýew, "E. i." 47 s.). *Ol meni ýanynda oturtdy-da söz açdy* (kimi? –meni, şol ýerde, 56 s).

Işligiň ýükletme derejesi morfologik ýol bilen şu goşulmalar arkaly hasyl bolýar:

1. –dyr/-dir/-dur/-dür geçirýän işliklere goşulyp, örän işjeň ulanylýar. Bu goşulmalar ahyry çekimsiz ses bilen gutaran bir bogunly we köp bogunly işliklere goşulýar. Ýöne olar "l, r" seslerine gutaranlara goşulmaýar. Ýöne käte: *aýyr-dyr, irkil-dir, äkel-dir* ýaly goşulýar. Meselem: *dak-dyr, bil-dir, soý-dur, gül-dür, seret-dir, azaş-dyr...*

-dur/-dür dodak çekimlili bir bogunly işliklere goşulýar: *söy-dür, bol-dur*

-dyr/-dir goşulmasy –tyr/-tir goşulmasyndan gelip çykan hasaplanylýar. Sebäbi köne ýazuw ýadygärliklerinde ol –tyr/-tir görnüşinde duşýar. Meselem: *Mahyzar geltürdi, köb söz söýledi* (D.A. 38 s.). *Geledir ähli – sünni bastyryban* (A.K. "j" 52 s). Galyberse-de, "oturmak, getirmek " sözlerinde "-tyr /–tir" saklanypdyr.

2. "-t" goşulmasy geçirýän işliklere işjeň goşulýar. Ol soňy çekimli sese gutaran köp bogunly sözlere-de, "l, r" sesleri bilen gutaran sözlere hem goşulýar. Meselem: *oka-t, uzal-t, oňla-t, daral-t, boşa–t, düzel- t , owkala-t, serrel-t, süpür-t*
Artyk şol sekuntda olara bakan Aşyry ugratdy. (B.K "A.ä" 190 s.).

3. –yt önümsiz goşulma: *ak-yt, bek(e)-it ...*

Işligiň ýükletme derejesiniň aňladýan manylary.

Işligiň ýükletme derejesinde gymyldy-hereketi subýektiň özi ýerine ýetirmeýär. Onuň buýurmagy, tabşyrygy, haýyşy boýunça işi başga biri, başga subýekt ýerine ýetirýär.

Şeýlelikde, ýükletme derejedäki işligiň iki subýekti bolup. ol subýektleriň biri beýlekisine garaşlydyr. Olaryň biri gymyldynyň sebäpkäri bolsa, ikinjisi şol hereketi amala aşyrýar. Meselem: *Atasy Kerwene hat ýazdyrdy* diýen sözlemde eýäniň buýrugy boýunça "Kerwen" hereketi ýerine ýetirdi.

1. Geçirmeýän işliklere ýükletme derejesiniň goşulmalary goşulanda, olar işiň netijesini geçirýän işliklere öwrülýärler, şonuň üçin hem subýektiň işe bolan gatnaşygy üýtgeýär. Meselem: *Aman öýkeledi. Aman Beglini öýkeletdi* diýen sözlemde gelen "öýkelemek" geçirmeýän işligi arkaly aňlanylýan hereketi eýe - Aman ýerine ýetirýär. Emma ikinji sözlemdäki işlige ýükletme dereje ýasaýjy goşulma goşulyp, geçirmeýän işligi geçirýän işlige öwürdi. Şeýlelikde, hereketi ýeňiş düşümdäki söz ýerine ýetirdi. Eye bolsa oňa diňe sebäp boldy. Meselem: *Garrynyň bu sözlerini mugallym doktora düşündirdi.* (A.D. 266 s.) *Senem ony tüpeň bilen ürküzd.* (şol ýerde, 12 s).

2. Ýükletme derejesiniň goşulmalary geçirýän işliklere goşulanda, olar ýene geçirýän işlikleri hasyl edýär hem-de subýektiň herekete bolan gatnaşygy üýtgeýär. Meselem: *Ene dessine peç ýakdy, çaý getirdi. Ýahýa han dessine peç ýakdyrdy, çaý getirtdi.* (G.K., "E. i.'' 47 s). Bu sözlemleriň birinjisinde eýäniň özi hereketi gönüden-göni ýerine ýetirdi, ikinjisinde bolsa ýöneliş düşümiň soragyna jogap bolýan obýekte hereketi tabşyrdy.

Obýekt bolup gelen düşünje gymyldynyň hem obýekti hem subýekti bolmaga ukyply-işjeň obýekt bolsa, onda ýükletme derejesi ýasalyp biler. Eger obýekt bolup gelen düşünje gymyldynyň diňe obýekti bolmaga ukyply bolup, subýekti bolup bilmese – passiw obýekt bolsa, onda ýükletme derejesi ýasalman, ýöne işiň netijesini geçirýän işlik manysynda ulanylýar. Meselem: *Okuwçylar ýaş nahallary oturtdylar* diýen sözlemde "oturtdylar" işliginden aňlanylýan manyda ýükletme

derejesiniň goşulmasy bolsa-da, ol hereketi subýektiň özi ýerine ýetirdi. Şonuň üçin hem -t goşulmasy işligiň ýükletme derejesini ýasamady-da, geçirmeýän işlikden täsirini geçirýän işlik ýasady. Bu işi özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýän "nahallary" sözi passiw obýekt bolandygy üçin, işi eýe ýerine ýetirdi.

Gymyldynyň obýekti passiw bolanda, hatda ýükletme derejäniň goşulmasy yzly-yzyna goşulsa hem, işlikler hakyky ýükletme derejäniň manysyny berip bilmeýär. Meselem: *"Men şu dutara at we ýaragyň bitirjek işini bitirdip bilerinmi ýa-da ýok.* (N.S. "Ş.b" 237 s) munda "dutar" sözi gymyldyny etmeli bolýar. Emma ol işi buýurmak bilen edip bilmeýär. Ony hökmany suratda kimdir biri çalmaly bolýar. Diýmek, hereketi eýäniň hut özi ýerine ýetirýär. Eger gymyldynyň obýekti işjeň bolsa, onda dereje goşulmalaryny kabul edenlerinden soň, ýükletme derejäniň manysyny aňladýarlar. Meselem: *Ol çagalara göreş tutdurdy. Ol myhmanlara höwes bilen minnetdarlyk bildirdi we olara toý paýyny berdirdi.*

Işligiň ýükletme derejesi beýleki dereje ýasaýjylar bilen tirkeşip gelip bilýär.

1.Özlük-ýükletme: *gurplandyrmak, gazaplandyrmak.*
2.Şäriklik-ýükletme: *barlyşdyrmak, gujaklaşdyrmak.*
3.Özlük-şäriklik-ýükletme: *öwrenişdirdi, baglanyşdyrdy...*

Gönükme: Ýükletme derejesiniň nähili işliklerden ýasalandygyny düşündirmeli.

Guwandyrýardy, galkyndyrýardy, börtdürdi, güldürdi, duýdurdym, köşetmäge, urdurman, çykarman, ýöredip, agdaryşdyrdy, dänderip, galdyrmalydy, saldyrardym, duýdurypdym, degşip-gülşüp, turuzdym, çökerip, aldyryp, dolandyrmalymyş, açdyrmaly, getirdeýin, saklatdy, oturdy, boşatdyrdyk. Atlyny agdaryp, düýelini dönderen.Aja gazan asdyrma, üşäne ot ýakdyrma.

IŞLIGIŇ GAÝDYM DEREJESI

Asyl we ýasama düýp işlikleriň soňuna **-yl/-il/-ul/-ül/-l, –yn/-in/-un/-ün/-n** dereje ýasaýjy goşulmalaryň goşulmagy arkaly işligiň gaýdym derejesi ýasalýar. Diýmek, işligiň gaýdym derejesi, esasan, morfologik ýol bilen ýasalýar.

Munuň esasy goşulmasy **–yl/-il/-ul/-ül/-l** bolup, manysy taýdan gymyldy-hereketiň köpçüligiň bähbidi üçin edilip, hereketiň netijesiniň bolsa ýene-de şol köpçülige, umumylyga gaýdyp gelýändigini görkezýär. Meselem: *Daýhanlar üçin pul karz berildi. Täze ýerler açyldy.*

Munda hereket umumy bähbit üçin ýerine ýetirilýär. Gaýdym derejede ýerine ýetirilýän hereketiň subýekti belli bolmaýar. Eger subýekti getirmek zerur bolsa ol tarapyndan diýen sözsoňy bilen doldurgyç şekilinde sözleme goşulýar, subýekt eýe bolup bilenok. Meselem: Mekdep üçin saz gurallary alyndy. Tomsuna daşarda ýatylýar.

Işligiň gaýdym derejesinde edilýän gymyldy-hereket eýe dogrusynda alnyp barylýar, ýagny munda edilýän herekete sözlemiň subýekti gatnaşmaýar, ýöne ýüze çykýan hereketi eýe üçin kimdir biri ýerine ýetirýär. Şol sebäpli-de gaýdym derejeden aňlanylýan işi ýa-da gymyldyny ýerine ýetirýän subýekti anyklamak zerur bolsa, onda işlige – kim tarapyndan? diýen soragy bermek bolýar. Meselem: *Güýz aýlarynda pagta ýygylýar. Pagta meýilnamasy ýerine ýetirildi* diýen sözlemleriň her birine kim tarapyndan? diýen soraglary bersek, onda olarda “daýhanlar, pagtaçylar, adamlar” ýaly sözleriň hereketi ýüze çykarandygyny bilmek bolýar. Şol soraga jogap bolýan söz habary gaýdym derejedäki işlikden bolan sözlemde, köplenç, bolmaýar. Emma käte şol hereketi ýüze çykarýan subýekt görkezilmeli bolanda, onda ol söz ”tarapyndan” sözi bilen

getirilýär. Meselem: *Arza seniň goňşyň Jumaýew tarapyndan ýazylypdyr diýip, komandir onuň gözüne dikanlap seretdi*. Şunlukda, gaýdym derejesini hasyl etmäge gatnaşýan dereje ýasaýjylar subýektsiz sözlemleri hasyl edýärler.

Işligiň gaýdym derejesini ýasamaga şu goşulmalar gatnaşýarlar:

-yl/-il/-ul/-ül/-l; -yn/-in/-un/-ün/-n;

-yl/-il: - soňy 'l' çekimsiz sesine gutarmadyk bir we köp bogunly, dodak çekimlisi bolmadyk işliklere goşulýar: *Agdar-yl, bejer-il, aýd-yl, berkid-il, at- yl, geý- il, gyrk-yl,giriz-il,sanj-yl, kert-il*

-ul/-ül: - düzüminde dodak çekimlisi bolan bir bogunly işliklere goşulýar: o*r-ul, döw-ül,guý- ul, dök- ül, ýon-ul, düw-ül*

-l : - düzüminde "l" sesi bolmadyk hem soňy çekimli sese gutarýan işlige goşulýar: a*gza-l, göze-l, gunda- l, çeýne-l, daşa-l, üwre-l, gura-l, ide-l*

-yn/-in: - soň 'l' sesine gutaran bir bogunly işlikleriň yzyna goşulýar: *gel-in, al-yn, , sal- yn*

-un/-ün: - düzüminde dodak çekimlisi bolan işliklere goşulýar: *ýol-un, sür-ün, gur-un, söý- ün, or-un, gör-ün*

- n: - goşulmasy, köplenç, soňy çekimli sese gutaryp, ahyrky bogunda 'l' sesi bolan işliklere goşulýar: *gaýtala-n, belle-n, dyzarla-n, depele-n, ogurla-n, eýle- n, ekle-n*

Gaýdym derejesiniň aňladýan manylary

Işligiň gaýdym derejesinde hereketi grammatik eýe ýerine ýetirmeýär. Şol sebäpli-de töwerekden edilen hereket, gymyldy eýäniň üstüne düşýär. Munuň özi bolsa sözlemde iki subýektli konstruksiýany emele getirýär. Olaryň birinjisi sözlemde grammatik taýdan eýe bolsa, beýlekisi doldurgyç bolýar. Şol grammatiki obýekt (doldurgyç) hem işi ýerine ýetiriji bolýar, ýagny ol gymyldynyň subýekti bolýar.

Grammatiki eýe bolsa gymyldyny logiki taýdan ýerine ýetirmeýär, eýsem gymyldyny ýerine ýetirýäniň işiniň täsiri oňa gaýdýar, ol bolsa logiki taýdan obýekt bolup gelýär. Munuň

tersine, logiki subýekt bolup gelen söz grammatiki taýdan baş düşümden beýleki düşümleriň birinde gelýänligi sebäpli, grammatiki taýdan obýekt hasaplanýar. Şunlukda, işligiň gaýdym derejesinde subýekt we obýekt biri-birine gapma-garşy bolýarlar. Meselem: *ol ses Artyga bir hili geň eşidildi* diýen sözlemde ”ses” sözi ”eşidildi” hereketini, gymyldyny ýerine ýetirip bilmeýär. Şonuň üçin hem ol iş grammatik taýdan doldurgyç bolup gelen “Artyga” degişlidir. Diýmek, edilen hereket gaýdym derejesinde bolýar.

Gaýdym derejedäki işlikleriň logiki subýekti sözlemiň manysyndan belli bolýar. Käbir ýagdaýlarda bolsa onuň sözlem içinde getirilmegi hem zerur bolmaýar. Sebäbi logiki subýektiň bolmagy ýa bolmazlygy sözlemiň many aňladyşyna täsir etmeýär. Meselem: *Haly dokaldy. Ýygnak geçirildi. Halyçylar tarapyndan äpet haly dokaldy.*

Işligiň gaýdym derejesi diňe täsirini geçirýän işliklerden hasyl bolýar. Gaýdym derejäni ýasaýjylar işiň täsirini geçirmeýän işliklere goşulanda, dereje ýasamaýarlar, çünki bu ýagdaýda subýekt bilen gymyldynyň arasyndaky gatnaşyk ýitýär. Sözlemde eýe bolmaýar, şonuň üçin bulara subýektsiz işlikler diýilýär.

Subýektsiz işlikler umuman bolýan gymyldyny bildirýärler, ol hereket işi ýerine ýetirýäniň islegine bagly bolmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Subýektsiz işlikleriň aňladýan gymyldysy-da kim-de bolsa birine degişli bolýar, köplenç ýagdaýda bolsa sözleýjiniň özi bilen baglanyşyklydyr. Meselem: *Öýde bolnaýsa gowy görýärin. Irginsiz gezilýär, içilýär diýäýme.*

Işiň netijesini geçirmeýän işlikler degişli goşulmany kabul edip, işiň täsirini geçirýäne öwrülip biler, onda olar gaýdym derejesini ýasap bilmeýärler. Ol goşma işliklerde ýüze çykýar. Meselem: *Indi bizde işler guramaçylykly alnyp barylýar. Bizde gazet-žurnallar okalyp durulýar.*

Işligiň gaýdym derejesiniň goşulmalary düzme, tirkeş, goşma işlikleriň birine ýa-da ikisine-de goşulyp gelip bilýär. Meselem: *kömek edildi, iýlip-içildi, görülibildi...*

IŞLIGIŇ ÖZLÜK DEREJESI

Işligiň özlük derejesi düýp işlikleriň yzyna:

1. **–yn/-in/-un/-ün/-n** goşulmanyň
2. **–yl/-il/-ul/-ül/-l** goşulmanyň goşulmagy bilen ýasalýar.

Işligiň özlük derejesi aňladýan manysyna görä hem-de gurluşyna görä, iki topara bölünýär.

I. Gymyldy-hereketiň subýektiň öz üstünde bolup geçýändigini aňladýan doldurgyçsyz (obýektsiz) özlük dereje. Işligiň özlük derejesiniň bu görnüşi geçirýän we geçirmeýän işliklere özlük derejesiniň goşulmasy goşulyp ýasalýar. Şonda özlük derejedäki işlikleriň täsiri başga bir zada gönükdirilmän, sözlemiň eýesiniň-subýektiň özünde galýar. Sebäbi, şu topara degişli özlük derejäni ýasaýan goşulmalar geçirýän ýşligiň yzyna goşulanda, geçirýän işligi geçirmeýän işlige öwürýär. Şol sebäpli, bu işliklere ýeňiş düşümdäki söz baglanyp bilmeýär. Şeýle ýasalan işligiň özlük derejesinde ýeňiş düşümdäki doldurgyç bolmaýar. Meselem: At silkindi. Adam kakyndy.

Bu hili özlük dereje many taýdan

1. gymyldy-hereketiň subýektiň öz üstünde bolup geçýändigini,
2. şol hereketiň subýektiň özi tarapyndan ýerine ýetirilýändigini aňladýar. Şeýle konstruksiýada subýekt (eýe) bilen obýekt (doldurgyç) bir sözde jemlenip, sözlemde eýe bolup gelen söz arkaly berilýär. Subýektiň öz üstünde bolup geçýän gymyldy-hereket onuň daşky görnüşindäki, ýagny sypatyndaky, keşbindäki, reňkindäki özgerişler bilen baglanyşykly bolýar. Şeýle hereket ýa-da özgeriş subýektiň

beden gurluşynyň belli bir böleginde-de ýüze çykyp bilýär. Meselem: Onuň ýazylyp ýatan gara gaşlary hyýrsyzlandy. Mugallym zeýrendi. Ol bütin göwresi bilen yrandy, ýuwdundy, sakyndy. Ýarnepes rahatlyk bilen gerindi. Aýbölek bezendi. Kirpi düýrüldi.

II. Gymyldy-hereketiň subýektiň öz bähbidi üçin edilýändigini aňladýan ýeňiş doldurgyçly (obýektli) özlük dereje. Munda gymyldy-hereketi sözlemiň eýesi (subýektiň) özüniň bähbidi üçin ýerine ýetirýär. Sözlemiň eýesiniň hereketi hetijesinde hasyl bolýan zat (obýekt), hereketiň netijesi hem subýektiň (sözlemiň eýesiniň) özüne degişli bolýar. Özlük derejäniň bu görnüşi diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. Şonda geçirýän işligiň yzyna özlük derejesini ýasaýan –n (-yn/-in/-un/-ün) goşulmasy goşulandan soň hem işlik täsirini geçirýär, ýagny geçirýän işlikler öz manysynda galýar. Diýmek, özlük derejäniň bu toparyna ýeňiş düşümdäki doldurgyç baglanyp bilýär. Şonuň üçin özlük derejäniň II toparyna **ýeňiş doldurgyçly (obýektli) özlük dereje** diýilýär. Meselem: Orazberdi biriniň dutaryny getirinipdir. Obada Anna diýen ýigit tam salynýardy. Jeren köýnek tikindi.

Işligiň özlük derejesi bilen gaýdym derejesiniň goşulmalary meňzeşdir. Ýöne bular bir-birinden tapawutlanýarlar.

Birinjiden, işligiň özlük derejesinde ýüze çykýan gymyldy-hereket prosesini ýerine ýetirýän şahs sözlemiň eýesi bolup gelýär. Gaýdym derejesinde bolsa hereketi ýerine ýetirýän şahs sözlemde, köplenç, getirilmeýär, getiriläýende-de sözlemiň eýesi bolman, käbir sözsoňular arkaly baglanyp, doldurgyç bolup gelýär.

Ikinjiden, Işligiň özlük derejesinde bolup geçýän hereketi sözlemiň eýesiniň özi ýerine ýetirýär ýa-da öz bähbidi üçin ýerine ýetirýär. Işligiň gaýdym derejesinde bolsa gymyldy-

hereket umumy bähbitler üçin ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin mundaky habar belli bir konkret şahsy aňlatmaýar.

Şeýle-de bolsa kä halatlarda –yl/-il/-ul/-ül/-l; -yn/-in/-un/-ün/-n goşulmalary kabul eden sözler sözlemde gelmedik ýagdaýynda bu iki derejäniň haýsyna degişlidigini bilip bolmaýar. Meselem: alynmak, salynmak, çekilmek, saklanmak, aýlanmak, aýrylmak, ýykylmak, sowulmak we ş.m. Şular ýaly işlikler özbaşdak ulanylanda, özlük ýa-da gaýdym derejeleriň haýsyna degişlidigini bilip bolmaýar. Olary diňe sözlemde gelende, aňladýan manysy taýdan kesgitlemek bolýar. **Meselem:** Aman yza çekildi. (özlük dereje). Ammara dürli ýükler çekildi (gaýdym dereje). *Jeren köýnek alyndy, tikindi. Meret jaý salyndy (özlük dereje).* Mekdebe saz gurallary alyndy, onuň üçin taze bina salyndy (gaýdym dereje).

Üçünjiden, işligiň gaýdym derejesi diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. Işligiň özlük derejesi bolsa geçirýän we geçirmeýän işlikleriň ikisinden hem ýasalýar.

Dördünjiden, işligiň gaýdym derejesiniň yzyna ýükletme, özlük derejeleriniň goşulmalary goşulyp bilmeýärler. Işliigiň özlük derejesiniň yzyna bolsa, işlik derejeleriniň hemmesiniň goşulmalary goşulyp bilýär.

Işliigiň özlük derejesi, esasan, morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Ol bir işiň, gymyldy-hereketiň şol işi ýerine ýetiriji subýektiň özi üçin edilýändigini ýa-da gymyldy-hereket subýektiň öz üstünde bolýandygyny bildirýär. Şeýle hyzmaty ýerine ýetiren işliklere işligiň özlük derejesi diýilýär. Onuň üç hili aňladylyşy bardyr.

1. Işligiň özlük derejesiniň morfologik ýol bilen ýasalyşy. Onuň goşulmalary düýp işligiň yzyna aşakdaky tertipde goşulýarlar:

1. –yn/-in/-un/-ün/-n goşulmasy. Bularyň –yn/-in goşulmasy soňy çekimsiz sese gutaran bir we köp bogunly işiklere

goşulýar. Meselem: *at-yn, geý-in, getir-in, tap-yn, al-yn, tik-in, ýaz-yn.*
-un, -ün soňy çekimsiz sese gutaran we düzüminde dodak çekimlisi bolan bir bogunly işliklere goşulýar. Meselem: *ýuw-un, öw-ün, tut –un, gör- ün, ur-un, ör-ün,*
-n – soňy çekimli sese gutaran işliklere goşulýar. Meselem: *beze-n, güýme-n, gara- n, dara-n*
2. -yk/-ik/-uk/-ük goşulmasynyň dereje ýasaýjylygy onçakly işjeň däl . Emma muňa garamazdan, olar goşulan işliklerinden özlük derejä meňzeş many aňlatmaga gatnaşýarlar. Meselem: *Gelen ýagy yzyna serpikdi. Oglan bu söze birbada düýrükdi.*
-al/-el/-l, -lan/-len ýaly asyl ýasaýjy goşulmalar az sanly sözlere goşulyp, özlük derejäniň manysyndaky işlik ýasaýar. Meselem: O*l basym sagalar, öýüne dolanyp barar. Zatlar köpeldi, iş azaldy. Ene pikirlenýardi. Çaga gün-günden* akyllanypdyr.
Gaýdym derejäni ýasamaga hyzmat edýän ”–yl/-il/-ul/-ül/-l” goşulmalary hem özlük derejäni ýasap bilýär. Olardan ”yl/-il” soňy çekimsiz sese gutaran bir bogunly hem-de köp bogunly işliklere goşulýar. Meselem: *Aýsoltan öz hereketini duýman bir ädim gaýra çekildi. alar-yl, gaň-(y)r-yl, gabar-yl, Ol Çary aganyň ýüzüne alarylyp seretdi.Gözel bar güýji bilen okuwa berildi.*
”-ul/-ül’ içinde dodak çekimlisi bolan bir bogunly sözlere goşulýar. Meselem: *sow-ul, goş-ul, döw-ül, öw-(ü)rül Sona ýapdan sowlup geçdi.*
‘-l’ çekimsizi soňy çekimli sese gutaran köp bogunly işliklere goşulýar. Meselem: *düşe-l, guşa-l Ol onuň boýnuna oraldy.*
Özlük derejäniň goşulmalary geçirýän işliklere goşulýar, ýöne olaryň käte geçirmeýän işlige goşulmagy hem bar.

Özlük dereje şu hili morfologik ýol bilen aňladylyşyndan başga-da, sintaktik hem-de leksik ýollar bilen hem aňladylýar.
1. **Işligiň özlük derejesiniň leksik ýol arkaly berlişi**. Işlikleriň birnäçesi dereje ýasaýjy goşulmalary ýa-da başga serişdeleri

kabul etmezden, özleriniň asyl görnüşlerinde özlük derejesiniň hyzmatynda ulanylýar. Munda gymyldy-hereket aňladýan işligiň özi leksik manysy boýunça özlük derejede bolýar. Sözüň öz manysyndan hereketiň subýektiň özi üçin edilýändigi, öz üstünde bolýandygy görkezilýär. **Meselem:** *Ol begendi, tisgindi, buýsan, gazan, gönen, guwan, gyjyn, gysgan, jibrin, gomal, zeýren, igen, sakyn, sagyn, tikin, herrel, ynan...*

2. Özlük derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy. Munda öz sözi gymyldy -hereket aňladýan işlik bilen bile getirilýär. **Meselem:** O*l saklandy.-Ol özüni saklady.*

Işligiň özlük derejesi sintaktik ýol bilen aňladylanda, belli bir şekildäki sözleriň türkeşip gelmegi bilen berilýär. Şeýle sözler tirkeşip gelende, özlük derejäniň hyzmatynda gelýär. Şunlukda özlük derejäniň sintaktik ýol arkaly aňladylyşy şu görnüşlerde bolýar:

1. Belli bir ýöňkemede gelen gaýdym çalyşmasy (öz) ýeňiş düşüm bilen üýtgänden soň, yzyndan işiň täsirini geçirýän asyl ýa-da ýasama işlikleriň biriniň gelmegi bilen, ikisi bilelikde özlük derejäniň hyzmatynda ulanylýar. Meselem: E*rtir eýmenç bir zat öňüňden çyksa-da, özüňi ýitirmän, şoňa gerekli gaýtawul berersiň* (B.K. ”S. es” 12 s). *Çeper özüni aklamaga çalyşdy* (B.K. ”S. es” 18 s).

2. Käbir düzme işlikleriň aňladýan manysy özlük derejäniň manysyna ýakyn bolýar. Meselem:Ý*ürek telwas eder göterler serim (Zelili). Yşk ýolun höwes eýläp, Gelen barmy ýaranlar?* Şu hili düzme işlikleriň esasy sözüne ”lan/-len” goşulmasyny köplenç ýagdaýda goşup, sada işliklere hem öwrüp bolýar. Meselem: *höwes eýläp – höweslen; telwas eder – telwaslan;*

3. Bu hili düzme işliklere ýakyn bolan birnäçe söz düzümleri hem özlük derejäniň manysynda ulanylýarlar. Meselem: *Başyň goşma gadyr bilmez bezzada, Goşsaň goşgul, aşyň bir asylzada...*

Bu hili düzme işlikleri: başyňy goşmak – goşulmak, eliňi ýuwmak – ýuwunmak, egne geýmek – geýinmek ýaly sada işliklere hem öwrüp bolýar. Olar täsirini geçirýän we geçirmeýän işliklere öwrülýärler.

Özlük derejesiniň aňladýan manylary

Özlük derejedäki işlikler işi –gymyldyny subýektiň öz üstünde ýerine ýetirýändigini ýa-da şol hereketi özi üçin, öz bähbidi üçin ýerine ýetirýändigini aňladýarlar. Şol jähtden hem özlük derejedäki işlikler aňladýan manylaryna görä, iki topara bölünýärler:

1.Gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezýän işlikler.

2.Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýänini görkezýän işlikler.

a) bu işlikler arkaly aňladylýan gymyldyny subýekt bolup gelen düşünje öz üstünde ýerine ýetirýär. Munuň ýaly manyda ulanylýan işligiň täsiri başga obýekte geçmeýär. Özlük derejesi gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezip gelende, onuň obýekti-de, subýekti-de bir sözde, ýagny eýe bolup gelen söz arkaly aňladylýar. Meselem: *Ol gollaryny giň açyp gerindi, pallady. Nazar, ýaman kän eglendiň-le ?*

Gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezýän özlük derejedäki subýekt, köplenç, adam bolýar ýa-da hereketi ýerine ýetirmäge ukyply obýekt bolýar. Meselem: *Pişik ýuwunýar. At silkinýär. Adam begenýär.*

b) Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýänini görkezýän işlikler arkaly aňladylýan gymyldyny subýektiň özi ýerine ýetirýär, ol özi üçin, öz bähbidi üçin hereket edýär. Meselem: *Ol öý gurundy, at edindi. Öýsüzler wagtlaýynça kümejik gazyndylar.*

Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýändigini görkezýän işlikler özlük derejedäki beýleki işliklerden semantik taýdan hem tapawutlanýar. Bu hili işlikler geçirýän işliklerden hasyl

bolup, ýeňiş düşümdäki sözler bilen baglanyp gelýärler. Meselem: *ol jaý salyndy. Jeren elini, ýüzüni ýuwundy.*
Özlük derejesiniň goşulmalary düzme işliklere hem, tirkeş işliklere hem goşulyp bilýärler. Düzme işlige goşulyşy:
1. Kömekçi işlige goşulmalaryň goşulmagy bilen *iş edinmek, umyt edinmek* ýaly aňladylýar.
2. Esasy söze goşulmalaryň goşulmagy bilen *begenip oturmak, ýygnanyp başlamak* ýaly aňladylýar.
3. Tirkeşip gelýän işlikleriň ikisine-de goşulmak bilen *aýlanyp-dolanmak, görnüp-görünmän, oýlanyp-oýlanyp* ýaly aňladylýar.

Işligiň özlük derejesiniň gaýdym çalyşmaly (öz) ýa-da gaýdym derejesiniň goşulmasy bilen ulanylyşy hem bar.
Meselem: gaýdym çalyşmaly dereje ýasaýjyly
sen özüňi horlamaly däl *Sen horlanmaly däl*

Gönükme: Işlikleriň derejesini anyklamaly we doly morfologik derňew etmeli.

Olar gelende, çaý-nahar iýlip gutarylmandy. Okuwçylaryň arasynda suwda ýüzüşmek boýunça ýaryş geçirildi. Çaý-nahar getirilip, birneme oturylansoň, myhmanyň ýüzi açyldy. Baýram obanyň çetinden jaý salyndy. Döwekçileriň döwen harmanlarynyň sany alty-ýedä ýetenem bolsa, entek olaryň birem atylyp gutarylmandy. Sallançakda ýatan çaga gözüni açandan soň rahatlyk bilen gerindi. Gündogdy durup bilmän, ýuwaşja dillendi. Durmuş kadalaşar. Oturylyşygyň gidişi barada pikir alyşdyk. Belkem, gözýaş edendirler, eňreşendirler. Agyr ýol ikirjiňlendirýärdi. Hak nury şo taýdan çaýylar. Iňlisleriň adamlary hem sümsünişip ýörler.

IŞLIK DEREJELERINI ÝASAÝJY GOŞULMALARYŇ TIRKEŞIP GELMEGI

Şekil ýasaýjy goşulmalardan tapawutlylykda bir söze işlik derejelerini ýasaýjy goşulmalaryň birnäçesi goşulyp

bilýär. Türkmen dilinde bir işlikde iki, üç, seýrek dört işlik derejesiniň goşulmalary tirkeşip gelip biler. Şeýle çylşyrymly işlik derejeleriniň emele gelmeginiň aýratyn derejeleriň özboluşlylyklary bilen bagly öz kanunalaýyklyklaryna eýedir. (GTÝaz, 253s.) Şeýle işlikleriň ol ýa-da beýleki derejä degişliligi tirkeşip goşulan dereje goşulmalarynyň iň soňkusy boýunça kesgitlenýär. Söze soňky goşulan haýsy derejäniň goşulmasy bolsa, ol söz hem şol derejede hasaplanýar. Emma tirkeşýän goşulmalaryň beýlekileri hem belli bir derejede öz derejelik manysyny saklaýarlar. Esasan, işlik derejeleri aşakdaky ýaly tirkeşýärler.

1. Özlük we ýükletme derejeleri tirkeşip gelýär. Meselem: Aşyryň sowaly Artygy *geňirgendirdi, oýlandyrdy*. Bu boluş ony *gazaplandyrdy*.

2. Şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi: *barlyşdyrmak, gujaklaşdyrmak.*

3. Ýükletme we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Işiň depgini art-dyr-yl-ypdy.

4. Ýükletme we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Gaýdym derejäniň goşulmasy beýleki dereje ýasaýjylar bilen örän seýrek utgaşýar. Gaýdym derejäniň goşulmasy ýükletme derejäniň goşulmasy bilen diňe asyl düýp işlik geçirmeýän işliklerden bolanda tirkeşip ulanylyp biler. Meselem: Nahardan soň çaý oturdyndylar, kofe gaýnadyndylar.

5. Bilelik-şäriklik we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Bu zatlar barada eýýäm gepleşildi, işler paýlaşyldy.

6. Özlük we bilelik-şäriklik derejeleriniň gaýtalanyp gelmegi. Meselem: Garrylar derd-in-iş-diler, käýin-iş-di-ler.

7. Ýükletme we bilelik-şäriklik derejesiniň goşulmalarynyň tirkeşip gelmegi. Meselem: Aman Çara bede galdyryşdy.

8. Bilelik-şäriklik, ýükletme we gaýdym derejeleriniň goşulmalarynyň bilelikde gelmegi. Meselem: Doganlar sataşdyryldy. Köne tanyşlar duşuşdyryldy, gürleşdirildi.

9.Ýükletme, gaýdym we bilelik-şäriklik derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Biýaralaryň arasynda uly-uly gawun-garpyzlar düňderilişip ýatyrdy. Çagalar ýumşak düşekleriň üstünde arkan-ýüzin agdarylyşdylar.

10. Özlük, ýükletme we bilelik-şäriklik derejeleriniň tirkeşip gelmegi: Gül doganyna çagalary ýuwundyryşdy, geýindirişdi.

11. Gaýdym, bilelik-şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Dawagärleri bar-(y)l-yş-dyrdylar.

12. Özlük, bilelik-şäriklik we ýükletme: derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Sowuk suwa özüni kem-kemden *öwrenişdirdi. Ol ýaazan zadyny ddurmuş bilen baglanyşdyrdy.*

13. Ýükletme, bilelik-şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Alty dostlaryny çagyryp, jaýyny akladyşdyrdy. Satyjy magazinden alnan halylary işgärlere şol bada maşyna ýükledişdirdi.

14. Özlük, ýükletme we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Lukman hassanyň haýyna-waýyna bakman, şepagat uýalaryna ýuwundyrtdy, soňra pagta eşiklerden geýindirtdi.

MODALLYK AŇLADÝAN “-AÝ/ -EÝ” GOŞULMASY

Işliklere goşulýan goşulmalaryň hyzmaty taýdan ýasaýjylyk, dereje ýasaýjylyk, şekil aňladyş aýratynlyklary hakynda bellenilip geçildi. Emma işliklere goşulýan goşulmalaryň modallyk aňladyşy hem bardyr.

Işliklere goşulýan goşulmalaryň şeýle köp taraply bolmagynyň özi onuň sözleýişdäki hyzmatyna uly tasir edýär.

Olar bilen baglanyşykda ulanylyp bilinýän atlaryň işlikler bilen ýakyn gatnaşygy hem sözlemde ýüze çykýar. Dilde düşünje hökmünde aňlanylýan grammatik kategoriýalaryň biri modallyk kategoriýasydyr. Modallyk aňlatmaga hyzmat edýän serişdeler hem köpdür. Modallyk aýry-aýry sözler, goşulmalar, işlik şekilleri, ownuk bölekler arkaly aňladylýar.

Modallyk - munuň özi sözleýjiniň ol ýa-da beýleki herekete bolan hususy garaýşyny beýan etmegidir (Elbetde, gürrüňsiz...). Emma modallyk aňladýan goşulmalarda nominatiwlik doly aňlanylmaýar. Ýöne olar gurluşy taýdan dürli-dürli düýp işliklere goşulyp gelmek bilen birlikde, many taýdan haýyş etmegi, ýalbarmagy, rugsat bermegi, haýran galmagy, göwünli-göwünsizligi we duýdansyz ýüze çykan herekete garaýşy aňladýarlar. Olaryň haýsy manyda ulanylandygy goşulan sözüniň manysy we aýdylyş aheňi hem-de dürli şekillerde gelşi bilen baglanyşyklydyr. Işlikleriň modallyk aňlatmagy bilen subýektiň herekete bolan garaýşy, gatnaşygy duýulýar. Işliklere goşulyp modallyk aňlatmaga gatnaşýan goşulmalar köp däl. Olara –aý/-eý goşulmasy degişlidir. Bu goşulmanyň goşulan işligine nähili many ýokundysyny berýändigi onuň haýsy işlik şekillerine goşulýandygy bilen baglydyr.

-aý/-äý goşulmasy aslynda kömekçi goý (goýmak) işliginden emele gelen bolmalydyr. Türkmen diliniň şiweleriniň we nusgawy edebiýatymyzyň delilleri goşulmanyň aslyny şeýle hasaplamaga esas berýär. Şunlukda, -al-a-goý, gel-e-goý ýaly ulanylýan şekiliň görnüşi dilde sözleriň assimilýasiýasynyň we fonetikanyň beýleki kanunlarynyň, gaplologiýanyň (bognuň düşmegi – getirer – geti:r, öldürer – öldi:r) täsiri netijesinde şeýle hala gelendir. Meselem: al-a–goý > al-a-gaý > al-a-ga + al-aý

Gel-e-goý > gel-e-gaý > gel-e-ga > gel-a > gel-aý > gel- äý

Bu goşulmanyň şeýle tertipde emele gelendigini tassyklap, H. Baýlyýew şeýle pikiri orta atýar: “Bu goşulma aslynda “goýmak” işliginden gysgalyp emele gelipdir. Türkmen şiwelerinde munuň alagoý, alagaý, alaý; alaga, ala: ýaly görnüşleri bar. Onuň häzirki –aý, -äý warianty, esasan, ýeke-täk ahal şiwesinde bolup, Mary töweregindäki tekeleriň gepleşiginde diňe bir wariantly –aý görnüşi ulanylýar. Meselem: Al-aý, gel-aý.

Aşgabat töweregindäki tekeleriň gepleşiginde bolsa inçelik we ýogynlyk taýdan bölünişen görnüşi hem (-aý/ -äý) bar”. (H. Baýlyýew, ”Saýlanan eserler” Aşgabat, 1981, 112 s.)

Modallyk aňladýan bu goşulma (-aý/-äý) asyl, ýasama, goşma we düzme işliklere inçelik-ýogynlyk taýdan sazlaşdyrylyp goşulýar. Meselem: goý-aý, gel-äý, işl(e)-äý, başl-aý, gelip gör-äý, surat çek-äý. Bu goşulma goşulan işligine modallyk öwüşginini berýär. Onuň aňladýan many öwüşginini beýleki dillere terjime etmek aňsat däl. –aý/-eý modallyk goşulmasy türki dillerden diňe türkmen dilinde ulanylyp, ol diliň özboluşly baýlygy bolup durýar. Şunlukda, bu goşulma hereketiň manysyna, grammatik häsiýetine täsir etmeýär.

-aý/-äý goşulmasy işlikleriň dürli görnüşlerine goşulyp bilşi ýaly, düýp derejedäki işliklere ýa-da dereje ýasaýjy goşulmalardan soň goşulýar we düýp işligiň düzümine girýär. Diýmek, bu goşulma leksik many aňlatmaga gatnaşýar. Onuň goşulmagy sözüň sözleme sintaktik baglanmagyna hyzmat etmeýär. Ýöne onuň edil buýruk äheňinde aýdylan düýp işligiň II şahsyň birlik sanyna degişli buýruk şekilini aňladyşy ýaly, II sahsa degişli buýrugy sypaýylyk bilen aňladyşy-da bar. Şonda şekil eýýäm ýasalan ýagdaýda bolup, ol goşulmasyz halda sözleme baglanýar. Meselem: Şu matany alaý. Kitaby ýerinde goýaý. Şu gün ony soramaga gidäý. Başga ýagdaýlarda -aý/-äý goşulmasy bilen ýasalyp, modallyk manysyna eýe bolan ýasama işlikler şekil ýasaýjylary-da, degişlilik goşulmalaryny-da

özünden soň kabul edýärler. Meselem: *Jereniň kitabyny alaýaýyn diýip öýe girdi. Ol hökman işläýmeli bolar diýip pikir etmeýärdi. Jeren mugallym sapagy soraşdyraýar öýdüp iňkise giddýärdi.* Bu goşulmalar işlik şekillerine dürli öwüşgin berýärler.

-aý/-äý goşulmasy ýöňkemäniň birliginiň, köplüginiň ikinji şahsyna degişliligi aňladan halatynda haýyş etmegi, rugsat bermegi hem bildirýär. Meselem: Depderi stolda goýaý diýdi. Mugallym klasa giräý diýse-de, Aman kürtdürip durdy.

-aý/-äý goşulmasy işligiň hökmanlyk şekilinden öň gelende, şol şekiliň haýsy zamanda gelşine garap ýa bir iş etmäge meýil etmegi, ýa-da bolan işe, edilen işe bolan ökünji aňladýar. Meselem: Men sapaga taýýarlanaýmalydyryn. Ony göräýmelidim ahyry!

Bu beýleki şekillere goşulyp gelende, onda haýran galmagy, hereketiň, işiň duýdansyz ýüze çykmagyny görkezýär. Meselem: Wiý, wagt bolaýypdyr. Myhman gidäýen eken.

-aý/-äý modallyk goşulmasy işlige aýratyn öwüşgin bermek bilen, subýektiň ol herekete bolan garaýşyny ýüze çykarýar.Ýöne işligiň many-mazmunyna täsir etmeýär. Bu modal goşulmanyň işliklere iki ýola goşulyp, modallygy has doly, ýiti ýüze çykarýan häsiýeti hem bar. Bu ýagdaýlarda modal goşulma asyl, ýasama, umuman, düýp işliklere goşulandan soň, ýene-de şekil, zaman goşulmalaryndan soň getirilýär. Meselem: Ol gözsüz ýaly girräýýär-aý. Öz zady deý alaýýar-aý diýse-de, onuň ugry bolmady.

-aý/-äý modallyk goşulmasy düzme işlikleriň diňe kömekçi sözüne goşulyp bilýär we herekete bolan gatnaşygy aňladýar. Meselem: Bir günlük rugsat beräý?! Meniň hatymy hem ýazyp goýaý diýip ýalbardy.

Bu goşulma düýp işligiň düzümine girýär we türki dillerden diňe türkmen dilinde ulanylýar. Ol türkmen diliniň aýratynlygy hasaplanýar we sypaýyçylyk, sylaşyklylyk

öwüşginini berýär. Türkmen dilinde bir işligiň düzüminde birnäçe dereje, modallyk we şekil ýasaýjy goşulmalar ulanylyp biler. Meselem: Wagtynda zähmet rugsadyna çyk-ar-yl-aý-yp-dyr-ys.

ANALITIK IŞLIKLER

"Analitik"-iňlis sözi bolup, ol "analytikos"-çylşyrymly, aýry-aýry sözlerden ýa-da böleklerden düzülen diýmegi aňladýar. Analitik işlikler türkmen dilinde söz ýasamaga işjeň gatnaşýarlar. Gymyldy-hereketi bir söz bilen aňladyp bolmadyk ýagdaýynda ýa-da hereket aňlatmaýan sözler bilen gös-göni bagly hereket-gymyldy aňlatmak zerur bolanda, analitik usul bilen, ýagny sözleriň bile, baglanyşykda gelmegi arkaly söz ýasalyş ýüze çykýar. Bu sintaktik söz ýasalyşyn bir görnüşi bolup, işliklerde muňa analitik söz ýasalyş diýip at berýärler. Analitik söz ýasalyşyň hyzmaty, orny dogrusynda soňky wagtlarda ylmy barlaglar alnyp baryldy. Bu babatda türkologlar hem, türkmen dilçileri hem düýpli işler etdiler. Olaryň hatarynda M. Hudaýgulyýew we Ata Annanurow dagynyň işlerini ýatlamak bolar.

A.Annanurow "Türkmen diliniň ýazuw ýädygärliklerinde işligiň analitik formalary (Aşgabat, 1977) ", M. Hudaýgulyýew "Häzirki zaman türkmen dilinde analitik işlikler (Aşgabat, 1979) " ýaly bu tema bagyşlanan dürli ylmy barlaglary alyp bardylar. Muňa garamazdan, türki dilleriň birnäçesinde, şol sanda türkmen dilinde hem analitik işlikler entek sistematik yzygiderlikde düýpli ylmy-derňewiň obýekti bolanok. Şu sebäpli hem "Analitik işlikleriň leksika-grammatik aýratynlyklaryny ýüze çykarmak, olar bilen gurluş taýdan özlerine meňzeş erkin we durnukly işlik söz düzümleriniň arasynda parh goýmak, analitik işlikleriň analitik işlik konstruksiýalarynyň, köp halatlarda goşma işlikleriň hataryna girizilmeginiň nädogry, subýektiw sebäplerini takyk

kesgitlemek teoretiki we grammatiki taýdan uly ähmiýete eýedir” (M.Hudaýgulyýew, Häzirki zaman türkmen dilinde analitik işlikler, Aşgabat, 1979, 3-4 s.) diýilmegi ýerliklidir. Analitik işlikleriň sada işliklerden tapawudyny, hatda analitik işlikleriň belli bir böleginiň leksika-grammatik, gurluş aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga bu ylmy barlaglarda uly esas goýuldy. Munuň özi türkmen dil biliminde düzme sözler görnüşinde ulanylýan sözlere has dogry we doly düşünmäge ýardam etdi.

Analitik işlikler edebi dilde hem, şiwelerde hem, halk döredijiliginiň dilinde hem, çeper eserlerde hem giňden ulanylýar. Olar, esasan, gymyldy aňlatmaýan sözler-isimler bilen bagly hereket aňlatmak zerurlygy sebäpli ýüze çykandyrlar.

Türkmen dilindäki analitik işlikleri hasyl etmäge gatnaşýan işlikler, esasan, kömekçi hyzmatynda hem, özüniň leksik hyzmatynda hem ulanylýar.Ol hili işlikleriň hatarynda etmek, bolmak, bermek, çekmek, görmek, atmak, tutmak,göýbermek, ýöremek, eýelemek, kylmak ýaly sözleri görkezmek bolar.Bu sözler öz leksik manysynda-da, kömekçi işlik hyzmatynda hem ulanylyp bilýärler. Olaryň material manyda ýa-da işlik bolup gelýändigi olaryň nähli mazmundaky sözler bilen utgaşýandyklary bilen bagly bolýar. Meselem: ”bolmak”işligi: eneden dogmak, dünýä inmek, durmuş geçirmek, gezmek, gutarmak, tamamlamak, ýeterlik bolmak, hasyl, miwe bermek ýaly leksik manylary aňlatsa, “etmek” bir işi amala aşyrmak, ýüze çykarmak, ýasamak, hasap etmek, netijä gelmek ýaly leksik manylary hem berýär. Mundan başga-da olar analitik işlik ýasamaga hem gatnaşýarlar. Meselem: etmek: mälim, sud, söweş, çapawulçylyk, kabul etmek; bolmak: peýda, wejera, roza, ryswa, gaýym, kaýyl; çekmek:-zähmet, surat, ýük, dert, pel, gol; Olar gara zähmetini gaýgyrman, bize hyzmat edýärdi. Görnüşi ýaly, getirilen analitik işlikleriň

kömekçi işlikleri öz material manylarynda bolmaýarlar.Olar şeýle ýagdaýda esasy sözleriň manylaryna many taýdan täsir etmän, olara umumylaşyp, abstrakt hereket ideýasyny berýär, ýagny esasan sözleriň hereket, ýagdaý mazmunyny ýüze çykarmagyna, adaty, sada işlige öwrülip gitmegine şert döredýär.

Analitik işlikleri gurluşy taýyndan iki sözde ýüze çykaryp bolýar. Meselem: ýalt-ýult etmek, höwes etmek, peýda bolmak, razy bolmak, şat bolmak

Şeýlelikde, analitik işlikleri emele getirýän sözleriň esasy many aňladýan sözüne **esasy söz** we ondan soň gelip, kömekçi hyzmatynda ulanylýan söze bolsa **kömekçi işlik** diýilýär. Mysal üçin, alnan mysallaryň (höwes etmek, peýda bolmak) ilkinji sözleri esasydyr, işlikleri bolsa funksional kömekçidir. Sebäbi şeýle söz utgaşmalarynda işlikler özüniň material manysynda bolmaýar. Analitik işlikleriň düzüminde işlikler kömekçilik hyzmatynda bolýarlar. Meselem: ”mälim etmek” analitik işliginde ”etmek” kömekçi hyzmatynda, ”işi etmek” erkin söz düzüminde ”etmek” material manyda ulanylypdyr.

Analitik işlikler belli bir topar sözler bilen utgaşanda, kömekçi işlik hatarynda bolup, täsirini geçirýän we geçirmeýän işlikleri hem hasyl edýärler.

Meselem: ”höwes et”, ”meýil et”, ”yhlas et”, ”ussatlyk et”, ”sabyr et”, ”hezil et” ýaly utgaşmalarda “etmek” kömekçi işligi geçirmeýän işlik ýasaýar. Ýetirinip bilmeseň, birneme kömek edeýin. Agaç başy saz eder...Şol bir wagtda hem ol täsirini geçirýän işlik hem ýasamaga gatnaşýar. Meselem: mälim et, analiz et, tussag et, taýyn et, arzuw et;

Şeýlelikde, analitik işlikleriň täsirini geçirýän ýa-da geçirmeýän işlik hasyl etmegi sözüň manysy we şekili bilen baglydyr.

Türkmen dilinde ulanylýan analitik işlikleriň we analitik işlik konstruksiýalarynyň hem özara tapawudy bardyr.

Analitik işlikleriň esasy sözleri häsiýet, proses, hal, ýagdaý, hereket bilen baglanyşykly bolan abstrakt düşünjeleri bildirýän sözlere, ses-şekil aňladýan sözlere degişli bolup, kömekçi işligiň üsti bilen hasyl bolýarlar. Olar türkmen dilinde işjeň ulanylýar. Meselem: peýda etmek, şark etmek, mälim etmek, tussag etmek, heder etmek, ýalp etmek,

Analitik işliklerde funksional kömekçi işlikler belli-belli sözler bilen gelip, utgaşan sözüniň mazmunyna garaşly bolup, leksika-grammatik özbaşdaklygyny ýitirýärler we kömekçi işlige öwrülýärler, sözlemiň grammatik gurluşynda aýratyn agza bolup bilmeýärler. Olar esasy söz bilen birlikde bir grammatik agza hasaplanýar. Meselem: Ol göwnündäkini mälim etdi.

Analitik işlik konstruksiýalary bolsa asyl, ýasama düýp işliklerden we işlikleriň dürli şekilleri kabul etmegi arkaly kömekçi işlik bilen emele gelýärler.Olaryň üç-dört sözden emele gelýän halatlary hem bar. Meselem: oýlanyp gör, ýazyber, geler durar, göre-göre gel, eşitmedik bolmalydyr we ş.m.

Şeýlelikde, analitik işlik konstruksiýasynda gelen sözler nominatiw manysyny saklaýarlar, olara goşulan goşulmalar, morfologik birlikler material manyly işliklerden aňlanylýan gymyldy-herekete dürli grammatik manylary berýär, ýagny hereketiň geçişini: başlanmagyny, ösüşini, gutaryşyny, ugruny, neneňsi ýagdaýda ýüze çykyşyny we amala aşyrylyşynyň aýratynlygyny, modallygyny aňladýar. Meselem: Ol bu zatlary hasaba almadyk bolan bolup gezip ýör. Ol: Mämi, sen kenaryň boýuny syrjak gitjek oturjakmy? diýende özüne geldi. Oňaryp bilseňiz, bu işi gürrüňsiz bitirjek boluň. Aýna ýanlygyň ýagyny almakçy bolanda, Mama gelip ýetdi.

Analitik işlikleriň esasy sözi isimlerden ýa-da işliklerden bolýar, kömekçi işligi bolsa işlige mahsus manyny bermegi, söz üýtgeýşi, ýagny şekil, ýöňkeme goşulmalaryny üstüne alýar. Esasy söz hem analitik işlikleriň manysyna uly täsir edýär.

Şeýlelikde, esasy sözüniň haýsy söz toparyndan bolanlygyna seredip, analitik işlikleriň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Esasy sözi isimlerden bolan analitik işlikler
2. Komponentleriniň ikisi-de işliklerden bolan analitik işlikler

Esasy sözi isimlerden bolan analitik işlikler gurluşy taýdan düzme işlikleri, manysy boýunça göçme manyly, durnukly söz düzümi ýaly, ikisiniň jeminden bir many aňlanylýan semantik bitewiligi hasyl edýärler. Meselem: göwün görmek, ýüz görmek, iş görmek, söz aýtmak, söz gatmak, söz oklamak, söz atmak, söz urmak.

Düzümindäki sözleriň ikisi-de işliklerden bolan analitik işlikler gurluşy taýdan goşma, tirkeş, düzme işlikleri hasyl edip, many taýdan bolsa, modallyk, hereketiň geçiş tärini, dowamly, yzygiderli ýüze çykýan hereketi we ş.m. bildirýärler.

Gurluşy we komponentleriniň özara nähili leksik-grammatik tärler bilen baglanyşy taýdan analitik işlikleriň birnäçe görnüşleri bardyr.

GOŞMA IŞLIKLER

Iki işligiň basym taýdan birleşmeginden hasyl bolan işliklere **goşma işlikler** diýilýär. Olar goşulyp ýazylýarlar. Goşma işlikleriň birinji sözi islendik işliklerden, ikinji bölegi *bermek, bolmak, görmek* işliklerinden bolup biler. Hazirki türkmen dilinde goşma işlikleriň emele gelmeginiň belli-belli ülňüleri bar. Şol ülňülere görä ýasalan goşma işlikler, esasan, şol bir umumy mana eýe bolýarlar. Olaryň arasynda dilde öňden ulanylyp gelýän, asyl söz ýaly bolup giden goşma işlikler bar. Meselem: goýbermek, itibermek, ibermek… Beýleki goşma işlikler şulara ülňüdeş hasyl edilip, adatça, gymyldy-hereketiň geçiş tärini aňladýarlar. Olar dilde ýüzugra, ýagny sözlenip

durlan pursatda döredilmegi mümkin bolan birliklerdir. Bularyň hem aşakdaky ýaly görnüşleri bar:

1. Işligiň buýruk şekili hasaplanýan goşma işlikler. Bu hili goşma işligiň düýp sözi hakykatdan-da, buýruk şekilinde diňleýjä ygtyýar bermegi hem aňladýar. Şonda düýp işligiň yzyna hal işligiň –yp/-ip/-up/-üp/-p goşulmasynyň –y/-i/-u/-ü bölegi we onuň yzyndan *bermek* kömekçi işligi getirilýär. Hut şu şekil hemme işlikler bilen ulanylman, diňe *bermek* kömekçi işligi bilen hasyl bolýar. Meselem: işläber, okaber, düzüber, taýýarlaber,syryber, süpüriber.

2. Hereketiň çaltlyk bilen, birdenkä bolýandygyny, yzygiderli ýüze çykýandygyny aňladýan goşma işlikler. Bular hem edil birinji topar ýaly hasyl bolýar. Diňe düýp işlikleriň yzyna şekil ýasaýjylaryň goşulmagy bilen çaltlyk-dowamlylyk aňladylýar. Meselem: Ýurduňa çozup giren duşmany eliňe ilen tapan-tupan ýaragyň bilen *urubermeli* bolar (A.G. Pow. 1953, 159s.). Ol geldi-de gidiberdi. Aman kitaby okaberdi. Semeni taýýar boluberipdir. Gün ikindi ýrine baryberipdir. *işläbermeli*, *görübermeli* bor-da, *süýşenekläberipdir*, daň *ýagtylyberende*,

3. Ýokardaky şekil geljek we häzirki zamanlarda gelende, köplenç, hereketiň dowam etdirilýändigini bildirmäge hyzmat edýär. Meselem; *geliberiň, geçiberiň, giriberiň, görüberiň, ýazyberýär, işläberýär.*

4. Hal işligiň –a/-e goşulmasyny kabul eden sözler *bilmek, görmek* işlikleri bilen goşulyp, goşma işligi hasyl edýärler. Bu şekiliň ýokarkylardan tapawutlylykda barlyk we ýokluk galyplary hem bardyr. Meselem: Gözel öýünde bolaýbilsedir. Nahary günortana ýetişdiribilseňiz has gowy bolar. Ol muny görmäbilsedi.

5. Hereketiň geçişine, bolup-bolmajagyna, gaýtalanyş we dowamlylygyna hususy, modal, subýektiw garaýşy aňladýan goşma işlikler. Bu topara girýän goşma işliklerden aňlanylýan

gymyldy-hereketiň ýüze çykyşyndan sözleýjiniň kanagatlanýandygy aňlanylýar. Munda kömekçi hyzmatynda gelen söz ”bilmek” işligidir. Meselem: *bolubilipdir, garaşybildiler, oturybildi, görübilmedigiň* gözi çyksyn we ş.m.

6. Goşma işlikleriň bir görnüşi hem fonetik özgerişe sezewar bolan ”görmek” işliginiň kömekçi hyzmatynda gelip hasyl eden işlikleridir. Bular many taýdan haýyş etmegi, sylaşyklylyk bilen towakga etmegi aňladýar. Meselem: *Goýaweriň, geleweriň, geçeweriň, aýdaweri*.

7. Hal işlik şekilindaki işligiň hemişe şert şekilinde gelen *bilmek* işligi bilen goşulmagy we ondan söňky gelen sada işligiň kem işlik goşulmalary bilen ýa-da onsuz getirilmegi bilen goşma işlik düzme işligiň aýrylmaýan bölegi hyzmatynda gelýär. Şeýle şekiliň ýoklugy –ma/-me goşulmasy bilen aňladylýar. Meselem: *Gelmäbilseň* gelme. Öňünde *durubilseň* dur.

Gönükme: Goşma işlikleriň nähili hasyl bolandygyny düşündirmeli.

Hoja görseň, salamlaşyp ötüber, köje görseň, bagryň berip ýatyber. Çopan çopan tutar, daýhan daýhan tutabilmez. Gün batyp, garaňky düşüberipdir. Dag goçunyň aýlaw-aýlaw bolup giden şahy bir agaja ilip, mäkäm bolup galypdyr. Başbogulygymy bir berewerin, saçy kesilenler. Şol waka düýş ýaly alasarmyk göz öňüme gelýärdi. Ýene öýüne ugraberjek boldy welin, uçarlaryň, dikuçarlaryň gonup-uçýan ýerlerine gözi düşdi. Şuňa bir adamyň güni düşmäbilse ýagşydyr. Şol göwresi bilen neneňsi gapysyndan giribilýärkä? Traktor maýdalyna galan ýerlerem sürüberdi. Gowaça ekiljek ýerler sürlüp gutaryldy diýlip, boldy ediläýmedi. Islän ýeriňe ýorunja, islän ýeriňe gowaça ekip ýörübermeli däldigini Begenje basym düşündirdirler. Bulamak diýen nahary bir çetinden iýmän, ony bulaý, her ýerine çemçe uruberseň, çomgallaberseň, bu nahar suwulagan bolýar.

TIRKEŞ IŞLIKLER

Gaýtalanýan ýa-da tirkeş işlikler özlerine mahsus aýratyn we deň, meňzeş heň arkaly baglanyşyp hasyl bolýarlar. Deň heň bilen aýdylýan, hersiniň öz basymy bolan işlikleriň tirkeşmeginden ýa-da bir işligiň gaýtalanmagyndan hasyl bolan işliklere tirkeş işlikler diýilýär.Tirkeş işlikleriň özüne mahsus aýratyn intonasiýasy onuň bölekleriniň deň ölçegde, sazlaşykly heňde aýdylmagyny üpjün edýär we öňden aýry-aýrylykda ulanylyp ýörlen sözlerden täze leksik birligiň hasyl bolandygyny diňleýjä mälim edýär. Olar türkmen diliniň öwrenilmedik meselelerniň biridir. Gaýtalanmak ýa-da tirkeşdirilmek netijesinde täze leksik mana eýe bolýan tirkeş işlikler dilde giňden ulanylýarlar. Birnäçe belli-belli işlik şekillerinde gelen işlikleriň gaýtalanmagy ýa-da tirkeşmegi has ýygy duşýar. Işlikler gaýtalanmak ýa-da tirkeşmek arkaly gymyldy-hereketiň ady ýa-da ýüze çykyşynyň, geçişiniň hal-ýagdaýy, aýratynlygy aňladylýar. Türkmen diliniň goşma, tirkeş, düzme, gysgaldylan goşma sözlerini öwrenen R. Berdiýewiň “Häzirki türkmen dilinde goşma sözler” (Aşgabat, 1959) atly işinde gysgarak hem bolsa, tirkeş işlikler barada hem maglumat berlipdir. Onda gaýtalanýan ýa-da tirkeş işlikleriň sintaktik söz ýasalyşyň bu usuly arkaly eýe bolýan täze manylaryna hem baha berilýär. Şonda tirkeş ýa-da gaýtalanýan işlikleriň “eder-etmez, aňlar-aňlamaz, ýeter-ýetmez, oturyp-turup, gelip-gidip, gören-eşiden, iýer-içer, ölmez-ýitmez” ýaly mysallary işliklere degişli edilýär, emma “dura-bara” ýaly işlikler hal hasaplanýar. Hakykatdan hem işlikler gaýtalanmak, tirkeşmek netijesinde hal söz toparyna many taýdan has golaýlaşýarlar. Biz bu ýerde olary işlikleriň dürli şekil ýasaýjylary arkaly ýasalyp, üýtgäp, soň sintaktik söz ýasalyşa gatnaşan şekilleri hökmünde bir ýere jemlemäge çalyşdyk.

Bir sözden ýa-da aýry-aýry sözlerden hasyl bolandygyna garap, tirkeş işlikler ilki bilen ikä bölünýärler.

1. Gaýtalanýan işlikler

2. Tirkeş işlikler

1. Şol bir işligiň şol bir şekil ýasaýjyny kabul eden şekilde üýtgewsiz gaýtalanmagy bilen hasyl bolan **gaýtalanýan işlikler** aşakdaky ýaly görnüşlerde duş gelýär:

a. Hal işligiň –a/-e goşulmasyny kabul eden işligiň doly gaýtalanmagy bilen hasyl bolýan işlikler hereketiň dowamly ýüze çykýandygyny, köp gaýtalanýandygyny aňladýarlar.

-a/-e/-ý asyl hal işlik şekilleri hasaplanýarlar. Döke başlady, dyka başlady ýaly köne şekilde ulanylaýmasa, başga ýerde ýekelikde ulanylman, hemişe diýen ýaly iki gezek gaýtalanyp, gaýtalanýan işlikleriň arasynda ulanylýarlar. Hal işligiň –a/-e goşulmasy çekimsiz sese gutaran sözlere goşulýar. Bularyň düzümindäki işlikler bolsa diňe gaýtalanýan şekilde duşup, ýekelikde şu goşulma bilen ulanylmaýarlar. Bularyň manysy gymyldy-hereketiň şol bir aýratynlygynyň köp gaýtalanýandygyny aňladýar. Meselem: sakyna-sakyna, güle-güle, darta-darta garaşa-garaşa, gorka-gorka, çeke-çeke, aýda-aýda, berle-berle, saga-saga, bile-bile, göre-göre, kaka-kaka, döne-döne, ýana-ýana

b. Hal işligiň gözleý-gözleý, barlaý-barlaý, yzlaý-yzlaý, mäleý-mäleý, uklaý-uklaý, aglaý-aglaý ýaly gaýtalanyşy hem birinji topardaky ýaly manydadyr. Diňe bu goşulmalaryň goşulýan düýp işlikleri çekimli sese gutaran bolmalydyr

ç. Hal işligiň gürleýe-gürleýe, harlaýa-harlaýa, derleýe-derleýe, aýlana-aýlana, saýlana-saýlana, şaýlana-şaýlana ýaly gaýtalanyşy hem birinji topardaky ýaly manydadyr, şonuň ýaly-da bular goşulan sözünden aňlanýan hereketiň has dowamlydygyny stilistik taýdan täsirli, şahyrana aňlatmaga ýardam edýärler. Bu işlikler gaýtalanmadyk halynda ýa-da ýekelikde şu şekilde ulanylmaýar.

d. Hal işligiň –yp/-ip goşulmasyny kabul eden işligiň doly gaýtalanmagy bilen hasyl bolýan işlikler hem hereketiň dowamly ýüze çykýandygyny, köp gaýtalanýandygyny aňladýarlar. Bularyň düzümindäki işlikler bolsa birinji topardan tapawutlylykda ýekelikde hem ulanylyp bilerler. Meselem: çekip-çekip, diýip-diýip, durup-durup, dolduryp-dolduryp, saýhallap-saýhallap, goparyp-goparyp, gatnap-gatnap…

e. birinji bölegiň soňuna –a/-e, -ha/-hä ýaly ownuk bölekler goşulyp, ikinji bölek üýtgewsiz gaýtalanýar. Meselem: Diýseler: "Atlanha- atlan", Goç ýigit ot çeýnär syrtlan. Gaça-gaç, kowha-kow, göçe-göç, Ýurduňa çozup giren duşmany eliňe ilen *tapan-tupan* ýaragyň bilen urubermeli bolar (A.G. Pow. 1953, 159s.)

2. Şol bir işlik şekiliniň barlyk we ýokluk galyplarynda gaýtalanmagy bilen hasyl edilen işliklerde ilki barlyk, soň ýokluk galypdaky işlik getirilýär. Bular hem aýry-aýry işlik şekillerinden bolýar.

a) Nämälim geljek zaman ortak işlik şekili barlyk we ýokluk galyplarynda gaýtalanyp, umumy düşünjäni aňladýan tirkeş ortak işlikleri hasyl edýär. Meselem: dolar-dolmaz, tapar-tapmaz, bolar-bolmaz, syzylar-syzylmaz, duýlar-duýulmaz, görner-görünmez, ýeter-ýetmez…*Eder-etmez* diýip güman etmegin. Gün *dogar-dogmazda* iki arada gylyçly söweş dowam etdi. Gürrüňiň yzyny *aňlar-aňlamaz* Mergen söze başlady. Aňyrsy bir sagada *ýeter-ýetmez* wagtyň içinde ol kolhozyň iňňe ýaly zadyndan başlap, tä çöldäki goýunlarynyň ýagdaýyna çenli gürrüň edip berdi.

b) Hal işlik şekiliniň barlyk we ýokluk galyplarynda getirilip gaýtalanmagyndan hasyl bolan işlik *çalt, tiz, ikibaşdan, barybir* diýen ýaly many berýär. Meselem: *görüp-görmän,gele-gelmäne, bara-barmana, baryp-barman, oturyp-oturman, diýip-diýmän, aýdyp-aýtman…*

ç) Mälim geljek zaman ortak işliginiň barlyk hem-de ýokluk galypynyň tirkeşip gelmegi seýrek duş gelýär. Ýöne şonuň bilen manydaş birinji komponenti hal işlik şekiliniň barlyk galypynda, ikinji komponent bolsa mälim geljek zaman ortak işlik şekiliniň ýokluk galypynda hasyl bolan tirkeş işlik köp duş gelýär. Bularyň ikisinde-de ikuçlulyk aňladylýar.Meselem: barjagymy-barmajagymy bilmedim. Garaşjagy-garaşmajagy näbelli, aýtjagy-aýtmajagy, boljagy-bolmajagy, gelip-gelmejegi, alyp-almajagy, seredip-seretmejegi we ş.m.

d) Şert işlik şekilindäki işligiň barlyk we ýokluk galypynda gaýtalanmagy bilen tirkeş işlik hasyl bolýar. Bu hili işlik *barybir, ikibaşdan, her hili bolsa-da, tapawudy ýok* diýen ýaly many aňladýar. Meselem: aýtsaň-aýtmasaň, ýazsa-ýazmasa, diýseň-diýmeseň, barsaň-barmasaň, gelse-gelmese…

3. Manydaş ýa-da golaý manyly işlikleriň tirkeşmeginden hasyl bolan tirkeş işlikleriň hem birnäçe görnüşleri bar.

a. –a/-e hal işlik şekilini kabul eden manydaş ýa-da bir many toparyna degişli işlikleriň tirkeşip gelmegi güýçlendirme, ählumumylyk manysyny aňladýar: satara-sowara, iýere-içere, doýa-gana, uýala-gorka, üýşene-çekine, eglenere-durara, gore-bile,

b. Käbir manydaş hal işlikleriň tirkeşip glmegi netijesinde tirkeş hal işlikler emele gelýärler. Hal işligiň barlyk ýa-da ýokluk galypyndaky manydaş ýa-da bir tematik topara degişli sözleriň tirkeşip gelmeginden hasyl bolan tirkeş işlikler hem hereketiň has güýçlenýändigini, artýandygyny aňladýar. Meselem: halaşyp-söýşüp, sypap-sermäp, aýlap-dolap, aýlap-öwrüp, bezäp-besläp, bakyp-bejerip, önüp-ösüp, saýlap-seçip, gysyp-gowrup, iýip-içip, diläp-tirkäp, syryp-süpürip, iýip-doýup, gatyp-garyp, ekläp-saklap, aglap-eňräp…Baglaryň ter ýapraklarynyň ysy bilen *garyp-gatyp*, ýakymly ys bilen eýwanda dolanýardy. Hal işligiň ýokluk

galypyndaky golaý manyly işlikleriň tirkeşip gelmegi bilen şol hereketiň ýoklugy, ýüze çykmanlygy aňladylýar. Meselem: äwmän-alňasaman, arman-ýadaman, gülmän-ýylgyrman, görmän-bilmän, aýtman-diýmän, gülmän-yşman, arman-a:çman geldiňizmi? Goja *äwmän-alňasaman*, eşegini daňdy we ýüküni göterip işige eltdi. Ol *arman-ýadaman*, häli-şindi maslahat bererdi.

ç. Birinji bölegi hal işlik şekilinde bolan we ikinji bölegi ortak işligiň haýsy-da bolsa bir zamanyndaky manydaş ýa-da golaý manyly sözleriň barlyk galypynda tirkeşip gelmeginden köpdürlülik aňlanylýar. Meselem: görüp-eşiden, agyp-dönýän, önüp-ösen, bakyp-bejeren, gören-eşiden, öten-geçen, bolan-goýan. Özüniň *önüp-ösen* obasyny hut şu gün birinji gezek görýän ýaly, ony öýme-öý gözden geçirdi.

d. Ortak işligiň haýsy-da bolsa bir zamanynyň ýa-da mälim geljek zamanynyň barlyk ýa-da ýokluk galypyndaky golaý manyly sözleriň tirkeşip gelmegi bilen tutuşlyk, köplük manysyna eýe bolýan, zerur bolsa atlaşýan tirkeş söz hasyl bolýar. Meselem: boljak-geljegi hyýalynda aýlamak, geljek-goýjagy bar bolsa, görmedik-bilmedik ýeri, aýdan-diýen sadakasy, iýen-içen zaady, gören-eşiden gürrüňi, çagyrjak-goýjagyňyz, aýtjak-diýjegiňiz…Oraz *öten-geçen* wakalardan gürrüň berip başlady. Çopan aga, meni aldyň-da gitdiň, *Görmedik-bilmedik* jaýyma eltdiň(Görogly). -Ýöne sen *gören-eşiden* zatlaryňa şaýat bolsaň bolýar-diýdi. Öýde *iýer-içer* ýaly zat galmandyr. Ol halkyň öňünde eden hyzmaty bilen özüne *ölmez-ýitmez* at gazandy.

4. Garşylykly manyly işlikleriň tirkeşip gelmeginden hasyl bolan tirkeş işlikler hem dürli işlik şekillerinden hasyl bolýar.

a. –a/-e hal işlik şekilini kabul eden garşylykly manyly işlikleriň tirkeşip gelmegi hereketi hemmetaraplaýyn öz içine alyp suratlandyrýar. Meselem: gaçara-kowara, oturara-turara, gelere-

gidere, dura-bara, barara-gelere…*Dura-bara* gözi öwrenişenden soň, şol krowady, adam boýy ýokardaky demir gözenekli penjireden ölügsi yşyk gelýänini saýgardy. Gyssagarada *gaçara-kowara* maý bolmady.

b. Hal işligiň –yp/-ip goşulmasynyň barlyk galypynda gelen garşylykly manyly işlikleriň tirkeşip gelmegi bilen hasyl bolan tirkeş işlikler hem hereketiň köp gaýtalanýandygyny, dürlüdigini, köptaraplydygyny aňladýarlar. Meselem: girip-çykyp, oturyp-turup, görüp-bilip, baryp-gelip, gelip-gidip…Senemiň *oturyp-turup* lüti çykdy. Ata *gelip-gidip* durmadan ýaňa bizar bolupdyr.

ç. Şert işlik şekilindäki garşylykly manyly işlikleriň tirkeşmeginden hasyl bolan tirkeş işlikler hereket prosesini hemmetaraplaýyn suratlandyrýarlar: Meselem: otursa-tursa, girse-çyksa, ýatsa-tursa, barsa-gelse, gelse-gitse…Mama *otursa-tursa* bu gepi ýatlardy. -Bu zatlar *ýatsak-tursak* düýşümize-de girmejek geň zatlar-diýişdiler.

d. Birinji komponenti hal işligiň barlyk galypynda, II komponenti dürli işlik şekillerinde gelen garşylykly manyly işlikleriň tirkeşmeginden hasyl bolan tirkeş işlikler: Meselem: baryp-gelmek, alyp-satmak, galyp-ýatýan, girip-çykýan, düşüp-münýän, üýşüp-çaşýan, barşyp-gelişýän…Döwek döwmek-*baryp-gelmek.*

e. Işligiň nämälim şekilindäki garşylykly manyly işlikleriň tirkeşmeginden hasyl bolan tirkeş işlikler köplük, umumylyk manyly söz ýasaýar. Meselem: almak-satmak, getirmek-äkitmek, oturmak-turmak, gelme-gitme, girmek-çykmak. Ol ejesini gyssap, *oturmaga-turmaga* goýmady. Onuň *gelmesi-gitmesi* gutarmaz. Bolmasa dünýäsi eýýäm agdar-düňder bolardy.

Ä. Öten zaman şekilindäki garşylykly manyly işlikler tirkeşip gelýar. Meselem: diýdi-goýdular, bardy-geldi, aldym-berdim, degdi-gaçdy, gaçdy-kowdy,..

f. Garşylykly manyly dürli işlik şekilleri tirkeşip gelýär. Meselem: Daglaryň çykyp-inmesi, Çohlaryň *göçüp-gonmasy*, Dünýäniň *agyp-dönmesi*, Pelegiň gerdişindedir (Magtymguly). Görşümiz ýaly, gaýtalanýan we tirkeş işlikleriň belli-belli şekillerde gelip, täze söz hasyl etmek mümkinçiligi has uludyr. Emma olar sintaktik ýol bilen yasalýan hallaryň arasynda-da, işlikleriň arasynda-da öwrenilmändir. Olara degişli edilen düýpli ylmy derňew ýokdur.

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.

At münmedik at münse, çapa-çapa öldürer. Don geýmedik don geýse, kaka-kaka tozdurar. Tagamyna gant atylan ýaly iýip-doýup bolmazdy. Goç dyzanyp, özüni aýryp bilmän, özüni gütde-gütde ýere urupdyr. Sabyrly gul dura-bara şat bolar, bisabyrlar dura-bara mat bolar. Hanyň gazabyndan gorkup, titräp-sandyrap duran oba ýüzbaşysy bu ýerde galdy. Ol eşidiler-eşidilmez suratda pyşyrdady.

DÜZME IŞLIKLER

Iki we ondan artyk sözüň düzülip baglanyşmak arkaly semantik we grammatik taýdan bir gymyldy-hereketi aňlatmagyna düzme işlik diýilýär. Düzme işligiň düzüminde sözler asyl manylaryndan daşlaşýarlar. Olaryň ikisinden bir semantik bitewilik emele gelýär. Düzme işligi düzýän sözleriň hersiniň aýratyn sintaktik hyzmaty-da ýokdur. Olaryň ikisi bilelikde bir sintaktik hyzmaty ýerine ýetirip, sözlemde bir agza bolýarlar. Köplenç, düzme işlikler iki sözden ybarat bolup, onuň komponentleriniň biri esasy söz, beýlekisi kömekçi söz hyzmatynda gelýär. Kömekçi söz mydama belli-belli işliklerden bolýar. Esasy söz bolsa isimlerden ýa-da işliklerden bolýar. Emma olaryň ikisinden birini taşlap ulanyp bolmaýar. Esasy sözüň haýsy söz toparyndanlygy düzme işligiň semantikasyna täsir edýär. Şeýlelikde, düzme işlikleriň esasy sözüniň haýsy söz toparyndanlygyna garap, iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Esasy sözi isimlerden bolan düzme işlik
2. Esasy sözi işliklerden bolan düzme işlik

ESASY SÖZI ISIMLERDEN BOLAN DÜZME IŞLIKLERIŇ esasy sözi gymyldy aňlatmaýan sözlerdendir. Düzme işligiň isimlerden bolan esasy sözünden goşulma arkaly işlik ýasamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda olara kömekçi işligi baglamak arkaly gymyldy-hereket aňladyp bolýar. Meselem: *Öwezmyrat batyryň aýdanlaryny Nepes Gutlymyrada bir-iki agyz sözde mälim etdi. Ýaryşyň ýeňijilerini yglan etdiler.Bagşy öz obasyndan bir gyza göwün beripdir. Ýaşulynyň bu maslahaty enäniň göwnünden turdy.*

Düzme işligiň düzüminde gelýän sözler bir many aňladýandyklary üçin, bir-birinden üzňe, aýratynlykda ulanylmaýarlar, eger aýry ulanylsa, onda ol manysyny ýitirýär. Meselem: Olar ýaryşda üstün çykdylar. (Deňeşdir: Olar ýaryşda çykdylar). Talyplar okamagy gowy görýärler (Deňeşdir: Talyplar okamagy görýärler).

Bular ýaly düzme işlikleriň esasy sözleri islendik isimlerden bolýar, kömekçi söz hyzmatynda belli-belli işlikler has ýygy-ýygydan ulanylýarlar. Şeýle-de bolsa käbir sözleriň düzme işlikleri hasyl etmäge gatnaşyş ýygylygy has ýokarydyr.

Etmek işligi iň işjeň kömekçi işlikleriň biridir. Ol asyl manysynda *bejermek, ýasamak, ýaratmak* ýaly gymyldy-hereketi aňlatsa-da, kömekçi hyzmatynda has dürli-dürli manylary aňladýar. Türkmen diliniň taryhynda *etmek* işliginiň *eýlemek, kylmak* ýaly manydaş sözleri ulanylypdyr. Emma olar häzir könelişipdir. *Etmek* işligi öz asyl manysyndaa täsirini geçirýän işlikdir. Şol sebäpli onuň gatnaşmagynda hasyl bolan düzme işlikler hem, esasan, geçirýän işliklerdir. *Etmek* işligine baglanyp gelen isimler sözlemiň obýekti ýaly hyzmatda gelýärler. Alynma sözlere-de köp mukdarda goşulýan e*tmek* kömekçi işligi müňden köpräk düzme işlik hasyl edýär. Onuň

ulanylyş gerimi örän giňdir. Meselem: göz etmek, ýüz etmek, söz etmek, syn etmek, ideg etmek, sarp etmek, jedel etmek, bäs etmek, bes etmek, goh etmek, jan etmek, mekirlik etmek, hilegärlik etmek, jandurmazlyk etmek, betlik etmek, göwün etmek, şat etmek…

Etmek kömekçi işliginiň gatnaşmagynda hasyl bolan düzme işlikler birnäçe manylary aňladýar.

1.Bir işi ýerine ýetirmegi, şonuň bilen meşgullanmagy aňladýar. Meselem: lukmançylyk etdi, nobatçylyk edýär, tebiplik eder.

2. Gylyk-häsiýet aňladýan sözler bilen gelende, sözlemiň subýektinde şeýle häsiýetiň barlygyny görkezýär. Meselem: biperwaýlyk etdi, betlik edýär, mekirlik eder.

3. Abstrakt düşünje aňladýan türkmen we alynma sözlere goşulyp, abstrakt düşünje aňladýar. Meselem: dowam edýär, kast edýär, tans etdi.

4. Tirkeş sypatlara, hal-ýagdaý aňladýan sözlere düzülip baglanyp, ýagdaý aňladýan işlik ýasaýar. Meselem: göwün etmek, razy etmek, gaýgy etmek, duş etmek, duçar etmek, başagaý etmek, hatar-hatar etmek, üýşmek-üýşmek etmek, bölek-büçek etmek we tussag etmek we ş.m.

Ýokarky düzme işlikleriň esasy sözleriniň käbirlerinden *etmek* işligine derek –la/-le goşulmasyny goşup hem sada işligi hasyl edip bolar. Meselem: syn etmek- synlamak, goh etmek- gohlamak. Emma **betlik etmek, göwün etmek, jan etmek** ýaly köp sanly düzme işlikleri şu ýol bilen sada işlige öwrüp bolmaýar. Diýmek, käbir sözlerden –la/-le goşulmasy arkaly sada işligi, etmek işligi arkaly düzme işligi, ýagny iki hili ýol bilen ýasalan manydaş işlikleri hasyl etmek bolar. Olar diliň stilistik zerurlygyna görä, hersi öz ýerinde ulanylýar. Emma bu iki söz ýasaýjy hemme sözlerde manydaş we biri-birine derek ulanylyp bilmeýär. Kä sözleri sada işlik şekilinde asla ulanyp bolmaýar.

Bolmak işligi hem asyl manysynda *barlyk, ýaşamak, ýerine ýetirmek, gutarmak* ýaly dürli düşünjeleri aňladyp, kömekçi hyzmatynda gelende, dürli göçme manylarda ulanylýar. *Bolmak* işligi täsirini geçirmeýän işlik bolanlygy sebäpli, muňa düzülip baglanýan sözler hem obýekt hökmünde bolmaýar.

Bolmak kömekçi işligi käbir kär-hünär, wezipe, dereje, resmi at aňladýan sözler bilen gelip, ikisi bilelikde subýektiň eýe bolan wezipesini, kärini, edýän işini aňladýarlar. Meselem: Ol okap-okap **lukman boldy**. Ýaşlykdan **çopan boldy**. Gulberdi aga ***hormatly il ýaşulusy boldy***. Ol söňky döwürde **häkim boldy**. Ondan soň Günhan **patyşa bolupdyr.** Bu mysallarda kömekçi işlik bilen esasy sözüň baglanyşygy gowşak ýaly duýulýar. Şonuň üçin hem kömekçi işlik bilen getirilen atlar düzme işligiň esasy sözi bolup duýulmaýar. Şeýle-de bolsa şol sözleriň ikisi sintaktik taýdan bitewidir we bilelikde bir many aňladýarlar.

Bolmak işligi atlar, sypatlar, sanlar, hallar bilen düzülip baglanyşmak arkaly düzme işlik hasyl edýär. Meselem: sarp bolmak, dost bolmak, jem bolmak, hasyl bolmak, ýoň bolmak, derek bolmazlyk, gerek bolmak, şap bolmak, laýyk bolmak, gara bolmak, kän bolmak, düzgün bolmak, meşgul bolmak, başagaý bolmak, birinji bolmak, hüşgär bolmak we ş.m. Çöp bol, çör bol-köp bol.

Bolmak işligi öz asyl manysynda gelende, oňa baglanan söz sözlemiň subýekti hasaplanýar. Ol söz düzme işligiň esasy sözi bolup bilmeýär, bulardan goşma işlik emele gelmeýär we her söz öz leksik manysynda ulanylýar. Meselem: Ertir howa yssy bolar. Sagat bäşde ýygnak boljak. Dazzar darakly boldy, ol-da gerekli boldy.

Ýokarky düzme işlikleriň, esasan-da, asyl sypat we hal-ýagdaý aňladýan sözleriň käbirinden *bolmak* işligine manydaş – al/-el goşulmasy arkaly sada işlik ýasamak bolar. Meselem: az

bolmak - az-al-mak, sary bolmak – sar-al-mak, köp bolmak – köp-el-mek. Emma bu ýagdaý az mukdarda duşýar.

Bulardan başga-da aşakdaky ýaly belli-belli kömekçi işlikler köp sanly düzme işlikleri hasyl edýärler:

Görmek işligi: ýüz görmek, göwün görmek, iş görmek, tanyş görmek, ýuwaş görmek, hoşwagt görmek, aňsat görmek, kyn görmek, gowy görmek, ýagşy görmek, oňat görmek, el görmek,…

Gelmek işligi: duş gelmek, hoş gelmek, laýyk gelmek, bap gelmek, şap gelmek, kamata gelmek, emele gelmek, kemala gelmek, dünýä gelmek, ele gelmek, ýola gelmek, eli gelmek, ýoly gelmek, heňe gelmek, huşuna gelmek.

Bermek işligi: göwün bermek, söz bermek, göwünlik bermek, azar bermek, iş bermek, ýol bermek, wada bermek, ýürek bermek, kömek bermek, jogap bermek, tap bermek, ýeňse bermek, paýyrdyny bermek, bükürdini bermek, ýazzyny ber, gol bermek, pata bermek, peşgeş berm, para bermek…

Goýmak işligi: at goýmak, gol goýmak, telpek goýmak, pol goýmak, a;t goýmak, yz goýmak,

Kesmek işligi: ýol kesmek, nyrh kesmek, baha kesmek, ara kesmek, iş kesmek, baş kesmek,

Salmak işligi: aň salmak, adam salmak, gulak salmak, diň salmak, nazar salmak, ýol salmak, ýoda salmak, iş salmak, syn salmak, geňeş salmak…

Çekmek işligi: arman çekmek, aýak çekmek, gam çekmek, gussa çekmek, gol çekmek, ýol çekmek, jan çekmek, gazal çekmek, yza çekmek, jar çekmek

Çykmak işligi: üstün çykmak, garşy çykmak, ýüze çykmak, bir çykmak, iki çykmak, dönük çykmak.

Tutmak işligi: ýüz tutmak, habar tutmak, mesgen tutmak, iş tutmak, göwrümiňi giň tutmak…

Atmak işligi: lak atmak, gep atmak, kök atmak, sapalak atmak, öwşün atmak, sap atmak, söz atmak

Düşmek işligi: göze düşmek, dile düşmek, ýürege-bagra düşmek, işe düşmek, gepe düşmek, pese düşmek, basa düşmek, ele düşmek, öýe düşmek, jübä düşmek, agza-dile düşmek, aşak düşmek, daş düşmek, yrak düşmek, ikä düşmek,

Kakmak işligi: kelle kakmak, gaş kakmak, heşelle kakmak, zikge kakmak, läle kakmak…

Galmak işligi: geň galmak, haýran galmak, elinde galmak, sopbaş galmak, ýeke galmak, ýalňyz galmak, görgä galmak, azara galmak, soňuna galmak.

Sürmek işligi: ömür sürmek, döwran sürmek, şalyk sürmek, häkimlik sürmek…

Şular ýaly esasy sözi isimlerden bolan düzme işlikler oguz-orhon ýazgylarynda hem az mukdarda bolsa-da ulanylypdyr. Ol döwürde kömekçi işlikleriň sany-da az bolupdyr. Umuman, esasy sözi isimlerden bolan düzme işlikler göçme manylylygy, iki sözüň jeminden bir many aňladýanlygy bilen tapawutlanýarlar. Kömekçi işlikleriň esasy sözler bilen gelip, eýe bolýan dürli many öwüşginleri diliň ösmegi bilen gün-günden artýar. Şol sebäpli düzme işlikler hem barha köpelýär. Dilde gymyldy-hereketi has täsirli aňlatmakda hem-de morfologik ýol bilen işlik ýasap bolmajak sözlerden düzme işlikleri hasyl etmekde kömekçi işlikleriň taýsyz orny bardyr.

ESASY SÖZI IŞLIKLERDEN BOLAN DÜZME IŞLIKLER iki işligiň aýrylmaz halda düzülip baglanyşmagy arkaly semantik we grammatik taýdan bir bitewilik aňlatmagyndan ýüze çykýar. Olar aýry-aýry sintaktik funksiýany ýerine ýetirmän, bilelikde bir hyzmaty ýerine ýetirýärler. Meselem: *Gyşky dynç alyş günleri tamamlanyp barýar. Olar meýdanyň gyrasyna gelip oturdylar* sözlemlerindäki ýaly, gülüp oýnamak, gelip girmek ýaly düzme işlikleriň bir bitewi manyda ulanylmagyndan çylşyrymly gymyldy-hereket aňladylýar.

Şeýlelikde, düzme işlik özara semantik taýdan birleşip, bir söz görnüşinde bolýar. Olar biri-birine täsir ýetirýän derejede bolýarlar. Şonuň üçin hem olaryň biri bolmasa many dargaýar. Munuň özi bolsa düzme işlikleriň komponentleriniň deň hak-hukuklydygyny görkezýär. Diýmek, olaryň manysy ony düzýän komponentleriň jeminden ýüze çykýar. Düzme işliklere bir söz hökmünde garaýarlar. Şonuň üçin hem düzme işlik bir leksik birlikdir, bir sözdür. Komponentler düzme işligiň çäginde söz bolman, sözüň elementleri hasaplanylýar.

Şonuň üçin hem düzme işlikleriň biri beýlekisinden aýrylmaýar, eger aýrylsalar, düzme işlik dargap, komponentleri aýry sözlere öwürýär. Şunlukda, düzme işlikler düzüm böleklere - asyl, ýasama düýp işlige we ýasaýjy elementlere bölünmeýär. Sebäbi olarda esasy söz we kömekçi işlik tapawutlandyrylsa-da, olaryň birini taşlap ulanyp bolmaýar, olaryň ikisi hem deň hukuklydyr.

HEREKETIŇ GEÇIŞ TÄRINI AŇLADÝAN ANALITIK IŞLIKLER

Türkmen dilindäki esasy sözi işlikden bolan düzme anaitik işlikler manysy we häsiýeti taýyndan:

a) Gymyldynyň ýüze çykmagynyň hemme prosesini we netijesini;

b) Modallyk gatnaşyklaryny görkezýärler.

Esasy sözi işliklerden bolan analitik işlikler hereketiň geçiş tärini, prosesini we netijesini görkezýärler. Olar esasan iki işligiň özara düzülip baglanmagyndan dürli many gatnaşyklaryny: hereketiň başlanyşyny, dowamlylygyny, gutarmaga ýakynlaşmagyny, hereketiň birnäçe ýola gaýtalanmagyny, çaltlygy we dowamlylygy, gysga wagtyň dowamynda we garaşylmadyk ýagdaýda ýüze çykyp, tiz gutarýan hereketi, hereketiň gutarmaga ýakynlaşmagyny, bolup

gutarmagyny, gymyldynyň häzirki zamanda yzygiderliligini aňlatmagy we modallygy ýüze çykarmagy bilen häsiýetlenýärler.

Şeýlelikde, esasy sözi işliklerden bolan düzme işlikleriň manysy taýdan iki görnüşi bar:

1. Esasy sözi işliklerden bolan gymyldy-hereketiň geçiş tärini aňladýan düzme işlik
2. Esasy sözi işliklerden bolan modallyk aňladýan düzme işlikler

Dilde sintaktik baglanyşyga dahyly bolmadyk islendik many özgermesi, öwüşgini söz ýasalyş hasaplanýar. Çylşyrymly işlikleriň özara dürli leksika-grammatik tärler bilen baglanyşyp hasyl edýän many öwüşginleri hem söz ýasalyşa degişlidir.

GYMYLDY-HEREKETIŇ GEÇIŞ TÄRINI AŇLADÝAN DÜZME IŞLIKLER gymyldynyň ýüze çykmagynyň ähli prosesini we geçişiniň dürli ýagdaýlaryny görkezip bilýärler.

1. Gymyldy-hereketiň başlanyşyny görkezmäge gatnaşýan funksiýonal kömekçiler: başlamak, durmak, oturmak, ugramak ýaly işliklerdir. Olar hal işlik şekili bilen gelip ýa-da infinitiw işlik şekiliniň ýöneliş düşümde gelmegi bilen kömekçi işlige baglanyp, gymyldynyň başlanyşyny aňladýarlar. Meselem: Toparda tertip-düzgün berkäp başlady. Myhmanlar yzyny üzmän gelip ugradylar. Ol arzuwlaryny sanamaga durdy. Myhman nahar iýmäge oturdy.

Görnüşi ýaly, kömekçi hyzmatynda gelen işlikler hereketiň-gymyldynyň başlangyç prosesini, ýaňy başlanandygyny aňladýarlar.

2. Gymyldynyň dowamly ýüze çykýandygyny aňlatmaga gatnaşýan işliklerden durmak, ýöremek, geplemek, oturmak sözlerini görkezmek bolar. Olar bile gelen esasy sözi bilen gymyldynyň dowamly bolup durandygyny aňladýarlar. Bu hili

ýagdaýda esasy söz hal işlik şekilinde ýa-da sözleriň ikisi hem bir şekilde gelip bilýärler. Meselem: Ol yzyny üzmän gürledi durdy. Myhmanlar geldi durdy. Indi bize myhman bary gelip dur. Ýagyş yzyny üzmän ýagyp dur. Ol bir diýenini diýdi durdy. Sen öz islegiňi diýgin durgun, bolmasa, diňlemezler («E-s».g. 1998). Olar toýda bolup geldiler. Emma şonda hem ýadaman gygyryşyp ýörler.

3. Gymyldynyň häzirki zamanda yzygiderli bolýandygyny bildirýän ýörmek, oturmak, durmak, ýatmak işlikleridir. Olar hal işlik şekilindäki söz bilen bilelikde bir gymyldyny, üznüksiz bolup duran hereketi bildirýärler: Gezip ýör, gaýnap dur, işläp otyr, akyp ýatyr...

4.Gymyldynyň birnäçe sapar gaýtalanýandygyny aňlatmak üçin «çykmak» işligi ulanylýar. Şonda esasy söz geçirýän işliklerden bolup, hereket birnäçe obýektiň üstünde ýüze çykýar. Meselem: Mugallym talyplaryň depderlerini barlap çykdy. Ol ekin meýdanlaryny görüp çykdy.

5. Tizlik bilen, birden ýüze çykyp, birden hem gutarýan hereketi; gysga wagtyň dowamynda, çalt, garaşylmadyk ýagdaýda ýüze çykýan hereketi aňladýan düzme işlikler ”gitmek, goýbermek, çykmak” kömekçi işliklerinin hal işlik şekilindäki söz bilen getirilmegi arkaly hasyl bolýar. Meselem: ýeňläp gitmek, tisginip gitmek, salgap goýbermek, atylyp çykmak, zyňylyp gitmek, içip goýbermek, silterläp goýbermek. Sona birden gülüp göýberdi. Köp ýigitler gelip geçdi jahandan...

6. Gymyldynyň gutarmaga ýakynlaşmagyny aňladýan: barmak we gelmek kömekçi işlikleridir. Ol esasy sözüniň hal işlik şekilinde bolmagy bilen hereketiň gutarmaga ýakynlaşyşyny görkezýär. Meselem: Ol dukana ýetip barýar. Ol bize ýetip gelýär.

7. Gymyldynyň gutarandygyny aňladýan analitik işlik: bolmak, gutarmak, goýbermek, gitmek, çykmak, goýmak, galmak, geýmek degişlidirler. Olar öten zaman şekilini kabul edenden soňra hereketiň bolup gutarandygyny, ýagny dowam edip, çalt gutarandygyny aňladýarlar. Olaryň öňünden gelýän söz hal işlik şekilinde bolýar. Meselem: Mugallym ýumuş tabşyryp boldy. Ol sapagy aýdyp gutardy.

MODALLYGY BILDIRÝÄN DÜZME IŞLIKLER

Adamyň içki duýgusyny, ýagny karar etmegini, etmezligini, gönnüýetmezçiligi, synag etmegi ya-da etmezligi bildirmek üçin bolmak, bilmek, ýörmek işlikleri gatnaşýarlar. Şolar hem modallygy ýüze çykarýarlar. Şunlukda, modallyk bildirýän analitik işlikler hereketiň ýüze çykmagyna ýa-da çykmazlygyna sözleýjiniň ynanjyny; synag etmegi; gönnüýetmezçiligi we hyýallanmagy aňlatmaga gatnaşýarlar.

a) Hereketiň ýüze çykmagynyň mümkindigi ýa-da däldigi «bolmak, bilmek» işlikleri arkaly aňladylýar.

Olar işligiň häzirki we nämälim geljek zaman şekilleriniň barlyk we ýokluk galyplarynda bolup, esasy sözi köplenç hal işlik şekilinde bolýar. Olaryň esasy sözüniň işligiň şert, infinitiw şekilinde gelmegi-de bar. Meselem: Öýe gidip bolarmy ýa-da bolmazmy? Size barmak bolar. Maşyn sürse bolmaz. Ony sürmek bolar. Ol ekzameni tabşyryp biler. Bu ýerde gül ýaly ýaşasa bolar. ”Düşüp bolmaz gabha pelek alyna, Dodagyn tamşandyr dünýä malyna”

b) Gymyldynyň synag ýoly bilen edilýändigini bildirip, modallyk aňladýan «görmek» sözi hal işlik şekilinde gelen sözler bilen hasyl edilýär. Meselem: Ol çagany diňläp gördi. Ýolda dutarynyň taryna kakyp gördi. Ol çyny bilen aglap gördi.

ç) Gymyldynyň gönnüýetmezçilik bilen edilýändigini bildirmek üçin «bolmak» işligi ulanylýar. Bu ýagdaýda esasy

söz islendik işligiň öten zaman ortak işliginiň barlyk we ýokluk galyplarynda şekillenmeginden hasyl bolýar. Meselem: Olar henek atan bolýarlar. Muny bilmejek bolan bolýan hem bar, ýöne ol uzaga gitmez. Nabat bedresini ýuwup çaýkan bolup otyrdy. Her ýerden bir düýäni çökerip, olaryň ýüküni dörjelän boldular.

d) Gymyldyny etmäge hyýallanmagy bildirmek üçin hem «bolmak» sözi ulanylýar. Ýöne ondan öň gelen işlige geljek zamanyň "-jak/-jek" şekili goşulyp, bir işi etmäge ýa-da etmezlige bolan hyýaly, islegi aňladýar. Meselem: Ol syryny duýdurmajak bolup kän kösendi. Ol Moskwa gitmekçi bolýar. Şu gün ony görjek bolaryn.

Gönükme: Goşma işliklere bir çyzyk, düzme işliklere iki çyzyk çyzmaly.

Sopyny ýykan bolarlar, agzyna dykan bolarlar. „Gowy görỳän eken” diỳip baryberme, „berỳär eken” diỳip alyberme. Degirmende göwűn gören gűnajy galar, suw nobatynda göwűn gören- ỳylajy. Öz günüňe goýsalar bu ýerde beg ýaly ýaşasa bolar.

IŞLIK ŞEKILLERI

Şekil ýasaýjy goşulmalar işlikleriň sözlemde ulanylyşynda uly orna eýedir. Işlikleriň başga sözlere, sözleme birikmegi, baglanmagy üçin haýsy-da bolsa bir şekil ýasaýjy goşulmany kabul edip, onuň barlyk ýa-da ýokluk galypynda gelmegi hökmany şertdir. Sözlemde ulanylan işlik hökman belli bir, diňe bir şekil ýasaýjy bilen üýtgändir. Hiç bir şekil ýasaýjysy bolmadyk işlik sözlemde bolup bilmez. Türkmen dilinde işlikler diňe bir şekil ýasaýjy goşulmany kabul edip bilýärler, iki şekil ýasaýjy birbada bir söze tirkeşdirilip goşulyp bilmeýär. Türki dillerde işlik şekilleriniň ulanylyşynyň deňeşdirme derňewini geçiren alymlar garyndaş türki dilleriň

käbirinde, meselem, azerbaýjan dilinde bir söze yzly-yzyna iki şekil ýasaýjynyň goşulýandygyny belläpdirler. (Seret: B. Hojaýew, Türki dillerde işligiň şert we arzuw aňladýan formalary, Aşgabat, 1977, 9s.) görmek bolýar. Emma beýle ýagdaýa türkmen diliniň kadalarynda ýol berilmeýär. Şeýlelikde, işlik şekillerini ýasaýjy goşulmalaryň esasy hyzmaty- işligi beýleki sözlere, sözleme baglamakdyr, ýagny bu goşulmalar sözlemiň hasyl bolmagyna hyzmat edýärler. Diýmek, işlikler söz topary üçin şekil ýasaýjy goşulmalaryň edil atlardaky degişlilik we düşüm goşulmalarynyň söz üýtgedijilik-baglaýjylyk hyzmaty ýaly ähmiýeti bar. Sözlere goşulyş mümkinçiligi taýdan hem sintaktik baglanyşyga-gatnaşyga hyzmat edýän goşulmalaryň hemmesiniň aňladýan manylaryna grammatik many diýilýär we olar leksik many- zat, düşünje, alamat, aýratynlyk, hal, hil, mukdar, ýagdaý, hereket atlaryny aňlatmaýarlar. Grammatik many sözleriň leksik manysyna goşmaça olaryň söz toparlary, degişlilik, düşüm, şekil, ýöňkeme, habarlyk goşulmalary ýaly grammatik kategoriýalara degişli aňladýan manysydyr. Grammatik many umumy düşünjedir. Işlikleriň şekil kategoriýasynyň hem diňe grammatik manysy bardyr. Her bir aýry-aýry şekil ýasaýjy goşulma bilen şekillenýän işlik şekiline at berlende şol şekil ýasaýjynyň esasy grammatik manysy nazarda tutulypdyr. Işlikleriň üýtgeýiş aýratynlygy beýleki söz toparlarynyňkydan has-da tapawutly bolup, işlikler şahs aňladýan ýa-da aňlatmaýan şekil ýasaýjylar arkaly hem-de ýörite işlik ýöňkemeleri arkaly üýtgeýärler.

Işlikleriň üýtgemek ukyby has giňdir. Işlikler üýtgände, sözde täze leksik many ýüze çykman, sözüň grammatik manylary üýtgeýär hem-de gymyldy hereketiň bolup geçişiniň dürli görnüşleri, ýagdaýlary aňladýarlar.

Işlik şekillerinin goşulmalarynyň hersiniň öz formal morfologik görkezijisi bar. Olar ”şekil ýasaýjy goşulmalar”

diýlip atlandyrylýarlar we söz ýasaýjy goşulmalaryň hatarynda öwrenilýärler. Emma olaryň dilde tutýan orny boýunça işlikleriň sözleme baglanmagyna, ýagny sintaktik gatnaşyga hyzmat edýändigini nazarda tutsaň, şekil ýasaýjylar üýtgediji goşulmalara degişli edilmelidir. Olar ähli işliklere uniwersal goşulyşy taýdan hem söz üytgedijilere meňzeýärler. Şol bir şekil ýasaýjynyň goşulmagy bilen ony kabul eden işlikleriň hemmesi şol bir umumy grammatik mana eýe bolýarlar. Türkmen dilinde işlik şekilleriniň birnäçesi bardyr:

1.Işligiň öten zaman şekili
2. Işligiň häzirki zaman şekili
3. Işligiň mälim geljek zaman şekili
4. Işligiň nämälim geljek zaman şekili
5. Işligiň şert şekili
6. Işligiň buýruk şekili
7. Işligiň arzuw-isleg şekili
8. Işligiň nämälim (infinitiw) şekili
9. Işligiň hyýal şekili
10. Işligiň öten zaman ortak işlik şekili
11. Işligiň häzirki zaman ortak işlik şekili
12. Işligiň mälim geljek zaman ortak işlik şekili
13. Nämälim geljek zaman ortak işlik şekili
14. Hal işlik şekili
15. Iş atlary şekilleri

Agzalan şekilleriň hemmesi düýp işlige goşulyp ulanylýar. Işlikleriň hemmesine barlyk ýa-da ýokluk galyplarda goşulyp bilýärler. Diňe nämälim geljek zaman ortak işlik şekiliniň barlyk we ýokluk galypynyň goşulmalary (-ar/-er, maz/-mez goşulmasy bilen ýasalan işlik şekiliniň atlara baglanmagy arkaly aňladylýar) güler ýüz, akar suw, sönmez söýgi, synmaz erk...) hemme işlikler bilen ulanylyp bilmän, sözlere goşulyşynda çäklidir. Bular işlik söz toparynyň dürli manyly grammatik kategoriýalarydyr.

Bu şekilleriň hersiniň esasy aňladýan grammatik manysyndan başga-da, sözlemde, belli-belli sözler bilen ulanylanda eýe bolýan goşmaça many öwüşginleri bolýar. Sözleriň biri-biri bilen baglanyşanda aňladylýan manylaryň köp dürlüligine göz ýetirmek heniz hiç kime başartmaýar. Şol sebäpli her bir aýratyn formal-grammatik görkeziji (goşulma) bilen ýasalan şekiliň hemme manylary onuň içinde öwrenilmelidir. Üstesine-de sözleriň ýasalyşy, şekillenişi, üýtgeýşi morfologiýada öwrenilýär. Morfologiýa ”morfemalary” (grekçe ”forma” sözünden) –diliň many aňladýan iň kiçi böleklerini öwrenýär. Şulara esaslanyp türkmen diliniň morfologiýasynyň gaýragoýulmasyz meseleleriniň birine üns çekmekçi. Mekdep grammatikasynda, 6-njy synpda ”işligiň rugsat-ejaza şekili” (alaýaýyn, alaýalyň, alaýsana...), ”işligiň alkyş-gutlag şekili” (Toýuňyz mübärek bolsun) atlandyrylan täze şekiller özbaşdak formal görkezijä (goşulma, şekile) eýe däldir. Olar aslynda buýruk şekiliniň many öwüşginleridir. Türki dillerde, şol sanda türkmen dilinde-de sözleriň many tarapy has ösendir. Şekil ýasaýjylaryň her bir many öwüşginini aýratyn atlandyrmak olaryň tapawutlandyrylyşynda, ulanylyşynda bulaşyklyk döreder. Şekilleriň sanyny artdyrmaly bolsa, öten zamanyň we häzirki zamanyň çylşyrymly goşulmalar arkaly şekillenýän, ylmy grammatikada ”hekaýa öten zaman”, ”mälim dowamly öten zaman”, ”daş öten zaman”, ”çaklama häzirki zaman” ýaly özbaşdak goşulmasy bolan görnüşlerini aýratyn şekil hasap etmek bolar. Sebäbi olaryň aýratyn goşulmalary-şekili bar. Emma bir goşulmanyň aýry-aýry manylaryny başga-başga zatlar hökmünde tapawutlandyrmak maksada laýyk däldir. Ýokarda agzalan mekdep grammatikasyna täze goşulan şekiller, ikibaşdan, rugsat-ejaza we alkyş-gutlag aňlatmagyň hemme görnüşlerini öz içine alyp bilmändir. Bu meselede kesgitli bir ýörelgäni saklamak- diňe grammatik görkezijä- goşulma esaslanmak

dogry netije berer. Şonuň ýaly-da mekdep grammatikasynda zaman şekilleri işlik şekillerinden aýry, başga bir zat ýaly düşündirilýär. Emma zaman şekilleri-de, zaman aňlatmaýan şekiller-de, ortak we hal işlik şekilleri-de, hatda iş atlary-da işlik söz toparynyň grammatik many aňladýan hususy kategoriýalarydyr. Biziň pikirimizçe, işliklerde şekil kategoriýasy edil atlaryň düşüm ýa-da degişlilik kategoriýasy ýaly orna we hyzmata eýedir. Düşümleriň atlary sözlemdäki beýleki sözlere baglaýşy ýaly, şekil ýasaýjylar işlikleriň sözleme baglanmagyny üpjün edýärler. Atlaryň sözlemdäki beýleki sözlere bolan grammatik gatnaşyklary alty sany işjeň düşüm we birnäçe sözsoňy kömekçiler, tertip arkaly amala aşyrylýan bolsa, işlikleriň sözleme gatnaşygy ýokarda sanalan on bäş sany şekil we olaryň otuza ýakyn formal görkezijileri arkaly bolýar. Şekil ýasaýjyny kabul eden işlik sözlemde kesgin şol şekilde bolmaga hukuk alýar, gutarnykly grammatik şekile eýe bolýar, şol orunda başga şekilleri kabul etmeýär.

Işlik şekilleri gymyldy-hereketiň bolup geçişiniň real hakykata gatnaşygyny görkezýärler. Hereketiň dürli aýratynlyklaryny bildirmek hem-de dürli grammatik manylary aňlatmak boýunça işlik şekillerini özara aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar:

1.Işligiň zaman aňladýan we aňlatmaýan şekilleri
2. Işligiň şahs aňladýan we aňlatmaýan şekilleri
3. Iş adyny aňladýan işlik şekilleri
4. Atlara baglanýan işlik şekilleri
5. Işliklere baglanýan işlik şekilleri

Işligiň zaman aňladýan şekillerine diňe öz goşulmasy arkaly zaman aňlatmaga ukyby bolan öten, häzirki, geljek zaman işlikleri we öten, häzirki, geljek zaman ortak işlikleri degişli bolýar. Bulardan beýleki işlik şekillerine işligiň zamany näbelli şekilleri hem diýilýär. Giň manyda hemme işlikler zaman aňladyp bilýärler. Öz hususy grammatik goşulmasy

arkaly zaman aňlatmaýan şekilleriň haýsy zamandadygy sözlemde, ýagny sintaksisiň kömegi bilen anyklanýar.

Şahs aňladýan işlik şekillerine öz yzyndan işlik ýöňkemesiniň goşulmalaryny kabul edýän öten, häzirki we nämälim geljek zaman şekilleri, şert, buýruk we isleg-arzuw şekilleri degişlidir. Hereketi ýerine ýetirýäniň haýsy şahsdygy ýöňkeme bilen üýtgän işlikden mälim boilýar. Beýleki şekillerde hereketi ýerine ýetirýäniň kimdigi ýa-da nämedigi sözlemden, ýagny sintaksisiň kömegi bilen anyklanýar.

Iş adyny aňladýan işlik şekilleri (-mak/-mek, -ma/-me, -yş/-iş, -ýyş/-ýiş, -asy/-esi) gymyldy-hereketi asuda halda, iş prosesine dahylsyz halda atlandyrýar. Bulardan beýleki şekilleriň hemmesi gymyldy-hereketiň bolup geçişiniň dürli aýratynlyklaryny bildirýär.

Atlara baglanýan işlik şekillerine ortak işlik şekilleri, zaman şekilleri we atlaşyp bilýän hökmanlyk, hyýal, iş atlary ýaly şekiller degişlidir.

Işliklere baglanýan şekillere hal işlikler, -asy/-esi höwes-isleg aňladýan iş ady şekili degişlidir.

Agzalan aýratynlyklar işlik şekilleriniň esasy häsiýetleridir. Şeýle-de bolsa söz anyk manysyna sözlemde eýe bolýar.

Işligiň hemme şekilleri bolsa asyl, ýasama, goşma, düzme işliklere goşulmak arkaly aňladylýar.Tirkeş işlikler şert, hal işlik, ortak işlikler ýaly belli-belli şekillerde gelip bilýärler. Durnukly şekillerde galyplaşmak ýoly bilen hasyl bolýan tirkeş işliklerden tapawutlanyp, gurluşy taýdan asyl, ýasama, goşma, düzme görnüşdäki işlikler şekil ýasaýjylar bilen sözlemiň talabyna görä gyradeň, düýp işligiň yzyndan şol bir orundan, bir işlige ýeke biri goşulmak şerti bilen şekillenip bilerler.

IŞLIKLERIŇ ZAMAN ŞEKILLERI

Türkmen dilinde işlikleriň zaman şekilleri atlandyrylýan grammatik kategoriýa öz grammatik manysy boýunça gymyldy-hereketiň wagt taýdan ýagdaýyny görkezýär. Umumy grammatik manysy taýdan gymyldynyň belli bir wagtda (öň, häzir, soň) bolandygyny habar berýän, mälim edýän şekillere işlikleriň zaman şekilleri diýilýär. Türkmen dilinde işligiň zaman şekilleri barada düýpli ylmy derňewler geçirildi (Çaryýarow B. Günorta-günbatar türki dillerde işlik zamanlary, Aşgabat, 1969, Hojaýew B Türki dilleriň günorta-günbatar toparynda ortak işlik formalary. Aşgabat, 1978., Şonuňky. Häzirki zaman türkmeen dilinde ortak işlik formalary. Aşgabat, 1975. Allanazarow O. Прошедшее время в современном туркменском литературном языке (канд. дисс.), Л., 1953). Zaman düşünjesi giň mana we aňladylyşa eýedir. Zaman aňlatmaklyk hemme işliklere-de belli derejede degişlidir. Öz grammatik-şekil görkezijileri zaman aňlatmaýan işlik şekilleri sözlemde beýleki sözler bilen baglanyşykly ulanylyp, kesgitli bir anyk zaman düşünjesini aňladýarlar. Aslynda kömekçi işliklerden gysgalyp emele gelen kem işlikler ýa-da habarlyk goşulmalary dürli söz toparlaryna goşulyp, olara habarlyk häsiýetini, işliklik nyşanyny hem-de belli bir zaman düşünjesini berýär. Şeýlelikde, umuman, zaman düşünjesi birnäçe serişdeler arkaly aňladylýar:

1. Işlikleriň zaman aňladýan şekilleri we ortak işlik şekilleri arkaly
2. Beýleki şekilleriň zaman aňladýan şekiller bilen düzülip gelmegi arkaly
3. Kem işlikler ýa-da habarlyk goşulmalary arkaly

Işlikleriň zaman şekilleri dürli şekil ýasaýjy goşulmalar arkaly barlyk we ýokluk galyplarda ýüze çykarylýar. Gymyldy-hereketiň haýsy zamana degişlidigini kesgitlemekde sözlenýän pursatdan ugur alynýar. Sözlenýän pursatdan öň bolan hereket, waka –öten zaman, sözlenýän wagtda bolup duran hereket-

häzirki zaman, sözlenýän pursatdan soňra amala aşyryljak hereket, ýagdaý hem geljek zaman hasaplanýar. Türkmen dilinde işlikleriň esasy üç zamany tapawutlandyrylýar. Her bir zamany bildirmek üçin iki ýa-da birnäçe şekil ýasaýjy ulanylýar. Işligiň zaman goşulmasyny kabul eden sözler gymyldy-hereketiň sözlenilýän pursatdan öň bolandygyny, häzirki pursatda bolýandygyny ýa-da soň boljakdygyny görkezýärler. Şeýle hem olar arkaly sözleýjiniň garaýşy beýan edilýär.

Türkmen dilinde işligiň öten, häzirki we geljek zamanlary bar. Olaryň her biriniň öz goşulmasy, aňladýan manylary bolýar. `

IŞLIGIŇ ÖTEN ZAMANY

Işligiň öten zaman şekili barlyk we ýokluk galyplarda aňladylýar. Ol häzirki we geljek zamanlar bilen deňeşdirilende, has çylşyrymly bolup, köp sanly goşulmalar arkaly ýasalýar. Zaman ýasaýjy goşulmalaryň gurluşy taýdan sada ýa-da çylşyrymlydygyna garap, öten zaman iki görnüşe bölünýär:

1. Sada öten zaman
2. Çylşyrymly öten zaman

Işligiň sada öten zamany düýp işlige -dy/-di goşulmasynyň we işlik ýöňkemesiniň goşulmalarynyň goşilmagy arkaly ýasalýar (şekillenýär). –dy/-di ýekil ýasaýjynyň asyl, ýasama, goşma, düzme düýp işliklere goşulmagy bilen sözleýjiniň sözleýän pursatyndan öň bolup geçen ýa-da bolup geçmeli bolan gymyldy-hereketi, ýagdaýlary aňladylýar. Meselem: oka-dy-m, bil-di-k, oka-dy-ň, bil-di-ňiz, oka-dy, bil-di-ler. (-dy/-di goşulmasynyň gelip çykyşy barada birnäçe garaýyşlar bolup, olaryň arasynda has ygtybarlysy onuň –dyk/-dik ortak işlik goşulmasyndan gysgalyp emele gelendigi baradaky garaýyşdyr). Käbir işlerde bu şekil <u>mälim öten zaman</u> diýlip hem atlandyrylypdyr. Munuň ýokluk galypy –ma/-me

goşulmasy arkaly ýasalýar.Meselem: gör-medi-m, gel-medi-ňiz, aýt-mady-k, al-mady, serediş-medi-ňiz.

Sada öten zaman stilistik maksatlar üçin ulanylanda, onda ol käwagtlar geljek zaman, seýrek halda häzirki zaman manysynda bolup biler. Meselem: Ana, ol geldi-le! (Häzirki zaman) Men, ine gitdim.(Geljek zaman). Sada öten zaman şekilini kabul eden işlikleriň atlaşmak, kömekçi hyzmata geçmek ýaly häsiýetleri-de bar. Meselem: Gelniň geldi – geldisi, ogluň boldy- boldusy. Sen bardy-geldi okamasaň, özüň zyýan çekersiň.

Çylşyrymly öten zaman şekilleri

Işligiň çylşyrymly öten zaman şekilleriniň goşulmalaryny hasyl etmäge habarlyk goşulmalary –dy/-di, -dyr/-dir gatnaşýar. Olar dürli işlik şekilleri bilen birigip, birnäçe zaman aňladyjy çylşyrymly goşulmalary ýüze çykarypdyr. Munuň özi bolsa işligiň öten zaman şekiliniň dürli manylary aňladyp bilýändigini, giňden ulanylýandygy görkezýär. Mysal üçin: -ýardy/-ýärdi, -ardy/-erdi, -jakdy/-jekdi, -ipdi/-ypdy, -ypdyr/-ipdir, -an/-en goşulmalary barlyk şekilde bolup, many taýdan dowamly, hyýal-meýil, öňki, nämälim, hekaýa, subýektiw öten zamanlary hasyl etmäge gatnaşýarlar.

Türkmen dilinde çylşyrymly öten zamanyň birnäçe görnüsleri bellenilýär. Olar, esasan, aşakdakylardyr:

1. Mälim dowamly öten zaman (-ýardy/-ýärdi)
2. Nämälim dowamly öten zaman (-ardy/-erdi)
3. Hyýal-meýil öten zaman (- jakdy/-jekdi)
4. Öňki öten zaman (-ypdi/-ipdi/-updy/-üpdi)
5. Nämälim hekaýa öten zaman (-an/-en)
6. Subýektiw öten zaman (-ypdir/-ipdir/-updyr/-üpdir)

Mälim dowamly öten zaman

Bu şekil barlyk hem ýokluk galyplarda aňladylýar. Onuň barlygy –ýardy/-ýärdi, ýoklugy –ma/-me goşulmalary arkaly ýasalýar. Bu goşulmalardan soň ýöňkeme goşulmalary hem goşulýar. Olar goşulan işliginden sözleýjä mälim bolan hem öň bolup geçen gymyldy-hereketi, wakany, ýagdaýy aňladýar. Meselem: ýaz-ýardy-m, ýaz-ýardy-k, ýaz-ýardy-ň , ýaz-ýardy-ňyz, ýaz-ýardy, ýaz-ýardy-lar.

Nämälim dowamly öten zaman

-ardy/-erdi goşulmanyň kömegi bilen barlyk galypy, -ma/-me goşulmasynyň düýp işlige goşulmagy bilen ýokluk galypy aňladylýar. Meselem: al-ardy-m, al-ardy-k , al-ardy-ň, alardy-ňyz, al-ardy, al-ardy-lar.

Bu işlik şekili şu manylary aňladýar:

1. Sözleýjä mälim bolan hem geçmişde köp wagtlap dowam eden, gaýtalanan hereketi, wakany, ýagdaýy aňladýar, ol has irräk bolan hereketi görkezýär. Meselem: “Gün güýçliniňki, gowurga dişliniňki” diýipdirler, näme etseňem baýamarsyň diýlerdi.

2. Öten zamanda bolmadyk gymyldy-hereket, waka-ýagdaý hakynda ökünmek, gynanmak bilen çak etmegi aňladýar. Olar işlikleriň ikisiniň hem ýokluk galypda, şert işlik goşulmasynyň getirilmegi, ownuk böleklerіň üsti bilen ýüze çykarylýar. Meselem: Güyç bilen alyp <u>bilmese-de bilmezdi</u>. Ol dünýäden armanly <u>gitmezdi.</u>

Hereketiň has dowamly bolandygyny görkezmek üçin birinji söze ortak işligiň –ar/-er goşulmasy goşulyp, ikinji söz hökmünde hem nämälim dowamly öten zamanda gelen analitik işlikler ulanylýar. Onuň ikinji sözi *ýörmek, durmak, oturmak, ýatmak* işliklerinden bolýar. Meselem: Ol hemişe goşgy <u>okar ýörerdi.</u> Ol bir diýenini <u>gaýtalar oturardy.</u>

Hyýal-meýil öten zaman

Bu şekil: -jakdy/-jekd, -majakdy/-mejekdi, däl ýaly goşulmalaryň hem sözüň üsti bilen hasyl bolýar. Olar degişlilik goşulmalaryny hem kabul edýärler. Meselem: bil-jekdi-m, oka-jakdy-k, bil-jekdi-ň, oka-jakdy-ňyz, bil-jekdi, oka-jakdy-lar. Olar goşulan işliginden gymyldy-hereketi ýerine ýetirmäge bolan meýli-hyýaly, islegi bildirýär, emma köplenç hereketiň amala aşmandygyny aňladýar. Meselem: Görogly, men-ä seni öldürjekdim, näme-de bolsa, bar, seniň günäňi ötdüm (G.). Ýöne görkezilýän şert ýerine ýetse, onda hyýal-meýliň hökman amala aşjakdygyny hem anladýar. Meselem: Onuň geleňsizligi üçin köp adam zyýan çekmeli boljakdy.

Öňki öten zaman

Öňki öten zamana ”birçak öten zaman”hem diýilýär. Ol bireýýäm bolup gutaran, dowamsyz, köp gezek gaýtalanmadyk, ynanç bilen aýdylýan gymyldyny aňladýar. Muňa dil biliminde плюсквамперфект hem ddiýilýär. Türkmen ddilinde -ypdy/-ipdi, -mandy/-mändi ýaly goşulmalaryň düýp işliklere goşulmagy bilen hasyl bolýan çylşyrymly öten zaman şoňa ýakyn hasaplanýar. Olar ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýärler. Meselem: gel-ipdi-m/gel-ipdi-k, gel-ipdi-ň /gel-ipdi -ňiz, gel-ipdi /gel-ipdi- ler. Bular has ir bolan hem ýakyn wagtda bolan manyda bolýarlar. Waka has ir bolan bolsa, onda sözleýji wakany habar bermek bilen çäklenýär. Meselem: Ol ony bir görende tanapdy. Eger öňki öten zaman ýakyn wagtda bolup geçen bolsa, onda ol, köplenç özünden soňky bolan başga bir gymyldy-hereketi, wakany beýan edýär. Meselem: Ol öýde bolsa, şony göreýin diýip gelipdim, emma ol düýn giden eken.

Öňki öten zamanda esasan, öňki wagtda amala aşyrylan bir gymyldy-hereketiň başga bir hereketden ozal bolup geçendigi, onuň netijesiniň hem soňky hereket ýüze çykan

wagtynda duýlandygy görkezilýär. Meselem: *Biz baranymyzda, ol ýerde eýýäm täze bina galdyrylan eken.*

Nämälim hekaýa öten zaman

-an/-en goşulmanyň düýp işlige birikmeginden hasyl bolýar, onuň ýokluk galypy ýok. Bu şekil has öňräk bolan, bolup geçen hereketi, wakany ýa-da şonuň netijesini gören ýaly edip habar bermegi aňladýar, ol ertekilerde, rowaýatlarda ulanylýar. Meselem; Ol bir wagtlar ýaşap geçen. Okaman molla bolan, çokaman garga bolan. Bular habarlyk goşulmalary kabul edenden soň, ýöňkemede üýtgeýärler. Ýazandyryn, ýazandyrsyň, ýazandyr

Subýektiw öten zaman

-ypdir/-ipdir/-updyr/-üpdir; -mandyr/-mändir goşulmalaryň üsti bilen aňladylýar. Olar ýöňkemede üýtgeýärler. Bu goşulmany kabul eden işlik sözlenilýän wagtdan öň bolup geçen hereket barada sözleýjiniň tötänden ýadyna düşürip ýa-da başga biriniň aýdanyna, wakanyň netijesine esaslanyp pikir ýöredýändigini aňladýar. Meselem: Men onuň göwnüne degäýipdirin-dä…

Gönükme: Öten zamanyň görnüşlerini anyklamaly.

Tüňçesini oduň üstünde goýdy. Dagyň geriş-geriş gaýalary gök-ýaşyl öwüsýärdi. Oba boşap galypdy. Bu göm-gök asmana ap-ak Gün, baý, gowy ýaraşýan eken. Bir atly atyny ýüzin salyp barýardy. Ýaşuly yzyna gaňryldy. Adama goşa gulak, goşa göz, bir ýürek berlipdir. Ol yzyna dolanyp gidiberen. Üçler bu sesi durup diňläpdiler. Adam dogup-döräli bäri ösümlikleriň bäş ýüz müňüsini bilipdir.

IŞLIGIŇ HÄZIRKI ZAMANY

Bu zamanda gymyldy-hereket sözlenilýän wagtda, ýagny häzirki pursatda dowam edýär. Türkmen dilinde işligiň häzirki zamany dürli goşulmalaryň üsti bilen aňladylýar. Şonuň üçin hem olaryň manylary hem tapawutlanýar. Umuman alanyňda bolsa, onda gymyldy-hereket şu zamanda bolup geçýär.Şunlukda, häzirki zamanyň şu görnüşleri bar.

1.Umumy häzirki zaman (ýar,-ýär)
2.Anyk häzirki zaman (dur, ýatyr, otyr, yör)
3.Çaklama häzirki zaman (ýandyr,-ýändir)
4.Häzirki öten zaman (amok,-emok-ähli ýöňkemede)

Umumy häzirki zaman -ýar,-ýär, -ma,-me goşulmalaryň üsti bilen hasyl bolýar. Degişlilik goşulmalaryny kabul edýär. Oka-ýar-yn/-ys, Oka-ýar-syň/-syňyz Oka- ýar/-lar. Bu goşulmany kabul eden işlikler eýe tarapyndan yzygiderli edilen hereketi, has öň başlanan hereketi, sözlenilýän wagtda bolýan hereketi, öň bolup geçen ýa-da geljekde boljak hereketi aňladýarlar. Meselem: Suw akýar. Oňa hyzmat edile-edile gelýär.Garga gurt alyp gaçýar. Ol ertir meniň bilen gidýär.

Anyk häzirki zaman

"dur, otyr, ýatyr, ýör" işlikleriniň cekimlisiniň uzyn aýdylmagy bilen aňladylýar. Onuň ýokluk galypy ýok. Olar ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýärler. Meselem: dur-un, dur-us, dur-suň, dur-suňyz, dur, durlar. Bu işlikler anyk (konkret) häzirki zamany aňladýar.

Çaklama häzirki zaman

-ýandyr/-ýändir goşulmalarynyň üsti bilen emele gelýär. Onuň ýoklugy däl sözi arkaly aňladylýar. Olar ýöňkeme goşulmalaryna-da kabul edýärler. Meselem: okaýandyr-yn, oka-ýandyr-syň/ oka-ýandyr-ys, okaýandyr-syňyz, okaýandyr-lar. Bular manysy boýunça boljak wakany, ýagdaýy çaklaýarlar.

Meselem: Bu ýerlere guş gelse, ganatyndan, gulan gelse toýnagyndan dynýandyr.

Häzirki öten zaman

-amok/-emok, -anok/-enok ýaly goşulmalaryň üsti bilen hasyl bolýar.Onuň barlyk galypy ýok diýlip hasaplanýar.

Bu şekil hem –an/-en öten äaman ortak işlik goşulmasynyň atlaşyp,ýöňkeme goşulmalaryny kabul edenden soň ”ýok” sözüniň getirilmegi bilen hasyl bolupdyr. Soň bu goşulmalar gysgalyp, -aňok/-eňok, amok/-emok ýaly görnüşe gelipdir. Bu goşulmalary kabul eden işlikler sözlenilýän wagtdan öň amala aşmadyk gymyldy-hereketi, ýagdaýy aňladýar. Okuwçylar heniz ýazyp bolanok, jogap berenok.

IŞLIGIŇ GELJEK ZAMANY

Işligiň bu zamany nämälim geljek zaman (-ar/-er) we mälim geljek zaman (-jak/-jek) diýen iki topara bölünýar. Bularyň ýoklugy *–ma/-me* goşulmasy we *däl* sözi arkaly aňladylýar. Olar sözlenilýän wagtdan soň bolup biljek ýa-da boljak gymyldy-hereketi, wakany, ýagdaýy habar berýärler. Olar manylary boýunça mälim geljek zaman (-jak,-jek däl), nämälim geljek zaman (-ar/er, -ma/-me) bolýar. Nämälim geljek zaman şahs aňladýar, ýagny öz yzyndan işlik ýöňkemeleriniň goşulmalaryny kabul edýar.

Gönükme: Işlikleriň zamanyny anyklamaly, doly morfologik derňew etmeli.

Biz dag ýoly bilen ýöräp gidip otyrdyk. Sen meni daňdyň goýaýdyň. Häzir bol, ýykyldyň, dökdüň ony. Hoş, sag boluň, men-ä gitdim. Eşitdim – eşitmedim diýmäň, dynç güni toýdur. Bardy-geldi soraýanlarynda, ýüz sapalak tapylmaýarmy? “Gelniň – geldi- geldisi, Ogluň – boldy- boldusy”. Olary aldym-berdime saldylar. Bolsady ekseň, käşgädi gögerer. Biz

ony öten ýyl mirap edinjekdik. Ol derrew işe başlaberjekdi. Onuň dünýäde kemi galmajakdy. Oba ýatypdy. Dazyrdap gelýän taýak tasdan ony atdan agdarypdy. Ynha, ýedi sany möjek palaw bişiren bolup oturanlar. Geçi salam berip baran. Ony taryp edip, bu sözi aýdypmyş. Myhmany oňat garşylamagy wagyz edýär. Ýerimiz tapdan çyksa, şonuň bilen bary gutarýar. "Goşuňyzda çalyjy – sazanda bar bolsa düşýärsiňiz, bolmasa ýok bolubersin" diýdi. Sen näme dursuň? Umsagül eje, näme garrap ýörmüň? Ol seni synlaýandyr. Sen ony tanaýansyň-la. Bu ýerlere guş gelse ganatyndan, gulan gelse toýnagyndan bolýandyr.

IŞLIGIŇ ŞERT SEKILI

Işligiň şert şekili hem şahs görkezýän işlik şekillerine degişlidir. Olar düýp işligiň yzyna -sa/-se (-ma/-me) goşulmalarynyň goşulmagy bilen hasyl bolýarlar. Işligiň şert şekiliniň aňladýan zamany onuň baglanýan işligine baglydyr. Baglanýan işligine görä, hereketiň öten, häzirki we geljek zamanlarda ýüze çykýandygyny hem aňladýar. Şonuň üçin onuň goşulmalary hereketiň bolup geçendigini aňlatmaga hyzmat edip bilýärler. Meselem: Men onuň gelenini bilsem bolýar. Orazy görsek bes. Işligiň şert şekiliniň ýokluk galypy – ma/-me arkaly hasyl edilýär.

Işligiň şert şekili ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýär. Men oka-sa-m, Biz oka-sa-k, Sen oka-sa-ň, Siz oka-sa-ňyz, Ol oka-sa, Olar oka-sa-lar, gel-me-se-m , gel-me-se –ň, gel-me-se, gel-me-se-k, gel-me-se-ňiz, gel-me-se-ler

Işligiň şert sekili soň ýüze çykjak hereketiň şertini aňladýar. Meselem: Gün çyksa, howa maýlar. Ol gelse gerek.

Işligiň şert şekilinde gelen işlik eýerjeň sözlemiň habary hyzmatyny ýerine ýetiren halatynda, köplenç geljek

zamany, kä halatlarda bolsa häzirki zaman düşünjesini bermäge-de gatnaşýar. Mes: Oraz şu gün gelse, men onuň bilen gürleşerin. Jaň bolsa men barýaryn.

Işligiň şert şekilini kabul eden işlikden öň ortak işlikler gelýän bolsa, onda olar zaman aňlatmaga gatnaşýarlar. Meselem: Ol biljek bolsa, kitap okardy.Ol bilen bolsa, mugallym mynasyp baha goýardy. Ol bilýän bolsa, säginip durmazdy

Işligiň şert sekili "bolmak" işligine goşulyp, dürli şekillerde gelen işlikler bilen bile ulanylyp, hereketiň şertini aňladýar. Meselem: Jeren gürlemeli bolsa utanýar. Onuň üçin iýmek - içmek bolsa bolýar.

Işligiň şert sekili: çak etmegi, gümansyratmagy, ökünmegi, hereketiň hökman boljakdygyny, ikigöwünliligi aňladyp bilýär.

1. Işligiň şert sekili çak etmegi aňladan-da "gerek" sözi bilen bile gelen işlik arkaly hereketiň şertini bildirýär. Meselem: Ol özüni bilse gerek. Myhman şu gün gaýtsa gerek.

Gümansyratmak belli bir ýöňkemede gelen şert işliginden soň öten zaman ortak işliginiň getirilmegi arkaly aňladylýar.Mes: Sen gelseň gelensiň emma Oraz gelmedi . Sen şat barsaň barýansyň welin, yzyňa dolanarsyň.

Eger-de gymyldy soň ýüze çykjak bolsa, onda soňky işlik nämälim geljek zamanda bolýar. Meselem: Sona gelse gerek. Şu gün ýola düşse bolar.

3. Ökünji- arzuwy aňlatmak hem bolýar. Meselem: Seň ýeriňe dogan bolsa gara daş. Öz ilimiň suwundan ganyp-ganyp içsemdim.

4. Hökmany boljak hereketi aňladyp gelşi. Meselem: Öýe barmasam bolmaz.

5. Ikigöwünliligi aňladyşy: Meselem: Bu ýeri görsemmikäm ýa-da görmesemmikäm?!

Gönükme:

Seresap gepleseň, dildir daşyň galasy, biseresap gepleseň, dildir başyň belasy. Durmuşy hadysa bolan sözi ulanmakda halk döredijilik eserlerinde, beýik söz ussatlarynyň döredijiliginde nusgawylyk aýratynlygy görmek bolýar. Öz ýaşan döwrüniň, hatda özünden öňki hem soňky asyrlaryň-da dil hazynasy hasaplanýan şahyrlarymyzyň eserlerinde işjeň ulanylýan umumyhalky sözleriň, her bir sözüň öz aýratyn orny bar.

IŞLIGIŇ ARZUW – ISLEG ŞEKILI

Işligiň arzuw – isleg şekili köplenç, birinji şahsda bolup, sözleýjiniň şol hereketi etmäge bolan islegini, arzuwyny we meýil etmegini aňladýar.

Arzuw – isleg şekiliniň ikinji we üçünji şahsy üçin -aý-aaý, -eý-ääý, - aýyň, - äýiň, -aýsynlar,- eýsinler getirilýär. Meselem: Sen al-aý, Siz al-aýyň, Gel-äý, Siz gel-äýiň, Ol al-aýsyn, Olar alaýsynlar, Ýokluk – ma,- me arkaly - gaý/- geý ýöňkemäniň birliginiň ikinji şahsy üçin köne edebiýatda ulanylypdyr. Meselem: diýgeý sen! –aýyn/- eýin şekili hem arzuw–islegi aňladyp bilýär. Meselem: Men göräýeýin, alaýaýyn /ma,-me, Biz göräýeliň, alaýalyň /ma,-me)

-aýady/-eýedi goşulmasy. Işligiň arzuw- isleg şekiliniň -aýady/-eýedi goşulmasy bilen ýasalyşy hem bar. Meselem: Belki, şu ýyl bir bol-elinlik bolaýady-da. Onuň ýoklugy –ma/-me goşulmasy arkaly (Meselem: gelmäýedi, okamaýady ýaly) ýasalýar. Ol ýöňkeme goşulmalaryny hem kabul edýär: oka –aýadym, biläýediň, oka–ýadyň, biläýediňiz, oka-ýady, biläýediler.

IŞLIGIŇ BUÝRUK SEKILI

Dil biliminde iň ilki ýüze çykan işlik şekiliniň buýruk şekildigi ykrar edilipdir. Işligiň buýruk şekili buýurmagy, haýyş etmegi, tabşyrmagy aňladýar. Şonda intonasiýanyň buýrujy heňde bolmagy şertdir. Beýleki işlik şekillerinden tapawutlanyp, işligiň buýruk şekiliniň şu kategoriýany aňladýan ýörite goşulmalary ýokdur. Buýruk intonasiýasynda aýdylan islendik düýp işlikler ikinji (senlik) ýöňkemäniň birinji şahsyna degişli buýrugy aňladýarlar. Meselem: oka (sen), ýaz, gör, ýeň. Işligiň buýruk şekiliniň ýöňkeme goşulmalary beýleki işlik şekilleriniň ýöňkeme goşulmalaryndan tapawutlylykda, şol bir wagtyň özünde hem şahsy, hem buýruk şekilini aňladýarlar.

Şunlukda, buýruk şekiliniň aşakdaky ýaly goşulmalary bardyr:

	Birlik sanda:	Köplük sanda:
I şahs.	–aýyn/-eýin	-alyň/-eliň (-aly/-eli)
II şahs.	a) düýp işlik+buýruk int.	a)-yň/-iň/-uň/-üň
	b) -gyn/-gin/-gun/-gün	b) ---
	ç) -sana/-sene	ç) –saňyz-la/-seňiz-le -saňyzlaň/-seňizläň
III şahs	-syn/-sin/-sun/-sün	-synlar/-sinler/-sunlar/ -sünler

Buýruk şekili birinji ýöňkemäniň birinji şahsynyň barlyk galypy üçin *–aýyn/-eýin/-ýyn/-ýin* we ýokluk galypy üçin düýp işlik bilen agzalan goşulmanyň arasyndan *–ma/-me* goşulmalary getirilip aňladylýar. Meselem: Men *okaýyn, ýazaýyn*, Men *bilmäýin, görmäýin*. *-aýyn/-eýin* goşulmasy çekimsize gutaran sözlere, *-ýyn/-ýin* – çekimli sese gutaran sözlere goşulýar. Buýruk şekilinde birinji ýöňkemäniň köplüginiň birinji şahsy üçin barlyk galypynda *-alyň/-eliň*,

ýokluk galypynda *-ma/-me* goşulmasy ulanylýar. Munda çekimli ses uzyn aýdylmak bilen tapawutlanýar we many taýdan işi etmekçi bolýanlaryň köpdügini aňladýar. Meselem: Biz *al-alyň, bil-eliň*.

Beýleki şahslardan tapawutlylykda birinji ýöňkemäniň köplük sanynyň ”ikilik san” üçin ulanylýan *–aly/-eli* goşulmasy hem bolýar. Ol many taýyndan iki adamyň ýerine ýetirip biljek hereketini aňladýar. Meselem: *okaly, diňläli*…Munuň ýoklugy hem düýp işlige –ma/-me goşulyp ýasalýar. Meselem: gel-mäli, git-mäli, ikimiz dur-ma:ly.

Ýöňkemäniň birliginiň 2- nji şahsy üçin: -gin/-gyn/ -gun/- gün ulanylýar. Meselem: Sen bargyn, gelgin +ma/- me , görgün - gyn/-gin, -gyl/-gil ulanylyp, olar haýyşy, öwüt bermegi-de aňladýarlar. Meselem: Ýalňyz balam, algyl pendim.

Ýöňkämäniň birliginiň ikinji şahsy üçin –aý/-eý goşulmasy ähli derejelerden soň gelip, rugsat bermek bilen buýrugy-da aňladyp bilýär. Meselem: diňl- äý, ýaz-aý

-sana/-sene goşulmasy buýrugy we gyssagly işi haýyş äheňli aňladyp biler. Meselem: bolsana, gelsene, görsene, düzsene

ýaz - a – wer, -e-wer: - al-a-wer, gel-e-wer (wer > *görmek* işliginiň ses taýdan özgeren görnüşi)

Ýöňkemäniň köplüginiň ikinji şahsy üçin -saňyzla(ň)/-seňizlä(ň) goşulmalary goşulýar. Siz gel-seňiz-le(ä)(ň), bolsaňyz-laň, ýoklugy - ma /-me goşulmasy arkaly ýasalýar. Olar haýyş etmegi aňladýarlar.

Şeýle hem ikinji şahsa - yň/-iň/-uň/-üň/-ň goşulmalary goşulyp, buýrugy, tabşyrmagy, haýyşy aňladýarlar. Meselem: Siz ýazyň, görüň, okaň, diňläň, -ma/- me goşulmasy arkaly ýokluk galypy aňladylýar.

Ýöňkemäniň üçünji şahsy üçin işligiň buýruk sekiliniň -syn/-sin, -synlar/-sinler goşulmalary ulanylýarlar. Meselem: oka-syn,

gel-sin, diňle–sin-ler, Olar barla-syn-lar. Munuň ýoklugy hem -ma/-me goşulmasy arkaly aňladylýar.

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.
Dost bilen iý, iç, emma alyş-beriş etme. Dostuň dost bolsun, hasabyň dürs bolsun. Dostuňy egleme, nepden galmasyn, duşmanyň egleme, syryň bilmesin. Kilim satsaň goňşyňa sat, bir çetinde oturarsyň. Saglygyň gadyryn bil, täki ölmezden burun. Dostuňa bereniňi sorama, goňşyňa bereniňi agzama. Aş atana aş at, daş atana daş at. Tohum al-da, ýere bar, gögermese,maňa gel. Toýa barsaň, doýup bar, toý donuňy geýip bar.

IŞLIGIŇ HÖKMANLYK ŞEKILI

Işligiň hökmanlyk şekili manysy taýdan , esasan, bitirilmegi zerur bolan, hökman bolan gymyldy-hereketi aňladýar. Işliklerden beýle manyny aňlatmaga gatnaşýan goşulma bolsa – maly/- meli goşulmasydyr.

Bu goşulma goşulan sözlerine inçelik– ýogynlyk taýdan eýerdilip goşulýar. Meselem: oka – maly, barla-maly, işle-meli, diňle-meli
“ – maly/-meli” görnüşi ýaly, iki bölekden, ýagny –ma/-me we -ly/-li goşulmalarynyň birleşmeginden emele gelipdir. Goşulmalaryň birinji bölegi (-ma/- me) işligiň ýokluk galypyny ýasamak bilen, işliklerden at ýasamaga hem gatnaşýarlar. Meselem: süz-me, düz-me, gura-ma we ş.m. – ly/- li goşulmalary bolsa köplenç atlardan sypat ýasamaga gatnaşýan goşulmadyr. Işligiň hökmanlyk şekili eýesi umumylaşan sözlemlerde umuman amala aşyrylmagy zerur bolan hereketi belli bir şahsa dahylsyz aňladýar. Meselem: Halkyň hakyny iýmejek, hemmäni bir gözde görjek mirap tutmaly (B. K. “A. ä.”). (Seret: Грамматика туркменского языка. 305с.)

Işligiň hökmanlyk şekili şahs aňlatmaýar. Emma hökmanlyk şekiliniň yzyna habarlyk kategoriýalarynyň goşulmalary goşulsa welin, şahs aňladýar.

Işligiň hökmanlyk şekiliniň ýokluk galypy "däl" we "-syz/-siz goşulmalary arkaly aňladylýar. Meselem:
jogapkärçiligiň adatdan daşary uludygyny birje sekunt hem unutmaly däl (B.K., 262s.). Elbetde, Hojamam ýatdan çykarmaly däl. (B.K., A. ä., I, 189s.)

Işligiň hökmanlyk şekiliniň ýoklugy –syz/-siz arkaly aňladylanda bolsa – ma/- me goşulmanyň soňundan getirilýär. Meselem: Etmesiz işleri köp edýärsiň. Ol gelmesiz wagtynda geldi ("E.s." 10.98ý).

Işligiň hökmanlyk şekili özünden soň sorag aňladýan –my/-mi goşulmasyny kabul edip bilýär. Meselem: Ol ýene gelmelimi? ("E.s." 10.98ý). Eger hökmanlyk şekiliniň ýoklugy "däl" sözi bilen aňladylýan bolsa, onda, -my/- mi goşulmasy ol söze goşulýar. Meselem: Ol ýene gelmeli dälmi?

Işligiň hökmanlyk şekilinde şahs aňladylmaly bolanda, onda işliklerden öň at çalyşmalary getirilýär. Men okamaly, Sen okamaly, Siz okamaly däl, Ol okamaly, Olar okamaly däl, Ol okamaly däl, Biz okamaly, Biz okamaly däl.

Eger-de at çalyşmalaryny ulanmasak, onda hökmanlyk şekilden soň habarlyk kategoriýasynyň – dy/- di goşulmalary getirilýär we şahs aňladylýar.Meselem: bilmeli-di-m, bilmeli-di-k, bilmeli-di-ň, bilmeli-di-ňiz, bilmeli-di, bilmeli-di-ler.

Işligiň hökmanlyk şekili gymyldy-hereketiň hökmany edilmelidigini aňladýar. Ol şol häsiýeti bilen şeýle grammatik aýratynlyklarda bolýar.

1. Ol ýönekeý sözlemiň habary hyzmatynda bolýar: Meselem: Şu gün ýygnaga gatnaşmaly. (E.s. 10.97ý)

2. Ol aýyrgyç hyzmatynda hem gelýär. Meselem: Aýlanyp çykmaly ýollar onda bar (Mätäji)

3. Ol substantiwleşende atlaryň üýtgediji goşulmalary kabul edýär. Meselem: Seniň okamalyň köpmi?

4. Işligiň hökmanlyk goşulmalarynyň yzyndan modallyk öwüşginli habarlyk goşulmalary (-myş/-miş, -dyr/-dir) goşulyp bilýär. Habarlyk goşulmasyny kabul edenden soň hökmanlyk şekili hem işlik ýöňkemesiniň goşulmalary bilen üýtgeýär. Meselem: Men ony hökman tapmalymyşym.

IŞLIGIŇ NÄMÄLIM ŞEKILI

Işligiň nämälim şekiliniň barlyk galypy üçin -mak/-mek goşulmasy, ýokluk galypy üçin -mazlyk/- mezlik goşulmasy ulanylýar. Olar işliklere goşulyp, gymyldy-hereketiň geçişini, wagtyny we şahsyny görkezmezden, adyny aňladýar. Türkmen dilinde işligiň nämälim şekili sada we çylşyrymly düýp işlikleriň hemmesinden ýasalýar. Meselem: okamak, ýazmak, gelmek, döwmek, taýýarlamak, gulaak asmak, zyňyşdyrybermek, iýmek-içmek we ş.m. Muňa işligiň infinitiw şekili ýa-da başlangyç şekili hem diýilýär. Işligiň bu şekili şahs görkezmeýär. Emma muňa garamazdan, olar atlar ýaly ýöňkeme goşulmalaryny kabul edip bilýärler. Şonuň üçin-de olar düşümlerde üýtgeýärler. Bu bolsa işligiň nämälim şekilinde gymyldy-hereketiň haýsy şahsyň ýerine ýetirmeginde ýüze çykyşyny görkezmän, gymyldynyň haýsy şahsa degişlidigini aňladýar. Munuň özi olaryň atlaşmak häsiýeti bilen baglydyr.

Nämälim şekiliniň barlyk galypyny aňladýan -mak/-mek goşulmasynyň başga bir şekil ýasaýjydan ýa-da sözden gelip çykandygy barada garaýyş ýok. Ol başlangyç hem aýratyn bir şekilýasaýjy bolup, türkologiýada böleklere bölünmeýär

(Соколов С. А. О некоторых отглагольных именах в турецком языке. М. 1952, с. 106-107 (канд. дисс.)).

Işligiň nämälim şekiliniň ýokluk galypy düýp işligiň soňuna – mazlyk/-mezlik goşulyp ýasalýar. Bu şekiliň emele gelşini –maz/–lyk,-mez/–lik görnüşinde düşündirýärler. Bu şekiliň – maz/-mez bölegini nämälim geljek zaman şekiliniň ýokluk galypynyň III şahsynyň goşulmasy, –lyk/-lik bölegini söz ýasaýjy goşulma hasaplaýarlar. Beýleki türki dillerde, meselem, türk we azerbaýjan dillerinde işligiň nämälim şekiliniň ýokluk galypy düýp işlige –ma/-me ýokluk aňladýan ownuk bölegiň goşulmagy we ondan soň –mak/-mek goşulmasynyň getirilmegi arkaly aňladylýar. Özbek we uýgur dillerinde işligiň nämälim şekili ýokluk goşulmalaryny asla kabul hem etmeýär (Gr. t. ýaz.,1970, 332s.).

Işligiň nämälim şekili işlik kategoriýasy bolmak bilen, atlaryň birnäçe häsiýetlerine eýedirler:

- atlaryň degişlilik goşulmalaryny kabul edýärler;
- düşümlerde üýtgeýärler;
- sözlemde islendik sözlem agzasy bolup bilerler.

Işligiň nämälim şekilindäki birnäçe işlikleriň öz öňki işliklik manysyndan daşlaşyp, morfologik özgermä sezewar bolman, at kategoriýasyna geçmegini agzalan aýratynlyklar bilen düşündirip bolar. Häzirki wagtda – mak/-mek goşulmasy bilen ýasalan käbir sözler at hyzmatynda tanalýarlar. Meselem: oý-mak, guý-mak, bar-mak, çak-mak, syrtmak, ýaş-mak, bula-mak we ş.m.

Işligiň nämälim şekiliniň degişlilik goşulmalaryny kabul edip üýtgemegi onuň ulanylyş çägini giňeldýär. Ýöne degişlilik goşulmalary bilen üýtgände-de işligiň nämälim şekili hereket prosesini görkezmän, agzalan hereketiň anyk bir şahsa degişliligini aňladýar. Bu goşulmalaryň atlara degişli häsiýetleri güýçli. Şonuň üçin hem olar hereketiň adyny

aňladýarlar, atlar ýaly düşümde üýtgeýärler, sözlemiň her dürli agzasy bolup bilýärler.

Türkmen dilinde basymy kabul edýän –ma/-me goşulmasy işligiň nämälim şekiliniň –mak/-mek goşulmasyndaky soňky –k sesiniň düşüp galmagy bilen emele gelipdir. Ol anyk hereket adyny aňladyp, -mak/-mek goşulmasyna garanda has nominatiw (at beriji) hasaplanýar. Onuň bilen ýasalan köp sözler adaty atlara öwrülipdirler. Meselem: gurama, gurnama, düzme, süzme, ýarma, çekme we ş.m. Türkmen dilinde –mak/-mek goşulmasy hem onuň gysgalan şekili hasaplanýan –ma/-me goşulmasy iş atlarynyň hatarynda-da öwrenilýär.

GÖNÜKME: Doly morfologik derňew ediň.

Magtymguly ýelmek işligini dürli dereje ýasaýjy we şekil ýasaýjy goşulmalary kabul eden görnüşinde ulanýar. Meselem:
Yagşylardan bir nesihat alawer,
Gitdi kerwen, ýeke galdyň, ýelewer (Magtymguly, Saýlanan eserler, II tom, Aşgabat, 1983, 50 s.). Kimi hakdan gorkup, reňňi saralyp, Kimi dünýä kowar ýüwürip, ýelip (Şol ýerde, 44s.). Ýigrimi ýaşa geldiň, Ýigit bolup sen ýeldiň (Şol ýerde, 73 s.). Magtymguly, sözlemeý goýmaz durmaga derdiň, Ýalançyda ýaýlaýyp, altmyş ýana el gerdiň, Panyny baky bildiň, ýeldiň-ösdün ýüwürdiň, Dostuňa yza berdiň, duşmana ýüz öwürdiň (Şol ýerde, 50s.). Gäh dünýä talap eýläp, hem ýortar men, ýeler men, Gäh ýyglap öz halyma, gäh şoh olup, güler men (Şol ýerde, 57 s.). Eşek münüp, Isa dek ýeldirdigim bilmezmiň? (Şol ýerde, 47 s.). Mysallardan görşumiz ýaly, “ylgamak, ýortmak, ýüwürmek” işlikleriniň manydaşy bolan ýelmek işligini Magtymguly has işjeň ulanypdyr.

IŞ ATLARY

Iş atlary iş prosesiniň adyny, düýp işlikden aňlanylýan hereketi amala aşyrmaga çalyşmak islegini aňladýarlar. Iş atlary

-yş/-iş, -ýyş/-ýiş, -asy/-esi, -mak/-mek, –ma/-me ýaly goşulmalar arkaly düýp işliklerden ýasalan şekillerdir. Olar barada türkmen dilinde düýpli ylmy derňew geçirildi (A. Borjakow. Häzirki zaman türkmen dilinde iş atlary. Aşgabat, 1978).

Iş atlaryna işlikden ýasalan atlar degişlidir. Ýörite hersiniň ulanylyşy, önümliligi gyradeň däldir. Olaryň grammatik aýratynlyklary-da bir meňzeş däldir. Iş atlarynyň biri edil atlar ýaly söz üýtgediji goşulmany kabul edýär, käbiri doly kabul etmän, kem-käs kabul edýär. Iş atlaryny öwrenmäge iki hili garaýyş bar:

1. Iş adyny ýasaýjylar söz ýasaýjylar hatarynda derňelip, olaryň ýasan sözleriniň işliklerden arasyny üzenligi ýa-da işliklik alamatyny saklaýandygy barada hiç zat aýdylman, umuman, işlikden ýasalan isimleriň hataryna goşulýarlar.
2. Ikinji garaýşa görä, iş atlary ýörite derňelip, işlikden ýasalan isimlerden tapawutlandyrylýar we işlik şekilleriniň hatarynda derňelýär.

Iş atlary düýp işliklerden ýasalyp, özünde işlik alamatyny saklaýan we edil atlar ýaly, düşüm, ýönkeme goşulmalaryny kabul edýän funksional- grammatik şekildir. Olar iş-hereketiň, gymyldynyň adyny aňladýarlar. Şonuň üçin olara iş atlary diýilýär. Iş atlarynyň many taýdan işliklere, grammatik taýdan atlara mahsus aýratynlyklary bar. Meselem: ýaşaýyş, bakyş, gepleýiş, geliş.

Iş adyny ýasaýjylar işlikden işlik ýasaýjy formalara – işlik derejelerine, işligiň barlyk hem ýokluk galyplaryna, dürli işlik görnüşlerine, goşma işliklere, täsirini geçirýän hem geçirmeýän işliklere goşulyşy taýdan uniwersaldyr.

Iş atlarynyň –yş/-iş/-uş/-üş/-ş(-ýyş/-ýiş) goşulmalary hereket prosesiniň adyny aňladýarlar hem-de has giň ýaýrawa we ulanylyşa eýedigi bilen tapawutlanýarlar. Olar wagt aňladyp

bilmeýärler we öten, häzirki we geljek zamanlarda-da birmeňzeş ulanylýarlar. Bu şekil bilen aňladylan hereketiň wagty aňlatmanyň habaryndan ýa-da mazmunyndan belli bolýar. Iş atlarynyň –yş/-iş/-uş/-üş/-ş(-ýyş/-ýiş) şekiliniň barlyk galypy islendik düýp işlikden ýasalýar. Meselem: oka-ýyş, ýylgyr-yş, ek-iş, uç-uş, görn-üş, syz-yş, barla-ýyş, ere-ýiş. Onuň ýokluk galypy –ma/-me ownuk böleginiň –yş/-iş/-uş/-üş/-ş(-ýyş/-ýiş) goşulmasyndan öň getirilmegi bilen hasyl bolýar. Bu şekil atlaryň degişlilik goşulmalary bilen üýtgeýär. Meselem: Guşuň hiç wagt *saýramaýşy* ony geň galdyrypdyr. Onuň henize çenli *gelmeýşine* il-gün haýran galdy.

-as/-es/-s iş adyny ýasaýjy goşulmanyň ulanylyşy we manysy beýlekilerinden tapawutlydyr. Bu goşulma mydama öz yzyndan degişlilik goşulmasynyň getirilmegi bilen ulanylýar. Şeýdip ol -asy/-esi/-si görnüşine eýe bolýar. Sözlemde bu şekilden soň, köplenç, „gelmek” kömekçi işligi getirilýär. Bu iş atlary „gelmek” kömekçi işligi bilen birlikde düýp işlikden aňlanylýan hereketi amala aşyrmaga islegi, çalyşmagy bildirýärler. Meselem: Meniň olara bar zady aýdasym gelýärdi.

-as/-es/-s iş adyny ýasaýjy goşulmanyň ýokluk galypy –ma/-me goşulmasynyň, köplenç, „gelmek” kömekçi işligine goşulmagy bilen we örän seýrek ýagdaýda iş adynyň düýp şekiline goşulmagy arkaly ýasalýar. Meselem: Onuň hiç gidesi gelmedi. Köplenç, jigimiň okamasy gelerdi. Bu goşulma taryhy taýdan çylşyrymly (gysy/-gisi) hasaplanýar. Onuň –gy/-gi iş adyny ýasaýjy goşulmadan we –sy/-si arzuw, çalyşmak aňladýan goşulmadan ybaratdygyny türkologlar belläpdir (N.A.Baskakow, Karakalpakskiý ýazyk, M., 1952, s.420-421).

Iş atlarynda işlik alamatlarynyň saklanyşy bilen birlikde atlara häsiýetli bolan grammatik aýratynlyklar hem bar. Iş atlaryna edil atlar ýaly degişlilik we düşüm goşulmalary goşulsa-da, olaryň şolar bilen üýtgeýşi deň däldir. Iş atlaryndan –mak/-mek, -ma/-me, -yş/-iş atlara häsiýetli grammatik

kategoriýalaryň hemmesiniň goşulmalaryny kabul edýän bolsa, -asy/-esi şekilindäki iş atlary diňe degişlilik goşulmasyny kabul edip, düşüm goşulmalaryny kabul etmeýärler.

Iş atlary atlara doly geçip bilmedik, ýöne olara häsiýetli semantik we grammatik alamatlary bolan özboluşly işlik şekilleridir. Meselem: sözleýiş, ýylgyryş, gözleýiş, barşy, gaýdyşy, gelşi, görnüş, oturyş, suw içesi, göresi geldi, bilesi gelmek, oňa ýetesi zat ýok, çaý içesi salym, bir ýugrasy un, göresi gelmek, okamasy gelse, işlemäsi gelmek., aglamasy, degişmäm oňa ýaramady, arakesmede, elgarama, tüýkesme, ilden çykma, gözedürtme.

Doly morfologik derňew etmeli. GÖNÜKME

Gaz akdyryş müdirliginiň taýýarlaýyş edarasynyň başlygy öz çykyşynda gurluşyk-gurnama önümleriniň hiliniň gowulandyrylyş ýagdaýy barada hasabat berdi. Sona eje täze bolan agtygyna bölejik matalardan gurama kürte tikdi. Ol ýaşlykdan öý işine ökdeläpdi, saçagy gowurma**, börtme, çekdirme, gaýnatma, pişme**, bilen bezemegiň ussadydy. Sowadyjyda **a**lma, süzme, doňdurma bar eken. Doňdurma iýesi geldi. Aňyrsyna il gonandan soň bokurdagynyň galanyny duýup galdy. Dem alşy kynlaşdy. Sanjym etdiresi gelmese-de, çagyryş bilen gelen lukman dermanyny taýýarlady. Yssy howada gyzyp gelşine seresaplylygy elden bermän, islegine basalyk bolmaly eken.

IŞLIGIŇ HYÝAL SEKILI

Işligiň bu şekili hereketi ýerine ýetirýäniň (subýektiň) hyýalyny, islegini aňladýar we düýp işligiň yzyna – makçy/-mekçi (-mak+-çy/-mek+-çi) goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalýar. Onuň ýoklugy bolsa “däl” sözi arkaly aňladylýar. Bu işlik şekili hem işlik ýöňkemesi bilen

üýtgemeýär we şahs görkezmeýär. Meselem: gelmekçi, almakçy. Bu işlikler arkaly şahs aňladyljak bolunsa, onda onuň öňünden degişli atlar, atlaşan sözler ýa-da at çalyşmalary getirilýär. Men işle-mekçi, sen işle-mekçi, ol işlemekçi, Biz almakçy, Siz almakçy, Olar almakçy

Işligiň bu şekili hyýal, meýil, niýet ýa-da isleg aňladýan grammatik manyda bolýar. Olar ýönekeý sözlemiň habary (ol gürleşmekçi) ýa-da aýyrgyç hyzmatynda (getirmekçi bolanyň), bolmak kömekçi işligi bilen (gaçmakçy boldy) ulanylýar. –makçy/-mekçi goşulmasyndan soň habarlyk kategoriýasynyň goşulmalary goşulyp, dürli many öwüşginlerine eýe bolýar, habar hyzmatynda ulanylýar. Ol garagalpak, gazak, özbek, üýgur, gyrgyz dillerinde şahs aňladyjy goşulmalar bilen ulanylýar.

Edebiýatlar

Häzirki zaman türkmen dili Aşgabat, 1960. 394-398 s.
Baýlyýew H. Saýlanan işler, Aşgabat, 1981
Hojaýew B. Häzirki zaman türkmen dilinde işlik formalary, Aşgabat,1978,

ORTAK IŞLIK ŞEKILLERI WE OLARDA ATLAŞMA

Ortak işlikler alymlaryň ünsüni çekip gelen işlik şekilleriniň biridir. Onuň hyzmatyny kesgitlemek üçin türki dilleri öwrenýän alymlaryň birnäçesi bu babatda öz çaklamalaryny, barlaglaryny ýerine ýetiripdirler. Çünki: “Ortak işlikler türki dilleriň (şol sanda hem türkmen diliniň) grammatik gurluşynda uly orun tutýar: munuň türki dillerde ýörite forma ýasaýjy goşulmalary bolup, olar düýp işliklere goşulyp ulanylýarlar, dürli-dürli grammatik manylary aňlatmaga gatnaşýarlar we dürli sintaktik hyzmatlarda gelýärler”(B. Hojaýew, Häzirki zaman türkmen dilinde ortak işlik formalary, A. 1975, 5s.)

Diýmek, ortak işlikleriň sözlemdäki hyzmaty, gurluşy we manysy özboluşly häsiýetlere eýedir. Hut şonuň üçin hem türkmen dilindäki ortak işlikler hakynda aýry-aýry makalalar, monografik işler (Guzuçyýew T., Türkmen diliniň XVIII-XIX a. edebi ýazuw ýadygärliklerinde ortak işlikler, 1970, Hojaýew B., Häzirki zaman türkmen dilinde ortak işlik formalary, Aşgabat, 1975) edildi.

Ortak işlikler isimler bilen işlikleriň grammatik aýratynlyklaryny özünde jemläp işlik şekilidir. Şonuň üçin hem olara ortak işlikler diýip at beripdirler. Ortak işlikleriň atlyk, sypatlyk we işliklik häsiýetleri bardyr. Şonuň üçin-de ortak işlikler käbir ýagdaýda sypatlaryň, käbir halatlarda bolsa atlaryň we işlikleriň soraglaryna jogap bolýarlar. Muny kesgitlemek bolsa ortak işligiň kontekstdäki hyzmaty bilen baglydyr.

Ortak işlikleriň sypatlara ýakynlygy onuň sözlemde sypatlar ýaly, aýyrgyç bolup, sypatlaryň soragyna jogap bolmagydyr. Meselem: nähili talyp? – okajak talyp, nähili gyz? – okaýan gyz, nähili suw? – akar suw. Görnüşi ýaly, ortak işlikler bu mysallarda atlaryň öňünde gelip, ol atlaryň hereket aýratynlygyny bildirdiler. Emma sypatlar bolsa özleriniň sypatlandyrýan atlarynyň reňk, tagam, hil we ş.m. aýratynlyklaryny bildirýärler. Munuň özi ortak işlikleriň isimlere ýakyndygyny aňladýar, ýöne onuň zaman hem ýokluk aňlatmagy bolsa isimlerden tapawudyny aýdyň görkezýär.

Isimleşen ortak işlikler sypatlaryň soragyna jogap bolan halatynda sypatlar ýaly üýtgediji goşulmalar bilen üýtgemeýärler. Üýtgediji goşulmalar olaryň aýyklaýan sözüne goşulýar. Meselem: nähili? bişen tagamly nahar, naharyň, nahara, nahary, naharda, nahardan, nähili? bişen nahar/-yň/-a/-y/-da,-dan we ş.m.

Munuň özi ortak işliklere edil sypatlar ýaly diýip düşünmegi aňlatmaýar. Ýöne ol ortak işlikleriň sypatlaryň

käbir aýratynlyklaryna meňzeşligini görkezýär. Ortak işlikler sypatlara ýakynlygy aňladýan bolsalar-da, olarda şu hili işlik alamatlary bardyr:

1. Hereket we zaman aňlatmak. Meselem: ýazylan, ýazyljak, ýazylýan eser
2. Işlikler ýaly ýokluk aňlatmak okamaýan talyp, gelmejek oglan…
3. Işlik derejelerinden soň gelip bilmek: okaş-an, okad-an, okatdyr-an oglan

Habar bermek häsiýeti hem bar. Ol kitaby alanmyş

Doldurgyçlaryň ortak işligi aýyklap gelmek häsiýeti hem bar. Meselem: Işe gaýdan adam, Işden giden işçi, Işden çykan gullukçy we ş.m.

Şeýlelikde, ortak işlikler işliklerden tapawutlylykda sözlemiň dürli agzalary bolup bilýärler. Giden getirer – giden - eýe. Ortak işlikler atlary aýyklaýarlar – görer göz – nähili göz. Munuň özi bolsa ortak işliklere aýratyn söz topary hökmünde garalmagyna ýardam edýär. Mundan başga-da ortak işlikleriň atlaşmak häsiýeti hem bar. Olar özüniň aýyklan sözüniň galdyrylmagy bilen atlaşýarlar. Meselem: uly adamlar - ulular/a, gelen adamlar – gelenler, okaýan kitabym – okaýanym, okajak kitabyň okajagyň we ş.m.

Munuň özi bolsa munuň atlar ýaly hyzmaty ýerine ýetirmäge girişýändigini aňladýar. Şeýlelikde, olar atlaryň soragyna jogap bolýarlar. Atlaşma hem ortak işliklerde iki hili bolýar.

Birinjisi – substantiwleşen, (gorkan, giden, işlemedik) ýagny işliklerden arasyny doly üzmedik sözler;

Ikinjisi – doly substantiwleşenler, ýagny atlaryň hataryna geçip giden sözler (tozan, çykan, aýran, gapan, towşan, syçan)

Ortak işlikleriň atlaşmak häsiýeti nakyllarda, atalar sözlerinde köp duş gelýär. Olar bir bitewi söze öwrülip giden

sözlerdir. Şonuň üçin olaryň düzümini üýtgetmek bolmaýar. Meselem: Giden getirer, oturan nyrh sorar.
Bu sözlemdäki “giden, oturan” sözleri kim? diýen soraga jogap bolup geldi. Munuň özi bolsa ortak işlikleriň atlaşmagydyr. Atlaşan ortak işliklere mysallar. Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan (N.a. 1961, 69 s.) Ýedi derýanyň suwuny içen (64 s.) Bal tutan barmagyny ýalar (18 s.)
Häzirki zaman türkmen dilinde ortak işlikleriň atlaşmak häsiýeti öten, nämälim geljek zamanlarynda has-da güýçlüdir.

Görnüşi ýaly, ortak işlikler sözlemde sypatlyk hyzmatynda gelende aýyrgyçlyk hyzmatyny ýerine ýetirse, atlaşanda üýtgediji goşulmalary kabul edip, sözlemde eýe, aýyrgyç, doldurgyç, habar hem bolup bilýär.

Diýmek, baglanýan adynyň belli bir zamanda bolan gymyldy-hereket taýdan aýratynlygyny bildirmäge hyzmat edýän işlik şekiline ortak işlik diýilýär. Olar üç hili zamanda ulanylýar.
Öten zaman ortak işligi;
Geljek zaman ortak işligi;
Häzirki zaman ortak işligi.
Gönükme. Doly morfologik derňew ediň.

Azyrganan aç galar. Atyň horany, taňrynyň bereni. Alagan elim – beregen. Azdyrmasyn, azana duçar etmesin.Aýdyp etdirip bolmasa, urup etdirip bolmaz. Abraý bir gyrkylan erkeç. Aw tutanyňky bolar. Güjükligine dalanan. Ber, beýik bol. Ber, berekediň artsyn . Ber, bermeseň berk bol. Bergisini ỳaşyran bilner, ogrusyny ỳaşyran uỳalar. Berenden al, urandan gaç. Bezirgeniň gideni görűnmez, geleni görner. Berjek bolsa guluna, getirip goỳar ỳoluna. Berim bekli gapyny açar. Görmäỳinem, köỳmäýinem Berkeli döwlet giç geler. Bermezek taňrydan – irmezek awçy.Berseler iỳersiň ỳagly kömeji. Berseň - iỳjek, ursaň – öljek. Temeni haltada gizläp bolmaz. Bilen bilenin işlär, bilmedik barmagyn dişlär. Bilene ỳagty, bilmedige

garaňky. Bilmäsiň, bileniň gepine gitmäsiň. Bilmez tebip jan alar. Oslanmadyk obadan eşidilmedik gep çykar. Agaç aỳran bir paỳ, hähini beren iki paỳ. Bergini beren ýeňer, ýoly ýörän. Berende almadyk diläp alar. Ýykyljak araba 40 gün öňünden jygyldar. Goç boljak guzynyň seňrigi tűňňi bolarmyş.

Ỳer sűrmek – gidip-gelmek, orak ormak oỳnamak, döwek döwmek – at műnmek, haỳ-haỳ,bulanyp elekde un elemek. Il dälirese dälire, il gudurasa gudura. Ỳel gelse yranmadygym, sil gelse bulanmadygym.

ORTAK IŞLIGIŇ ÖTEN ZAMAN ŞEKILLERI

Ortak işligiň öten zaman şekilleriniň barlygy we ýoklugy bolýar. Olar goşulan sözünden edilen ýa-da edilmedik gymyldy-hereketiň tapawutly aýratynlygyny aňladýar.

Ortak işligiň öten zaman şekiliniň barlyk galypy **-an/-en,- dyk/-dik/-duk/-dük,- myş/- miş/-muş/-müş** goşulmalarynyň düýp işliklere goşulmagy bilen hasyl bolýarlar.

Ýoklugy bolsa **-madyk/-medik/- man/- män/ -magan/-megen/-maýan,-meýen** ýazuw ýadygärliklerinde ulanylýar.

- an/-en şekili häzirki zaman türkmen edebi dilinde işjeň we köp ulanylýan şekildir. Ol –gan/-gen/-kan/-ken goşulmasyndan ýüze çykan diýlip bellenilýär. Muňa mysal hökmünde: Sözlegen sözleri misli bal kibi… (Magtymguly) Aldylar gitdiler durgan ýerimden (Magtymguly, 1977, 22 s).

Şeýlelikde, ýazuw ýadygärliklerinde bu şekil ýaly ortak işligiň -an/-en şekili hem ulanylypdyr. Gurt gören itiň agzy bir bolar. Maslahatly biçilen don gysga bolmaz (N.1961, 33,37 s.).

Ortak işligiň -an/-en şekili çekimli sese gutaran düýp işliklere goşulanda, çekimli sesler birleşip uzynlyk emele gelýär. Şol halatda “a” sesi uzyn aýdylsa, “e” sesi “ä” sesine öwrülýär. Meselem: oka:an, doka:an, Gözle-än, sözle-ä:n

Bu ýagdaý ýazuw ýadygärliklerimizde iki çekimliniň arasynda “i” çekimsiziniň getirilmegi bilen aňladylandyr. Meselem: Pähm eýleýen Magtymguly sözüni, Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz (M., S.e.)

Ortak işligiň bu şekiliniň dürli zamanlary aňlatmak ukyby hem bar.

1. Sözleme bagly bolmazdan öten zaman aňlatmak: Giden getirer, oturan nyrh sorar.

2. Sözlemiň habarynyň zamany bilen baglylykda geljek zamany aňladyşy. Meselem: Artyk täze alan alaşasyny kişňedip geler (B.K.S.e.1955,133 s.). Ol täze tikinen köýnegini geýinjek.

3. Häzirki zaman manysynda: Bag üstünden uçan guşlar…

4. Nakyllarda gelen ortak işlikleriň bu şekili zamany umumy görnüşde aňladyp, gymyldy-hereketiň dowamly, umuman bolup durýandygyny görkezýär. Meselem: Ýatan öküze iým ýok. Atylan ok daşdan gaýtmaz

Ortak işlikleriň bu şekiliniň atlaşmak häsiýeti güýçlüdir. Olar atlaşan halatynda degişlilik we düşüm, san goşulmalaryny kabul edýärler.

Ortak işligiň -an/- en şekili ýok sözi bilen gelen halatynda fonetik taýdan üýtgeşmek ýüze çykýar. Meselem: oka-n+ym ýok – okamok, oka-n+yň ýok – okaňok, oka-n+y ýok – okanok.

Ortak işligiň öten zaman şekiliniň -dyk/- dik/ -duk/- dük goşulmasy gaty gadymydyr. Bu türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde köp duşýar. Olar -tyk/- tik görnüşlerinde ulanylypdyr. Meselem: galam alyp namany gönderdigim bilmezmiň? (M). Bu şekil ýazuw ýadygärliklerinde aýyklaýan sözüň özüne goşulyp ulanylýar. Meselem: Gurdugym aslynda bilgil, bu zemininiň myhydyr (M. S.e 254s.). Gördügim düýş haýsydyr (Mol. 1963, 141 s.).

Bu şekil degişlilik aňlatman hem aýyrgyç bolup bilýär. Meselem: Towşana dogduk depe (N). Bu şekil taryhy taýdan

“durgan” sözünden gelip çykypdyr diýen çaklama bar. Şunlukda, ol durgan> dygan>dyg>dyk görnüşde ýüze çykypdyr. Bu goşulma öten zaman ortak işlik bolup, ondan öten zamanyň –dy/ -di goşulmasy hasyl bolupdyr diýen (Baskakow N.A.) çaklama hem bar.

Bu şekil degişlilik, düşüm goşulmalaryny kabul edýär. Netijede atlaşmak bilen ortak işligiň öten zamanyny aňladýar.

Meselem: Dury diýip içdigim gumly çykypdyr (Magtymguly, 1957, 124s.).

-myş/-miş/-muş/-müş şekili hem öten zaman ortak işligine degişlidir. Olar ýazuw ýadygärliklerinde, halk döredijiliginde ulanylypdyr. Meselem: Agaç iýmişinden belli, adam kylmyşyndan, Peder bize miras goýmuş bu derdi (Magtymguly, S.e., 1977, 223 s.). Emma bu goşulmalar häzirki wagtda grammatik taýdan ortak işligi ýasaýjy görnüşinde ulanylmaýar. Diýmek, işlige goşulyp öten zaman ortak işligini hasyl edip bilmeýär. Olar substantiwleşen görnüşde käbir sözlerde: durmuş, okumyş, geçmiş, ütülmiş we ş.m. ulanylýarlar. Olar esasan käýinme, gargyş, arzuw aňladyp hem-de ýüz tutma söz hökmünde ulanylýarlar. Meselem: Al kakmyş! Köki ýaýramyş! we ş.m.

- madyk/-medik,- man/-män// magan/-megen/- maýan,-mesy ýokluk şekili.

Bu ýokluk şekillerinden – madyk/-medik -dyk/-dik şekiliniň, man/-män hem –an/- en ortak işlik şekiliniň öten zamanyna degişlidir.

-madyk/-medik goşulmasy XVIII-XIX asyr ýazuw ýadygärliklerinde magan/-megen, -maýan,-mesi we man/-män şekili bilen deň ulanylypdyr. Olar öten zamanyň ýokluk şekilini aňladypdyrlar. Meselem: Dogmadyk oguldan dogan daş ýagşy, Nadan ogul atasyna seretmez (M., 1957, 120s.). Öz gadyryny bilmedik iliň gadyryny näbilsin (N.1949, 63s.). Şir zarbyn görmeýen gurduň, Her murty bir şire döner. Hiç

köňül şatlygy çykmaz, Bir köňül ýykmaýan ärden (M., 166,204s.). Görnüşi ýaly, -madyk/-medik iki goşulmanyň birikmeginden emele gelipdir. Ol aýyrgyç bolup köp ulanylýar. -ma:n/-mä:n bolsa magan/-megen-> -maýan/-meýen> - maan/-mään> man/-män görnüşde emele gelipdir. –man/-män işliklere ýakyndyr. Şonuň üçin hem al-madyk, görül-medik şekiliniň ýerine ulanylmaýar. Meselem: görülmedik ýer, sürülmedik atyz ýaly ulanylýar, emma görülmän ýer, sürülmän ýer ulanylmaýar. Emma käwagtlarda olaryň çalşyrylyp ulanylýan halatlary hem bolup biler. Onda olar at hyzmatynda gelýärler. Meselem: gelmäniňi eşitdim, gelmändigiňi eşitdim we ş.m. –man/-män özünden soň degişlilik goşulmalaryny kabul edenden "soň" sözüniň getirilmegi bilen hereketi ýerine ýetirmek ýa-da ýetirmezlik üçin zerur bolan sebäbi görkezýär. Meselem: oka+man+ym+dan soň> okamanym soň> okamamsoň we ş.m. Şunlukda, man/- män degişli goşulmalary kabul edýärler we atlaşýarlar. Meselem: bilmänim, almanym, bilmäniň, almanyň, bilmäni, almany we ş.m.

Gönükme:

Bilmez tebip jan alar. Doýurmadyk palawdan doýran ýarma ýagşydyr. Sylara güýjüň bolmasa sylamaga diliň bolsun. Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz. Dostuňa bereniňi sorama, goňşyňa bereniňi agzama. Aş atana aş at, daş atana daş at. Duşmanyň güldügi – syryňy bildigi. Bal tutan barmagyny ýalar. Puly gazanmak asan, saklamak müşgil. Sözüni bilip sözläniň ýüzüniň nury tükenmez, ýerini bilip harçlanyň golunyň harjy tükenmez. Towşanyň gaçyşyny görenimde, etden tamamy üzdüm. Tozany gapan eýesi gelende görersiň. Toý diýilse, gury kelle-de togalanypdyr. Agaç iỳmişinden belli, adam kylmyşyndan.

ORTAK IŞLIGIŇ HÄZIRKI WE GELJEK ZAMAN ŞEKILLERI

Ortak işligiň häzirki zaman şekili gymyldy-hereketiň häzirki zamana degişlidigini bildirip, baglanýan atlaryň hereket aýratynlygyny aňladýar.

Ortak işligiň häzirki zaman şekili düýp işligiň soňuna -ýan/-ýän goşulmasynyň goşulmagy bilen hasyl bolýar. Meselem: okal+ýan kitap, çapyl+ýan at

Ortak işligiň ýokluk galypy –ma/-me goşulmalarynyň düýp işlige goşulmagy hem ondan soň barlyk galypynyň getirilmegi arkaly emele gelýär. Meselem: Egsilmeýän genji-käni gerekdir. (M., 1968, 60 s). Akmaýan aryk

Ortak işliginiň häzirki zaman şekiliniň manysyny aňlatmak sintaktik ýol bilen bolup biler. Häzirki zamanyň "duran, oturan, ýören, ýatan" sözleri arkaly hem aňladylyşy bar. Meselem: okap oturan talyp. Bu hereket gurluşy boýunça hal işlik bilen öten zaman ortak işligiň baglanyşykly ulanylmagyndan hasyl bolup, manysy boýunça gymyldy-hereketiň häzirki zamanda ýüze çykarylýandygyny aňladýar.

Häzirki zaman ortak işligi (ýan,-ýän) türkmen hem beýleki türki dillerde ulanylmandyr. Ol öten hem geljek zaman şekilleriniň (-an,-en, - ar,- er), "ýatmak, durmak, oturmak, ýöremek" sözleriniň üsti bilen aňladylypdyr. Şonuň üçin-de "Ortak işligiň häzirki zamanyny hasyl edýän –ýan/- ýän goşulmasy soňrak ýüze çykyp, heniz özüniň esasy wezipesinden daşlaşmandyr. Ilki wagtlarda onuň roluny öten, kä ýagdaýlarda hem geljek zaman ýerine ýetiripdirler" (Häzirki zaman türkmen dili, Aşgabat, 1960, 426 s.). Eý, balajan, bu çölde ne yzlap, ne işläp ýörür siz! (Andalyp, Aşgabat, 1991, 49 s).

Häzirki zaman ortak işligiň –ýan/- ýän şekili "ýörmek, ýatmak" işliginden ýüze çykypdyr diýen çaklama bar. Ýöne

türkmen şiwelerinde, ýazuw ýadygärliklerinde onuň -adyran/-ediren, -adaran/-eduran, -dyro:n/-tyro:n, -adygan/-edugan, -ýaren/-ýären, -ýatan/-ýeten, -ýa:n/-ýe:n şekilleriniň bardygyny-da bellemek gerek.

Ortak işligiň bu şekili atlaşmak häsiýetine eýedir. Şol jähetden hem onuň dürli manylarda gelip bilýändigini bellemek gerek:

Onuň grammatik manylary

Aýyrgyç hyzmatynda gelip, aýyklaýan sözüniň gymyldy-hereketini, ýagdaýyny aňladýar. Meselem: akar suwuň golaýyna bardy

2. Atlaşanda işlik hem zaman aňlatmak bilen, aýyklap gelmeli sözüniň ýerine ulanylýar. Meselem: Ýagşy ýigit ýaşaýany bilen, ýagşy at ýal – guýruk bilen (Nakyllar, 1968ý s). Sözleýäniň keýpi gaçdy.

ORTAK IŞLIGIŇ GELJEK ZAMAN ŞEKILLERI

Sözlemde aýyrgyç bolmak bilen, düýp işligiň manysyna görä, özüniň aýyklaýan sözünden aňlanylýan predmetiň, düşünjäniň gymyldy – hereket, ýagdaý taýdan geljekde boljak ýa-da bolmajak aýratynlygyny, häsiýetini aňladýar. Bu ýagdaýda ortak işlik hiç hili goşulma kabul etmeýär. Meselem: ýagyrnysyna ýelmeşen ýüki düşürjek wagty düşürip bilmändir (B.K. S.e. Aşgabat, 1992, 267 s). Ýykyljak araba kyrk gün öňünden jygyldar (n.).

Ortak işligiň geljek zamanynyň barlygy -jak/-jek, -ar/-er goşulmalary bilen, ýoklugy bolsa -majak/-mejek, -maz/ -mez goşulmalary arkaly hasyl bolýarlar.

-jak/-jek mälim geljek zaman ortak işligini hasyl edýär. Meselem: ýykyljak araba. Ediljek iş.

-ar/-er nämälim geljek zaman ortak işligini ýüze çykarýar. Meselem: akar suw, güler ýüz . Olaryň ýoklugynyň

aňladylyşynda -ma,-me düýp işlige goşulyp, yzyndan –jak/-jek şekilini kabul edýär we ýokluk aňladýar. Meselem: oka-ma-jak talyp, Bil-me-jek çaga…

-maz/-mez düýp işligiň yzyna goşulyp, nämälim geljek zaman aňladýar. Meselem: Sarsmaz bina, Egsilmez güýç…ş.m.

Nämälim geljek zamanyň –ar/-er şekili çekimli sese gutaran söze goşulanda, onda e sesi ä sesine öwrülýär, a sesi bolsa has uzyn aýdylýar. Meselem: sözle-sözlär tili, Gora-gorar galany

Ortak işligiň bu şekili hem atlaşyp bilýär.Olar atlaşýan halatynda ýöňkeme, düşüm, san goşulmasyny kabul edýärler. Meselem: Olar geljege syýahata gitmegiň arzuwynda. Ol keserini ele aldy.

Işligiň bu şekili degişlilik goşulmalaryny kabul edeninden soňra "bar, ýok, däl " sözleriniň getirilmegi bilen, tassyklamagy ýa-da inkär etmegi bildirýärler.Mundan başga-da olar (goşulmalar) özlerinden soň –ça/-çe,-lyk/-lik,-dyk/-dik we modallyk aňladýan -dyr,-dir,-myş,-miş,-dy,-di, eken, ahyry ýaly sözler bilen hem ulanylýar.

Geljek zaman ortak işliginiň goşulmasynyň taryhy barada dürli pikirler bar. Ony -jak/-jek, "çag" sözünden ýa-da –ajak/-ejek şekilinde emele gelen diýip hasaplaýarlar.

Nämälim geljek zamanynyň gelip çykyşyny bolsa -gar /-ger, -gyr/-gir, -ar,/-er/-r, -yr,-ir şekilleri bilen baglanyşdyrýarlar.

Ortak işligiň bu şekilleri köplenç aýyrgyç bolup ulanylýarlar we atlaşan halatynda sözlemiň dürli agzalary bolup bilýärler.

Gönükme: Ortak işlikleriň ulanylyşyny, zamanyny, aňladýan manysyny, hyzmatyny kesgitlemeli.

Bizem başardygymyzdan yhlas edýäs.Ýanmadykdan tüsse çykmaz. Bu Zelili bildigini diýr öter. Mergen aga köpi gören adam eken. Olaryň aňkaryşyp durandyklaryndan ahunyň habary

hem ýok. Onuň azaşyp barmandygy belli zat. Kyrk ýyl gyran gelse-de, ajaly ýeten öler. Bu ýerde bir gezek göze düşdüginň bes. Onsoň sypjak gümanyň ýok. Köneler diýmişleýin: “Ýeke bolup ýol tapandan, köp bolup azaşan ýagşy”. Okumyş adam gedaý gezmez. Aýdylýanlar dogry bolýan bolsa, ol esgerlere zat öwredýän bolmalydyr. Ýasawul ozal hem aýtjak habaryny aýdyp bilmän, ýaýdanyp durdy. Agaçlara bir düýp urduryp bilsek, hiç wagt suw islemejek ýerlerimiz hem bar. Seniň aýtjak bolýan zadyňa düşünemok. Işiňi çig etmejek bolmaly. Tanamaz – sylamaz. (Nakyl) Garaşyp-garaşyp garaşmazymyz çykdy. Suwa pažžyldap düşüşine görünmez bolup gitdi.

HAL IŞLIKLER

Üýtgediji goşulmalar bilen üýtgemeýän, özbaşdak zaman aňlatmaýan, işliklere baglanyp, olardan aňladylýan gymyldynyň hal-ýagdaýyny görkezýän işliklere hal işlikler ddiýilýär.Meselem: okap, gelip, oturyp, görüp, işleý-işleý, dura-dura.

Häzirki zaman türkmen dilinde hal işlikler ýörite şekil ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen emele gelip, sözlemiň işlikden bolan belli bir agzasyna baglanyp ulanylmak bilen, ahwalat hyzmatyny ýerine ýetirýärler ýa-da eýerjeň sözlemiň habary bolýarlar. Ahwalat bolup gelmek bilen hal işlikler sintaktik taýdan hallar söz toparyna golaýlaşýar. Şonuň üçin olara hal işlikler diýilýär.

1. Hal işlikleriň ýeke özi grammatik zaman aňladyp bilmeýär.

2. Işlik ýöňkemesiniň goşulmasyny kabul edip bilmeýär.

3. Hal işlikleriň leksik manysyndan gymyldy-hereket, proses aňlanylýar.

4. Özüne baglanýan adyň belli bir düşümde gelmegini talap edýär.

5. Täsirini geçirmek hem geçirmezlik häsiýetlerini saklap galýar.

6. Asyl ýasaýjy we dereje goşulmalaryny kabul eden işliklere goşulyp bilýär.

7. Barlyk we ýokluk galyplarynda aňladylýar.

Gurluşyna, ulanyş aýratynlygyna we manysyna garap, türkmen dilindäki hal işlik şekillerini

1. Hal işligiň asyl şekilleri

Hal işligiň ýasama şekilleri diýen iki topara bölmek bolar. Hal işligiň asyl şekilleri gurluşy taýdan bir ýa-da iki sesden düzülen bolsa, ýasama şekilleri üç ýa-da ondan köp sesden ybaratdyr.Ýasama şekilleriň düzüminiň haýsy goşulmadan ybaratdygy, köplenç görnüp duran bolsa ýa-da düzümini anyklamak ýeňil bolsa asyl şekilleriň gurluşyny ýüze çykarmak ýörite lingiwistik derňew geçirmezden mümkin däl. Bu bolsa taryhy, taryhy-hronologik taýdan ýasama şekilleriň köpüsiniň asyl şekillere garanda, biraz soňrak ýüze çykandygyny görkezýär. Hal işligiň asyl şekilleri öz kategorial hyzmatyndan başga-da goşma, düzme işlikleriň esasy komponenti bolup ulanylýar, olar käbir sözleriň kem işlikler bilen bilelikde işlik zamanynyň birnäçe görnüşlerini emele getirmegine gatnaşýarlar. Hal işligiň ýasama şekilleri bolsa ýokarda görkezilen hyzmatlarda gelip bilmeýärler.

Hal işligiň asyl şekilleri bu kategoriýa degişli häsiýetleriň hemmesini özünde jemleýärler.

Asyl hal işlik şekilleriniň –yp/-ip/-up/-üp-p goşulmasynyň ulanylyşy: *gyzygyp, epleşdirip, oýatjak bolup, çöpläp, ürküp, ýara:p, dilä:p, oka:p, süýräp.*

-yp/-ip goşulmasynyň gelip çykyşy hakda bir pikir ýok. Ony öwrenen alymlar bu goşulmany bilen sözsoňusy bilen, ortak işligiň –an/-en goşulmasy, hal işligiň –a/-e şekili bilen baglanyşykly häsiýetlendirýär.

-a/-e bilen ýasalýan barlyk we **–man/-men** blen ýasalýan ýokluk galyplary tirkeşdirilip ulanylýar. Öňki hereket doly gutarmanka, şonuň yzysüre bir hereketiň başlanýandygyny görkezýär. Meselem: gele-gelmäne, bara-barmana.

Köne türkmen edebiýatynyň dilinde tirkeşip gelmeýän işliklerden –a/-e bilen hal işligiň ýasalyşy köp duş gelýär. Gamçysyndan ganlar dama başlady, Dünýä üçin dinden geçe başlady. Dür derýadan çyka bilmez. Bilbilem uklaýabilmen.Biri Aý, biri Gün, ýete bilmes men.

-a/ -e hal işlik goşulmasy ähli türki dillerde hal işliginiň hyzmatynda duşýar.

Hal işliginiň ýasama şekilleri.

-yban/-ibän/-uban/-übän/-ban/-bän/-pan/-pän hal işlik şekili. Bu goşulma XVIII-XIX asyrlar türkmen klassyky edebiýatynda ulanylýar. Ýüregim möwç urup *doluban* daşdym.

-agada, -ägäde, -agadan, -ägeden. Häzirki zaman edebi we gepleşik dilinde köp ulanylýar. Bu şekil çylşyrymly goşulma hasaplanýar. Meselem: Geläge-de gazet okamaga başlady. Çykaraga-da görkezdim. Ýazuw ýadygärliklerinde we ýazuw dilinde gabat gelmeýär. Diňe položitel aspektde ulanylýar.

Hal işlikleriň birnäçe şekili hallara degişli bolan dereje ýasaýjy goşulmalardan käbirini kabul edip bilýärler. Meselem: Meselem: Sen şu ojagyň başynda oturdajyk göçür-de alaý-diýdi. Baragadajyk işläber, alagadajyk gel. ylgabrak gitdi.

Hal işliginiň –aly/-eli şekili. ýoklugy –maly/ -meli goşulmasy bilen aňladylýar:

Sen gideliň telim ýyldyr öteni, Kaýda mekan tutduň, gardaş Abdylla? Tanalym bäri olara gözüm gidýärdi. Atasy dünýäden öteli bäri. Meniň gatnap ýörenim bärem on ýyl bolupdyr.

-ynça/-inçe şekili. Gelip kowynça, gözden ýitinçä, görinçäm, gelinçäň. Manysy: şu şekilde gelen işliginiň aňladýan

gymyldy-hereketi, prosesi baglanýan sözüniň aňladýan gymyldysy ýüze çykýança dowam edýär, ýagny wagt bilen bagly çäk bildirýär. Meselem: Obadan çykýança bile gitdi. Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin. Tä men gelinçäm. Mal galynça, zürýat galsyn. Betlagam äre barynçaň, dul oturgyn ölinçaň.

-dykça/-dikçe şekili: Dünýäden doýmak ýokdur. Boldukça, bolsun diýr sen. Golaýlaşdykça, ýüregi gysdy.

-mazdan/-mezden şekili. Munuň inkärlik manysy bar. Ýatmazdan öň, ugramazyndan öňinçä, başlamazymyzdan öňürti. Boldy kül bu ystyhan, jismim ki köýmesden owal... Oýlanmazdan çözüp bolmaz. *Seret, gara* sözleri şu goşulmany kabul edip, *seretmezden, garamazdan* görnüşinde kömekçi söz hyzmatyny ýerine ýetirýärler.

Gönükme:Işlik şekilleriniň ähli goşulmalary bilen üýtgetmeli.

Oýanmak, duýmak, iberilmek, anyklamak, düzetmek.

HABARLYK KATEGORIÝASY

Häzirki zaman türkmen dilinde leksik taýdan özbaşdaklygyny ýitirip, köpüsi goşulma şekiline öwrülen, dürli söz toparlaryna degişli ençeme sözler bilen birlikde ulanylýan, köplenç, sözlemiň haabaryny ýasamaga hyzmat edýän dil elementleri bar. Olar özlerinde predikatlyk häsiýetini saklaýanlygy sebäpli goşulan sözüne habarlyk ýokundysyny berýärler, ýagny goşulan sözi bilen birlikde sözlemiň habary bolup gelýär. Kem işlik diýilmeginiň sebäbi, bularyň goşulan sözleri haýsy söz toparyna degişli bolsa-da, habarlyk goşulmasyndan soň

1. işlik ýöňkemesiniň goşulmalary bilen üýtgeýärler. 2.barlyk we ýokluk galyplarynda ulanylýarlar. Olar goşulan sözüne habarlyk öwüşginini, işliklik nyşanyny berýärler. Muňa habarlyk kategoriýasy ýa-da kem işlik diýilýär. Habarlyk kategoriýasynyň kömegi bilen dürli çylşyrymly işlik şekilleri (-sady/-sedi, -aýady/-äýedi, ypdy/-ipdi, --ýardy/-ýärdi we ş.m.) hem ýasalýar. Türkmen diliniň habarlyk kategoriýasyna *–dy/-di, -dyr/-dir, –myş/-miş, -ka/-kä goşulmalary we eken sözi* degişlidir. Olaryň hyzmaty meňzeşdir, emma ulanylyş aýratynlygy, many ýokundysy boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar.

1. **Habarlyk kategoriýasynyň –dy/-di goşulmasy.** Bu goşulma many taýyndan goşulan sözünden aňlanylýan düşünjäniň öň şeýledigini görkezýär. Şonuň üçin muňa öten zaman üçin ulanylýar diýip aýtmak bolar. Ol goşulma ýöňkeme goşulmasyny hem kabul edýär. Meselem: Men okuwçydym. Sen okuwçydyň. Ol okuwçydy. Biz okuwçydyk. Siz okuwçydyňyz. Olar okuwçydylar. Munuň goşulmagy bilen sözler öten zaman işlik şekiliniň ýöňkeme goşulmalary bilen üýtgäp bilýärler. –dy/-di habarlyk goşulmasynyň goşulmagy bilen şahs aňlatmaýan işlik şekilleri şahs aňladýanlara öwrülýärler.

Bu goşulma isimlere, işliklere, käbir kömekçi we modal sözlere goşulýar.

Atlara goşulyp gelşi. Jemal orta boýly, etli-ganly gelindi. Ol lukmandy, ezber tikinçidi, mugallymdy.

Sypatlara goşulyp gelşi. Onuň saçy ýalpyldawukdy, gürdi, garady. Howa açykdy, ýakymlydy, durudy.

Sanlara goşulyp gelşi. Işe ugranynda sagat sekizdi.

Çalyşmalara goşulyp gelşi. Size gelen myhman kimdi?

Hallara goşulyp gelşi. Wagt heniz irräkdi, ikindinarady. Onuň garaýşy çynlakaýdy.

Diýmek, isimlere goşulanda habarlyk nyşanyny berip, olary sözlemiň doly habary etmäge hyzmat edýär. Ýoklugy *däl* sözüniň kömegi bilen ýasalýar. Şeýle bolanda däl sözüniň yzyna habarlyk goşulmasy goşulýar. meselem Men okuwçydym. Ol döwürde Atanyň çagalarynyň sany bäş däldi.

Işliklere goşulanda onuň ýokluk galypy –ma/-me goşulmasy we käbir şekillerde *däl* sözi bilen ýasalyp, her hili manylarda bolan şekilleri ýasaýar. Meselem: Ene agtyklaryny görjekdi, bagryna basjakdy. Ol şäherde eglenjek däldi. Bu gün sen hem bolsadyň! Hiç wagt uruş bolmasady. Goja heniz ýatmandy. Ol tiz geläýedi! Şeýle hem –dy/-di habarlyk goşulmasy kömekçi we modal sözlere-de goşulýar. Amanyň kellesiniň agyrmagy hut şonuň üçindi. Ol guş ýalydy.

2. Habarlyk kategoriýasynyň –myş/-miş goşulmasy.

Kem işlikleriň –myş/-miş goşulmasy isimlere we birnäçe işlik şekillerine goşulyp bilýär. Many taýyndan öz goşulyp ulanylýan sözünden aňlanylýan düşünjäni birinden eşitmek bilen habar berilmegini bildirýär. Sözleýjiniň şol wakany öz gözi bilen görmän, töwerekdäki adamlaryň gürrüňinden eşitmegi esasynda beýan edýändigi aňladylýar. Sözleýjiniň beýan edýän pikirini, mazmunyny öz gözi bilen görmän, kimdir birinden eşidip bilýändigi üçin onuň dogrulygyna anyklygyna şübhelenmegi, ynamsyzlyk etmegi, gümansyradýandygyny aňladýar. Meselem: Eşidişime görä, olar häzir hem görüşýärmişler, ýygnanyşýarmyşlar. Ol heniz dirimişin.

-myş/-miş habarlyk goşulmasy sözleýjiniň kimdir birinden ýa-da nämedir bir zatdan närazylygyny, oňa göwnüýetmezçilik ýa-da kinaýa edýändigini aňladýar. Gör-le, ony sil alyp gidäýenmişin?!

Bu goşulma çaklamagy, çen etmegi, modallygy hem aňladýar. Meselem: Şol gyz öz-ä siziň töwerekleriňizdenmişin. Ol heniz ýaşmyş-la.

-myş/ -miş goşulmasy öz goşulan sözüne işlik nyşanyny berip, ony sözlemiň doly habary etmeklige hyzmat edýär. Meselem: ol talypmyşyn. Siz öz käriňize ussatmyşyňyz. Men ökdemişim.

-myş/-miş habarlyk goşulmalary öz yzyna köplük san goşulmalaryny kabul edip bilýär. Meselem: Olar uly mollamyşlar. Häzir olar Yrakdamyşlar.Ortak işliklere hem goşulyp many taýyndan olardan aňlanylýan ýagdaýy sözleýjiniň öz gözi bilen görmän, kimdir birinden eşidip, hekaýa äheňinde ýa-da ýönekeý usulda habar beryändigi aňlanylýar. Meselem: Meret toýa gitmän, öýde galanmyşyn. Gyzlar ondan soranmyşlar. Kerweniň ýany bilen gidenler gaýdyp gelenmişinler.

Ýoklugy isimlerde däl sözi arkaly, işliklerde, esasan, –ma/ -me goşulmasynyň kömegi bilen ýasalýar. Meselem: Ol talypmyş – talyp dälmiş. Howa mylaýymmyş- mylaýym dälmiş. Dostlar şondan soň ony görmänmişler.

Işligiň hökmanlyk we hyýal şekilleriniň soňuna goşulyp bilýär. Meselem: Men şu gün Geldini görmelimişim. Bize Enebaý daýza gelmekçimiş. Isimlere-de goşulyp bilýär. Çary aganyň oglunyň ady Durdumyş. Jemlenen talyplaryň sany ýigrimi bäşmiş. Wagt indi giçmiş. Täze halynyň reňki goýy gyzylmyş.

3. “Eken (i)” habarlyk kategoriýasy. Bu aýratyn söz görnüşini saklap galandygy bilen beýleki habarlyk goşulmalaryndan tapawutlanýar. “Eken” kem işligi isimler we işlikler, käbir kömekçi sözler bilen giňden utgaşykly ulanylyp biler. Ol eýelik we ýöneliş düşümlerden beýleki düşümlerde gelen sözleriň yzyndan gelip biler. Onuň-da ugry deňze tarap eken. Bu wagt bar hezillik suwda eken. Akja uniwersitetden eken. Kitap seniň şol göreniň eken. “Eken” sözüniň ýeke özi many aňlatmaýar, soraga jogap bolmaýar, özbaşdak many aňlatmaýar. Onuň hem asly “erken” görnüşinde bolupdyr.

Meselem: Uýkuda ýatyp erken, Oýgandy gazap birlen. (Mollanepes) Bile ulanylýan sözüne goşulman, onuň bilen düzme işlik şekilini hasyl edip ulanylýar. Many taýyndan "eken" sözüniň baglanýan sözünden aňlanylýan düşünjäniň şeýledigini ýa däldigini sözleýjiniň ozal bilmän, indi bilip galandygyny görkezýär. Meselem: Siz gaty *yhlasly ekeniňiz*. Derýa bu ýerde has batly *akýar eken*.

"Eken" kem işligi dürli işlik şekilleri bilen ulanylanda olaryň zaman aňladyşyna täsir etmeýär, diňe olara käbir modal many öwüşginlerini berýär. Başgaça, işliklerden aňlanylýan zaman manysy geň galmak, haýran galmak ýaly subýektiw garaýyşlar-modal manylar bilen utgaşýar. Meselem: Her gün dagdan aşyp, ony görmäge gelýär eken. Bu onuň hoşlaşany eken. Ol hata ýazyp goýan eken. Görüp otursa, onuň üç dogany serkerde boljak eken.

"Eken" kem işligi öten zaman işliginiň ýöňkemede üýtgeýşi ýaly üýtgeýär. Meselem: Şol wagtlar *talyp ekenim, talyp ekeniň, talyp ekeni, talyp ekenik, talyp ekeniňiz, talyp ekenler*. Eken sözüniň öňünden gelýän söz hem goşulma kabul edip gelýär. Meselem: Ol oglan biziň talybymyz eken. Sen onuň ýoldaşy ekeniň. Isimlere we ýokluk aňladyşynda isimlere meňzeýän işlik şekillerine (hyýal, hökmanlyk şekilleri) goşulan "eken" habarlyk goşulmasynyň ýokluk galypyny aňlatmak üçin "däl" sözi getirilýär. "Däl" sözi "eken" sözünden öň getirilýär. Meselem: Howa yssy däl eken. Ol garaşmakçy däl eken. Bu gün gelmeli däl ekenik.

"Eken" sözi **bar, ýok** ýaly modallyk görkezýän sözler bilen-de gelýär. Many taýyndan mundan köplenç öten zaman hekaýa şekili aňlanylýar. Meselem: Bir bar eken, bir ýok eken. Bir döwletment adam bar eken.

Many aňladyşy we ulanylyşy taýdan "eken" kem işligi –myş/-miş habarlyk goşulmasyna ýakyndyr.

3. **–ka/-kä habarlyk goşulmasy.** “Eken” kem işliginden gysgalyp emele gelen –ka/-kä habarlyk goşulmasy öz ulanylyşy we aňladýan manylary boýunça beýleki kem işliklerden tapawutlanýar. Dürli sözlere: isimlere, işliklere, käbir kömekçi sözlere goşulýar. Meselem: Günäkär Meretkä, onuň göwnüne degildi. Howa şeýle sowukka, ýola çykyp bolarmy? Wagt heniz giç dälkä gelip şähere girdiler. Gün batmanka şeýle bir şapak gyzarypdy.

–ka/-kä habarlyk goşulmasy bilen gelen sözler köplük san we ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýärler. –lar/-ler köplük san goşulmasy isimlerde –ka/-kä goşulmanyň öňünden, işliklerde bolsa –ka/-kä goşulmasynyň yzyndan goşulýarlar. Meselem: Bu gelenler kimlerkä? Nähili atlylarka bular? Atam dagy niredekäler? Atan oky haaýsy deräni tozadarka? Nähili söz urarkalar? Myhmanlar haçan geldikä?

Işlik ýöňkemesi bilen öten zaman işlik şekiliniň üýtgeýşi ýaly üýtgeýär. Meselem: görýär-kä-m, görýär-kä-ň, görýär-kä, görýär-kä-k, görýär-kä-ňiz, görýär-kä-ler. Wallabille, dogry ýoly görýärkäm, egri ýoldan gelmäýin (“Gorkut ata”).

–ka/-kä habarlyk goşulmasynyň aňladýan manylary dürli-dürlüdir. –ka/-kä habarlyk goşulmasyny kabul eden isimler beýan edilýän pikiriň, mazmunyň aslyny, öňki ýagdaýyny, bolşuny aňladýarlar. Seni heniz çagajykkaň köp görendir. Guzusy körpejekä, enesi ýitdi.

Gümansyratmagy, çaklamagy aňladýar we sorag sözleminiň habary bolup gelýär. Meselem: Myrat diýilýän nähili adamka? Ol Gözeliň doganymyka?

Häzirki zaman şekilindäki işliklere, -man/-män şekilindäki hal işliklere goşulyp gelende beýan edilýän pikiriň, mazmunyň ýüze çykýan wagtyny bildirýär, bular köplenç, wagt eýerjeň sözlemiň habary bolýar. Iki aý ozal geçip barýarka, bu guýyny belläpdi. Ol işden gelmänkä, zatlary deň paýlaýarlar.

Öten we geljek zaman işlik şekilleriniň, hyýal we hökmanlyk şekilleriniň yzyna goşulyp, sorag sözlemleriniň habaryny emele getirýär we sözleýjiniň beýan edilýän pikire onuň mazmunyny dogry, anyk bilmeýänligi üçin ynamsyzlyk edýändigini. Ol hakda çen-çak edýändigini aňladýar. Işlikleriň öňki hyýal, hökmanlyk, zaman manylarynyň üstüne goşmaça many ýokundylary-da goşulýar. Meselem: Enemiz näme üçin bize baga sowulmagy sargadyka? Ol näme üçin çagyrdyka? Goşlary nätjekkä? Oýny nirede görerkäk? Mugallym kim bolmalyka? Daýzam nirelere barmakçyka? Şol kitap okalgada barmyka? Otly ir geläýdimikä?

-dyr/-dir habarlyk goşulmasy. –dyr/-dir habarlyk goşulmasy isimlere, işliklere, kömekçi sözlere goşulýar. Bu goşulma käbir sözlere goşulanda, olara işlik nyşanyny bermek bilen birlikde şol sözlerden aňlanylýan düşünjäniň, esasan, häzir şeýledigini ýa-da şeýle däldigini aňladýar. -dyr/-dir habarlyk goşulmasy dürli söz toparlaryna goşulyp gelýär. Meselem: Türkmen dili öz köküni gadymdan alyp gaýdýan *dildir*. Mugallymyň getirýän kitaby *saňadyr*. Bu adam bize *geljekdir*. Wagt *giçdir*. Men häzir gidip kitap *almalydyryn*. Ol näme üçin*dir* eglendi. Belki, ol hem meniň özüm *ýalydyr*. Bu ýylky ekin ýerimiz geçen ýylkydan birnäçe esse *köpdür*.

–dyr/-dir habarlyk goşulmasynda häzirki zaman aňlatmaklyk häsiýeti bar. –dyr/-dir habarlyk goşulmasy öz goşulýan sözüne baglylykda dürli-dürli manylarda ulanylýar. Ol atlara, sypatlara, sanlara, çalyşmalara we hallara goşulyp, olara belli bir derejede işliklik nyşanyny berýär, ýagny ýöňkemede üýtgemek, sözlemiň şahs görkezýän habary bolup gelmek ukybyna eýe edýär. –dyr/-dir habarlyk goşulmasy many taýdan beýan edilýän pikiriň, düşünjäniň, häzirki wagtdaky bolşuny, ýagdaýyny, anyk şeýledigini görkezip gelýär. Meselem: Ol ýalan sözlemegi ýigrenýän adamdyr, hormata

mynasypdyr. Çagalar mekdepdedir, ulular işli-işindedir. Bu haly ýüňdendir. Terbiýe, görüm-görelde ene- atadandyr.

Kem işlikleriň –dyr/-dir goşulmasyny kabul eden käbir kömekçi sözler belli derejede çaklama, gümansyratma we tassyklama aňladýarlar. Meselem: Asyl käri mugallym bolsa-da Çary işçi *ýalydyr*. Munuň gaharjaňlygy-da dili *bilendir*. Ussa diýeniň bolup bilse, özüň ýalydyr, asyl, sençe *ýokdur* hem. Onuň öýkelidigi düýnki toý *üçindir*. Irden gelmänligi-de şol sebäplidir.

-dyr/-dir habarlyk goşulmasy hem işligiň häzirki zaman şekiliniňki ýaly ýöňkeme goşulmalaryny kabul edýär. Meselem: daýhandyryn, daýhan(dyr), daýhan(dyr)syň. daýhandyrys, daýhan(dyr)syňyz, daýhandyrlar.

KEM IŞLIKLERIŇ ÖZBOLUŞLY AÝRATYNLYKLARY

1. Habarlyk goşulmalary we “eken” sözi öz köküni turdur we er kömekçi işliklerinden alyp gaýdýarlar. Asly kömekçi işlik bolany we soň goşulma halyna geçeni sebäpli, bular goşulan sözleriniň öňki manysyna we grammatik aýratynlyklaryna öz işliklik many we grammatik aýratynlyklaryny goşýarlar.

2. Kem işlikleriň ýa-da habarlyk goşulmalarynyň isimlere we kömekçi sözlere goşulyp, olara işliklik nyşanyny bermegi, ýagny olaryň işlik ýöňkemesinde üýtgap bilmegi, barlyk we ýokluk galyplarynda gelip bilmegi, kem işlik goşulmalaryny kabul eden işlik şekilleriniň bolsa dürli many ýokundylaryna, käte täze manylara, sözlemiň habary bolmak ukybyna eýe bolmagy kem işlikleri işlikleriň aýratyn bir kategoriýasy hökmünde öwrenmegiň dogrudygyny subut edýär.

3. Asly kömekçi işlik bolsa-da, leksik özbaşdaklygyny ýitirenden soň, habarlyk goşulmalary ýerine ýetirýän hyzmaty we aňladýan manylary boýunça kömekçi işliklere häsiýetli

bolan aýratynlyklaryny doly derejede ýitiripdirler. Bular kömekçi işlikler ýaly işligiň nämälim şekilinde gelip bilmeýärler. Düzme işligiň bölegi hökmünde ulanylyp bilmeýärler.

4. “Eken” sözünden beýleki habarlyk goşulmalary öň özbaşdak söz bolup ulanylsa-da, häzirki döwürde goşulma halyna geçipdir. “Eken” sözüniň hem, onuň gysgalmagyndan emele gelen –ka/-kä goşulmasynyň hem ulanyşdan galman, işjen ulanylyşy seýrek duşýan dil hadysasydyr.

5. Kem işlikler öz goşulan käbir sözüne çaklama, çen etme, gümansyratma ýaly manylary berip, ownuk böleklere meňzeýärler. Kem işlikleri kabul eden sözler işlik ýöňkemesi bilen üýtgemek ukybyna eýe bolýarlar, emma ownuk bölekler ýöňkeme goşulmalaryny kabul etmeýärler. Ownuk bölekler basymy özüne geçirmeýärler, kem işlikler bolsa basymy özüne geçirýärler.

6. Kem işlikleriň zaman aňladyşy işliklerde ýüze çykýar. Sebäbi, kem işligiň we ýöňkeme goşulmasynyň goşulan işligi taze zamany, bir zamandan başga bir zamana geçilmegini aňladýar.

7. Kem işlik goşulmalaryny kabul eden sözler işlik ýöňkemesi bilen üýtgeýärler we köplük sanda gelip bilýärler.

8. Kem işlik goşulmalaryny kabul eden isimleriň, hökmanlyk hyýal aňladýan işlik şekilleriniň ýoklugy “däl” sözi arkaly ýasalýar. Degişli san we ýöňkeme goşulmalary “däl” sözüne goşulýar. Işlikleriň dürli zaman, ortak we hal işlik şekillerine goşulýan kem işlikleriň ýoklugy bolsa, şol şekilleriň ýoklugyny aňladýan –ma/-me goşulmasy arkaly berilýär.

HALLAR WE OLARYŇ LEKSIK-GRAMMATIK AÝRATYNLYKLARY

Hallar özbaşdak söz topary bolup, olar köplenç gymyldy-hereketi aňladýan sözlere baglanýarlar. Netijede hereketiň ýagdaýyny, wagtyny, hilini, nirä gönükdirilendigini we ş. m. aňladýarlar.

Türkmen dilindäki hallar 60-nji ýyllarda doly ylmy derňewiň obýekti boldy. Şoňa çenli hallary ýüze çykarmak, aýratyn söz topary hökmünde doly öwrenmek başa barmady. Şonuň üçin hem hallara: "Hal sözleri aýratyn söz toparlarynyň şekillenmek prosesinde esasy söz topary hasaplanman, kömekçi sözler bilen birnäçe esasy söz toparlaryndan ýasalmak ýa-da şolaryň käbirleriniň nahuwy taýdan hal rolunda ulanylmak ýoly bilen, käbir söz üýtgediji goşulmalaryň owalky manylaryny ýitirip, şolar bilen ýasalan formalaryň hal şekiline öwrülmegi bilen ýüze çykýarlar"[1] diýlip baha berilmegi ýöne ýere däl. Hallaryň öwreniliş taryhyna uzak wagt geçmändir. Emma hallaryň uzak döwrüň önümidigi bellidir. Oguz -Orhon-Ýeniseý ýazgylarynyň dilinde "emti, imdi, ibdi" ýaly asyl hallary we –ça/-çe hal ýasaýjy goşulmanyň ulanylyşyny görkezmek bolar.

Şunlukda, hallaryň taryhy we hyzmaty doly ýüze çykarylandan soňra, olar özbaşdak söz topary görnüşinde öwrenilip başlandy. Bu bolsa hallaryň leksik we grammatik hyzmatyny kesgitlemäge mümkinçilik döretdi. Häzirki döwürde-de hallar beýleki söz toparlaryndan soň aýrybaşgalaşan, kämilleşmegini, anyklanmagyny dowam etdirýän söz topary hasaplanýar. Şunlukda, hallar üýtgediji goşulmalar bilen üýtgeşmeýän, şu aýratynlygy taýdan sypatlara, sanlara meňzeş söz toparydyr. Hallar leksik-semantik, morfologik we sintaktik ýollar bilen özlerinden we beýleki söz

[1] H. Baýlyýew Saýlanan işler, A. 1981 ý. 140 s.

toparlaryndan hasyl bolupdyrlar. Wagt aňladýan hallaryň atlar bilen garyşdyrylmagy olaryň gowşak aýrybaşgalanandygy sebäplidir. Hallar işliklere baglanyp, hereketiň hal-ýagdaýyny, wagtyny, ornuny, maksadyny, meňzeşligini we mukdar-derejesini ýüze çykarýar. Munuň özi bolsa olar barada şeýle kesgitleme çykarylmagyna getiripdir:

"Sözlemde üýtgediji goşulmalar bilen üýtgeşmän, işliklere baglanyp, baglanýan işliklerinden aňlanýan gymyldy-hereketiň ýagdaýyny, hilini, wagtyny, ugruny bildirmäge hyzmat edýän sözlere hal diýilýär (P.Azymow we başg. Türkmen dili peduçilişeler üçin okuw kitaby, 258 s.).

Häzirki zaman türkmen dilinde duşýan asyl we ýasama hallaryň ählisi özbaşdak many aňladýarlar. Olar işliklere baglanyp, hal-ýagdaý aňladýarlar. Az mukdarda isimlere baglananda bolsa, aýyrgyçlyk hyzmatyny ýerine ýetirýärler.

Şeýlelikde, hallar sözlemde nähili?, neneňsi?, nädip?, nämeçe?, näme üçin?, nirede?, haçan?, niräk? diýen soraglara jogap bolýarlar. Meselem: nähili? Suw akar hünjüleýin, Göwnüm narynjylaýyn(H.d.).Çemçeläp ýygnanyňy çanaklap dökme. (H.d.). Ol rusça gepleýär.

Hallar sintaktik taýdan sözlemde işliklere ýa-da işlik şekillerinden bolan her bir sözlem agzasyna baglanyp, wagty, orny, sebäp-maksady, hal – ýagdaýy, mukdar–dereje, meňzetme-deňeşdirme ýaly dürli ahwalatlary görkezýärler. Meselem: Itler onda – munda (nirede?) ygyp ýördi (orun.) Olar dostlarça görüşdiler kimlerçe? deňeşdirme). Ogly ýüzüniň ugruna gaçyp gitdi. neneňsi? Ol gorkujygyna saňňyldaýardy.- näme üçin (sebäp-maksat). Myrat häzir turar öýtdi.- haçan? (wagt). Duşmanyň peşeçe bolsa, pilçe gör(H.d).

Türkmen dilindäki hallar emele gelşi taýdan dürli-dürlidir.Olar morfologik we sintaktik ýollar bilen ýasalýarlar. Şeýlelikde hallar gurluşy taýdan bäş topara bölünýärler.

1.Asyl hallar.Türkmen dilinde hiç hili goşulma kabul etmän, düýp görnüşinde herekeiň belli bir alamatyny (ýagdaý, wagt, ugur) bildirýän sözlere asyl hallar diýilýär. Meselem: Häzir, hemişe, indi, derrew, ir, tiz,çalt, derrew, dessine, çala, giç, basym, ýaňy, ilki, ýene we ş.m. Bulara käbir işlerde ýönekeý hallar diýlip at berlen wagty hem bar. Bular san taýdan gaty azdyr. Käbir *bildir* (bir ýyldyr), bildirki (bir-iki ýyldyr öňki), *düýn* (dönen gün), *ertir* (erte irden) ýaly hallar asyl hallar ýaly duýulsa-da, olaryň *birigün* ýaly iki sözden ybatardygy mälimdir.

2.Ýasama hallar. Her hili hal ýasaýjy goşulmalaryň üsti bilen beýleki söz toparlaryndan ýa-da hallardan ýasalan hallara ýasama hallar diýilýär. Ýasama hallar hem iki hili bolýar:

a)Söz ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalan hallar. Meselem: Ol işine ýüzleý garaýar. Şonuň üçin hem arkan-ýüzin gaýyşýar.

b)Ýasaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýän üýtgediji goşulmalaryň kömegi bilen ýasalan hallar. Meselem: Ol gündizine geler. Myrat ýüzinligine süýnüp gaýdan atdan gözüni aýyrmady.

Ýasama hallar asyl hallardan köpdür.Olar dürli goşulmalaryň üsti bilen hasyl bolýarlar. Olara: -k,-yn/-in/-n, -laýyn/-leýin, -laý/-leý,-ça/-çe,-larça/-lerçe, -da/-de/-nda/-nde, -ndan/-nden/-dan/-den, -maç, -yna/-ine, -syna/-sine, -lygyna/-ligine, -a/-e, -ba/-be, -ga/-ge, -da/-de, -lakaý, -lenç goşulmalary degişlidir.

3.Goşma hallar birden artyk sözüň goşulyşyp, basym taýdan birleşip, hal-ýagdaý aňladýan sözüň hasyl edilmegidir.

Meselem: Birbada, ikindinara, gijara, birsydyrgyn, birsyhly we ş.m.

4.Tirkeş hallar bir sözüň gaýtalanmagy ýa-da iki sözüň tirkeşip, belli bir düşünjäni aňlatmagy bilen hal-ýagdaý

aňladýan sözlerdir. Meselem: kem-kemden, onda-munda, günbe-günden, öýme-öý, ýüzläp-müňläp.

5. Düzme hallar birden artyk sözüň özara düzülip baglanyşmak bilen hal-ýagdaý aňladýan sözlerdir. Meselem: ýüzüniň ugruna, birnäçe ýyldan bäri, günlerde bir gün we ş.m.

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.

Biwagt gygyran horazy öldűrerler. Balykçyda ýarna ýok , bu gün görseň, erte ýok. Biz geýerin, dűz gezerin. Gorkana goşa görner. Ilkim kädi, soňkym çűýşe. Illäp-gűnläp kel gyzy äre berdiler. Ir gűlmedik giç gűlmez, giç gűlmedik hiç gűlmez. Ir öýlenen ogul-gyzyna guwanar.

HALLARYŇ NORFOLOGIK ÝOL BILEN ÝASALYŞY

Türkmen dilinde ýasama hallar köp mukdarda ulanylýar. Hal ýasamakda ulanylýan goşulmalar gelip gykyşy taýdan iki topara bölünýär.

1. Hal ýasaýjy goşulmalar

2. Söz üýtgedijileriň hal ýasamaga ýöriteleşmegi bilen hal ýasaýan goşulmalar.

Hal ýasaýjy goşulmalar dilde diňe şu hyzmaty bilen bellidir. Olara -ça/-çe, -yn/-in/-n, -larça/-lerçe, -k, -laýyn/-leýin, -laý/-leý, -maç, -a/-e, -lakaý, -lenç ýaly goşulmalar degişlidir. Agzalan goşulmalar dilde başga hyzmaty däl-de, diňe hal ýasaýanlygy bilen hem tapawutlanýarlar.

1.-ça/-çe goşulmasy atlara goşulyp, hereketiň hil-häsiýetini, bolşuny, deňeşdirmei, mukdar aňladýan hal ýasaýar. Meselem: adatça, ogrynça, meniňçe, gahrymanlarça, köýnekçe, rusça, aşykça (Agramy aşykça, kölegesi köşekçe). Özüňçe görmeseň, kölegäňçe gör. Duşmanyň peşeçe bolsa, pilçe gör. .

2.-yn/-in/-n goşulmasy *gyşyn-ýazyn, günin, ýanyn, ýüzin, arkan,ogryn, gizlin,ýagtygözin,ikindin, öýlän* ýaly wagt we ýagdaý aňladýan hallary ýasaýar. Gadymy gurallyk

(instrumental) düşümiň goşulmasy bolup, soň hal ýasaýjylyga geçendir.

3. -laýyn/-leýin goşulmasy çylşyrymly goşulma bolup, işlik ýasaýjy –la/-le, -ý, -yn/-in goşulmalarynyň bitişmeginden hasyl bolupdyr. Bu goşulma atlaryň dürli görnüşlerine goşulyp, wagt, hal-ýagdaý, häsiýet, maksat aňladýan hallary ýasaýar. Meselem: matalaýyn, atlaýyn, bütinleýin, bilgeşleýin, toparlaýyn, aýlaýyn, heýkelleýin, toparlaýyn, hepdeleýin, köpçülikleýin.

4. –k goşulmasy, esasan, ugur-tarap görkezýän sözlere goşulyp, hal ýasaýar. Leksik manysy aslynda ugur-tarap bilen bagly *ileri, içeri, daşary, ýokary* ýaly sözlere goşulyp, -k goşulmasy olaryň manysyna anyklyk, gutarnyklylyk berýär. Bu gadymy allatiw düşümiň goşulmasy bolupdyr. Meselem: ilerik, gaýrak, ýokaryk, aňryk, bärik, eýläk, beýläk, şeýläk

5. –laý/-leý goşulmasy öňden gelýän goşulmadyr. Ol –laýyn/-leýin goşulmasynyň gysgalyp, bir böleginiň alynmagy bilen ýasalypdyr. Ol türkmen dilinde az önümli bolup, hereketiň hil-häsiýetini aňladýan hallary ýasaýar. Meselem: Ol edýän işine *ýüzleý* garaýar. Suw, azyk *bütinleý* gutarypdy.

6. -yna/-ine, -syna/-sine. Bu aslynda iki üýtgedijiden (III şahs goşulmasy we ýöneliş düşüm) düzülen çylşyrymly goşulmadyr, atlara, iş atlaryna goşulyp, hal emele getirýär. Meselem: gaharyna, keýpine, gyşyna, güýzüne, ýarpasyna, gijesine.

7.-lygyna/-ligine goşulmasy üç bölekden: -lyk/-lik, -y/-i, -na/-ne böleklerinden ybaratdyr. .Bu goşulma atlara, ugur –tarap görkezýän sözlere, asyl we ýasama hallara goşulyp, ugur-tarap, göwrüm-möçber, hal-ýagdaý aňladýan hal ýasaýar. Meselem: arkanlygyna, matalygyna, diriligine, göklügine, täzeligine, terligine, tutuşlygyna, ýüzinligine.

8. –a/-e goşulmasy aslynda hal işligiň asyl şekili bolup, käbir sözlerden, asyl işliklerden, ses we şekil meňzemelerinden hal

ýasamaga ýöriteleşipdir. Meselem: Çala eşiden çatma ýykar, *öte* eşiden öý. *Aşa* geçme. Ol *ýalpa* gözüni açdy. Pälwanlar *garsa* gujaklaşdylar. Bagban baldagy *şarpa* kesdi. Dosty bolan wakalary oňa *bada* gürrüň berdi. Ol *tarsa* ýerinden galdy.

9. –lap/-läp goşulmasy hem çylşyrymly bolup, aslynda işlik ýasaýjy –la/-le hem-de –yp/-ip/-up/-üp/-p hal işlik şekiliniň bitişmeginden hasyl bolupdyr. Goşulmany asyl manysynda gelende degişli böleklere bölüp bolýar, emma hal ýasap gelende ol böleklere dargamaýar. Goşulma wagt we ölçeg aňladýan hal ýasaýar. Meselem: Oňa *sagatlap, günläp*, hatda *aýla-ýyllap* garaşar ýörerdi. Ol puly ýüzläp, müňläp sowardy. Ol pagtany *harmanlap* agdardy. Oty maşynlap inderdi.

10. -ba/-be (-ma/-me görnüşi-de bar)goşulmasy ses we şekil aňladýan sözlere goşulyp, hallary hasyl edip bilýär. Meselem: güpbe, tapba, şapba-şupba. Bu goşulma tirkeş işlikleriň arasynda gelip, *günbe-gün, aýba-aý, ýylba-ýyldan,* -ma/-me görnüşi *aýma-aý*, *günme-gün, öýme-öý, ýekeme-ýeke, birme-bir* ýaly hallary hasyl edýär.

11. -da/-de goşulmasy ses we şekil aňladýan sözlerden *gütde, patda, şatda* ýaly hal ýasaýar. Görogly bu sözi aýtdy weli, atyň yzyndaky Öwez *patda* ýere gaçaýdy.

12. -ga/-ge goşulmasy arkaly ses we şekil aňladýan sözlerden *takga, pakga, pökge, sakga, şakga-şukga* ýaly ýasama hal hasyl edilýär.

13. -lakaý goşulmasy az önümli bolsa-da, gadymy hal ýasaýjydyp. Ol az sanly sözlere goşulyp, hal-ýagdaýy aňladýar: Meselem: çynlakaý, ýalanlakaý, saglakaý. Çepbekeý sözündäki goşulma hem munuň bir görnüşi ýaly duýulýar.

14. -keý goşulmasy: *ýönekeý* ýaly hal sözüni ýasaýar.

15. –lenç we –maç goşulmalary käbir sözlere goşulyp hal-ýagdaýy aňladýan hal ýasaýar: Meselem: ikilenç, köplenç, gyssanmaç, howlukmaç we ş.m.

16. – dan/- den goşulmasy aslynda çykyş düşümiň goşulmasydyr. Onuň kömegi bilen ýasalan hallary mekdep grammatikasynda ”hallaşma” (adwerbalizasiýa) hökmünde görkezipdirler. (Bu barada 6-njy synp üçin ”Türkmen dili” okuw kitabyna (Aşgabat, 2007) seret) Ol sypatlardan, hallardan we käbir sanlardan hil- ýagdaý we wagt aňladýan hal ýasaýar: zordan, giňden, öňden,ýürekden, ýaňadan, ýalandan, uludan, birden. Ol zordan gepleýär. Giňden düşündirdi. Öňden bilýär, birden geldi. we ş.m

17. –da/-de wagt-orun düşüm goşulmasy bolup, *azda-kände, ahyrda, golaýda, ýakynda* ýaly hallary ýasamaga az mukdarda ýöriteleşip başlaýar.

SINTAKTIK ÝOL BILEN ÝASALAN HALLAR

Türkmen dilinde sintaktik ýol bilen birden artyk sözüň gatnaşmagynda hasyl bolan hallar 1. goşma, 2. tirkeş we 3. düzme hallardyr.

GOŞMA HALLAR iki sany dürli asyl sözüň basym taýdan birleşip, hal hasyl etmegidir. Olar mukdar taýdan köpdür. Olaryň aşakdaky ýaly görnüşleri bar.

1. Öz manysyndan daşlaşan “bir” sözüniň yzyndan söz getirilip, *birbada, birneme, birentek, birsyhly, biraz, birsydyrgyn, birwagtlar, birsalym, birigün, birwagtlar, birçak(lar) birmahal, birtaraplaýyn, biragyzdan, birlaý, bireýýäm, birdenka, birigün* ýaly goşma hallar hasyl bolýar.

2. Iki sözi bilen ýasalan goşma hallar: *ikibaşdan, ikiçäk, ikowara, ikibir, ikigöwünli, ikelläp, ikiýanlaýyn, ikitaraplaýyn, ikibaka*, ikarada,

3. Işlikleriň birleşmeginden: ýetişibildiginden, barybildigi, düşüribildigi,

4. *Öň, soň* sözleriniň *gün, ýyl* ýaly sözler bilen birleşmeginden goşma hal hasyl bolýar. Meselem: öňgun (öňki gün), öňňil (öňki ýyl), soňabaka.

5. Gözin sözi bilen: ýagtygözin, irgözin,
6. Gün sözi bilen: günuzyn, günortanlar
7. Saýyn sözsoňusy bilen: *günsaýyn, aýsaýyn, sagatsaýyn* ýaly hallar ýasalýar.
8. ara sözüniň getirilmegi arkaly: agşamara, gijara, ikindinara, ortara, gyssagarada,
9. Öz sözi bilen: özbaşyna, özara, özbaşdak, özerkine, özygtyýaryna
10. Käbir *ilkibada, bilkastlaýyn, ýüregedüşgünç, keýpihonlykdan, hoşwagt, peýwagtyna, mümkingadar, ýanbaşdan, sermagallakdan, allowarradan* ýaly dürli sözleriň goşulyşmagyndan hem goşma hallar emele gelipdir. Goşma hallaryň düzümine,esasan, belli-belli hallar gatnaşýar. Olaryň beýleki söz toparlarynyň goşma sözleriniň hasyl bolşundan tapawutly özboluşlylygy duýylýar.

TIRKEŞ HALLAR

Öňki işlerde bu hallar hem özbaşdak öwrenilmän, goşma-tirkeş hallar diýen umumy at bilen berilýärdi. Häzir bu temalar mekdep grammatikasyna-da aýratynlykda girizildi.
Tirkeş hallar aşakdaky ýaly hasyl bolýarlar
1. Atlaryň we hallaryň gaýtalanmagy we tirkeşmegi bilen ýasalýar. Meselem: toplum-toplum, gapy-gapy, gysym-gysym, ogryn-ogryn, ýüzbe-ýüz, gaty-gaty, ir-ertir, oba-oba, aram-aram, daň-säher cagy, çalt-çalt, gije-gündiz, ilki-ilkiler, düýn-öňňin, erte-birigün,
2. Sypatlaryň gaýtalanmagy bilen köp sanly hallar hasyl edilýär. Meselem: kem-kemden, gowudan-gowy, berkden-berk, dopba-dogry, gönüden-göni, uzyn-uzyn, ýuwaş-ýuwaş.
3. Sanlaryň tirkeşmegi bilen köp sanly hallar hasyl edilýär. Meselem: ýüz-ýüzden, bir-birden, ýüzläp-müňläp,
4. Çalyşmalaryň tirkeşmegi, düzülmegi bilen köp sanly hallar hasyl edilýär. Meselem: onda-munda, öz-özünden,

5. kömekçi sözleriň tirkeşmegi bilen hallar hasyl bolýar. Meselem: Soň-soňlar

6. Ses we şekil aňladýan sözleriň gaýtalanmagy bilen hasyl bolan hallar. Meselem: loňk-loňk, oýpul-oýpul, pert-pert, bassyr-bassyr, hasyr-husur, şart-şurt, şatyr-şutur

7. Bölekleýin gaýtalanýan ýa-da biri özbaşdak manyly, beýlekisi many aňlatmaýan sözleriň gatnaşmagynda hasyl bolan hallar. Meselem; büs-bütin, mese-mälim, aç-açan, haýal-ýagal, belli-külli, heran-haçan, ine-gana

8. Manydaş sözleriň tirkeşmeginden ýasalan hallar. Meselem: Sag-aman, aman-esen, häli-häzir, az-kem

9. Garşylykly manyly iki sözüň tirkeşmeginden hasyl bolan hallar. Meselem: gije-gündiz, ertir-agşam, aňry-bäri, eýläk-beýläk, iru-giç

Düzme hallar birden artyk sözüň baglanyşykly ulanylmagy bilen hasyl bolýarlar.Olara käbir işlerde frazeologik hallar hem diýilýär.(Seret: H. Gafurowa) Bu hili sözler toplumy sözlemiň içinde hallyk hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Şeýlelikde, olar ýüze çykýan hereketiň wagtyny, ýagdaýyny aňladýarlar. Olarda *bilen, bäri, çenli* ýaly sözsoňular we *mahal, halat, gezek, wagt, sagat, gaýta, soň* ýaly sözler birden artyk sözüň soňundan gelip hallyk düşünjäni aňladýar. Meselem: Ahyry, ertir ir bilen gumdan çykyp, bir inçeräk ýola düşdüm /H.D.Y.13s/. Onuň ýüreginde köpden bäri gasyn baglap, garrap ýatan gam-gussanyň barysyny ýok edipdi /ş.ýerde 17s./. Suhan gaty henize çenli daýhançylygyndan…/45s./. Şu mahal bize örän kyn görünýän meseleleriň bir tarapy/260s./.Bu halatda onuň başyndan neneňsi oý-pikirler gelip geçdi 0 s./. Edil şol wagt bir çäýnek çaý getirdi. Çalyşmalaryň düzülip gelmegi arkaly hem düzme hallar hasyl bolýar. Meselem:bu gün, şu gün, her sagat, her wagt, her haçan, her mahal

HALLARYŇ MANYSY BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

Türkmen dilinde hallar manylaryna garap:
1.Wagt bildirýän;
2.Orun –tarap görkezýän;
3.Sebäp-maksat bildirýän;
4.Hal-ýagdaý görkezýän;
5.Mukdar-dereje aňladýan;
6.Meňzeşme-deňeşdirme bildirýän hallar ýaly toparlara bölünýär.

Bu bölünişik hallaryň her toparynyň many aňladyşy bilen baglydyr. Hallar birmeňzeş hal ýasaýjy goşulmanyň kömegi bilen hasyl bolup gelende hem dürli manylardaky hallary aňladyp bilýärler. Mysal üçin, -ça/-çe goşulmalary we bir sözi hallary hasyl edenlerinde dürli manyda gelen hallary emele getirip bilýärler. Meselem: köneçe ýaşamak, täzeçe geýinmek, dostlarça görüşmek, batyrlarça göreşmek-nähili? diýen soraga jogap bolup, hal-ýagdaý bildirse,- Amança bolmak, mençe görmek ýaly söz düzümlerinde –ça/-çe goşulmasy meňzetme-deňeşdirme hallary hasyl etdiler. Şonuň ýaly-da “bir” sözi hem hal-ýagdaýy we wagty aňladyp bilýär. Meselem: birden gürlemek, birhili bolmak - hal-ýagdaý ýa-da birwagtlar gelmek, birmahal bolmak wagt aňladýan hallarydyr.
Şunlukda, hallary semantikasy taýyndan aýyl-saýyl etmek zerurlygy döreýär.
“Häzirki zaman türkmen dili “(1960ý.) diýen kitapda hallaryň tassyklama, inkär etme, gumansyratma taraplarynyň bardygyna hem üns çekilýär, emma biziň pikirimizçe, ol hili sözler modallyk aňladýan sözlerdir.

1.Wagt bildirýän hallar haçan?, näwagt?, haçandan?, haçana çenli? diýen soraglara jogap bolup, hallardan, atlardan, görkezme çalyşmalaryndan emele gelip, hereketiň wagt taýyndan ýüze çykan halyny aňladýarlar. Meselem: Ýylba-

ýyldan meniň muflisim çykar…(Kemine). Häzirlikçe hoş-diýip, çykyp gitdi /A.G.”K. e.-746 s/. -Ine, gördüňmi, bu ýap-ýaňam boýny gyzyl ýaglykly pionerdi /Şol ýerde, 46 s/. …Öten agşam diýseň kirpikli gözümizi çalyşman geçirdik /ş.ýerde 45 s/.

2.Orun-tarap görkezýän hallar nirede? nirä? nireligine? diýen soraglara jogap bolmak bilen, hallaryň, görkezme çalyşmalaryndan ýasalyp, hereketiň gönükdirilen ugruny-ornuny, tarapyny aňladýar. Meselem: Serhetden aňryk aşmalydy /H.D.”Y” 267 s/. Gorkusyna böküp beýläk geçdi. (şu ýerde, 50 s.).Ol onda-munda görünýär.

3.Sebäp-maksat bildirýän hallar ýüze çykýan gymyldy-hereketiň sebäbini we maksadyny aňladýar.Olar näme üçin?, näme sebäpli?, näme maksat bilen? soraglara jogap bolýarlar.Olar hallardan, atlardan, käbir beýleki söz toparlaryndan hasal bolýarlar. Meselem: Birden-ikä onuň gelýänini aňlap sazanaklamaga başlaýar. /A.G.”K-e”75 s/. Pökgen bu işi bize bilkastdan edýär (şol ýerde, 104 s/.

4.Hal-ýagdaý görkezýän hallar örän köpdür.Olar görkezýän hereketiň nähili, neneňsi ýagdaýda ýüze çykýandygyny görkezýär.Olar nähili?, neneňsi?, ýagdaýda?, diýen soraglara jogap bolýarlar.Olar atlardan, sypatlardan, işlikleriň gaýtalanmagy we tirkeşmeginden, hallardan emele gelýärler. Meselem:…Ýüzüniň ugruna-hany, Ýelli nirä gitdi, ol görünmeýär-le?-diýdi /A.G.”K-e”81 s/. Hoşaly aga özbaşyna diýen ýaly: Onuň bagy mazaly ýetişip barýar-diýdi /84 s/.Uly äpişgeleriň oturdylyşy mese-mälim bolup durýardy /88 s./.

5. Mukdar-dereje aňladýan hallar, esasan sanlardan ýasalyp, näçeden?, näçeläp?, neneňsi?, neneň?, nähili derejede? diýen soraglara jogap bolup, hereketiň mukdar-ölçegini we ösüş prosesiniň mukdaryny ýüze çykarýarlar. Meselem: Biline gowanyň bagy oralan ýogyn pürs durdugyça batlanyp aýlanýardy./A.G.K.e.10 s./ Öte eşiden öý ýykar, çala eşiden çatma. /N./…Gürlejek bolup çytraşsa-da, sesini zordan

çykarýardy. Adamlar ýeke-ýekeden geldiler. Olar bir-birden öýe girdiler.

6.Meňzetme-deňeşdirme hallary kimçe?, nämeçe?, kimiňkiçe?, haýsyça? diýen soraglara jogap bolup, bir zadyň ikinji bir zat bilen deňeşdirilmegini ýa meňzedilmegini bildirýärler. Bu hili hallar atlardan, hallardan, çalyşmalardan hasyl bolup, bir hereketi başga bir gymyldy bilen deňeşdirýär. Meselem: Bu öňküçe bolmaly (haýsyça). Her kes özüni sençe görýär. Agramy aşykça, kölegesi köşekçe.

Gönükme: Sözlemlerden hallary saýlap, doly morfologik derňew etmeli.

Iki ýoldaş salkyn çägäniň üstünde ýanyn ýatyp, mesawy gürrüňe girişdiler. Erte-birigün söwda kerwenimiz ugraýar. Senem şolar bilen bile gidersiň. Ilki Hoşgeldiniň baryp, Wüşi kel hakda aýtjak taryply sözlerini jikme-jik maslahatlaşdylar. Emma ýygnaklarda ýüzbe-ýüz oturylan wagtynda welin, Ýelli biragyz hem söz aýtmazdy. Her ýerde ikilän-üçlän işläp ýörenler göze ilýärdi. Birsalym dymyp oturanyndan soň, hümür-hümür edip, birzatlar diýdi.

Dürli sapalaklar bilen özüni onda-munda ursa, onda şol barada biraz saklan diýýärler. Indi gowaça inedördül gämiklenip we dar hatar aralaryna atanaklaýyn ekilýär.

HAL DEREJELERI

Hallaryň hem sypatlar ýaly, düýp, kemlik, artyklyk, söýgülik derejeleri bar.Olar hem gymyldy-hereketiň hal-ýagdaýynyň deňeşdirilmede ýüze çykarylan derejesini, ýagdaýyny kesgitleýärler. Şeýlelikde, olar gymyldy-hereketiň kemdigini, artýandygyny we beýlekileri ýüze çykarýarlar.

1.Düýp dereje hiç hili dereje ýasaýjy goşulma goşulmadyk, aýyklaýan işligiň hereketiniň aýratynlygyny

bildirýän haldyr. Oňa hallaryň düýp derejesi diýilýär. Meselem: Ol düýn geldi.

2.Kemlik dereje aýyklaýan işliginiň aýratynlygynyň kemdigini bildirýär.Olara hem kemlik derejesi dýilýär.Olar hallaryň wagt, orun aňladýan sözlerine rak,-räk goşulyp ýasalýar. Meselem: Ol irräk geldi.

3. Söýgülik derejesi. Aýyklaýan işliginiň gymyldy-hereketiniň halanýandygyny ýa-da şol gymyldy-herekete sözleýjiniň garaýşyny bildirýär. Olar esasan hal-ýagdaý aňladýan hallaryň we käbir sypatlaryň soňuna ja/-je, jak/-jek, -jyk/-jik goşulmalaryny goşmak bilen hasyl bolýar. Meselem: Olar bileje geldiler. Dessinejik nahar bişireli.

4. Artyklyk derejesi. Bular hereketiň bolmalysyndan artyk ýa-da köp ýüze çykarylýandygyny aňladýar. Olar güýçlendiriji sözleriň hallary aýyklamagy arkaly ýa-da hallaryň tirkeşmegi bilen aňladylýar. Meselem: Meleguş örän tiz geldi. Garlawaç çalt-çaltdan ganat kakyp, gözden gaýyp boldy.

5. Garyşyk derejesi –rak/-räk we –jyk/-jik goşulmalarynyň bilelikde goşulmagyndan ýasalýar. Meselem: Ol häliräjik (ýaňyrajyk) gitdi.

Gönükme: Sözlemleri morfologik derňew etmeli.

Howlynyň arkasyndan gaýralygyna giň ýap düňderilip akýardy. Ol häzir bütinleý güýçden düşüpdi. Hassanyň ýüregi çalt-çalt urup başlady. Bu ýurduň taryhy gaty üýtgeşik, özboluşly hem özüne çekiji suratlandyrylýar. Häzirki wagtda ol gaty çalt ösýär. Belki, köp asyrdan öň şeýle bolan bolmagy-da mümkin. Biz çalt uzaklaşdyk. Maşyn irginsiz öňe hereket edýärdi. Ol çakgan egildi. Diňe baş ruhany hereketsiz durdy. Her kim öz roluna mazaly girişipdi. O özüni ukypsyz hasap etdi. Ol birden üýtgäp oturyberýärdi. Ýene-de dostlaryna goşulasy gelip durandygy aýdymyndan gowy bildirýärdi.

Haýsydyr bir duýgy keşbe girmekde höwesinden güýçli gelýärdi.

ÜMLÜKLER

Türkmen diliniň grammatikasynda sözleri özbaşdak many aňladýän we many aňlatmaýan söz toparlaryna bölýärler. Bu bölünişik şol sözleriň manysy we häsiýetli aýratynlyklary bilen baglydyr.

Dili hasyl edýän sözler hem, goşulmalar hem, beýleki serişdeler-de dilde her bir dil wekiline elýeterli ýagdaýda dowam edýärler. Özbaşdak many aňladýan söz toparlary sözlemiň aňladýan pikiriniň esasyny düzýar. Özbaşdak many aňlatmaýän söz toparlary bilen bolýan gatnaşyklarynyň, olaryň biri-birinden tapawudyny hem grammatik hyzmatyny ýüze çykarmaga material bolup durýan many aňlatmaýan söz toparlaryna garap geçmek, akyl ýetirmek zerurlygy ýüze çykýar. Çünki many aňlatmaýan söz toparlarynyň: ümlükleriň, ses we şekil aňladýan sözleriň, kömekçileriň, baglaýjylaryň, modal sözleriň we ownuk bölekleriň sözleýişde uly orny eýeleýändigi gürrüňsizdir. Diýmek, sözleýiş, tutuşlygyna alnanda, dil materiallarynyň kompleksleýin gatnaşygynda ýüze çykýar. Şol kommunikatiw ýadgaýda dil serişdeleriniň her biri özüniň mynasyp hyzmatyny ýerine ýetirmek bilen, adamzadyň sözleýşini üpjün edýär.

Adamzadyň sözleýşiniň ýüze çykyşyny bolsa alymlar dürli çaklamalar bilen beýän edipdirler. Olaryň diliň gelip çykyşy baradaky öňe süren pikirleri dürli akymlary, teoriýalary döredipdir. Olaryň hatarynda “Sese öýkünme”, “Ümlükler”, “Zähmet gykylyklary”, “Sosial şertnama”, “yşaratlar dili”, marksistik teoriýalary ýatlamak bolýar. Görnüşi ýaly, diliň gelip çykyşy ylmy esasda öwrenilip başlanyndan bäri, dil

materiallarynyň hyzmatyna laýyklykda dürli çaklamalar, pikirler öňe sürlüpdir. “Ümlükler” teoriýasy diliň ýüze çykyşynda esas hökmünde öňe sürlüpdir. Oňa görä, dilimiziň ümlükleriniň hyzmatynyň, ähmiýetiniň näderejede bolup biljekdigini taryhy taýdan deňeşdirmek arkaly çykarmakdyr.

“Ümlükler” teoriýasyna esaslananlar (grek filosofy Epikur, fransuz magaryfçysy Žan Žak Russo) : “Bu teoriýa boýunça ilkinji dogry sözler adamyň bir ýeri agyranda, adam bir zatdan gorkanda ýa-da bir zada gaty begenende çykarýan seslerinden, ýagny her hili duýgylary aňladýan seslerden (ümlüklerden) emele gelipdir (wäk, äl, waý, ah, wah). Şeýle sesler (gykylyklar) her hili beýleki sözleriň döredilmegine ýol açypdyr”. (A.Annanurow, Dil biliminiň esaslary, Aşgabat, 1971, 86 s.) - diýmek bilen, diliň gelip çykyşyndaky ähmiýetinde ümlükleriň ýerine ýetiren hyzmatyna mynasyp üns çekýärler. Diýmek, ümlükler ähli dillerde hem bar. Olar azlygyna ýa-da köplügine garaman, şol dilde ekspressiwlik funksiýany, ýagny begenji, gynanjy, gorkyny . . . aňladýarlar. Şunlukda, ümlükler adamyň bir zada bolan gatnaşygynyň içki ýagdaýyny ýüze çykarýarlar. Bu türkmen dilinde hem şeýledir.

Her bir dildäki ümlükleriň bolşy ýaly, türkmen diliniň ümlükleri-de adamyň içki duýgysyny, islegini, garaýşyny janly, öwüşginli beýan edýärler. Olaryň ýüze çykyşynyň örän uzak wagtlara degişlidigini ýatlamak gerek. Çünki gadymy döwürlerde hem adamlar ümlükleriň üsti bilen duýgularyny, isleglerini habar beripdirler. Şonuň üçin hem ümlükler, haýsy hem bolsa, bir zadyň adyny aňladyp bilmeýärler, predmet düşünjesini bermeýärler. Sözlemde agzalyk hyzmatyny-da ýerine ýetirmeýärler. Ýöne muňa garamazdan, olar adamyň içki duýgusyny, emosiýasyny örän gysga hem aýdyň suratda juda takyk aňlatmak ukybyna eýedir. Şunuň ýaly hyzmaty, biziň pikirimizçe, söz toparlarynyň hiç birisiniň sözleri-de ýerine ýetirip bilmeýärler. Mysal üçin, Heýjanelek, janelek, ýaz

gelýär! Urra, Garaşsyz bolduk! Ah, paňkelle! ýaly sözlemlerdäki “Heýjanelek, janelek, urra, ah” ümlükleri sözlemde getirmän aýdan halatymyzda bolsa, - Ýaz gelýär, Garaşsyz bolduk, Paň kelle - ýaly sözlemler emele gelip, emosional öwüşgini, ýagny adamyň ol ýa beýleki zada bolan şatlygyny, begenjini, ökünjini berip bilmeýär. şonuň üçin hem “Ümlükler gepleýjiniň diňleýjä bolan gatnaşygyny görkezip, sözleme utgaşýarlar we oňa emosional okraskany berýärler” (Häzirki zaman türkmen dili - 1960, 535 s.) diýilmegi dogrudyr. Munuň özi bolsa adamlaryň biri-birine düşünmeginde uly serişdedigini subut edýär. Emma muňa garamazdan, bu söz toparyna öň kembaha garapdyrlar. Şonuň üçin hem ol grammatikanyň içinde öwrenilmändir. Ol soň-soňlar rus diliniň grammatikasyna hem A.A.Şahmatowyň “Sintaksis” kitabynyň üsti bilen aralaşypdyr.

Türkmen dilindäki ümlükler, beýleki söz toparlaryna garanyňda, aýratyn häsiýete eýedir. Dilimizdäki atlar predmeti, predmetleşen düşünjäni aňlatsalar, sypatlar predmetleriň alamatlaryny ýüze çykarýarlar. Işlikler hem öz gezeginde predmetiň gymyldy-hereketini aňladyp, belli bir soraga jogap bolýarlar. Emma ümlükler olar ýaly düşünjäni aňlatmaýarlar. Olar adamyň begenjini, gynanjyny, haýran galmagyny we beýleki garaýyşlaryny aňladýarlar. Şonuň üçin hem olar belli bir soraga jogap bolmaýarlar. **Şeýlelikde, belli bir soraga jogap bolman, adamyň içki duýgusyny aňladýan sözlere ümlükler diýilýär**.

Meselem: Ah, näletli uruş! (B.K.”N”)
Waý-eý, bolşuň nähili?!

Dilimizde ümlükleri aktiw ulanýarys. Ümlükleriň hakyky manysy sözlemde intonasiýanyň üsti bilen düşnikli bolýar. Ümlükleriň dürli äheňde aýdylmagy bolsa onuň dürli emosiýany aňladýandygyny görkezýär. Mysal üçin, Ah ümlügi dürli intonasiýalarda aýdylyp, birnäçe manylary aňladýar.

Meselem: **Ah,** sen bezzatjyk! - diýip, arkasyna aldy-da, guşagyny onuň daşyndan aýlap guşandy. (B.K. III t.). **Ah,** näletli uruş! (B.K.N:) **Ah,** paň kelle! Dogry aýdýarsyň ... (B.K.N:)

Görnüşi ýaly, sözlemlerde ulanylan, ah, ümlügi begenji, gahary, ökünji aňladyp, dürli pursatlaryň duýgylary aňlatdy.

Bu mysallaryň üsti bilen, ümlükleriň emosiýany gysgajyk görnüşde aňladyşyny we olaryň ýagny sözleriň kömegi bilen berk baglanyşykda gelip, sözlemiň tutuş ýüze çykarýan manysyny beýan etdi.

Türkmen dilindäki ümlükler beýleki söz toparlaryndan aýratynlykda alnanda many aňlatmaýandygyndan, sintaktik taýdan sözlem agzasy bolup bilmeýändigi bilen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin hem olar kontekstde oturyň üsti bilen tapawutlandyrylýarlar.

Şunlukda, ümlükleriň ýüze çykmagynda intonasiýanyň uly ähmiýeti bar. Şonuň üçin hem janly gepleşikde ümlükler örän näzik we has güýçli intonasiýany talap edýärler.

Türkmen dilindäki ümlükler leksikada emosionallyk aňladýan sözler görnüşinde derňelse, ol sintaksisde emosional häsiýetli sözleriň hem söz sözleminiň içinde öwrenilýarler. Munuň özi bolsa olaryň ýerine ýetirýän hyzmatynyň ýüze çykmasydyr.

Ümlükleriň klassifikasiýasy hem aňladýan manylaryna görä bölünişleri

Söz toparlarynyň döreýşini, görnüşini, formasyny hem-de aňladýän manylaryny, hyzmatyny ylmy taýdan düşündirmek zerurlygy dil bilimi üçin ähmiýetlidir. Munuň özi diliň taryhyny, özgerişini we ösüşini kesgitlemäge uly kömek berýär. Şol nukdaýnazardan hem ümlükleriň klassifikasiýasyny bilmek we öwrenmek zerur bolup durýar.

Biz ümlükleri klassifisirlemeden ozal, “klassifikasiýa” sözüne doly düşünmelidiris.

“Klassifikasiýa” latyn sözi bolup, ol - classis, ýagny razrýad - facere - etmek diýmekdir. Munuň özi razrýadlara, ýagny toparlara bölmek diýmegi aňladýar. Diýmek, ümlükleriň gelip çykyşynyň, aňladýan manylarynyň emele gelşiniň, formalanyşynyň alamatlaryny ýüze çykarmak bolsa dil serişdesiniň hyzmatyny kesgitlemekdir.

Türkmen dilindäki ümlükler emosional we ekspressiw duýgylary ýüze çykarýarlar. Şonuň üçin hem ümlükleri klassifisirlemek meselesi örän çylşyrymly. Ýöne muňa garamazdan, ümlükler klassifisirlenen halatynda esasan iki prinsipden ugur alynýar:

1. Ümlükleriň emele gelişleri, döreýişleri hem olaryň formalanyşlaryna görä toparlara bölmekden;

2. Ümlükleriň sözlemde aňladýän manylaryna görä klassifisirlemekden.

Dildäki ümlükleriň dürli döwürlerde dörändigi belli. Şonuň üçin-de olaryň emele gelşiniň dürli-dürli derejelerde bolup biljekdigi düşnüklidir. Şu nukdaýnazardan hem ümlükleriň döreýşiniň taryhyny, belli bir derejede, göz öňünne getirmek mümkin. Muňa dilimizdäki ulanylýan “Aý, heý, eý, bä“ we “hoş, berekella, toba, buşluk” ýaly ümlükler hem mysal bolup bilerler. Sebäbi, ümlükleriň birinji toparyndakylar has irki döwürlere degişli bolsa, olaryň ikinji toparyndaky ümlükler soňky wagtlara degişli hasaplanylýar. Bu bolsa ümlükleriň emele gelşi taýyndan klassifikasiýasyny ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Türkmen dilindäki ümlükleri emele gelşi, döreýşi taýyndan asyl hem ýasama diýen toparlara bölýärler. Ümlükleriň ýasama görnüşi diliň morfologik we sintaktik söz ýasalyş ýollary arkaly hasyl edilen däldir. Olar leksika-semantik ýol bilen sözleriň leksikalizasiýasy ýa-da başga

dillerden geçen sözleri semantic özleşdirmek arkaly hasyl bolandyr.

Ümlükleriň emele gelişleri taýyndan bölünişleri.

Türkmen dilindäki asyl ümlükler ýasama ümlüklerden köpdür. Olar sözleýişde işjeň ulanylmak bilen, adamyň içki duýgusyny örän ince aňlatmaga ýardam edýärler. Asyl ümlükler örän näzik we güýçli intonasiýany talap edýärler. Olar dürli intonasiýada ýüze çykarylmak bilen, sesleriň has çekilip ýa-da batly, asuda aýdylmagy bilen köp manylarda ulanylýarlar. Mysal üçin, "hä" ümlüginiň aňladýan manylaryna, aýdylyşy aýakdaky ýaly dürli duýgulary aňladýar:

Hä, näme diýdiň?! - ikirjiňlenmegi aňladyşy

Hä, şeý diýsene! - razylyk aňlatmagy

Hä, hä, boldy diýsene- geň galmaklyk, tassyklamaklyk

Hä, hä-ä geldi diýsene- begenji we ş.m.aňladyşy

Görnüşi ýaly, asyl ümlükleriň dürli intonasiýalarda aýdylmagy onuň bilen ulanylýan sözlemiň manysy bilen pugta baglanyşykda bolýar.

Özbaşdak emosional we ekspressiw duýgulary aňladyp, bir we birnäçe sesden ybarat bolan, başga bir söz toparlaryndan ýasalmadyk sözlere asyl ümlükler diýilýär.

Asyl ümlükler has gadymy ümlükler hasaplanýarlar. Olar şu sanaljak fonetik düzümde gabat gelýärler. Olar taryhy çeşmelerde, ýazuw ýadygärliklerde duş gelýän ümlüklerdir. Olar bir we birnäçe sesleriň düzüminden düzülen emosional-ekspressiw sözler.

1. Bir çekimli sesden emele gelen asyl ümlükleriň a, -ä seslerinden ýasalyşy:

Daýy, a, daýy, serçe näme üçin ýöremän, hemişe towsup gezýä? (B.K. "S.e.", 26 s.) Kaka, a, kaka, şu bugdaýlyk biziňki dälmi? A, seniňkiden?(B.K. "S.e.", 19 s.) Ä, geleni görmedim diýsene ...(B.K. "S.e.", 26 s.)

"A" sesiniň bile ulanylyşyna:

Aýu, oglan, gorkmaz ýalymy näme?

Aýu, Nazar jan! Telpegiňi alyp gitsene, ýogsam kelläňe gün urdurarsyň! (B.K. “S.e.”, 18 s.)

2. Düzüminde çekimli we çekimsiz seslerden ybarat bolan: eý, ah, aý, ym, uf ýaly asyl ümlükler hem bar. Meselem: Eý, ýaranlar, ömrümden Geçdi diýip aglar men (M.S. “S.e.”, 1977, 283 s.) Ah, şeýle diýsene ...(B.K. “N”) Aman-u-u! Aý, Aman jan-u-u-u!...(B.K. “S.e.”, 240 s.)

Bu hili ümlükleriň çekimlisiniň uzaldylyp aýdylýanlary hem-de çekimsizleriniň goşalandyrylyp aýdylýan halatlary-da bar. Meselem: Aha-a, siz Batyr ejesi?...(B.K. “S.e.”, 109 s.). E-eý, edýäniň näme! Ertiriň sap howasynda uzakdan şaňňyldaýan bir ses ýaňlanýardy: -E-e-eý-ý ho-o-oý! (B.K. “S.e.”, 14 s.)

3. Çekimsiz sese başlanýan asyl ümlüklerden: ba, bä, wä, hä, he, ha ýaly ümlükler hem bar. Meselem: Hä-ä, halaşarsyňyz siz Aňkary! (B.K. “S.e.”, 158 s.). “Wä!” diýip, gygyranyny-da duýman galdy. (B.K. “S.e.”, 12 s.). Bä, enejan! Sen onda o dünýeden gelen bolaýma? (B.K. “S.e.”, 56 s.).

Bu hili ümlükleriň hem çekimlisiniň uzaldylyp aýdylýan halatlary hem bar.

4. Düzüminde bir çekimli ses bolan wah, baý, hiý, weý, waý, bäý, heý, wiý, haý asyl üml;ükler hem bar. Käte ol çekimliniň galdyrylyp ulanylýan ýerleri-de duşýar. Meselem: Heý, seniň ýaly at ýitiren tohumyňda beri barmy? Hymm!... Bolduň meň başyma adamyň içindäkini daşyndan saýgarýan köpbilmiş! (B.K. “S.e.”, 56 s.) “Waý, eje-leý!” diýip, zörletjekleriň hilinden däldirin. (B.K. “S.e.”, 52 s.) Wiý, balam, sen nähili gürrüň edýärsiň? (B.K. “S.e.”, 40 s.)

Asyl ümlükleriň özara tirkeşip gelişleri hem bar. Olar tirkeşip ulanylan halatynda aýratyn basym bilen aýdylýarlar. Olaryň arasynda: A-ha, ä-hä, e-he, a-how, o-how, a-haw, eý-how, be-eý, ha-aw, ba-ha, bä-hä, bo-how, heý-eý, baý-ba, weý-

weý, baý-baý, eý-weý-eý ýaly ümlükleri görkezmek bolar. Bu hili ümlükler hem asyl ümlüklere degişlidir. Meselem: Baý-baý, ýeser oglanlar ekeniňiz! (B.K. “S.e.”, 177 s.)Haý-haý, seniň ýöreýşiň arslana, şire ogşar (Kemine, 84 s.). Ah-aw, gardaşlar, siz oýlanyp görüň! (B.K. “S.e.”, 197 s.) A-ha-a-... wa-aleýkimsesalam, ha-haw! (B.K. “S.e.”, 200 s.).

Ýasama ümlükler

Türkmen dilindäki ýasama ümlükler doly manysynda ulanylan sözlerdir. Şonuň üçin hem ýasama ümlükler doly leksik manyly sözlerden ýasalypdyrlar. Ol sözleriň ümlüklere öwrülmegi bolsa, olaryň öz hakyky manysyny ýitirmegi bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli-de ümlüklere öwrülen sözler örän güýçli emosional öwüşginde aýdylýarlar.

Ýasama ümlükler hem emele gelşi taýdan iki topara bölünýärler.

1. Sözlerden emele gelen ýasama ümlükler: hoş, ýaşa, bagyşla, arma, buşluk ...
2. Başga dillerden geçen ýasama ümlükler: elhepus, toba, lepbeý, allo, marş ...

Käbir: “Al gerek bolsa, eý walla, me saňa, al muny, walla kessin” ýaly frazeologik söz düzümleri hem ümlükleriň funksiýasyny ýerine ýetirýärler.

Ümlükleriň aňladýan manylaryna görä bölünişleri

Türkmen dilindäki bir ümlügiň dürli intonasiýada aýdylmagy bilen onuň dürli manylarda ulanylýandygy bellidir. Olar şonuň üçin-de özüniň degişli sözlemi bilen bile ulanylan ýagdaýynda belli bir manyny aňladýarlar. Şol nukdaý nazardan hem-de ümlükleriň aňladýan manylaryna garalyp, olar:

a) Emosiýa - duýgy bildirýän.
b) Isleg impulslaryny bildirýän ümlüklere bölünýärler.

Emosional häsiýetdäki ümlükler dürli intonasiýada aýdylýarlar. Şonuň üçin hem olar (belent, ortalyk, aralyk intonasiýada) güýçli, güýçsüz, adaty emosiýa bildirýän

ümlüklerden ybaratdyr. Şol sebäpli hem olary şeýle many gatlaklaryna bölýärler:

1. Şatlykly duýgulary aňladýanlar, položitel emosiýaly ümlükler şeýle manylary aňladyp bilýärler:

a) Şatlyk: urra, heýjanelek, buşluk...

b) Hoşamaýlyk bermek: berekella, tüweleme, arma, ýaşa, göz degmesin.

w) Haýran galmagy aňladýan ümlükler: be, eý-ho, baý-ba, ba, wä, wiý...

g) Öwmegi aňladýan ümlükler: baý, how, baý-baý-ow.

2. Otrisatel öwüşginli ümlükler. Olar hem şol bir ümlüklerden emele gelip bilýärler. Ýöne olar üýtgeşik, gamgyn heňde aýdylýarlar. Olardan:

a) Howpuň abanýandygyny, gorkyny aňladýan ümlükler: dat-bidat, dat-perýat, wäää, haý, eý, waý-waý.

b) Gynanjy, armany aňladýanlar: ah, wah, arman, waheý, waýeý, weý-weý-...

w) Ökünmäge degişliler: wah-wah, ah, päheý, ähh...

g) Gyjalat bermegi aňladýanlar: he, hä-ä, hyş, hiý, aha...

d) Ýigrenji aňladýanlar: heý, tüf, ah....

e) Ynamsyzlygy aňladýanlar: ä-hä, ä-ä-ä, ähä ...

ý) Ýaňsylamagy aňladýanlar: weý, hani.

3. Oýlanmagy görkezýän ümlükler: ym, hym, im, hm...

4. Duýdansyzlykda ýüze çykmaklygy aňladýanlar: a-ha, wiý, hiý.

Ümlükleriň isleg impulslaryny bildirýänleri hem ýüze çykýan derejesine garap many gatlaklara bölünýärler. Olar gadymy ümlükler bolany üçin seslerden, sözlerden emele gelipdirler. Olar:

1. Çagyrmagy, ýüz tutmagy aňladýanlar: o-ho-ow, eý, aýuw, ow, aho-haw, ýa, haw, allo...

2. Buýrujylary aňladýanlar: hş, çüw, höw, ýit, haýt, piş.

3. Hoşlaşmagy, gutlagy, hormaty aňladýan ümlükler: salam, hoş, bagyşla, taňry ýalkasyn, giç ýagşy! Gelen ýagşy! Agşamyňyz haýyrly bolsun, Gözüňiz aýdyň!...

Gönükme: Ümlükleriň gurluşy we manysy boýunça degişli toparlaryny görkeziň.

Towugyna "tok!" diýilmedik. Sygra "höw!" diýseň, gyzgan iýer. "Tüý-tüý" diýip iýmlemeseň towuklaram ýumurtga berenok. "Ah" et, "wah" et, öz işiňi özüň et. Ah, Akmaýa sen meniň oglumyň nähili ýigitdigini görsediň. Aý, eje, geljek myhmanlar kimler? A, öýi näderis? Haý, ýagy çozdy. Hümm, aý bolýa-da, seniň aýdýanlaryň bary dogry. Owlak tapan oýum, tege-tege. Äl walla, beýle gapyşdyrdyň - aýt. Eý-ho-oý, şeý diýsene! Onda-da, elhepus, munuň ýadamazakdygyny. Alanda „bissymylla", berende „ estagpyrylla". Agaç aýran bir paý, hähini beren iki paý.

SES WE ŞEKIL AŇLADÝAN SÖZLER

Ses we şekil aňladýan sözler tebigatda, durmuşda duş gelýän janly we jansyz zatlaryň adamlaryň dürli görnüşli seslerine we şekillerine öýkünmelerdir. Olar dürli görnüşli hadysalaryň obrazlylygyny, hereketdeligini suratlandyrýarlar. Many taýdan bular aýry-aýry zatlardyr. Ses aňladýan sözleri biz eşitmek arkaly döredýäris. Şekil aňladýan sözleri bolsa görmek arkaly hasyl edýäris. Şu tarapdan bular iki topara bölünýärler.

1.Ses meňzemeleri ýa-da öýkünmeleri – ses aňladýan sözler.

1. Şekil meňzemeleri, obraz meňzemeleri.

Ses meňzemeleri adamyň we beýleki janly zatlaryň çykarýan seslerini, jansyz tebigatdan eşidilýän dürli sesleri öz içine alýar. Meselem gürp, tarp, gütür-gütür, güžžül-güžžül, jöw-jöw, gyk-gyk, düňk-düňk, şag, şyg, şytyr, şitir, şuw, jop-jop, gümmür-gümmür... Olar hem köpmanyly ýa-da şol bir hereketi ýa-da

sesi birnäçe ses aňladýan söz arkaly berýärler. Meselem: adamyň gülküsini aňladýan: jykyr-jykyr, loh-loh, jak-jak, ha-ha-ha... Jansyz tebigatda zatlar özbaşdak hereket edip ses çykarmasalar-da, bir zat başga bir zada täsir edip, onuň ses çykarmagyna sebäp bolup biler. Şeýlelikde, ses meňzemeleri käbir zatlaryň öz sesi bolsa, käbir sesler öz erkine ýüze çykmaýarlar. Ýöne olaryň ählisi şol bir esasda – eşidilen sesi mümkin boldugyça has doly şöhlelendirmek netijesinde döredilýärler. Olaryň hersi aslyna has ýakyn öýkünmelerdir.

Obraz meňzemeleri. Gözümiz bilen görýän dürli şekillerimiziň söz bilen aňladylan öýkünmeleridir. Olaryň özara bäş topara bölünişi bellenilýär.

a. Adamyň, haýwanlaryň, guşlaryň ýörişlerini, özlerini alyp baryşlaryny aňladýan sözler. Meselem, maýpyl-maýpyl, ätmer-sätmer, loňk-loňk, mytdyl-mytdyl, patdyk-putdyk...

b. Hereketiň çaltlygyny, okgunlylygyny, birden ýüze çykyşyny aňladýan sözler. Meselem, zömp, zybyrt-zybyrt, diriň-diriň, gürüm-jürüm, ziňk...

ç. Ýagtylyk bilen bagly adam gözüniň kabul edýän obraz meňzemeleri. Oduň, ýalnyň, ýyldyzlaryň, ýyldyrymyň, çyranyň ýylpyldamagy, adam ýüzüniň, gözüniň şatlykdan ýaňa ýaldyramagy bilen bagly sözler: ýalp, ýylp, ýaldyr, lowur-lowur, balk-balk, labyr-labyr, zymmyl-zymmyl, buldur-buldur...

d. Adam bedeniniň dürli fiziologik duýgulary kabul edişleri bilen bagly sözler: jümüş-jümüş, tirp-tirp, gürs-gürs, tars-tars, tikenek-tikenek...

e. Zatlaryň daşky görnüşlerini aňladýan sözler: atan-satan, sopul-sopul, syh-syh, lemmer-lemmer, darka-darka, böreň-böreň suwlar...

Ses we şekil aňladýan sözler birmeňzeş hasyl bolýarlar. Emele gelşi taýyndan bularyň gurluşy meňzeşdir. Şol sebäpli aňladýan manylary dürli-dürli bolsa-da, bular bir söz toparyna degişli edilendir. Olar nominatiw many aňladýarlar. Emma

sözlemde özbaşdak agza bolup bilmeýärler. Asyl söz hökmünde işlikleriň, atlaryň, hallaryň, dürli tirkeş sözleriň ýasalmagyna gatnaşýarlar.

Gönükme: Tekstden ses we şekil aňladýan sözleri saýlamaly. Olaryň manysy we gurluşy taýdan görnüşini anyklamaly.

Ýaldyrak dogsa, ýalt-ýult. Şybyr-şybyr, çybyş-çybyş, pyşyr, pyşyr, wak-wak, ýap-ýap, hopul-sopul, açalak-ýumalak, ziňk, ýaldyr-ýaldyr, ätmer-sätmer, loňk-loňk, atan-satan, şagga, wazyrtda-wazyrt, dazyrtda-dazyrt, lars-lars, haňk-huňk, dylym-dylym, jilk-jilk, apaň-apaň, antak-mantak, elek-çelek, sapajak-supajak, joňk-joňk, loňk-loňk, düňk-düňk, şyg-şyg, saňňyl-saňňyl, galp-galp, çalak-çulak, çalam-çaş, seňk-seňk, haw-haw, löw-löw, mys-mys, wala-wala, hüňür-hüňür, kikir-kikir, iňňä-iňňä, kühhä-kühhä, püf-püf, aý-aý-he-he, awu, hork-hork, mä-ä-mä-ä, gyr-gyr-gyr, hys-hys, jagak-jagak, gak-gak-gak, duk-duk, gark-gark, jykyr-jykyr, wyzda-wyz, pat-pat, park-park, tykyrt, şyrk-şyrk-şyrk-şyrk, tiriň-tiriň-tiriň, dyň-dyň, lummur-lummur, kül-pagyş, gerk-gäbe, köw-söw, tark-turk, ýalt-ýult, patdy-sutdy, hajyk-hujuk, selteň-sülteň, ibirtde-zibirt, jagulda-jugul.

BAGLAÝJY KÖMEKÇILER

Özbaşdak many aňlatmaýan, deň hukukly sözlem agzalaryny ýa-da ýönekeý sözlemleri biri-biri bilen baglanyşdyrmaga hyzmat edýän sözlere baglaýjy kömekçiler (öňki ady -*soýuzlar*) diýilýär. Meselem: Ejegyz pagtany çalt hem arassa ýygýar. Ýagyş ýagdy we howa salkynlady.

Öňki döwürlerde türki dillerde baglaýjy kömekçiler bolmandyr. Olar soňky döwrüň önümi hasaplanyp, XI asyrdan başlap, işjeň ulanylyp başlanýar. Sebäbi, oguz-Orhon-Ýeniseý ýazgylarynda gabat gelmeýär. *Ýöne, sebäbi* ýaly sözler baglaýjy hyzmatyny has soňky döwürde öz üstüne alypdyr. Diýmek,

diliň ösmegi grammatik gurluşyň kämilleşmegine, timarlanmagyna getiripdir.

Baglaýjy kömekçiler öz baglanyşdyrýan sözleriniň obýektiw gatnaşyklaryny görkezmeýärler, sözlemdäki sözleriň grammatik formalary bilen içki taýdan hiç hili baglanyşmaýarlar. Şonuň üçin baglaýjy kömekçileri galdyryp, taşlap ulansaň-da, sözlemde hiç zat üýtgemeýär. Emma sözsoňy kömekçiler baglaýan sözleriniň grammatik şekili bilen berk baglanyşyp, sözleriň obýektiw gatnaşygyny görkezýärler, şonuň üçin olary taşlap ulanyp bolmaýar.

Gelip çykyşy taýdan türkmen dilindäki baglaýjy kömekçiler alynma baglaýjylara (we, hem, a) , türkmen diliniň öz serişdelerinden dörän baglaýjy kömekçilere (ýogsam, ýa-da, ýöne we ş.m.) bölünýärler.

Türkmen dilindäki baglaýjy kömekçileriň bir topary hemişe baglaýjy kömekçi hökmünde ulanylýarlar, bir topary bolsa material many aňlatmak ukybyny hem özlerinde saklap, belli bir ýagdaýlarda baglaýjy kömekçi bolup ulanylýarlar.

1. Hemişe baglaýjy kömekçi bolup ulanylýan sözler we söz bölekleri: ýogsam, we, weli, welin, ýogsa, ýogsam bolmasa, ýöne, meger, hem, çünki, eger, emma, ýa, ýagny, ötri.

2. Öz material manylaryny saklap, belli bir ýagdaýda baglaýjy kömekçi hyzamatynda ulanylýan sözler: bolmasa, diýen, diýip, ýogsa, sebäbi we ş.m.

Sada we goşma baglaýjy kömekçiler:

Bir sözden bolan baglaýjy kömekçilere sada baglaýjy kömekçiler diýilýär.

Birden artyk sözüň birikmeginde sözleri ýa sözlemleri baglanyşdyryp gelmegi goşma baglaýjylar arkaly amala aşyrylýar. Meselem: ýöne welin, we, hem-de, şeýle hem, emma weli.

Baglaýjy kömekçiler arkaly baglanyşýan sözler sözlemde deňhukukly bolsalar-da, sözlemler beýle däldir. Baglaýjy

kömekçileriň baglanyşdyrýan sözlemleriniň birnäçesi deňhukukly ýönekeý sözlem bolsa, olaryň käbiri haýsydyr bir tarapdan biri beýlekisini aýyklap gelýärler. Şu aýratynlygy boýunça baglaýjy kömekçileri iki topara bölmek mümkin:

1. Düzmeli baglaýjylar.
2. Eýerjeňli baglaýjylar

Biri ikinjisine garaşly bolmadyk sözleri we sözlemleri baglanyşdyrmaga hyzmat edýän kömekçilere düzmeli baglaýjylar diýilýär. Düzmeli baglaýjylar, esasan, iki sany deň hukukly, biri beýlekisini aýyklamaýan ýönekeý sözlemleriň arasynda gelýärler. Olary baglanyşdyrýan sözlemleriniň aňladýan manysyna görä aşakdaky ýaly toparlara bölüp bolar:

a. Wagt taýyndan gezekleşmegi görkezýänler: Kä, käte, bir görseň, bir seretseň, bir sözleri baglaýjy kömekçi bolup gelýärler we wagt taýdan gezekleşmegi aňladýarlar.

b. Garşylygy görkezýänler: emma, ýöne, welin, ýogsa, ýogsam bolmasa, bolsa, gaýtam, weli baglaýjylarynyň baglanyşdyrýan sözlemleriniň aňladýan düşünjeleri garşylykly bolýar. *Synag birnäçe sapar gaýtalandy, emma peýda bermedi.*

Ç. Ikuçlulyk görkezýänler: ýa, ýa-da, ha, hala. Bular öz baglanyşdyrýan bölekleriniň haýsy-da bolsa biriniň bolmalydygyny aňladýarlar.

d. Ugurdaşlyk görkezýän düzmeli baglaýjylar: we, -da/-de, hem. Hem sözi goşulma şekilinde gelende-de ulanylýar (-em görnüşinde). We baglaýjysynyň **u** görnüşi hem baglaýjy hyzmatynda nusgawy edebiýatyň dilinde hem häzirki gepleşik dilinde ulanylýar. *Ölenden soň şah-u geda bary bir, Aşret dilän ogul-gyz-u-zen üçin.*

Ýokluk aňladýanlar: ne, ne-de. *Ne gyş, güýzi bilýär ol, Ne gündizi bilýär ol.*

Eýerjeňli baglaýjylar.

Biri beýlekisini haýsy-da bolsa bir tarapdan aýyklaýan deň hukukly sözlemleri baglanyşdyrýar. Many taýdan birnäçe toparlara bölünýär:
1.Şertli sebäp görkezýänler: sebäbi, çünki, bardy-geldi, onda.
2.Anyklamagy aňladýanlar: ýagny, diýip, diýen.
3.Güýçlendirmegi aňladýanlar: hatda, diňe
Gönükme: Baglaýjylaryň görnüşini, manysyny we gurluşyny derňemeli.

Häzir Baýramyň ýüzi bir gyzardy, bir agardy. Hem zyýarat, hem tüjarat. Bazaryň nyrhy kä göterilýärdi, käte aşaklaýardy. Eger-de şu alma terligine dursa, seniň doganyň keýpi kökdür. Bardy-geldi hilesini tapyp geçäýseň, ondan aňyrda üç ýüz altmyş kenizi bardyr. Adamlar gün ýaşar wagty dagadylar çünki barha güýçlenýän ýel olary howsala salypdy. Eger ol halka hyýanat etse, onda ol günäsi üçin sürgün ediler. Haçan islese, gözüne ýaş getirip bilýärdi. Gördűň, dostuň ỳűzi hoş, otur-da turuş, gördűň, dostuň ỳűzi turşy, ne oturyş-da ne turuş.

SÖZSOŇY KÖMEKÇILER

Sözüň soňundan gelip, öň ýanyndaky sözüň belli bir şekilde bolmagyny talap edýän we şol söz bilen birlikde bir agza hasaplanýan, öň ýanyndaky sözüň beýleki sözler bilen grammatik gatnaşygyny ýerine ýetirýän kömekçi sözlere sözsoňy kömekçiler diýilýär. Sözsoňy kömekçileriň esasy hyzmaty özbaşdak many aňladýan, biri beýlekisine garaşly sözleri özara baglanyşdyrmakdan, şolaryň arasyndaky many taýdan bolan her hili gatnaşyklary görkezmekden ybaratdyr Sözsoňy kömekçiler özbaşdak leksik manysy bolan sözleriň

arasyndaky dürli-dürli garaşly gatnaşyklary görkezmäge hyzmat edýärler. Şu tarapdan olar düşüm goşulmalaryna meňzeşdir. Olaryň düşümlerden esasy tapawudy sözsoňy kömekçileriň özbaşdak söz görnüşinde ulanylmagydyr. Sözsoňy kömekçiler goşulmalar ýaly öz öňündäki sözün yzyna gös-göni goşulmaýarlar Olaryň nähili gatnaşygy bildirmegi öňünden gelýän sözleriň manysy bilen baglydyr. Sözsoňy kömekçiler özbaşdak many aňlatmaýar, diliň häzirki ýagdaýynda olar leksik manylaryny ýitiripdirler. Belli bir düşümde gelen özbaşdak many aňladýan sözleriň yzyndan gelip, şolar bilen bilelikde ulanylýarlar. Aslynda özbaşdak ulanylýan sözleriň birnäçesi öz leksik manysyndan daşlaşyp, kömekçi atlara we sözsoňy kömekçilere öwrülipdir. Bu proses türki dillerde, türkmen dilinde-de häzir hem dowam edýär.

Sözsoňular degişli sözi bilen ýanaşyk gelýär, olaryň arasyna başga söz düşmeýär. Ulanylyşy taýdan sözsöňy kömekçileriň iki toparyny tapawutlandyrmak mümkin:

1. Asyl sözsöňulara başgaça sözsoňy kömekçiler hem diýilýär. Sebäbi bular diňe sözsoňy hyzmatynda ulanylýarlar. Olara **üçin, ýaly, kimin, dek, deýin, gaýry, ötri** ýaly sözler degişlidir. Asyl sözsoňularda içki özgeriş has hüýçli geçipdir. Olar ýöňkeme, düşüm goşulmasyny kabul etmeýärler, diňe sözsoňy hyzmatynda ulanylyp, garaşly agzany esasy agza baglap gelýärler. Olar sözlem agzalarynyň arasyndaky garaşly baglanyşyga hyzmat edýärler. Olar öz ulanylýan ýerinde ýeke-täk grammatiki serişde bolup, şol orundaky baglaýjylyk hyzmatyny hiç bir zat bilen çalşyryp ýa-da taşlap ulanyp bolmaýan kömekçilerdir.

Sözsoňy hyzmatynda gelýän, diňe sözsoňy hyzmatynda ulanylýan sözleriň ýene bir toparynda içki özgeriş has güýçli geçipdir. Bu topara degişli sözler sözsoňy hyzmatynda gelende bir görnüşini saklaýarlar hem-de ýöňkeme we düşüm goşulmasyny kabul etmeýärler. Meselem: baka,

boýunça, garşy, görä, tarap, çenli sözsoňulary şol bir durkunda hemişe sözsoňy hyzmatynda ulanylýarlar. Bularyň haýsy sözden hasyl bolany belli bolsa-da, şu durkunda olar öz asyl manylaryndan daşlaşyp, diňe baş, ýöneliş we çykyş düşümlerde gelen atlary garaşly agza hökmünde esasy agza baglaýan sözsoňy hyzmatynda ulanylýarlar.

Sözsoňy hyzmatynda gelýän sözler

Dilde öz material manylaryny, leksik düşünje aňlatmak hyzmatyny saklap, belli bir orunda we şekilde sözsoňy hyzmatyna geçýän sözlere ýasama sözsoňular ýa-da kömekçi atlar diýilýär. Ulanylyşy taýdan bularyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar.

1. Içki özgeriş entek güýçli geçmedik, ýöňkeme we düşüm goşulmalary bilen üýtgeýän, belli bir orunda sözsoňy hyzmatyna geçýän sözler kömekçi atlardyr. Beýle sözsoňular aslynda adam ýa-da başga bir predmet bilen genetik taýdan bagly bolup, özleriniň degişli bolan zadyna dahylly düşünjeleri görkezýärler. Bu sözsoňularyň haýsy sözden emele geleni belli. Olaryň esasy aýratynlygy sözlemde ýerine ýetirýän hyzmaty bilen kesgitlenýär. Kömekçi at hyzmatynda gelende, sözler öz leksik manysyny ýitirýärler. Olar özbaşdak manyly sözleriň arasyndaky orun-giňişlik, käte bolsa wagt, sebäp, maksat ýaly gatnaşyklary bildirýär. Olaryň sözsoňulardan ýene bir tapawudy—**kömekçi atlar diňe eýelik düşümde gelen sözi işliklere baglamak hyzmatyny ýerine ýetirip, ikisi bilelikde bir agza bolýarlar**. **Kömekçi at belli bir ýöňkeme goşulmasyny we diňe lokal düşümlerden biriniň goşulmasyny kabul edende sözsoňy hyzmatyna geçip, galan ýagdaýlarda öz hakyky manysynda gelýär**. Meselem: ýüküň üstüne, saçagyň üstüne, pejiň üstünde, düşegiň üstüne, obanyň üstüne, iş üstüne, sorag üstüne sorag, Nazar baýyň üstünden, gülküleriniň üstünden suw guýlan ýaly, meniň üstüme-maňa,

ýurduň üstünden, romanyň üs-de, kämilleşdirmegiň üs-de, bir zadyň üstünden, synam üzre dag, meýdan üzre durar sen, gögüň ýüzüne, gaýalaryň ýüzlerinden, derýa ýüzünde gaýyp, hatyň ýüzüne ýelmäp, şäheriň depesinde, gowaçanyň depesinde, dagyň depesine göz dikdi. , gök çaýýň başynda, süri nowanyň başynda dyknyşyp dur, tärimiň başyndan asylan, at toýnagynyň astyndan, kak astyna düşelen, haýatyň düýbünde, uly aladanyň aşagynda/astynda, atlylaryň içinden agtardy, bir sagadyň içinde, tokaýyň etegine, öýüň ortasyna, köçäniň ortarasynda, aýyň ortalarynda, agaçlaryň arasynda, Pakistan bilen Hindistanyň arasynda Kaşmiriň üstünde dawa gidýärdi. Bir ýaş bilen iki ýaşyň arasynda, uky arasynda, iş arasynda, gurluşygyň jümmüşine, şaheriň jümmüşine, öňünde, aldynda, gaşynda, agzynda, aňýrsynda, Bamynyň ýeňsesinden, derýa arkasyna, onuň yzyndan, maşynyň/biri-biriniň yzyndan, aýnanyň garşysyna bardy, Bilbiliň garşysyndan çykdylar, boý, ýaka, gyra, çet, uç, aýak, ugur, ýan, gapdal, duş, alkym, daş, töwerek, dumly-duş, dert, el, gol, esas, ýatagyň böwrüne, suwuň ýokarsyna aýlandy, watanyň ýolunda, daglaryň goltugynda...

Sözsoňy kömekçiler we kömekçi atlaryň tapawudy esasan şekil taýdan bolup, ulanylyşlary we ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatlary meňzeşdir. Sözsoňy kömekçileriň esasy hyzmaty özbaşdak many aňladýan, biri beýlekisine garaşly sözleri özara baglanyşdyrmakdan, şolaryň arasyndaky many taýdan bolan her hili gatnaşyklary görkezmekden ybaratdyr. Şu tarapdan olar düşüm goşulmasyna meňzeşdir, sözsoňy kömekçileriň esasy tapawudy özbaşdak söz görnüşlerinde ulanylmagydyr.

Sözsoňularyň ulanylyş gerimi has giňdir. Olar baş, ýöneliş hem çykyş düşümdäki sözlerden soň gelýär. Sözsoňularyň bir topary (**bilen, arkaly, üçin, ýaly, kimin, sebäbi**...) baş düşümdäki atlar, eýelik düşümdäki atlar,

görkezme çalyşmalar bilen ulanylýar. **Çenli, deňiç, tarap, bakan, garşy, garaman.**.. we ş.m. ýöneliş düşümdäki sözleriň yzyndan ulanylýar.

Sözsoňularyň haýsy düşümdäki sözlerden soň gelşine görä, olary üç topara bölmek bolar:

a. **Baş düşümdäki sözler we eýelik düşümdäki çalyşmalar bilen ulanylýanlar**: bilen, ýaly, kimin /kibi, dek/tek, deý/deýin, üçin, sebäpli /zerarly, jähtli, hakda/hakynda, barada/barasynda, dogruda/dogrusynda, boýunça, arkaly, bäri, tarapyndan, sary, saýy, hökmünde, mynasybetli, taýdan, çenli, çemeli, çemesinde, möçberli, töweregi, çemeleri

b. **Ýöneliş düşümdäki sözler bilen ulanylýan sözsoňular**: çenli, çen, deňeç, deň, görä, tarap, baka(n), sary, garşy, golaý, ýakyn, garaman, garamazdan, bakmazdan, garaňda, seredeňde, laýyklykda

ç. **Çykyş düşümdäki sözler bilen ulanylýan sözsoňular:** öň, öňinçä, ozal, owal, soň, soňra, başga, özge, gaýry, aňryk, beýläk, şeýläk, ýaňa, ötri, beter, artyk, zyýat, zyýada, daşary, gowrak

Kömekçi sözler hem taryhy taýdan aslynda özbaşdak mana eýe bolupdyrlar. Kömekçi atlaryň hemmesi sözsoňy sözler bilen baglanyşyklydyr. Olaryň leksik manysynda ýa-da kömekçi hyzmatynda gelmegi diňe sözlemde takyklanýar.

Käbir atlar lokal düşümiň diňe birinde gelende, kömekçi at bolýar. Meselem, dert sözi diňe çykyş düşümde gelende kömekçi at hasaplanyp (sowugyň derdinden, gaharyň derdinden, onuň derdinden) başga ýagdaýda öz hakyky manysynda ulanylýar. Şolar ýaly kömekçi atlaryň bütinleý sözsoňy kömekçilere öwrülip gidenleri bar. Meselem: **hakynda, barasynda, dogrusynda...** häzire çenli kömekçi atlar şekilinde **hakda, barada, dogruda** ýaly görnüşde ulanylýarlar. Edil

şonuň ýaly **tarapyndan** sözsoňusy hem diňe çykyş düşümdäki söz bilen gelende kömekçi atlaryň hyzmatynda ulanylyp, başga düşümlerde gelende öz leksik manysyny aňladýar. Meselem: ýaşlar **tarapyndan**, daýhanlar **tarapyndan**...

Sözsoňularyň bile ulanylýan sözi bilen utgaşyp emele getirýän aşakdaky ýaly many toparlary bar:

1.bilelikdeligi görkezýänler: **bilen, bile**

2.gural ýa-da instrumentallyk görkezýänler: **bilen, bile**

3. wagt hem giňişlik görkezýänler: **ozal, owal, soň, öň, deň/deňeç, çen/ çenli**

4.meňzetme görkezýän: **ýaly, kimin, kibi, dek, deý, deýin**

5.deňeşdirmegi görkezýän:**görä, garanda**

6.degişlilik görkezýän: **hakynda, babatda, dogrusynda, barasynda/barada**

7.ugur görkezýän: **tarap, garşy, baka**

8.orun görkezýän: **aňrysynda, agzynda, başynda, ýanynda**

9.sebäp görkezýän: **sebäpli, çünki**

10. maksat görkezýän: **üçin, ötri, ugrunda, diýip**

11.esaslanmagy görkezýän: **boýunça, görä**

12. çäklilik görkezýän: **başga, özge, aýry, gaýry**

Gönükme: Sözsoňularyň manylaryny hem-de gurluşyny derňemeli

Töwekgeliň endişe bilen işi ýok. Ol arabanyň öňünden ylgap geçdi. Ol derýanyň boýuny syryp, günbatara baka barýardy. Ata şäheriň ýeňsesinden gelip, esasy köçä düşdi. Samolýot şäheriň üstünde aýlanýardy. Ýyl yzyndan ýyl, aý yzyndan aý geçýär. Proza babatda gürrüň edilende, ilki bilen çagalar edebiýaty hakynda aýtman geçmek bolmaz. Çyn pälwanyň göreşde ýany ýere degmändir. Çaýyň soňy dostuňa.

Durdy hakda düýn ýygnakda gürrüň etdiler. Aýdymçy deý gumry saýraýar onda. Iki ýyldan bäri howa üýtgeýär. Üç gözel hem bize garşy ýöredi. Onuň içinde biri göýä peridi. Gördűň, dostuň ỳűzi hoş, otur-da turuş, gördűň, dostuň ỳűzi turşy, ne oturyş-da ne turuş.

OWNUK BÖLEKLER

Söze, söz düzümine, käte tutuş sözleme goşmaça öwüşgin berýän grammatik elementlere **ownuk bölekler** diýilýär. Ownuk bölekler özbaşdak ulanylmaýar we sözlem agzasy bolup bilmeýär. Özbaşdak hiç hili many aňlatmaýarlar. Olar diňe bile ulanylýan sözüniň, söz düzümininň ýa-da sözlemiň manysyna goşmaça ýokundy (tassyklaýjy, aýratynlandyryjy, nygtamak, sorag, çäklendiriji, çaklama, ikirjiňlenme, ökünmeklik, ýüz tutmaklyk, deňeşdiriji we ş.m.) many berýärler. Başgaça, ownuk bölegiň aňladýan grammatik manysy bile ulanylýan sözüniň sintaktik hyzmaty bilen bagly ýüze çykýar. Aslynda özbaşdak many aňladýan sözden emele gelse-de, ownuk bölek leksik birlik däldir. Leksik şekili ýiten, emma öz basymy saklanyp galan, şol sebäpli ýarym goşulma halyndaky kömekçiler diňe ownuk böleklerdir. Bile ulanylýan sözüniň basymyny ownuk bölekler kabul etmeýär. Şonuň üçin ownuk bölek öz basymy bilen, onuň bile ulanylýan sözi öz basymy bilen aýdylýar.

Ownuk bölekler käbir ylmy işlerde goşulmalaryň arasynda öwrenilip, söz ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalardan soň olaryň üçünji bir görnüşi hökmünde **kömekçi goşulmalar** ady bilen hem berilýär. Sebäbi olar görnüş taýdan goşulmalara meňzeýärler. Goşulmalar goşulan sözlerinden täze söz ýasaýarlar ýa-da sözleri baglanyşdyrýarlar. Ownuk bölekler goşulmalardan belli bir söz toparyny ýasaýjylyk ýa-da üýtgedijilik hyzmatyna eýe däldigi bilen tapawutlanýarlar. Goşulmalar belli bir söz topary bilen ulanylýar. Ownuk bölekler

söz toparlarynyň köpüsi bilen ulanylýar. Ownuk bölekleriň ulanylyşy bilen baglanyşykly ýüze çykarýan manylary goşulmalaryňkydan has giňdir, köptaraplydyr.

Ownuk bölekler, köplenç, belli bir sözüň ahyryndan gelip, olaryň goşulyp ýazylýany-da, aýry ýazylýany-da bar.

Ownuk bölekleriň käbiri modallyk düşünjesini aňladýar, birnäçesi bolsa modallyk aňlatmaýar. Birnäçe ownuk bölekler söze ýa-da söz düzümine many ýokundysyny berýär, käbiri bolsa ekspressiwlik (labyzlylyk, täsirlilik) üçin ulanylýar.

1. Sözüň, söz düzüminiň, sözlemiň soňundan getirilýänler: -a/-e, -ha/-he, -da/-de, -aý/-eý, -aýt/-eýt, -la/-le, haw we ş.m.

2. Sözüň, söz düzüminiň, sözlemiň öňünden getirilýän –hi, -hiý we ş.m. Şu orunda bular ümlüklere meňzeýärler. Olary tapawutlandyrmak hem kyn bolýar. Diňe manysyna we hyzmatyna seredip olary tapawutlandyrmak bolar. Öňler (XIX asyryň 90-njy ýyllaryna çenli) türkmen dilinde modal sözler aýratyn söz topary hökmünde bellenmedik döwründe dil biliminde güýçlendirmegi aňladýan *iň, tas, juda, çym, has* ýaly modal sözler ownuk bölekleriň hatarynda görkezilipdir. Häzirki döwürde türkmen dilinde söz toparlarynyň sany on ikä ýetdi. Şeýlelik bilen ownuk böleklere diňe basymy özüne geçirmeýän goşulma halyndaky kömekçiler degişli edilip, söz görnüşini saklap galan kömekçiler modal sözleriň hatarynda öwrenilýär.

Bellik: -aý/-eý, haw, how bile ulanylýan sözüniň hem soňundan, hem öňünden getirilýär.

Ownuk bölekler fonetik gurluşy boýunça

1.Bir sesden(-a/-ä)

2.Iki sesden(-la/-le, -aý/-eý, -my/-mi)

3. Üç sesden (-haw/-how we ş.m.)

4.Dört sesden(-myka/-mikä) bolup bilýär.

Ownuk bölekler sözleýşe emosional-ekspressiw öwüşgin berýärler. Basymy özüne geçirmeýärler, sözlere goşulman, aýratyn aýdylýarlar we ýazylýarlar. Ownuk böleklerіň köpüsi köpmanylydyr.

Gönükme: Ownuk böleklerіň manysyny we gurluşyny kesgitlemeli.

Sürüdir, arrygy-da bolar, semizi-de. At çapanyňdan-a geçdik, eýeriň gaşyna berk ýapyş. Özüm-hä hökman gitjek, meniň bilen dostum-da gidýär. Gördűň, dostuň ỳűzi hoş, otur-da turuş, gördűň, dostuň ỳűzi turşy, ne oturyş-da ne turuş.

MODAL SÖZLER

Sözleýjiniň öz beýan edýän pikirine bolan garaýşyny aňlatmaga ýa-da belli bir sözüň, söz düzüminiň, sözlemiň manysyna goşmaça ýokundy bermäge hyzmat edýän kömekçi sözlere modal sözler diýilýär. Meselem: belki, ähtimal, ýeri, hawa, ine, has, tas, hut, edil we ş.m.

Semantika taýdan modal sözler özbaşdak material many aňlatman, bir sözüň ýa-da söz düzüminiň manysyna goşmaça ýokundy bermäge ýa-da sözleýjiniň aňladylýan pikire bolan garaýşyny görkezmäge hyzmat edýärler. Şu tarapdan olar ownuk böleklere meňzeşdir, emma aýratyn söz şekilindeligi bilen olarddan tapawutlanýarlar.

Morfologik taýdan modal sözler goşulmalary bolmadyk, goşulma kabul etmeýärler, olardan täze söz ýasalmaýar, olary häsiýetlendirýän aýratyn söz üýtgediji goşulmalar ýok.

Sintaktik hyzmaty boýunça modal sözleriň käbiri habar bolýar, emma sözlemiň beýleki agzalary bolup bilmeýärler. Modal sözleriň köpüsi özbaşdak sözlem agzasy bolmaýarlar.

Hakyky modal sözler: garaz, ylaýta-da, ähtimal.

Funksional modal sözler: Gel, şuny menem bir göreýin-le diýdim Senem, belli, daş ýerde däl-le. Diýmeli, iki dogan ikä bölünýä ? Aýdaly, şahyra jaý gerek eken. Dogry, men ýazmanam bilerdim. Hany, Gudrat, şu gün agşam bir hezil ber. Goý, mydama ejem bolsun, Goý, mydama Güneş bolsun!

Mysallardan görnüşi ýaly, funksional modal sözleri diňe kontekstde kesgitlemek mümkin. Ençeme modal sözler aslynda material many aňladýan sözlerden emele gelipdir. Şol proses häzir hem dowam edýär. Weli, welin, hem, ýöne ýaly baglaýjylar hem käbir ýagdaýda modal sözleriň hyzmatynda ulanylýar. Käbir modal sözler bolsa aslynda arap we pars dillerinden geçipdir: *belki, ähtimal, umuman, esasan* we ş.m. Modal sözleriň köpüsi türki dileriň birnäçesinde aktiw ulanylýar. Türkmen dilniň hut özüne mahsus bolan modal sözler hem bar. Meselem: *ýeri, hany, beri, hawa* we ş.m.

Ýerine ýetirýän hyzmaty boýunça modal sözler iki topara bölünýär:

1. Sözleýjiniň aňladýan pikirine garaýşyny bildirýän modal sözler. Bu topara **ýeri, belki, hawa, elbetde, meger, garaz, ähtimal, mümkin, hökman, gerek, çemeli, bar, ýok** ýaly modal sözler girýär. Olar san taýdan onçakly köp däl.

Şu topara girýän modal sözler sözleýjiniň öz aýdýan pikirine berk ynanýandygyny, şübhelenýändigini, gümansyratmagy, tassyklamagy, inkär etmegi we ş.m. aňladýarlar. Olaryň birnäçesi sözlem agzasy bolman, jogap sözi, giriş sözi hökmünde gelýärler.

Bar, ýok, ähtimal, hökman ýaly birnäçe sözler ýekelikde sözlemiň habary bolup bilýärler, **çemeli, mümkin, gerek** ýaly käbir modal sözler goşma habaryň düzüminde gelýärler. Bu hili modal sözler kem işligiň goşulmasyny kabul edip ýa-da etmän ulanylýarlar. Meslem: Men aýtdym ahyry. Aý, muňa tapawudy ýok-la. Bu ýygnagyň bäşde gutarmagy ähtimaldy.

Habar bolýan ýa-da habaryň düzüminde ulanylýan modal sözleriň giriş söz, jogap söz bolup gelmegi-de mümkin. **Bar, ýok, gerek** sözleri substantiwleşip, sözlemiň dürli agzasy bolup biler. Şonda olar modal söz hasaplanmaýarlar.

2. Sözüň, söz düzüminiň manysyna goşmaça ýokungdy berýän modal sözler. Bu topara **has, hut, juda, tüýs, tä, ras, hakyt, edil, ine, ynha, däl, şar, tüm, tüp, uçursyz, ujypsyz, çym, jowur, iň, iňňän, örän, has** ýaly ençeme modal sözler girýär. Olar san taýdan köpdür. Bularyň köpüsiniň diňe belli bir sözleriň öňünden gelip, diňe şonuň manysyny güýçlendirmek hyzmaty bardyr. Meselem: *tüm garaňky, tüp yssy, süýr depede, süýr günortan, jowur ak, duw ak, çym gyzyl* we ş.m. Olardan *tüm, tüp, ujypsyz* sözleri öň özbaşdak many aňladypdyrlar. Häzirki döwürde olar özbaşdak ulanylmaýarlar, özbaşdak sözlem agzasy bolmaýarlar. Käbirleriniň köp mukdardaky sözleriň öňünden gelip bilmek häsiýeti bar. Meselem: *iň, örän, has, hut* sözleri köp mukdarda dürli –dürli sözler bilen gelip, olaryň manysyny güýçlendirýärler.

Şu topara girýän modal sözler bir sözüň, söz düzüminiň, kä ýagdaýlarda bolsa tutuş sözlemiň manysyna goşmaça ýokundy berýärler. Olar ulanylyşy boýunça iki hili bolýarlar:

a. Manysyna goşmaça ýokundy berilýän sözüň, söz düzüminiň ýa sözlemiň öňünden gelýärler. Bulara *has, hut, juda, ras* we ş.m. modal sözler girýär. Meselem: *Has köpräk, hut şonuň özi, ras atyp goýberdi, edil şol wagt*.

b. Manysyna goşmaça ýokundy berilýän sözüň yzyndan gelýärler. Bulara *eken, däl* (asly *degil*) modal sözleri girýär. Ol kem işligiň goşulmasyny kabul edip biler. Şu topara girýän *degil, imes/emes* kimin käbir modal sözler arhaizmleşip, häzirki zaman türkmen dilinde ulanylmakdan galypdyrlar.

Modal sözleriň many taýdan bölünişleri

Esasy hyzmatyna we manysyna garap, modal sözleri aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar.

1. Güýçlendirmegi we nygtamagy aňladýan modal sözler. Bu topara **has, hut, örän, juda, tüýs, edil** ýaly sözler girýärler. **Gaty, hergiz** ýaly sözler hem kä ýagdaýlarda şu modal sözleriň hyzmatynda ulanylýar. **Asyl, asla, hernä, duw, şar, saň, tüp, rast, hakyt, edil** ýaly sözler sözlemiň manysyny nygtaýar. **Eger, hergiz** sözlemde aňladylýan inkärligi nygtaýar.

2. Görkezmegi aňladýan modal sözler: **Ine, ana, ynha, holha, honha, anha**.

3.Tapawutlandyrmagy aňladýan modal sözler: **diňe, hut, ylaýta-da, ýeke, bary-ýogy, ýöne, tükel**.

4. Diňleýjiniň ünsüni çekmäge hyzmat edýän modal sözler: **ýeri, bakaly, hany, bakalyň**.

5. Tassyklamagy aňladýan modal sözler: hawa, ahyry, dogry.

6. Ýokluk we inkär etmegi aňladýan modal sözler: däl, tas, ýok, ýeke

7. Berk ynanmagy aňladýan modal sözler: hökman, elbetde.

8. Çak etmegi aňladýan modal sözler: **belki, meger, ähtimal, ahmal, çemeli, mümkin, gerek**.

9. Umumylaşdyrmagy, jemlemegi, netije çykarmagy aňladýan modal sözler: garaz, umuman, şeýlelikde, diýmek.

10. Emosional-ekspressiwlik aňladýan modal sözler: **ahbeti, ahyry, beri, eken, dänin**...

Gönükme: Doly morfologik derňew ediň.

"Hoşuň" atasy ölmändir. Akan aryk akar eken, bakan döwlet bakar eken. Bar –bar, işden bar, işlemedik zada zar. Bar gaçagy tutsa bor, ýok gaçagy nätse bor?! Bar ýerinde bal arzan, ýok ýerinde duz gymmat.

EDEBIÝAT

1. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhammedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007
2.G.Berdimuhamedow.Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007
3. G.Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007
4. G.Berdimuhamedow.Saýlanan eserler.Aşgabat, 2007.
5.Ahmanowa O.S. Slowar lingwistiçeskih terminow. M. 1969
6.AmansaryýewJ, GulmanowG.Lingwistik terminleriň rusça-türkmençe sprawoçnigi.Aşgabat, 1981.
7. Azymow P., Sopyýew G., Çöňňäýew Ýa. Türkmen dili (Peduçilişeler üçin okuw kitaby), Aşgabat, 1991.
8. Azymow P. Türkmen dili (Söz ýasaýjy goşulmalar). Aşgabat, 1950
9. Azymow P. Türkmen diliniň meseleleri, Aşgabat, 1969
10.Baýlyýew H.,Saýlanan işler. Aşgabat, 1981
11. Berdiýew R. Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözler. Aşgabat, 1958
12. Berdiýew R. Häzirki zaman türkmen dilinde we dialektlerinde işlikler. Aşgabat, 1958
13.Borjakow A. Häzirki zaman türkmen dilinde iş atlary. Aşgabat,1978.
15. Çaryýarow B. Häzirki zaman türkmen dilinde işlik derejeleri. Aşgabat, 1957
16. Çaryýarow B. Günorta-günbatar türki dillerde işlik zamanlary. Aşgabat, 1969
17. Geldimyradow A. Türkmen dilinde leksik omonimleri kesgitlemegiň kriterileri (kandidatlyk dissertasiýasynyň golýazmasy). Aşgabat, 1974.

18. Awtorlar topary. Häzirki zaman türkmen dili, Aşgabat, TDU, 1960
19. Kollektiw awtorow . Grammatika turkmenskogo ýazyka. Çast 1, Aşhabad, 1970.
20.Hamzaýew M.Ý. Türkmen diliniň morfologiýasyndan we sintaksisinden materiallar. Aşgabat,1969.
21. Hazratowa R. Häzirki zaman türkmen dilinde köplük kategoriýasy. Aşgabat, 1965
22.Häzirki türkmen diliniň grammatikasy. Morfologiýa. Aşgabat, 1999.
23. Kolatowa G. Slowoobrazowaniýe w turkmenskom ýazyke na baze russko-internasionalnoý leksiki (awtoref. kand. diss.)Aşhabad, 1990
24. Lingwistiçeskiý ensiklopediçeskiý slowar. M. 1990
25. Nartyýew N., Berdiýew D. Häzirki zaman türkmen dilinden praktiki işler. Aşgabat,1972.
26. Penjiýew M. Türkmen dilinde sanlar. Çärjew, 1962
27. Petjikowa M. Sypatlaryň ýasalyşy we many toparlary (kandidatlyk dissertasiýasynyň golýazmasy). Aşgabat, 1995.
28. Rozyýewa A. H. Häzirki zaman türkmen dilinde gysgaldylan goşma sözler. Aşgabat, 1993
29. Täçmyradow T. Häzirki zaman türkmen dilinde degişlilik kategoriýasy (kand. diss.). Aşgabat, 1963